# BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ ÖMÜRLIK PREZIDENTI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ ÖMÜRLIK BAŞLYGY BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY**

**Türkmenbaşyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim-janym.**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Janym gurban saňa, erkana ýurdum,**
**Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.**
**Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,**
**Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.**

***Gaýtalama:***
**Türkmenbaşyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim-janym.**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Gardaşdyr tireler, amandyr iller,**
**Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.**
**Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,**
**Nesiller döş gerip gorar şanymyz.**

***Gaýtalama:***
**Türkmenbaşyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim-janym.**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Arkamdyr bu daglar, penamdyr düzler,**
**Ykbalym, namysym, togabym, Watan!**
**Saňa şek ýetirse, kör bolsun gözler,**
**Geçmişim, geljegim, dowamym, Watan!**

# TÜRKMENIŇ DÄP – DESSURLARY WE EDEP KADALARY

**Aşgabat**
**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**
**2005**

**U O K 391-395**
**T 43**

**Türkmeniň däp-dessurlary we edep kadalary.** – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2005

**TDKP N 80** **2005** **KBK 63.5**

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy , 2005

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Müňýyllyklaryň dowamynda türkmenler dinini, dilini, milletiniň arassalygyny saklap, özboluşly däbini, päkize, halal milli gylyk-häsiýetlerini döretdiler. Ol köp taraply oňaýly özgerişler halkyň ruhunyň belentliginiň netijesidir. Her bir türkmen ruhubelent bolup, XVII asyra çenli öz ykbalyny milletiň, döwletiň, jemgyýetiň, maşgalanyň agzybirligi, zähmeti, halallygy, ar-namysy, utanjy, mertligi, çydamlylygy bilen kesgitläpdir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

# SÖZBAŞY

**Beýik Allanyň ady bilen,**

Biz huşuňa gelmeýän, düýşlere sygmaýan, bäş müň ýyllyk taryhy ýoly bolan aýdyňlyk geçmişinden gelýäris. Millet bolup, şu güne çenli ençeme gezek aşylmaz ýaly görnen «alyslyklary» – Hakyň eradasy bilen – aşdyk. Çözülmejek ýaly görnen meseleleri çözüp, şu günlere gelip ýetdik. Päsgelçilikler ýeňlip, gujur-gaýratymyz artdy.

Dana paýhasly, pähim-parasatly Beýik Serdarymyzyň baştutanlygynda sekiz asyrdan soň, ata-babalarymyzyň arzuw eden Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletini gurduk. Garaşsyzlyk bilen Altyn asyra gadam basan milletimiziň geljegi hemişe ýagtylyga tarap.

Mukaddes Ruhnamada: ***«Millet, dil, dini ynanç, däp-dessur, ykbal hem döwlet birligidir”*** diýip düşündirilýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda, öňde goýan maksatlaryna laýyklykda, köňüllerimizde söýgi güldesseleri, dillerimizde şükür we alkyş aýdymlary, ellerimizde bolsa il bähbitli işler bilen Gudraty Güýçliniň gapysyna sygynyp, ýurdumyzy maddy we ruhy taýdan abat etmek niýeti bilen halal zähmet çekýäris. Milli we dini gymmatlyklarymyzy we mukaddesliklerimizi täzeden durmuşymyza ornaşdyrýarys. Geçmişimizden miras galan milli gymmatlyklarymyz, mukaddesliklerimiz milletimiziň janyndan eziz gören zatlarydyr. Olar bize ata-babalarymyzyň ruhuny duýduryp, geljege umyt berýär. Hakyky türkmen milli gymmatlyklara, mukaddesliklere azamatlaryna laýyklykda hormat etmelidir. Çagalarynyň ýüreginde-de olara hormat duýgusyny oýarmalydyr. Bu imanyň alamaty we ynsanlyk borjudyr.

Geçmişimiz örän üýtgeşik, ata-babalarymyz hem nusga ynsanlardy. Olar çyn ýürekden Alla ynanan, milli ruhuň sütüni – hak-hukuga, adalata, parahatçylyga köňüllerini bagyş eden, arassa ruhly, päkize ynsanlardy. Olar

hem şu dünýede hem-de ahyrýetde bagtly ýaşamagy baş maksat edinipdirler.

Halkyň ykbaly hem adam ykbalyna meňzeş bolar eken. Onuň dabarasynyň dag aşan döwrüniň bolşy ýaly, ykbalynyň keç gelen ýyllary-da bolupdyr. Şeýle ýyllarda öwüsýän apy-tupanyň, tüweleýiň öňünde duraýmak aňsat däldi. Halkyň ýürek arassalygy ýiteňkirläp, aňy bulaşyp, ýalan wadalara aldanyp, milli mirasymyz, gymmatlyklarymyz, mukaddesliklerimiz gözgyny hala gelipdi.

Emma alnymyzdan Gün dogdy. Garaşsyzlygymyzy gazandyk. Çar ýana ýagtylyk çaýylyp başlandy. Altyn asyra gadam basan milletimiziň geljegi parlak. Watanymyzy başymyza täç edip, ýaşyl Baýdagymyzy, dilimizi, taryhymyzy dinimizi hemme zatdan eziz görüp, buýsanyp ýaşamagy başarmalydyrys.

Bu bolsa çagalarymyzy milli we dini terbiýe esasynda terbiýelemek bilen mümkindir. Terbiýede maşgala, mekdep we jemgyýet biri-biriniň üstüni ýetirmelidir, çünki nesillerimizi arassa ahlakly, edep-ekramly edip ýetişdirmek borjumyzdyr. Bu barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada: ***«Biribara yssy görnen dinimizi, ynanjymyzy, milli häsiýetlerimizi, milli däp-dessurlarymyzy gorap saklamakda we olary ýoýmazdan täze taryhy eýýama geçirmekde türkmen şahsyýetiniň üstüne uly borç düşýär»*** diýip belleýär. Sargydyny baş maksat edinip, Altyn asyrda türkmeniň baý diliniň, asylly däp-dessurlarynyň, beýik dininiň, milli we ahlak gymmatlyklarynyň asyl durkuny saklap, olary ýoýmazdan, täze taryhy eýýama geçirmekde jan aýaman zähmet çekmelidiris.

Hormatly okyjy! Eliňizdäki **«TÜRKMENIŇ DÄP-DESSURLARY WE EDEP KADALARY**» atly bu kitap Beýik Serdarymyzyň il-gün üçin alyp barýan döwletli işlerine öz goşandyny goşar diýip tama edýäris. Kitap taýýarlananda türkmeniň şahsyýet, maşgala we jemgyýet gatnaşyklaryndaky müňýyllyklaryň dowamynda döreden özboluşly milli däp-dessurlary, urp-adatlary, olaryň kada öwrülmeginde täsiri bolan aýat we hadyslar, şeýle hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama kitaplaryndan we Atalyk kitaplaryndan mowzuklar bilen baglanyşykly paýhaslar peýdalanyldy.

# I B Ö L Ü M
# TÜRKMENIŇ MILLI DÄP-DESSURLARYNYŇ WE EDEP KADALARYNYŇ ESASLARY

## Ynsanyň ýaradylyşy we onuň ruhy baýlygynyň, kämilliginiň esaslary

Ynsan ruhy taýdan akyl, kalp we nebisden ybaratdyr. Bulardan başga, ynsana kelam, erk-erada, ylym we menlik diýlen sypatlar berlendir. Kalp, akyl, nebis, kelam, erk-erada, menlik ynsanyň jogapkär bolmagynyň, synag edilmeginiň asyl sebäbi, Gurhanyň beýanyna görä, gök, zemin we daglaryň çete çekilip, boýun almadyk amanatlarydyr.

**Kalp** – imanyň mekany, dogrularyň, hakykatlaryň ösüp kemala gelýän ýeri. **Akyl we ylym** – barlyklaryň ýaradylyş hikmetlerini, syrlaryny, maksatlaryny anyklaýjy we haýry şerden, dogryny egriden, ýagşyny ýamandan tapawutlandyryjydyr. Şeýle hem, akyl we ylym imanyň sadyk şaýady, kalby şübhelerden goraýjy, ony hemişe kämillige ugrukdyrýan hemaýat ediji, goldaýjy we nebsiň meýil-arzuwlaryny çäklendirijidir. **Nebis** bolsa, iýip-içmek, geýmek, nesil öndürmek, jaý, mülk, ulag edinmek ýaly meýil-arzuwlar bilen öýke-kine, gahar-gazap, bahylçylyk, husytlyk ýaly häsiýetleriň merkezidir. **Menlik** – ýaradylyş hakykatynyň syrlaryny açýan bir açar, dogryny tapmak üçin berlen bir ölçeg birligi we tilsimdir. **Erk-erada**, saýlama hukugy bolup, ynsandan diňe hakykaty, dogryny, haýry, ýagşyny saýlamagy talap edilendir. **Kelam** sypaty, ynsanyň gürleşmek ukyby diýmekdir. Ynsan bu ukyby arkaly Ýaradan bilen barlyklar arasynda syrly hakykatlary açyp görkezer, öz arasynda zerurlyklaryny, arzuwlaryny, tekliplerini, pikirlerini düşündirip ylalaşar, olary hemmetaraplaýyn beýan eder.

Palçykdan ýaradylan ynsan ylym we kelam sypaty bilen halyfa bolmak mertebesine ýetendir. Ynsanyň jemgyýetçilik durmuşynda ýaşamagy gutulgysyzdyr. Jemgyýetçilik durmuşynyň talaby bolsa parahatçylyk we adalatdyr. Ynsanyň synagy, kelam, ylym, erk-erada sypatlaryndan dörän güýjüniň çäginde, şahsy, maşgala we jemgyýetçilik durmuşynda parahatçylygy we adalaty üpjün etmekdir.

Emma ynsanyň meýil-arzuwlary, islegleri çäksizdir. Olary kanagatlandyrmak üçin, ynsanyň her bir hünärden baş çykarmagy gerek we güýç-kuwwaty, ygtyýary ýeterlik bolmalydyr. Ol hünärleriň hemmesini öwrenmäge hiç bir ynsanyň ukyby, ygtyýary ýeterlik däldir. Şol sebäpli

ynsanyň synagda üstün çykmagy üçin asyl we ilkinji wezipesi erk-eradasy bilen bu meýil-arzuwlaryny çäklendirip, ýaradylyşynda bar bolan gylyk-häsiýetlerini terbiýelemekdir. Ýogsa, ynsanyň özüni alyp barşynda, başgalar bilen gatnaşygynda zulum we jenaýatlar bolup geçer.

Bu zulum we jenaýatlaryň öňüni almak üçin jemgyýetçilik durmuşynda adalata zerurlyk bardyr. Ýöne her bir şahs mutlak (doly manyda) adalata düşünmekden ejizdir. Şol sebäpli gylyk-häsiýetleri, ýaradylyşlary, içki dünýäleri bilen birlikde, tutuş adamzady tanap boljak bütewi, beýik bir akyla zerurlyk bardyr. Şeýlelikde, her bir şahs ondan doly peýdalanyp bilsin. Beýle derejede bütewi, beýik akyl bolsa diňe kanun görnüşinde ýüze çykyp biler. Bu kanuny bolsa ynsany ajaýyp görnüşde ýaradan keremli Alla din görnüşinde esaslandyrypdyr.

Gysgaja düşündirjek bolsak:

**Din** şahsyýeti ahlak arassalygyna ýetirýän, jemgyýetde parahatlygy we adalaty üpjün edýän, adamlaryň öz erk-eradalary bilen boyun bolmagy talap edilýän düzgünleriň toplumydyr.

**Yslam ýeňillik dinidir.** Yslamda amal edilip bilinmejek kyn borçlar ynsana emr edilmändir. Kurany Kerimde: «Allah size ýeňillik islär. Sizi kyn ýagdaýa salmak islemez», (Bakara, 185).

Pygamberimiz hem bu barada şeýle aýdypdyr:

«Men älemlere rahmet edilip iberildim, azap, zorluk üçin iberilmedim.»

«Ýeňilleşdiriň, kynlaşdyrmaň. Begendiriň, ýigrendirmäň», (Buhary).

Pygamberimiz dürli wesileler bilen sahabalaryna we ymmatyna yslamyň ýeňillik getirýän dindigini ündäpdir. Ony kynlaşdyrýanlara we tutuş günüň dowamynda ybadat edip, dünýä bilen gatnaşygyny kesenlere duýduryş edipdir.

Adamlaryň jemgyýetde tutýan ornuna garamazdan, sowatsyzyndan alymyna, işçisinden hojaýynyna, gullukçysyndan ýolbaşçysyna çenli, her kes yslamyň ähli emrlerini doly berjaý edip biler. Farzlary amal eden, uly günälerden daş duran her kes halas bolar

**Iman** diniň düzgünlerini we esaslaryny ynsanyň erk-eradasy we ýüregi bilen kabul edip tassyklamagy, olary dili bilen ykrar etmegidir.

Iman – ynsanyň ýaradylmagynyň sebäbidir. Ýagny, ynsan Allahy imany bilen tanamak we Oňa ybadat etmek üçin ýaradylypdyr. Ynsan ýaradylyş maksadyna laýyklykda ýaşasa, ahyretde ebedi sagadata ýeter, jennete girer. Tersine ýaşan ýagdaýynda, jähenneme atylar, ebedi şowsuzlyga, betbagtlyga uçrar. Bu nukdaýnazardan iman – ynsan üçin

ebedi sagadaty gazanmak wesilesi we jennetiň açarydyr. Jennete imansyz girilmeýär. Bu jähtden ynsanyň iman getirmegi we şol imanyny soňky demine çenli ýitirmän, pese gaçyrman goramagy gerekdir. Ol, ýagny, iman älem-jahandan we onuň içindäki ähli zatdan has wajyp we gymmatly nygmatdyr.

Hawa, ýeri gelende bir zady berk bellemelidiris. Yslam dini ynsanlary zor salyp iman getirmäge çagyrmaz. Aýratynam musulmanlaryň häkimiýeti astynda ýaşaýan gaýry dindäki adamlara «hökman Yslamy kabul etmeli» görnüşinde-de anyk kesgitli şert goýmaz Sebäbi Allahutagala «Dinde zorluk ýokdur. Dogry ýol egriden, hak batyldan doly aýyl-saýyl edilendir», (Bakara, 256), aýaty bilen muny gadagan edipdir.

Musulmanlar bu aýaty baş maksat edinip gaýry dindäki adamlary Yslama çagyrmakda kada öwrüpdirler. Hakykatdanam muňa taryh şaýat. Mysal üçin, Allahyň Resuly on ýyl Mekgede galdy welin, hiçkime dine girmegi üçin zor salmady. Pygamberimizden soňra-da musulmanlar gaýry dindäki adamlary hemişe öz erkinde goýandyrlar. Sebäbi iman ynsan bilen Allahyň arasyndaky bir zatdyr. Bu meselede ynsan bilen Alla arasyna hiç zat girmeli däldir.

**Ahlak** imanyň ugrukdyrmagy netijesinde şahsyýetiň ýaradylyşynda bar bolan gylyk-häsiýetlerini ybadat we amal arkaly terbiýeläp, olaryň endige öwrülmegi diýmekdir. Ähli ybadat we amallaryň netijesi we miwesi arassa ahlaklylyk, edeplilik we gowy häsiýetlilikdir.

Iman, ynsany Allanyň guly bolmaga, ybadata ugrukdyrmaýan bolsa we parzlary berjaý edip, haramlardan daş saklamaýan bolsa, şol iman ejizdir. Arassa ahlagy, edepliligi netije bermeýän amal we ybadat bolsa, Allatagala tarapyndan kabul bolmaga mynasyp däldir.

Diýmek, biz diniň düzgünlerini, imanyň esaslaryny, ahlak ýörelgelerini öwrenip, amal edenimizde, Mukaddes Ruhnamanyň dili bilen aýtsak, kalbyň edebi bolan iman edebini berjaý edenimizde, Allanyň dergähine barmaga mynasyp adamlar bolarys. Şeýlelikde, şu dünýäde-de, ahyrýetde-de ýagşylyga, haýyr-yhsana ýeteris.

Iman edebi, Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***«Edebiň içki gözellikleriniň hataryna iman edebi girýändir. Ata-babalarymyz akyl-paýhas kämilligine ýetipdirler we adamy içinden terbiýelemeseň, daşky owadanlygyň mazasynyň azdygyna oňat akyl ýetiripdirler. Hereketiň gözellikleri diňe kalbyň gözelliginden gelip çykanda kämillik doly, gutarnykly we bitewi bolýar. Hereket edebi diňe***

***kalbyň edebine daýananda, edeplilik ynamly we kesgitli ruhy gymmatlyga öwrülip bilýär».***

Mukaddes Ruhnama kitabynda arassalyk, içki-daşky gözellik hakynda şeýle aýdylýar: ***«Arassalyk, päkizelik ynsapdan çykman, halallyga gol ýapmakdyr, ten arassalygy, kalp arassalygy bilen utgaşanda, adam adam bolýandyr. Ten arassa bolup, kalp hapa bolsa, bu iň ýigrenji zatdyr.»***

Hawa, jemgyýetçilik durmuşymyzda parahatçylygyň we adalatyň tertip-düzgünli dowam etmegi üçin nesillerimize kämillik ýaşyna çenli terbiýe bermelidiris. Nesillerimiziň terbiýesi haram-halal, günä-sogap düşünjesini berýän dini borçlar, ahlak we edep kadalary, milli däp-dessurlarymyz hakyndaky gymmatlyklary şahsy durmuşynda amal eder derejede öwretmek bilen mümkindir. Ýogsa, ýaşlarymyz şahsy bähbidini we nebsiniň arzuwlaryny kanagatlandyrmakda başgalaryň hukugyny öz paýyna geçirmekden ýa-da kemsitmekden gaýtmaz.

Allatagala hem ynsanyň amallaryny parz-wajyp (emrler), haram (gadaganlyklar), sünnet-mustahap (halanylanlar), mekruh(halanylmaýanlar), mübah-halal (zelelsizler) görnüşinde derejelendiripdir. Parzlaryň amal edilmegi, haramlardan daş durulmagy, sünnetleriň endik edinilip, mekruhlaryň ýigrenilmegi we halalyň saýlanylmagy ynsana hemişe sogap gazandyrar. Gaýta, tersine edilen ýagdaýynda günä bolar. Ynsan sogap we günäleri, haýyr we şer işleri gulak, göz, dil, garyn, satan arasy, el we aýak bolan ýedi agzasy bilen amal eder. Imanyň we ybadatlaryň asyl maksady, ynsanyň bu agzalaryny hemişe haýyr we sogap işleri amal eder derejede terbiýelemekdir.

Jemläp aýtjak bolsak, ynsan özüne berlen ähli duýgularyny, ukyplaryny, gylyk-häsiýetlerini Gurhan ahlagy we yslam terbiýesi bilen ösdürip kämilleşdirmelidir. Ýogsa, gulagy, gözi, dili, garny, satan arasy, eli we aýagy arkaly edýän günäleri sebäpli özüne, maşgalasyna, ýaşaýan jemgyýetine, halkyna, Watanyna, hatda tutuş adamzada we beýleki barlyklara zyýan ýetirer. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***«Jemgyýet bilen gatnaşyklar babatda, Gurhany kerimiň nury çaýylan şypaly güýji özüne siňdiren, asylly ahlak sypatlarynyň eýesi bolan türkmeniň şahsyýeti Altyn asyrymyzda has hem güýçli bolar, jemgyýetiň hoşniýetli, arassa we medeniýetli, güýçli agzasy bolar.»***

Kämil şahsyýetlerden düzülen jemgyýetde, elbetde, jemgyýetçilik durmuşyny hapalaýan nadanlyk, ýalançylyk, aldaw, isrip, parahorlyk, ýaltalyk ýaly ýaramaz gylyk-häsiýetleriň we endikleriň deregine ylym,

dogrulyk, ynam, zähmetsöýerlik, tygşytlylyk orun alar, ynsanlar şahsy bähbitlerinden iliň bähbidini öňde tutarlar.

***Hawa, arassa ahlaklylyk, edep-ekramlylyk ynsanlarda halal-haram, sogap-günä düşünjesini berýän ynanç-ygtykat we din-iman bilen mümkindir.***

## Halal-haram ýa-da sogap-günä düşünjesi

**Halal,** berjaý edilmeginde hiç hili zeleli bolmadyk amallar, hal-hereketler diýmekdir. Haram bolsa, ynsanyň ýaradylyşyna ters bolan, sagdyn akylyň we Allanyň halamaýan amallary we hal-hereketleridir.

Bir zady halal ýa-da haram kylan diňe Allatagaladyr. Hiç kim Onuň halal kylan zadyny haram, haram kylanlaryny bolsa halal edip bilmez. Alla arassa, päk, tämiz, peýdaly, önümli... zatlary halal, zyýanly, hapa, ýaramaz, pis... zatlary bolsa haram edendir. "...ýakymly, gözel zatlar halal, ýaramaz, hapa zatlar bolsa haram edilendir..." (Araf,157). Aýat hem bu hakykaty aýdyň görkezýär.

Ýaradanyň halal we haram kylmak emri, adamlary kynçylyga salmak we jezalandyrmak üçin däldir. Gaýta tersine, Allatagala öz dinini mähir-muhabbet, rehim-şepagatlylyk, rahmet esasynda bina edendir. Yslamyň emr we gadaganlyklarynyň, parzlarynyň, halal we haramlarynyň asyl hikmet we maksady, şeýle hem sagdyn akyla daýanýan pelsepewi ulgamlaryň we ähli döwletleriň baş maksady şu bäş esasda jemlenýär. Olar: dini goramak, jany goramak, akyly goramak, nesli goramak, maly goramakdyr. Diniň goralmagy bilen ruhy durmuş, akylyň goralmagy bilen ylym we düşünje dünýäsi, janyň goralmagy bilen hak-hukuk we borçlar, nesliň goralmagy bilen maşgala ojagy, malyň goralmagy bilen mal baýlygy, ykdysady tygşytlylyk gorag astyna alnyp, has netijeli we peýdaly görnüşde ulanylmagy üpjün edýär.. Yslamyň wagyz edýän ähli emr we gadaganlyklary hökman bu bäş esasyň biri bilen göni baglanyşyklydyr. Käbirleri bolsa hemmesi bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, serhoşlyk berýän alkogolly içgileriň we neşe jisimleriň gadagan edilmegi, hem akyl, hem jan, hem mal, hem nesil, hem din bilen göni baglanyşygy bardyr.

Harama zerurlyk bolmajak derejede halal zat bardyr. Harama äkidýän her ýol hem haramdyr. Mysal üçin, Gurhanda: «Ynanan erkeklere aýt: Nazarlaryny haramdan sowsunlar. Ynanan zenanlara hem aýt: Nazarlaryny haramdan sowsunlar» (Nur, 30, 31).

Bu aýatlar ynsany zynadan sägindirýär. Ynsan bir bakyş, bir lukma, bir söz... bilen harama endik edinýär. Şol sebäpli Allatagala ynsany zyna eltýän bakyşlary hem haram edendir. Şeýle hem, bu ýerde asyl mesele, diňe ýalaňaç bedenlere garşy gözi haramdan goramak däldir. Şol bir wagtyň özünde, başgalaryň elindäki baýlygyna bahyl göz bilen bakmaly däldiris. Bu edep-haýadyr. Özümizi gysgançlykdan, öýke-kineden, bahyllykdan, husytlykdan, şehwetiň çukurlaryna gaçmakdan goramalydyrys. Bütin bular üçin bolsa nazarlarymyzy haramlardan sowmak hökmandyr.

Ynsanyň metjit gurmak, garyp-gasarlary doýurmak ýaly ýagşy niýeti ogurlyk, süýthorlyk, para ýaly haram zatlary halal kylmaz. Nähak ýere sowgat niýeti bilen para almak ýa-da bermek ýaly haram işiň şekiliniň, görnüşiniň, adynyň üýtgemegi hem ony haramlygyna galdyrar. Dinimiz diňe parzlary amal edip, halal çäklerde ýaşap, haramlardan daş durmaklygy ýeterlik görmeýär. Takwa ýaşamak üçin haramdygy ýa-da halaldygy şübheli bolan zatlardan daş durmaklygy ündeýär.

Ynha, şonuň üçin ynsan, ilki niýetini, garaýşyny, nazaryny terbiýelemeli, halaly-haramy saýgarmaly. Ýogsa, ýalandan, amanada hyýanatçylyk etmekden, lebzinde durmazlykdan, ogurlykdan, talaňçylykdan, adam öldürmekden... daş durup bilmez. Şeýle kişiler başganyň ahy-nalasyny eşitmez, diňe gara nebsine gulluk eder.

Hawa, halallyk, parz amallar, haýyr-sahawat ynsana sogap gazandyrýan amallardyr. Haramlyk, parzlary terk etmek, şer işleri berjaý etmek ynsana günä gazandyrýan amallardyr. Ahyrýetde ynsan gazanan sogap we günälerine görä, ýa sylaglanar ýa-da jezalandyrylar.

Haramyň we halalyň nämedigini Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle paýhaslar arkaly düşündirýär**:**

***“Haram we halal Yslam dininde esasy ölçegdir”.***

***“Haram jemgyýete zyýan etmekdir. Halal jemgyýete haýyr etmekdir”.***

***«Halalyň ornuna haram geçen bolsa, jemgyýetde terbiýäniň pese düşenligidir. Terbiýe, edep bermek halallygy, jemgyýeti halas etmegiň ýoludyr».***

***«Halallyk iliň ýüzüne dogry bakmaga, özüňi arkaýyn duýmaga, göwnüňi giň tutmaga hukuk berýär. Halal adamyň müýni ýokdur.»***

***«Halalyň hemaýatkäri – içinde, haramyň ýagysy ýanyndadyr».***

## Däp-dessur we edep barada düşünje

Ynsanlary biri-birinden tapawutlandyrýan aýratynlyklaryň bolşy ýaly, milletleri hem biri-birinden tapawutlandyrýan aýratynlyklar bardyr. Bular, milletleriň uzak ýyllaryň dowamynda döreden, kemala getiren taryh, ahlak, däp-dessur we urp-adatlaryndan emele gelen, ynsanlara milli şahsyýet gazandyran aýratynlyklardyr. Watan söýgüsi, garaşsyz ýaşamak arzuwy, erkinligini, ar-namysyny goramak gaýratlylygy, gaýduwsyzlyk, hossarsyz kişilere hemaýat, maşgala agzybirligi, garyndaş gatnaşygy ýaly häsiýetler milletimiziň taryhynyň çuňluklaryndan häzirki güne çenli dowam etdiren däp-dessurlaryndandyr. Bu gymmatlyklaryň aňsatlyk bilen kemala gelmeýşi ýaly, şahsyýetiň ruhuny bu gymmatlyklar bilen terbiýelemedik halklar millet bolup bilmez. Däp-dessurlar geçmişi şu güne, şu güni ertire eltjek gymmatlyklardyr. Şonuň üçin däp-dessurlarymyzy, urp-adatlarymyzy, edep-kadalarymyzy içgin öwrenmelidiris, olary durmuşymyza ornaşdyrmaly, gadyryny bilmelidiris. Çünki milletiň şahsyýetlerini bütewileşdiren bir maksada gönükdiren gymmatlyklar bolmasa, şol millet bölünip dargar.

Milletleriň däp-dessurlary, urp-adatlary olary oturşy-turşy, geýnişi, toýy-ýasy bilen begenjinde-gynanjynda agzybirlige gönükdirer. Bir bütewi medeniýet, ahlak, aň we düşünje döreder. Ynsanlary birek-birege berk ysnyşdyrar. Şeýle gymmatlyklardan mahrum bolan medeniýetler gum depeleri ýalydyr we güýçli şemalyň öwüsginine tozap gider. Şonuň üçin atalarymyz, ynsan öz ýurduny taşlap, başga ýurda göç edip biler, däp-dessuryny, edim-gylymyny, urp-adatyny terk edip bilmez diýen manyda «Ilden çykylar, töreden çykylmaz» diýen pähimi döredipdirler.

Şu ýerde däp-dessur näme? Urp näme? Adat näme? Olaryň arasyndaky aýratynlygy bellemek gerek. **Däp, dessur** sözleri **adat** sözi bilen manydaşdyr. **Urp** sözi beýlekilerden az tapawut edýändir.

Ýagşylyk, bilmek, tanamak diýen manylary aňladýan **urp** sözi, kanun bolmasa-da, bir milletiň aglabasynyň ýa-da hemmesiniň ykrar edip, öz ýaşaýşynda nesilden-nesle dowam etdiren, akyla we dine ters bolmadyk edim-gylymlarydyr.

**Adat** sözi, bir jemgyýetde gaýtalanyp berjay edilmek bilen endik bolup galan, belli bir wagtyň dowamynda däbe öwrilen edim-gylymlardyr. Adatyň, däp-dessuryň ýagşysy ýa-da ýamany bolup biler. Şonuň üçin Gurhany kerimiň ençeme ýerinde erbet adatlary sebäpli käbir milletler ýazgarylandyr. Urp sözi Gurhany kerimde hemişe magruf ady bilen emr

edilen we maslahat berlen esaslardyr. **Magruf** Alla tarapyn buýrulan parzlar, ýagşy görlen, ündelen hal-hereketler we amallardyr. Diýmek, urp gönüden-göni, däp-dessur we adatlar bolsa Yslamyň hökümlerine garşy bolmadyk ýagdaýlarynda medeni mirasymyzyň esaslaryndan kabul edilipdir. Däp-dessurlarymyzyň kemala gelmeginde Yslamyň täsiri uly bolupdyr. Mukaddes Ruhnama kitabynyň «Kalp eýesi» babynda hem bu hakykat şeýle nygtalýar: ***«Türkmeniň Yslamy parahatçylykly ýol bilen kabul etmeginde, öňki ynançlary, adatlary, däp-dessurlary uly orun eýeläpdir. Özleriniň ozalky ýol-ýörelgeleriniň iň gowy taraplaryny Yslam bilen utgaşdyryp biljek ýagdaýynda halk Yslamy kabul etjekdigini Yslamyň wagyzçylaryna düşündiripdir.***

***Yslamy ýaýradyjylar türkmenleriň aňyrdan gelýän ynançlarynyň-da, däp-dessurlarynyň-da täze dine zyýanynyň ýokdugyna göz ýetirip, halkyň Yslama erkin ýagdaýda girmegini gazanypdyrlar.»***

Şeýle hem, ″Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Pähimleri″ atly kitapda bolsa bu hakykat şeýle düşündirilýär: ***«Yslam biziň taryhymyzyň,şeýle hem durmuşymyzyň bir bölegi hökmünde möhümdir. Türkmenleriň däp-dessurlary Yslamyň wagyz edýän medeni hem-de ahlak baýlyklary bilen jana-jan baglanyşyklydyr.»***

**Edep** ýagşy terbiýe, haýa-şerim, arassa ahlak we gowy gylyk-häsiýet diýmekdir. Doly manyda edep, ynsanyň arassa ahlaklyga degişli ähli ýagşylyklary, bütin gowy gylyk-häsiýetleri özünde jemlemegini aňladýar. Şeýle bolmadyk adama biedep diýilýär.

Edep Yslam ahlagynyň esaslaryndandyr. Çünki dinimiziň ündeýän arassa ahlaklylyga degişli ähli gözellikleri bu sözde jemlenendir. Ähli erbetlikler hem onuň daşynda galýandyr.

Maşgalada, adamlar bilen gatnaşyklarda, iýmek-içmek, geýinmek, dynç almak ýaly, ynsanyň tutuş durmuşynda ahlak esaslaryna tabyn bolmak edeplilikdir. Olaryň garşysyna gidip, erbetlik etmek hem edepsizlikdir. Şu nukdaýnazardan seredilende, däp-dessurlar, urp-adatlar bilen baglanyşykly ähli düzgünler, ýol-ýörelgeler edep kadalary diýmekdir.

Musulmanyň edebi Pygamber Serwerimiziň edep-terbiýesi bolmalydyr. Çünki edep barada iň soňky görelde Pygamberimiz aleýhisselamdyr. Hezreti Ebu Bekir (Alla ondan razy bolsun) bir gün «Eý, Allanyň Resuly, Sizi beýle kim edeplendirdi?» diýip soraýar. Allanyň Resuly «Meni Alla edeplendirdi, negözel terbiýe etdi!» (Jamiüs-Sagyr) diýip jogap beripdir.

Edep bilen haýa-şerim (utanjaňlyk) arasynda ýakyn baglanyşyk bardyr. Çünki haýa-şerim ýaramaz, erbet işleri etmekden saklanmak diýmekdir.

Allanyň Resuly «Haýa imandandyr» (Riýazüs-Salyhyn) diýip aýtmak bilen, utanmagyň ähmiýetine ünsi çekýär. Bihaýa ynsanlaryň, Alladan we beýleki ynsanlardan utanmanlygy üçin, olardan her hili erbetlige garaşmak mümkin.

Köneler edep hakynda göwher sözleri aýdypdyrlar, olardan käbir mysallar:

«Edepdir kişiniň daýym lybasy,
Edepsiz ynsan – urýana meňzeş».
«Edep bir täç kimin Nury-Hudaýdan,
Geý ol täji, aman bol her beladan».
«Ylym alan adam edepden üzňe bolmaz,
Edepsiz ylym alýan alym bolmaz».

Mukaddes Ruhnama kitabynda bolsa, edep barada şeýle aýdylýar: ***«Edep diňe bir adamyň daşky hereketleriniň sazlaşygyny däl, ol şahsyýetiň kalbynyň tämizligini-de gazanýandyr. Çünki edep gymmatlygy ýöne bir daşky görnüş bolman, eýsem, içki gözellikleriň jemidir. Türkmeniň gadymyýetden gelýän ruhy kämilligi içki hem daşky gözellikleriň bitewiligini aňlap we ykrar edip bilenliginde görünýär.***

***Edep – adamyň tebigy-beden ösüşini onuň ruhy ösüşi bilen sepleşdirmekdir.***

***Edep – adamyň tebigy ösüşini ruhy-edep gymmatlyklary bilen şertlendirmekdir. Eger edep bolmasa, onda adam ruhy şahsyýet däl-de, bary-ýogy beden birligi hökmünde boý alardy, beýle zat adamzat jemgyýetiniň abadanlygyna zeper ýetirer. Çünki adamzat ýaşaýşy üçin, bir tarapdan tebigy ösüşe ýol bermek, beýleki tarapdan bolsa, onuň jemgyýet üçin ýaramsyz goşmaça netijelerini aradan aýyrmak gerekdir. Adam bolmak üçin adam terbiýesi – edep gerekdir.»***

Jemläp aýtsak, edep akylyň üstüni ýetiren, ony nurlandyran, ynsany kämillige, salamatlyga, esenlige ýetiren haýyrly we gymmatly baýlykdyr.

## Edep bilen ahlak arasyndaky baglanyşyk

Edep bilen ahlak arasyndaky baglanyşyga düşünmek üçin ahlagyň nämedigine göz ýetirmeli.

*Ahlak* arap sözi bolup, “hulk” sözüniň köplügidir. Hulk sözi, ynsanyň ruhy, wyždany, kalby we zehini bilen baglanyşykly ruhy tarapyny aňladýar. Hulk sözi, ynsanyň daşky keşbi, şekili bilen baglanyşykly maddy gurluşyny aňladýar.

*Ahlak* ynsanyň ýaradylyşynda bar bolan hüý-häsiýetler, gylyklar we soň terbiýe ýoly bilen gazanylýan ruhy durmuşynda kök urup, endige öwrülen, ýeňil-ýelpaý taşlap bolmajak ýagşy-ýaman endikler diýmekdir. Mysal üçin: jomartlyk we dogrulyk ýa-da bularyň gapma-garşylygy bolan gysgançlyk we ýalançylyk.

Ahlak, arassa ahlak we ýaramaz ahlak ýa-da gowy gylyk-häsiýetler we ýaramaz gylyk-häsiýetler diýlip iki görnüşe bölünýär.

*Ahlagyň asyl maksady* ynsanlara dünýä we ahyrýet bagtyny hem-de sagadatyny gazandyrmakdyr. Şonuň üçin ahlak ylmy ynsana dogryny-egrini, ýagşyny-ýamany, gowyny-erbedi öwredip, olardan dogryny, ýagşyny we gowyny endik edinip durmuşa geçirmek arkaly şahsyýeti arassa ahlakly edip terbiýeleýär.

*Arassa ahlaklylyk,* Allanyň halaýan we ynsanlaryň hoşal bolýan gylyk-häsiýetleri bolup, ynsanyň eli we dili bilen başgalara zyýan ýetirmezligidir, ynsanlara ýagşylyk etmek we olara güler ýüzli bolmak diýmekdir. Kämil ynsan bolmak, maşgala abadançylygy, jemgyýetiň parahatçylygy diňe arassa ahlaklylyk bilen mümkindir.

*Arassa ahlaklylygyň esasy,* asyl gözbaşy we çeşmesi dindir. Din ynsanyň bu dünýäde parahat we agzybir ýaşamagynyň, ahyrýetde bolsa hakyky bagta gowuşmagynyň ýoluny görkezýär. Diniň ýok ýerinde ahlak we edepden söz açmak kyn bolşy ýaly, hakyky bagta gowuşmak hem mümkin däldir. Çünki ahlak we edebiň esasy gözbaşy wyždandyr. Wyždana höküm etjek ýeke-täk zat bolsa, Alla baglylygy aňladýan dindir, imandyr, ynanç-ygtykatdyr.

Hawa, ynsanda wezipe jogapkärçiligi, dogrulyk, halallyk, adalat, rehim-şepagatlylyk, sylag-hormat, ýardamlaşmak, arkalaşmak ýaly ahlak kadalary diňe Alla we ahyrýet gününe ynanç bilen goldanan ýagdaýynda täsirli we dowamly bolup biler, ynsanlarda häsiýete we endige öwrüler. Çünki Alla we ahyrýet gününe iman ynanjy, wyždanlara sakçy goýýar, ahlak kadalaryny berkidiji we olary uzak ömürli kylýar, güýjüni artdyrýar.

Bu ynanjyň ýok ýerinde şahsyýeti, ýat nazarlardan daş, ýeke bolan wagtlary kanunlary berjaý edip-etmezlikde, gözegçilikde saklamak mümkin däldir. Kanunlar ynsanlary düzgüne salmakda, terbiýeläp ýetişdirmekde we jemgyýetçilik durmuşda parahatçylygy, asudalygy üpjün etmekde özbaşyna ýeterlik däldir. Çünki ynsany kanun işgärleriniň we beýleki ynsanlaryň gözegçiliginiň ýok ýerinde, ýaramaz bir işe meýil etjek wagty, onuň bu hereketini görýän, ony jezasyz goýmajak Alla ynanjynyň, din düşünjesiniň barlygy diňe ony şol işi amal etmekden sägindirer.

Diýmek, Alla, ahyrýet we din ynanjynyň, yagny, imanyň ýok ýerinde arassa ahlaklylykdan söz açmak mümkin däldir. Dini duýgularyň peselýän ýa-da düýbünden ýok bolýan jemgyýetlerinde ahlaksyzlygyň ýaýramagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Şonuň üçin hiç bir kanun, hiç bir maddy zorluk dinsiz bir adamy ýa-da jemgyýeti arassa ahlakly edip bilmeýär. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***“Diniň biziň altyn döwrümizde iki hili özboluşly jemgyýetçilik manysy bardyr. Birinjiden, din – ynanç-ygtykatlaryň ulgamydyr. Ikinjiden bolsa, din – durmuş keşbimizdir. Garaşsyz türkmen döwletinde biz dünýewi durmuş keşbini alyp barýarys. Emma diniň, onuň ynanç-ygtykat taraplarynyň ahlak manysyny goldanýarys. Çünki ahlak dinden gelip çykýandyr. Diniň ahlak kada-kanunlary ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda türkmeniň içki ynanjyna öwrüldi. Din türkmeniň ýüreginde ahlak binalaryny gurdy. Ol binalaryň berkdigine ýetmiş ýyllyk hudaýsyzlyk döwründe-de, olaryň ýykylmandygy oňat şaýatlyk edýär. Şonuň üçinem, biziň haýyr hem şer, haramlyk hem halallyk, ynsaplylyk hem naýynsaplyk ýaly düşünjelerimiz özüniň gelip çykyşy boýunça din bilen baglanyşyklydyr. Günä bilen sogap hem şonuň ýalydyr. Dini düşünjeleriň esasynda o dünýä, dowzah hem jennet ýaly düşünjeler ýatan bolsa, dünýewi-ahlaky ýörelgeleriň esasynda türkmen döwletiniň, türkmen jemgyýetiniň, Altyn asyryň öňündäki borç duýgulary ýatýar.”***

Jemläp aýtsak , nesillerimizi düşünjeli, edep-ekramly edip ýetişdirmek, ösen medeniýeti döretmek ynanç we söýgi arkaly mümkindir. Ynanjyň, söýginiň täsirliligi edep-ekramly, arassa ahlakly bolmaklyga baglydyr.

*Yslam ahlagynyň* gözbaşy hidaýet çeşmesi bolan Gurhany kerim we fazylet güneşi bolan Hezreti Muhammet sallallahu aleýhi wesellemdir. Ahlak barada Gurhany kerimde we hadyslarda ençeme ýerde söz açylýar, arassa ahlaklylyk öwülýär, ahlaksyzlygyň her görnüşinden-de adamlar sägindirilýär. Pygamberimizin ahlagy barada Äşe enemiz özünden soranlara: «Onuň ahlagy Gurhandan ybaratdyr» (Müslim) diýip jogap berýär. Şu nukdaýnazardan, ähli pygamberleriň iberilişiniň asyl maksatlarynyň biri-de şahsyýeti arassa ahlakly edip terbiýelemekdir. Pygamberimiz: «Men ýagny, ahlagyň gözelliklerini, ýagşylyklaryny tamamlamak üçin iberildim» diýip, bu hakykaty beýan edýär. Hatda Mukaddes Ruhnama kitabyndaky ***«Nuh pygambere iberilen sahypalaryň mazmuny ahlak arassalygyndan ybaratdyr»*** diýlen sözler hem bu hakykaty aýratyn nygtaýar.

Yslamda ýoldan gelip-geçenlere ezýet berýän bir zady aýyrmak hem imandan bir bölek hasap edilen bolsa, iman we yslamyň esaslary bilen ahlak we edep kadalarynyň arasynda, elbetde, bir baglanyşygyň bardygy aýdyň görünýär.

Hawa, ahlak diniň durky, esasy, ilahy wahýyň iň möhüm kadasydyr, edep bolsa şahsyýetiň zynatydyr, bezegidir. Arassa ahlakly, edep-ekramly bolmak gahrymanlykdyr. Bu meýdanyň hakyky gahrymanlary bolsa pygamberler we ýüregi bilen olaryň yzyna eýerenlerdir. Hakyky musulmanyň waspy onuň ahlaklylygydyr. Kämil ahlagyň belent nusgasy bolan Pygamberimiz bu hakykaty «Musulmanlyk – ahlak arassalygy, häsiýet gözelligidir» («Kenzül-Ummal») diýip düşündirýär. Merdana ata-babalarymyz yslamy kabul edenden soň, onuň ybadat we ahlak esaslaryny ýaşaýyşlarynda özlerine endik edinip adata, däbe öwrüpdirler.

Bu nukdaýnazardan seredeniňde edep bilen ahlak arasynda göni baglanyşyk bardyr. Arassa ahlaklylyk edeplilik diýmekdir. Edep, ynsanyň ýaradylyşynda bar bolan hüý-häsiýetleri, gylyklary terbiýe ýoly bilen gowy ýa-da ýagşy görnüşde endige öwürmekdir. Başgaça aýdanda, arassa ahlaklylyk ýa-da gowy gylyk-häsiýetler edebe degişli düzgünlerdir. Arassa ahlaklylyk we edeplilik ynsandaky gylyk-häsiýetleriň çäklendirilip terbiýe edilmegi arkaly gazanylar. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynyň "Ata-ene mähri" babynda şeýle düşündirilýär: ***"Terbiýe – gözelligi gazanmagyň najatydyr. Başsyz-baratsyzlyk, taraşsyzlyk, tagaşyksyzlyk, ölçegsizlik gözellik däldir. Gözellik – kanunalaýyklyga tabynlykdan gelip çykýar. Tebigat gözelligi tebigatyň dilsiz-agyzsyz baky aýlawynyň kanunalaýyklygynyň netijesidir. Ahlak gözelligi – ahlak kanunlaryna tabyn bolmagyň netijesidir."***

## Ýaramaz gylyk-häsiýetleri endik edinmegiň sebäpleri

Ynsanlary haramlyklara itekleýän, ýaramaz gylyk-häsiýetlere öwrenişdirýän esasy sebäpleriň başynda ruhy ýetmezçilik we ynançsyzlyk durýar. Ynsan maddy hem-de ruhy taýdan kämil bolýandyr. Şonuň üçin aşgazan aç bolanda bedene nähili täsir ýetýän bolsa, ruhy açlyk çekilen ýagdaýynda hem käbir ýetmezçilikler ýüze çykar.

Ynsan maddy zatlara baý, garny dok hem bolsa gözi aç bolýar. Çünki maddy zatlar ynsany ruhy taýdan doly kanagatlandyrmaz. Pygamberimiz bu hakykaty: "Ynsanyň bir jülge dolusy maly bolsa, munuň iki jülge

bolmagyny islär. Ynsanyň açgözlügini diňe toprak doýrar” (Buhary, Müslim) diýip beýan edýär.

Häzirki döwürde maddy taýdan ösen ýurtlara ýa-da ýokary wezipede işleýän adamlara seredenimizde bu hakykaty aýdyň göreris. Diýmek, ruhy açlygyny doýurmazdan ynsanyň kanagatly bolmagy mümkin däl. Bu bolsa ynanç we iman bilen mümkindir. Ynsan gadymdan bärik “Men kim? Nireden gelýärin? Nirä barýaryn?” ýaly soraglara kanagatlanarly jogaby diňe diniň we imanyň üsti bilen jogap tapyp biler. Öleninden soň näme boljagyny bilmeýän ynsan hemişe gaýgy bilen ýaşar. Kellesine geljek müňlerçe sorag we şübhe, her gün ony birahat eder. Bu ýagdaýdan halas bolmak üçin, ynsan özüni keýpi-sapa salar.

Netijede, ynançsyz we imany kämil bolmadyk ynsanlarda kanagat bolmaz. Başa gelen belalary sabyrlylyk bilen garşy alyp bilmez, öýkünmek häsiýetleri we gowy, aňrybaş ýaşaýyş baş maksatlary bolar. Beýle ýagdaýda kämil şahsyýet döremeýşi ýaly, milli ruha eýe milletler hem döremez.

Jemläp aýdanymyzda, arassa ahlaklylyk, edeplilik ynsanlarda halal-haram, sogap-günä düşünjesi bolan ýagdaýynda mümkindir. Bu düşünje bolsa doly manyda, ýeterlik derejede dinde bardyr. Din iman, ybadat, doga--dileg, ýagşy adamlar bilen dostlaşmak we haramlara, günälere itekleýän şertleriň ýok edilmegi netijesinde haramlardan we ýaramaz gylyk-häsiýetlerden goranyp biler.

Hawa, dana, pähim-paýhasly Beýik Serdarymyz arassa ahlakly, edep-ekramly adam bolup ýetişmegiň ýoluny şeýle sargyt edýär: ***“Pederlerimizden miras galan tämiz ahlak sypatlaryny özüňde terbiýelemegi başar! Olara uýsaň, sen dünýäde iň ynsanperwer adam bolarsyň.”***

## Özbaşdak diýarymyzda milli edep kadalaryny we däp-dessurlarymyzy düýpli öwrenmegiň zerurlygy

Islendik milletiň ösüşiniň derejesi onuň medeniýetiniň kämilligi bilen kesgitlenýär. Çünki medeniýet diýlen düşünje her bir milletiň aňly-başly ýaşaýşynyň dowamynda döreden maddy we ruhy baýlygynyň jemini aňladýar. Elbetde, bir medeniýetiň döremeginiň we kemala gelmeginiň esasy – döwrebap ýetişen ynsan, jany we onuň döreýän ýeri – azat, erkin hem-de hemmetaraplaýyn garaşsyz bir Watan, iň gymmatly maýasy bolsa zamandyr.

Medeniýet, umuman, baky, mizemez däldir, ol hemişe ösüş ýolundadyr. Adamzat elmydama ösüşde, bu tebigy kanunalaýyklyk. Bir millet medeniýetiň oňat nusgalaryny özleşdirmedik, öz durmuş ýagdaýyna bähbitli esasda uýgunlaşdyrmadyk ýagdaýynda medeniýet durgunlyga, gaýtgyna sezewar bolar. Şol bir wagtyň özünde halkyň milli tebigatyna, ruhuna, durmuşda güzeran dolandyryş şertlerine laýyk gelmeýän zatlaryň onuň medeniýetine gereginden artyk ornaşdyrylmagy, ýagny, başga medeniýetiň hasabyna baýlaşdyrylmagy dogry däldir.

Şeýle zada ýol berilmegi milli medeniýetiň umumy möçberinde onuň özüne has bolan häsiýetleriniň kemelmegine we keseki medeniýetiň häsiýetleriniň ýaýramagyna getirer.

Magtymguly eýýamyndan Garaşsyzlyk günlerimize çenli türkmen milli medeniýeti tebigy ösüş ugrundan bir tarapa gyşaryp, milli däp-dessurlary ýoýuldy, dinini galapyn terk etdi, ata-baba nesilden nesle geçip gelen ajaýyp gylyk-häsiýetlerini ýitirip başlady. Uly il bolup ýazgarylýan pis gylykly adamlaryň – ogrularyň, talaňçylaryň, arakhorlaryň, neşekeşleriň, jelepleriň, harsydünýäleriň, binamyslaryň, wyždansyzlaryň, dönükleriň halk içinde kök urmagyna ýol berildi. Öz bagryndan önen perzendinden dynmak üçin ony bäbekhana taşlap gidýän «eneler», enesiniň beren ak süýdüni, atasynyň beren päk duzuny, olaryň namys-aryny depgiläp, öýüni taşlap, «bagtyň» gözlegine çykan gyzlar, soňky demine çenli, gözüni ýola dikip ýatan atasyndan habar almaga dogduk obasyna gitmän, şäheriň keýp çekilýän jaýlarynda özi ýaly bikärler bilen şowhun edip, akyl satyp, lokguldaýan erkekler, Watan gullugyndan gaçyp galýan bigaýrat ýigitler häli-şindi duşýardy. Garaşsyz diýarymyzyň nesilleri bolup, Beýik Serdarymyzyň aýdyň ýoly bilen täzeden aslymyza gaýdyp geldik. «Oguzhandan başlap orta asyrlaryň ahyryna çenli agzybirligi, batyrlygy, watansöýüjiligi, halallygy, geçirimliligi, dini, dili, medeniýeti – beýik ruhy bilen tanalan halk hökmünde ýaňadan XXI asyrda milletimiziň dowamatyny» gazandyk. Her bir türkmeniň asly halal ata-babalarymyzyň gylyk-häsiýetlerine eýe bolmagy üçin milli edep-kadalarymyzy we däp-dessurlarymyzy düýpli öwrenmegi parzdyr.

## II B Ö L Ü M
## TÜRKMENIŇ ASLYNDAN GELEN EDEP KADALARY

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**
***Ýylgyryň, birek-birek bilen duşanyňyzda ýürekden ýylgyryň, ýylgyryp salamlaşyň. Ýylgyryp gürleşiň.***
**Mukaddes Ruhnamadan**

### TÜRKMENDE SALAMLAŞMAK WE ONUŇ EDEBI

### Salam – şahsy aragatnaşyklaryň «bismillasy» hökmünde

**Salam** duşuşan adamyňyza saglyk we esenlik arzuw etmek diýmekdir. Adamyň adam bilen tanyşmagy, biri-biri bilen ysnyşmagy salamdan başlanýar. Güler ýüz bilen berlen salam we ondan soňky mähirli soraşyklyk ruhuňy göterýär, duşuşanlaryň arasynda birek-birege ynam döredýär. Salam bermek Allanyň buýrugydyr.

«Eý, iman edenler, kesekiniň öýüne eýesinden rugsat soraman we salam bermän girmäň» (Nur, 27). Pygamberimiz bolsa: «Iman etmeseňiz jennete girip bilmersiňiz. Biri-biriňizi söýmeseňiz kämil imana eýe bolup bilmersiňiz. Size biri-biriňizi söýdürjek bir zady öwredeýinmi? Araňyzda salamy ýaýyň» (Müslim) diýip ündäpdir.

Salamlaşmagyň iň gözel görnüşi «Es-selamu aleýkum» diýmekdir. «Selamün aleýkum» diýilse-de dürsdür. Munuň iki görnüşi hem Gurhany kerimde bardyr (ser. Ra’d, 24; Saffat, 79,130; Taha, 47; Merýem, 33). Salam berlen kişi «We aleýkum-selam» diýip jogap bermelidir. Gurhany kerimde «Size salam berlen wagty siz ondan has gözeli bilen şol salamy alyň ýa-da edil şol derejede jogap beriň...» (Nisa, 86) diýip buýrulýar.

Bir adam Pygamberimiziň ýanyna gelip: «Es-selamu aleýkum» diýdi. Pygamberimiz hem şol derejede oňa jogap berdi. Şol adam ýerine geçip oturdy. Pygamberimiz: «On sogap gazandy» diýdi. Soň başga biri gelip: «Es-selamu aleýkum we rahmetullah» diýdi. Pygamberimiz hem: «We aleýkumüs-selam we rahmetullah» diýip jogap berdi we: «Bu ýigrimi sogap gazandy» diýdi. Soň üçünji biri gelip: «Es-selamu aleýkum we rahmetullah we berekätüh» diýdi. Pygamberimiz oňa: «We aleýkumüs-selam we rahmetullahi we berekätüh» diýip jogap berenden soň: «Otuz sogap gazandy» diýdi. Üçünji adam Pygamberimize: «Eý, Resulyllah, sen näme üçin maňa jogaby kemter berdiň? Allatagala: «Salama iň gözel

görnüşde jogap beriň» diýmeýärmi?» diýende, Pygamberimiz: «Sen maňa artyk aýdara zat goýmadyň» diýipdir («Ryýazüs-salyhyn» t.2).

Salam bermek sünnetdir, almak bolsa farzy-kifaýedir. Salam köpçülige berilse, olardan biri salamy alsa, şol farzyň ýerine ýetirildigi bolýar. Eger hiç biri almasa, hemmesi günäkär bolýar.

Diýmek, salam diňe bir duşulanda iki adamyň arasynda ýerine ýetirilýän ýönekeý bir däp-dessur bolman, eýsem, onuň uly manysy, ynsanlary biri-birine ysnyşdyryjy güýji bar. Çünki salam bermek we almak arkaly adamlar öz garşydaşlaryna “Siz maňa ýaradyňyz, men sizi hormatlaýaryn. Sizi görenime örän şat” diýmek isleýärler. Alymlaryň pikirine görä, salamlaşylandan soň, görüşmek üçin uzadylan gol “Ynha, mende hiç hili ýarag ýok, elim boş, diýmek, saňa hiç hili duşmançylygym we seniň bilen uruşmak niýetim ýok” diýen manyny aňladýar.

## Salamlaşmakda milli edep kadalary

Gözbaşyny dinimizden alýan köne türkmen dessury boýunça ulagly pyýada, pyýada ýöräp barýan oturana, kiçi ula, azlyk köplüge salam bermelidir (Buhary). Başga bir hadysda bolsa «Adamlaryň arasynda Allanyň iň halany ilki salam berýänlerdir» (Ebu Dawud) diýilýär.

Ýolda duş gelen ýaşululara salam bermän geçmek medeniýetsizlikdir, emma kiçiler ony ýadyndan çykaran wagtynda, ulular olar bilen “Gurgunlykmy? Sag-amanlykmy?” diýip salamlaşyp geçmegi özüne kiçilik bilmeli däldirler. Şonuň üçin öňüňizden çykan adam sizden uly ýa-da deňeçer bolsa, onuň tanyş-nätanyşlygyna, baý-garyplygyna, milletine parh goýulman salam berilmelidir. Pygamberimiziň ýanyna bir adam gelip: «Yslamyň haýsy işi has gowudyr?» diýip soranda, Pygamberimiz: «Tagam iýdirmek we tananyňa-tanamadygyňa salam bermekdir» (Buhary) diýipdir. Emma gynansagam, uly mähelleli ýerlerde muny berjaý etmek kyndyr. Şonuň üçin diňe tanaýanlaryňa, gatnaşyk saklaýanlaryňa salam berseň, bu sünnetiň ýerine ýetirildigi saýylýar.

Beýik akyldarymyz Magtymguly hem bize bu babatda:

*Öňde, yzda görseň her kes gulamyň,*
*Ondan aýamagyn Taňry salamyň –*

diýip nesihat edipdir. Mukaddes Ruhnama kitabynda salamlaşmak edebiniň şertleri: ***“Ula salamy ilki ber, kiçä eliňi uzadyp, salamlaş! Oturan ýeriňden däl, aýak üstüne galyp, salamlaş! Salamdan soň, uly saglyk-amanlyk soraşýandyr.***

***Gürrüň gutarandan soň, sagbollaşman gidibermek edepsizlikdir"*** diýlip düşündirilýär.

Bir kişi öz öýüne girende, öýde hiç kim bolmasa-da, salam bermelidir. Pygamberimiz hezreti Enese (r.a) şeýle maslahat beripdir: «Oglum, öýüňe gireniňde salam ber. Şeýle etseň saňa we içeriňe bereket geler» (Tirmizi). Gurhany kerimde bolsa: «Öýe giren wagtyňyz biri-biriňize Alladan feýiz, bereket, ýagşylyk, gözellik, esenlik bolan salamy beriň» (Nur, 61). Mukaddes Ruhnama kitabynda bolsa bu barada şeýle aýdylýar: ***"Her bir jaýa gireniňizde – öý bolsun, edara bolsun – salam berip gir. Salam öýüň ilkinji hormatydyr."***

## Salamda elleşmek (musafaha)

Elleşip salamlaşmak musulmanlaryň arasynda mähir-muhabbeti görkezýän esaslardan biridir. Ymam Mäligiň «Muwatta» atly kitabyndaky «Elleşiň, kalbyňyzdaky kine aýrylsyn, sowgat beriň, biri-biriňize söýgi döresin, araňyzdaky duşmançylyk aýrylsyn» diýen hadysy muňa aýdyň mysaldyr. Pygamberimiziň: «Salamlaşmagyň soňy musafahadyr» (Suýuti, «Jamy'us-sagir») diýmegi salamlaşmakdan soň, elleşmegiň gerekdigini görkezýär. Iki eliň bilen salamlaşmalydyr. Ýöne ýeke eliň bilen salamlaşylsa-da dürsdür.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem sahabalary bilen duşuşanda, juma we baýram namazlaryndan soň, şeýle hem bir mesele bilen baglanyşykly mübäreklände musafaha eder eken (Buhary). Başga bir hadysda Pygamberimiz şeýle diýipdir: «Iki musulman duşuşan wagty musafaha edip, Aziz we Jelil bolan Alladan biri-birine afuw edilmegi dileseler, entek aýrylmanka, Allatagala olary bagyşlar» (Buhary, Ebu Dawud).

Elleşmekçi bolnanda, ýaşuly adam ýaşkiçä elini uzatmalydyr. Eger ol elini uzatmasa, kiçiniň ula elini uzatmasy gelşikli däldir. Uly elini uzadanda, ýaşlaryň oňa hormat bilen iki elini bermegi edeplilik saýylýar.

Öz deň-duşlaryň bilen görşeniňde-de salyhatlylygy saklamaly, güler ýüz bilen onuň ýüzüne göni seredip elleşmeli. Garşyňda duranyň elini silkelemek, oňa öz güýjüňi görkezmek üçin elini aşa gysmak kelpezlikden habar berse, eliňi göwünli-göwünsiz uzatmak ýa-da ýeke eliň, onda-da diňe 2-3 barmagyň bilen el ujy görüşmeklik ulumsylygyň alamaty saýylýar. Günde-günaşa görşüp, tirkeşip ýören dostuň bolanda-da, onuň bilen gürleşeniňde degişmäni soňa goýup, salyhatlylygy saklamak derwaýysdyr.

“Ertiriňiz (agşamyňyz) haýyrly bolsun!” diýmeklik hem salamyň ýerini tutup bilýär, ýöne, has dogrusy, bu sözler salamyň yzyndan aýdylmalydyr.

Bir adam size tanyş ýa garyndaşlaryňyzdan salam getiren bolsa, ýagny “Pylany saňa salam aýtdy” diýilse, ilki “We aleýküm salam” diýip, soňra “Salam iberenem, getirenem sag bolsun” diýip, alkyş aýtmaly.

## Köpçülikde salamlaşmak edebi

Köpüň ýygnanan ýerine barlanda salam berlişi ýaly, gideniňde-de salam berilmelidir. Pygamberimiz: «Sizden biriňiz köpüň ýygnanan ýerine gelende salam berşi ýaly, gidende-de salam bersin...» (Ebu Dawud, Tirmizi) diýipdir.

Köpçüligiň döwre gurap oturan ýerinde diňe salam berip, mynasyp bir ýere geçip oturmaly. Oturan märeke bilen ýeke-ýeke elleşip görüşmeklik edepsizlik hasaplanýar. Çünki ol oturanlaryň ünsüni sowup, rahatlygyny bozýar. Nahar iýip oturanlar bilen hem ýeke-ýeke elleşip görüşmeklik dogry däldir. Oturan ýa-da dik duran märeke bilen ýeke-ýekeden görşüp çykmakçy bolnanda, onda sagdan çepe aýlanyp, iki el bilen görüşmelidir. Märekede ýaşulular bar bolsa, onda ilki olar bilen görşüp, soňra ondan çepde duranlar (oturanlar) bilen elleşmeli.

Uly märekede, wajyp bir meseläniň maslahaty gidip duran ýygnakda biri gürrüň edip duran wagty ünsi sowmazlyk üçin, gaty gygyryp salam bermek bolmaýar, diňe töweregiňdäkiler bilen baş atyşyp salamlaşmak bilen oňmaly.

Metjitlerde diňe juma we baýram namazlaryndan soň, elleşmek sünnet hasaplanypdyr. Emma metjitde okalýan, beýleki adaty bäş wagt namazdan soň elleşmek dogry saýylmandyr. Çünki ilki duşuşyp salamlaşanyňdan soň elleşilýär. Häzirki döwürde hem metjitdäki ähli kişi bilen elleşmek mümkin hem däldir. Emma ýanyňdaky elini uzatsa, elleşmelidir.

## Zenanlar bilen salamlaşmagyň we elleşmegiň edebi

Zenanlara, çagalara hem salam bermek dürsdür. Hezreti Enes (r.a) çagalara duş gelende salam berip: «Resulyllah (s.a.w.) hem şeýle edýärdi» diýer eken. Ýezidiň gyzy Esma şeýle gürrüň berýär: «Birnäçe aýal bilen otyrdyk. Pygamberimiz deňimizden geçende, bize salam berdi» (Ebu Dawud). Bir kişä aýalynyň ýanyndaka salam bermek hem dürsdür. Çünki

Pygamberimiz itikafdaka ýanyna gelen aýaly Safiýýäni öýüne äkidende, iki sany sahaba Pygamberimize salam beripdir («Tejridi Saryh»).

Diýmek, zenan erkege salam berip bilýär we salamyny hem alyp bilýär. Ýöne, salam berende we alanda zenanlar diňe garyndaşyna ýa-da zerurlyk bolan ýagdaýda özgä-de salam bermelidir. Zenanyň, ýolda ýöräp barşyna, her öňünden çykana salam bermegi dürs däldir. Bu pitne döredip biler. Şonuň üçin Hanefi alymlary «Zenan erkege, erkek zenana salam berip biler, ýöne, erkegiň ýaş zenana, ýaş zenanyň erkege salam bermegi mekruhdyr» diýip belläpdir.

Häzirki döwürde zenanlar salamlaşanlarynda diňe «salam» ýa-da, «salamälik» diýmeklik däbe öwrülendir.

Mukaddes Ruhnama kitabynda zenanlar bilen salamlaşmak we elleşmek barada şeýle aýdylýar: ***“Öýe gireniňde, ilki sag aýagyňy ätläp gir. Erkek adam bilen elleşip görüş, aýal maşgala ýakynyň bolmasa, eliňi uzatma. Türkmençilikde erkek bilen salamlaşmagyň düzgüni aýallaryňkydan, ýaşuly bilen salamlaşmagyň şertleri ýaşkiçileriňkiden, tanyş bilen salamlaşmak nätanyşyňkydan tapawutlanýar. Şu tapawutlar hem türkmeniň salamlaşmak edebiniň gadymy hem inçe, kämil işlenip düzülendigini görkezýär.”***

Hawa, zenanlar bilen elleşmek ýalňyşdyr. Zenanlar, ylaýta-da, gelin-gyzlar elini uzatmasa, olar bilen elleşmek üçin ýigitleriň elini uzatmasy edepsizlik hasap edilýär. Gelin-gyzlaryň hem nätanyş we mährem erkeklere ellerini uzatmasy edepsizlikdir. Şeýle hem şerigatda aýal ýaş we şehwete sebäp boljak ýagdaýda bolsa, onuň bilen elleşmek haram saýylypdyr. Ýöne türkmen däbinde garry aýallar bilen elleşmek bolýar. Ol bolsa eşiginiň ýeňiniň üstünden elleşilýär.

## Salam berilmedik mekanlar we kişiler

Şerigatda aýdylyşyna görä, şu aşakda sanalan ýerlerde we şu kişilere salam berilmeýär:

Hajathana we hammam ýaly hapa ýerdäkilere, günä iş bilen meşgullanýana, sözüni bölmezlik we ünsi çekmezlik üçin azan okaýana, namaz okaýana, Gurhan okaýana, ylym bilen meşgullanýana, söhbet edip oturanlara.

Türkmenistanyň köp ýerlerinde merhumyň (onda-da ýaş ynsanyň) aýat-jynazasynda hem görşüp salamlaşylmaýar, diňe baş atyp ýa-da pessaý ses arkaly salam bermek bilen oňňut edilýär.

Görşümiz ýaly, salamlaşmak özboluşly ajaýyp sungat bolup, onuň gadymdan gelýän we sünnälenip, biziň döwrümize ýetirilen mahsus ýörelgeleri, däp-dessurlary bar. Olary berjaý etmeýän, başdan sowma seredýän her bir adamyň köpçülikde utanja galmagy mümkindir.

## TÜRKMENDE ÝAŞULULARA SARPA

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Türkmen döwletiniň öňden gelýän ruhy ýörelgelerinde ýaşuly nesli akyl-paýhas meselelerinde öňe tutmak esasy aýratynlyklarynyň biridir. Şu aýratynlygy täze guran döwletimiziň ýörelgeleriniň birine öwürdik. Döwlet gurluşynda iň möhüm zat milli aýratynlyklary, halkyň taryhyny, dünýägaraýşyny we şuňa meňzeşlerini göz öňüne tutmakdyr. Şonuň üçin hem döwlet dolandyrylyşynda Ýaşulular maslahaty esasy merkezdir. Mundan beýläk hem döwlet dolandyrylyşynda Ýaşulular maslahaty esasy merkez bolmagynda galmalydyr. Şeýtsek, halkymyzyň taryhy döwlet tejribesiniň iş ýüzünde dowam etdirildigi bolar.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

## Ýaşululary sylamagyň edebi

«Edebiň ýagşysy ulyny sylamak» diýen dana pähimi döreden türkmen ýaşy uly, ylmy artyk, wezipe taýdan ýokary, takwalyk we gudratynyň derejesi taýyndan öňde bolan adamlara «ýaşuly» diýýär. Bu sypatlary bar adamlara beýleki adamlaryň sarpa goýmaklary, mynasyp hormat etmekleri edeplilikdir. Türkmeniň ýaşululyk edebiniň ata-baba nesilden nesle dowam edip gelen asylly däp-dessurdygy Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle nygtalýar: ***«Oguz han Türkmen ýaşy ýekeje □ün uly bolsa-da, ulyny sylamagy parz edipdir. «Ulug ýokmy — ulama bar» diýip, ýaşuly kethuda ýok ýerinde ylymlyny sylamagy parz edipdir.”***

Dinimiz hem musulmanlaryň ululаryna hormat etmeklerini, munuň ahlak taýyndan borç we edeplilikdigini nygtaýar. Her ynsan hökman çagalyk, ýaşlyk, ýaşululyk çagyny başyndan geçirer. Şu güniň ýaşululary düýnki ýaşlar we çagalardyr. Şonuň üçin garranynda özünden kiçilerden sylag-hormata garaşýan, ýaşlygynda ulularyna sarpa goýmalydyr. Pygamberimiz bu babatda şeýle aýdýar: «Bir ýaş ýigit ýaşuly adama ýaşy sebäpli hormat etse, Allatagala hem ol garranda oňa hyzmat etjek adamlary döreder» (Tirmizi).

Ýaşululara sarpa goýmaklyk, Allatagala tagat kylmak bilen göni baglanyşyklydyr. Allany tanaýan we Oňa tagzym bilen boýun egenler özünden ululara hem hormat ederler. Şonuň üçin Pygamber Serwerimiz: «Ulyny sylamak, Alla tagzym etmegiň netijesidir» diýip belleýär.

Günlerden bir gün, sahabalar (Alla olardan razy bolsun), Pygamber Serwerimiziň (sallallahu aleýhi wesellemiň) töwereginde oturyp, Ony diňleýärdiler. Bir aralyk Allanyň Resulyny görmäge we Onuň bilen söhbetdeş bolmaga bir ýaşuly gelýär. Sahabalar şol ýaşula ýer bermeklikde sähel gijikdiler. Olaryň bu hereketini halamansoň derhal olara şeýle duýduryş berdi: «Kiçisine rehim-şepagatly bolmadyk, ulusyny sylamadyk meniň ymmatymdan däldir» (Tirmizi).

Ýaşululara sarpa goýmaklyk söz we hereket bilen berjaý ediler. Ýaşululara «Siz» diýip ýüzlenmeli, olaryň adyny gysgaltmaly däl, doly adyny tutmaly, adynyň yzyna-da «aga, daýy, baba» ýaly hormaty bildirýän sözleri goşup ýüzlenmeli.

Tanyşlygyna, kesekiligine, milletine, aýal-erkekligine seretmezden, ýaşulular öňüňizden çykanda, olara edep bilen salam bermeli, ol görüşmek üçin elini uzadaýsa, iki eliň bilen görüşmeli. Eger ýaşulynyň özi elini uzatmasa, görüşmek üçin eliňi uzatmak bolmaýar.

Köpçülikde, toýda, ýasda, bazarda, ýolagçylykda, öňümizden ýaşuly çyksa, bir tarapa çekilip, olara ýol bermek we salam bermek derwaýysdyr.

Ýaşululara kömekleşmek, agyr ýüküni göterişmek, awtobusda, märekede turup orun bermek edeplilikdir. Ýaşulularyň orny tördedir. Çaý-nahar çekilende-de, ilkinji nobat şolaryňkydyr. Nahar çekiljek bolanda: «Indi nahar getirsek nähili bolar?» diýip, olardan soramaly. Nahardan soň töwir etmek ýaşululara ynanylýandyr.

Toýa, märekä gelen ýaşulularyň öňünden çykyp garşylamaly, elini ýuwmakçy bolsa kündügi iki el bilen tutup suw akytmaly we derrew el süpürilýäni alyp bermeli. Ýaşuly gaýtmakçy bolsa, onuň elini ýuwduryp, öýden belli aralyga çenli ugradyp, hoşlaşyp goýbermeli.

Märekelerde, ýaşulularyň gürrüňini edeplilik, salyhatlylyk bilen diňlemeli. Olaryň sözüni bölmeli däl, olaryň sözi ýaramasa-da, olaryň garşysyna gitmek, sözüni ýalana çykarmak biedeplikdir.

Bir gün Pygamberimiz aleýhisselamyň huzuryna bir mesele hakynda maglumat bermek üçin gelen üç adamdan iň kiçileri – Abdurrahman bin Sehl söze başlanda, Allanyň Resuly sallallahu aleýhi wesellem onuň sözüni kesdi-de, «Ulyňyz kim bolsa ilki şol gürlesin» diýdi. Diýmek, ýaşululara hemme ýagdaýda hormat goýmaly.

Hawa, sylag-hormat, ýaş kiçiler bilen ululuryň köňülleri arasynda gurlan bir köprüdir. Geljekleri babatda oýlanan halklaryň bu köprini hökman gurmaklary zerurdyr. Sylag-hormatyň ýok ýerinde maşgala agzybirligi bozular, birek-birege söýgi azalar, geljekde gowulyga garaşmak kyn bolar.

Bir gün şeýle bir waka bolýar: «Resulyllah aleýhisselam agtygy Hasany ogşady. Akra bin Habis: «Eý, Allanyň Resuly! Meniň on çagam bar, ýöne men olardan hiç birini ogşamaýaryn» diýende, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi wesellem): «Ynsanlara merhemet etmedige, Alla hem merhemet etmez» (Müslim) diýdi.

Şonuň üçin ýaşulular hem özünden kiçilere mylakatly, sylaşykly, güler ýüzli, rehim-şepagatly bolmalydyr. Şonuň üçin türkmen «kiçisini sylamadyk, ulusyny sylamaz» diýip jaýdar belleýär. Mukaddes Ruhnama kitabynda ýaşululara sarpa goýmagyň edebi şeýle düşündirilýär: ***“Edebiň başlangyjy ýaşkiçilik edebidir.***

***Ýaşkiçilik edebi ulynyň uludygyny ykrar etmekden başlanýar. Muny ykrar etmek bolsa, ýaşulynyň öňünde borçludygyňa, oňa ahlak hem gaýry ýörelgelerde boýun bolmalydygyňa düşünmekdir.***

***Ata-babalarymyz ýaşaýyş üçin ähli zatda ölçegliligiň, rejeliligiň we sazlaşygyň gerekdigini bilipdirler. Ýaşy ulyny sylamak adamlar arasyndaky gatnaşyklary ýaş nukdaýnazaryndan sazlaşdyrmak ýörelgesidir.”***

## ALYMLARA HORMAT

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Alym öz ylmy bilen jemgyýetiň maddy we ruhy kämilligine hyzmat etmelidir. Eger ol bu işden çetde galýan bolsa, onuň ylmy bimanylyk, boş hem howaýy akyl satmadan başga hiç zat däldir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Alymlaryň halk arasynda sarpasy hemişe uludyr. Ösen medeniýetleriň kemala gelmeginde döwrebap ylymly, hakykatyň hatyrasyna zähmet çekýän, jöwher paýhasly alymlaryň täsiri birinji orundadyr. Başgaça aýdylanda, ylym ösen medeniýetiň döremeginiň baş esasydyr.

Yslam dininiň ylma uly ähmiýet berşi ýaly, türkmen halky-da Günbataryň orta asyrlarda yza galak döwürlerinde uly medeniýetleri we

beýik alymlary ýetişdirendir. Ylym we medeniýet agajy Orta Aziýada türkmen milleti tarapyndan ösdürilipdir.

Alym bilen nadan arasynda ýer bilen gök ýaly, görer göz bilen kör arasyndaky ýaly juda uly tapawut bardyr. Bu hakykata Gurhany kerimde şeýle üns çekilýär: “Hiý, bilenler bilen bilmedikler deň bolarmy?” (Zümer, 9).

Pygamberimiz aleýhisselam bir hadysynda alymyň mertebesini şeýle suratlandyrýar: “Bir alymyň abyd (ylmy ýok, diňe ybadat bilen meşgullanýan) kişiden üstünligi, meniň siziň araňyzdaky iň pes adam bilen aramyzdaky tapawut ýalydyr” (Tirmizi).

Alym diňe ylym eýesi, açyş eden, kitap ýazan adam däldir, Gurhany kerimde Allatagala hakyky alymyň baş sypatynyň Allany tanamak we Ondan gorkmakdygyny nygtaýar: “Alladan doly manyda diňe alymlar gorkar” (Fatyr, 28).

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy-da hakyky alymyň sypatlaryny Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle suratlandyrýar: ***“Hakyky alym şu sypatlara eýedir:***

***Ylym bilen baýlyk ýygnamak pikiri bolmaz.***

***Ylym hünäri däl, ykbaly bolar.***

***Ýumşak, kiçigöwünli bolar.***

***Özünde iň oňat ahlagy jemlär.***

***Aýdýanyny hereketi bilen tassyklar.”***

Bu sypatlary özünde jemleýän alym ynsan imrinilmäge mynasyp bolşy ýaly, ahyrýetde-de uly mertebelere ýeterler. Bu babatda hadyslarda şeýle aýdylýar: “Kyýamat-magşar güni üç topar adam şefagat eder, olar: pygamberler, soňra alymlar, soňra bolsa şehitlerdir” (Ibni Maje).

“Iki zada imriniler, olar: Allanyň özüne mal baýlygy berip, ol baýlygyny Allanyň razylygy üçin sarp eden adam bilen Allanyň özüne ylym we hikmet bagyş eden hem şol ylmy bilen amal eden adamdyr” (Buhary).

Türkmenlerde “ylym atasy”, “halypa” diýlen düşünje, alyma goýlan sarpanyň ýokarydygyny görkezýär.

Hawa, bir milletiň bagtyýar ýaşamagynda uly goşandy bolan alymlary hormatlamak parzdyr we edeplilikdir. Çünki “Alymlar pygamberleriň mirasdüşeridir” (Buhary).

Bir milletiň maddy we ruhy galkynyşyna uly goşant goşýan alymlary hemişe ýagşylykda ýatlap, olara ýagşy doga-dileg etmek gulluk borjumyzdyr.

Medeniýetimizi esaslandyryjylaryň we medeni mirasymyzyň hakyky goraýjysy bolan alymlaryň sargytlaryna gulak asyp, olaryň nusga ýaşaýyşlaryny görelde edinmelidiris.

Galamynyň syýasy şehitleriň ganyna deň bolan alymlary nesillerimize tanatmaly, olaryň mazaryna zyýarat etmeli.

Eden ylmy açyşlaryndan, ýazan kitaplaryndan ynsanlar peýdalandygyça, dünýeden ötenden soň amal depderi ýapylmaýan alymlaryň ylmy işlerini galan ýerinden dowam etdirmek, has uly açyşlary etmek hem alymlaryň öňündäki borçlarymyzdandyr we bu hemişe ösüş gazanmagyň hem esasy şertidir. Bu hakykaty türkmen “Şägirt halypany ozmasa, kär (hünär) ýiter” diýen dana pähimi bilen jaýdar belleýär.

## TÜRKMENDE GARYNDAŞLAR WE GOŇŞULAR ARASYNDA ARKALAŞMAK DÄBI

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Türkmende adam şahsyýetine onuň diňe özüne seredip däl, eýsem, çykan neberesine, maşgalasyna bakybam baha berilýändir. Ilki bilen neberä seredilýändir. Şeýle ähmiýetliligi üçinem, bizde garyndaşlyk edebiniň şertleri elekden geçirilendir we anykdyr.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

### Garyndaşlyk (Sylaýy rahym)

Üç asyrdan Garaşsyzlyk günlerimize çenli türkmenleriň ykdysady, syýasy taýdan beýleki ösen döwletleriň golastynda maddy taýdan pes derejede ýaşamaklaryna garamazdan, milliliklerini ýitirmezlikleriniň, talak hadysalarynyň azlygy, neşe ýaly ýaramaz endikleriň we uly jenaýatlaryň köp ýaýramazlygynyň sebäpleriniň biri-de, elbetde, garyndaşlar we goňşular arasyndaky arkalaşmak däbidir.

***«Türkmen garyndaşçyl halkdyr. Garyndaşlyk duýgusy türkmende iň ösen duýgularyň biridir... Döwletiň, milletiň – Watanyň bähbitlerine ters gelmedik ýerinde, garyndaşlyk hem, garyndaşçyllyk hem oňat zatdyr... Türkmen pelsepesinde garyndaşsyza kuwwat ýokdur diýip tekrarlanýar...***

***Garyndaşlyk duygusy ajap duýgudyr. Çünkü ol duýgy hem süňňüňden, hem kalbyňdan gaýnap çykýan tämiz we arassa duýgudyr. Garyndaşlyk duýgusy milli duýgynyň deslapky görnüşidir. Enesini***

***söýmedik Watanyny, garyndaşyny söýmedik milletini söýýän däldir. Garyndaşlyk duýgusy ýürek-ruhy duýgy bolan milli duýgynyň başlangyjy we tebigy esasydyr. Diňe şol duýgynyň basgançaklary arkaly ýokary galyp, millete guwanç, millete buýsanç duýgusynyň belentligine ýetip bolýandyr.»*** (Mukaddes Ruhnama kitabyndan).

Yslam dininde garyndaşlyk gatnaşyklary «Sylaýy rahym» sözi bilen düşündirilendir. Allatagala ezeli kelamy Gurhany kerimde, Hezreti Muhammet (sallallahu aleýhi wesellem) bolsa öz sözlerinde zekat ýaly parz ybadatyň yzyndan garyndaşlar arasyndaky gatnaşyklar barada agzamagy (seret Nisa, 6), onuň dinimizdäki ähmiýetiniň uludygyny görkezýär. Alymlar garyndaşlar arasynda hoşniýetli, mylakatly we netijeli gatnaşyklaryň edilmegini parz, bu gatnaşyklaryň üzülmegini bolsa uly günä hasap edipdirler. Gurhany kerimde bu barada şeýle aýdylýar: «Adyny ýatlap, özüni wesile tutunyp, birek-birege dileg etdigiňiz, Alla hormat goýmazlykdan we garyndaşlar arasyndaky gatnaşyklary üzmekden säginiň» (Nisa, 1). Pygamberimiz hem bu barada şeýle aýdýar: «Alla we ahyrýet gününe ynanan adam garyndaşyna hemaýat etsin» (Buhary). «Garyndaşlary bilen gatnaşygyny üzen kişi jennete girip bilmez» (Buhary, Müslim). «Her kim ryskynyň bolelin, bereketli bolmagyny we ajalynyň gijikmegini isleýän bolsa garyndaşlaryna hemaýat etsin» (Buhary, Müslim).

## Garyndaşlygyň görnüşleri

Türkmeniň milli häsiýetinde diňe eje-kaka we çagalardan emele gelen maşgala gurluşygy ýokdur. Ene-ata, baba-mama, uýa-aga, daýy-daýza, agtyk we beýleki garyndaşlaryň hemmesi maşgala agzasy hasap edilýär. Gerek ýerinde olardan biri ýardama mätäç bolsa oňa arkalaşmak türkmençilikde gaty aňyrdan gelen däplerdendir.Yslam alymlary garyndaşlygy ýakyn garyndaş, daş garyndaş diýip iki topara bölüpdirler.

Ýakyn garyndaş, özleri bilen nikalaşmak haram bolanlar we mirasdarlardyr. Olar ene-ata, baba-mama, eje-kaka, uýa-aga, daýy-daýza, ogul-gyz we agtykdyr. Bulara türkmençilikde süňk hossar diýilýär.

Daş garyndaş, bir gandan bolan eje we kaka tarapyndan ähli garyndaşlardyr. Daş garyndaşlygyň çägi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda arkalaşmak taýyndan has giňdir.

## Garyndaşlyk gatnaşyklary

Garyndaşlyk gatnaşyklaryny şeýle sanamak mümkin.

Olar bilen mylakatly gatnaşmak, özleri barada hemişe ýagşy pikirde we ýagşy dileglerde bolmak.

Baýramçylyklarda, belli günlerde hökman görme-görşe gitmek, hal-ýagdaýlaryny soraşmak, has-da garry-gojalaryň göwnüni almak, kiçijik bir sowgatjyk bilen olary begendirmek.

Ajy we süýji günde begenjini we gynanjyny deň paýlaşmak. Goldawa mätäç ýagdaýynda hemaýat edip arkalaşmak.

Hawa, türkmen daýzany ejäniň, agany kakanyň ornunda goýupdyr. Eger birine sadaka beriljek bolsa, ilki öz garyndaşlaryndan mätäç bolanlaryň zerurlyklary üpjün edilmeli. Çünki Pygamberimiz bu barada şeýle aýdýar: «Garyba berlen sadaka, sogap taýyndan bir sadakadyr. Eger bu sadaka garyndaşlaryň mätäç bolanyna berilse, iki esse sadaka sogaby bardyr. Biri sadaka, beýlekisi garyndaş bolany üçindir» (Tirmizi).

Mukaddes Ruhnama kitabynda garyndaşlyk edebiniň düzgünleri şeýle suratlandyrylýar: ***«Garyndaşlaryň bilen süýji dilli bol, hemdem, hemsöhbet, hemdert bol, çünki sen olar bilen kökdeşsiň! Sen sebäpli olaryň ýüzi gyzmaly bolmasyn...***

***Garyndaşlara biperwaý, sowuk bolma! Ýakynkaň, ýat boljak bolmak nä görgiň?!..***

***Garyndaşyňa goldan gelse, kömek-ýardam ber! Türkmen arkalaşykly halkdyr, biriniň başyna iş düşse, keseden biperwaý seredip durup bilýän däldir, hökman tekge berýändir...***

***Garyndaşlaryň toýuna-ýasyna barmazlyk edepsizligiň iň ýaramazydyr. Ýadyň toýuna çagyrylanyňda barylýandyr, garyndaşyňka çagrylmasa-da, barlar. Garyndaşdan çakylyga garaşyp, öýke-kine etmek ownukçyllykdyr, beýle zat türkmençilikde ýokdur...***

***Garyndaşyň ýasynda aýak salyp oturmak gelşiksizdir, ýaşuly bolsaň, aýat-doga okap, öz borjuňy ýerine ýetirmeli, ýaşkiçi bolsaň, ähli ownuk-düşek hyzmatlara häzir bolmaly.***

***Garyndaşlaryň bilen mylaýym gürleş! Uly bolsa: aga, daýy, daýza, gelneje diýip, kiçi bolsa: ini, jigi, uýa, ýegen diýip gürleş! Söz – gudratdyr, ol garyndaşlar arasyndaky mähribanlygy artdyrar.***

***Garyndaşlaryň bilen mal-mülk, miras, zat üstünde tersleşme! Iň oňat miras ötenleriňden galan at-abraý we olardan alan edep-terbiýäňdir.***

***Garyndaşlykda algy-bergi etmek adatdyr. Garyndaşyňdan zady gysganma...***

***Garyndaşyňy kyn günde golda! Özüň mätäç däl, özüňe mätäç bolnanda, seniň garyndaşlygyň hakyky bahasy bilinýändir...***

***Garyndaşlara göriplik – kalbyň betnyşanlygydyr. Ata-babalaryň öňünde dönük hem bigaýrat bolmakdyr...***

***Bikemal garyndaşyň gep-gybatyny etme, oňa oňat garyndaş bolmagyň nusgasyny görkez!***

***Garyndaşdan öýkeleme, öýkesini ýaz, garyndaşdan göwün etme, göwnüni gör!»***

## GOŇŞUÇYLYK

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Türkmeniň goňşuçylyk edebi adamara gatnaşyklarynyň ýokary milli derejesine şaýatlyk edýän gymmatlyklardandyr. Goňşuçylyk gatnaşyklary – türkmeniň ahlak-ruhy gözelligini görkezýän ajaýyp dessurlaryň biridir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Mukaddes Ruhnama kitabynda bellenilişi ýaly, ***"Goňşy" aslynda "gonmak, gonuşmak" köklerindendir. Şundan çen tutsaň, goňşular bir ýerde ýaşaýan, bir çäkde ömrüni ötürýän adamlardyr. Eger adam üçin iň gymmatly zat ömür bolýan bolsa, onda goňşy her birimiz üçin iň aýratyn ähmiýete eýedir. Şonuň üçinem, goňşuçylyk edebi ömre dahylly içki gymmatlyk, milli dessurlaryň ulgamynda aýratyn zeruryýet bolup durýar. Çünki ömrüň nähili geçjegi onuň nirede we kim bilen ýanaşyklylykda geçjegine gürrüňsiz baglydyr.***

***Goňşy – ömrüňe dahylly kişidir.***

***Goňşy – ykbalyňa täsirli kişidir."***

Maşgalamyzdan soň, jemgyýetçilik taýyndan bize iň ýakyn goňşularymyzdyr. Goňşuçylyk gatnaşygynyň maşgalanyň we jemgyýetiň sagdynlygyna, agzybir we parahat ýaşaýşa täsiri uludyr. Uly-kiçi käbir zerurlyklarymyzy goňşularymyzdan soraýarys. Begenjimizi-gynanjymyzy hemişe olar bilen paýlaşýarys. Başymyza ýagşy ýa ýaman iş düşende, uzakdaky dogan- garyndaşlarymyz ýetişmezden öň, möhümimizi gadyrly goňşymyz bitirýär. Şonuň üçin türkmenler "Öý alma, goňşy al" diýýändirler. Alla (jellejelaluhu) Gurhany kerimde ene-ata we ýakyn

garyndaşa ýagşylykdan soň, goňşy arasyndaky gatnaşykda hak-hukuklara doly amal etmegi emr edipdir.

Nisa suresiniň 36-njy aýatynda bu hakykat şeýle düşündirilýär: «Alla ybadat ediň, Oňa hiç zady şärik goşmaň. Ene-ata, garyndaşlara, ýetimlere, ýoksullara, ýakyn we daş goňşa, ýakyn dosta, ýolda galan biçäre bendelere, gol astyňyzdaky hyzmatkäre ýagşylyk ediň».

Goňşular bilen hoşniýetli gatnaşykda bolmak Yslamyň emri bolşy ýaly, türkmençilikde hem uly ähmiýet berilýändir. Hatda Garaşsyzlyk bilen birlikde türkmeniň bu asylly häsiýeti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan "Hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary" ady bilen Garaşsyz Türkmen döwletiniň daşary syýasatyna öwrüldi. Goňşy bilen hoşniýetli gatnaşmak, geçirimli bolmak barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***"Goňşusyny sylamaýan adam il-gününi-de sylamaz. Goňşy bilen oňşuksyzlygy adamyň ýaramazdygyny görkezýän esasy zatlaryň biridir. Men-menlik, özüňi, maşgalaňy goňşyňdan artyk saýmak adamyň pesligidir. Beýle häsiýet türkmene gelişmez. Birniçeler baýlygyna, wezipesine baýrynyp, goňşy-golama göwnüýetmezçilik etse, ýakynynda ýaşaýan kişileriň sylag-hormatyndan mahrum galsa, halk hem, Hak hem beýle adamy halamaz. Goňşularyň özara oňşuksyzlygy, köplenç, ownuk güzeran meseleleriniň üstünde turýar. Aýdaly, bir daban ýer, suw, beýleki meselelerde, körpe çagalaryň oýun-urşunyň üstünde dawalaşyp, goh-galmagal edip, owunjak zady hil bir uly kynçylyga öwrüp ýörmek mydama durmuşda gabat gelip dur. Muňa kiçijik meseläň ullakan gohy diýerler. Şeýle ýagdaýlarda arkalylyk gerekdir. Goňşyň eşegarka bolsa, sen arkaly bolmalysyň. Ol tumşugyny asmana tutup, arkan-arkan gaýýşsa, sen geçirimli hem giň bolmalysyň."***

Goňşy goňşa zar, goňşy goňşa mätäçdir. Şonuň üçin "goňşokara" bolmalydyr. Ýagny, goňşy bilen duz-emekli, ysnyşykly aragatnaşyk etmelidir. Öýüňde bişen nahardan goňşa dadyrmak, myhman gelende goňşyňy hem zyýarata çagyrmak gowy goňşuçylyk däbidir. Bu häli-häzire çenli türkmeniň dowam eden däp-dessurlaryndandyr. Beýik Serdarymyz türkmeniň bu asylly däbini her ýyl Sanjar aýynyň soňky dynçgünini tutuş il-ulusda bellenilip geçilýän "Goňşokara" baýramy diýip yglan etdi. Goňşokara hakynda Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***"Türkmeniň goňşokara däbi iň gözel däplerimiziň biridir. Üýtgeşik tagam bişirilende, geň-enaýy naharlar edilende, goňşa dadyrmazlyk aýypdyr. Her bir bişirilýän naharda goňşyň paýy bardyr. Birinji çanak, adatça, goňşyň haky diýlip atlandyrylýar. Düýäniň ýa sygryň owuz süýdünden,***

***bagyňdan alan ilkinji miweleriňden, täze tamdyrda bişirilen ilkinji çöregiňden goňşulara dadyrmak, paýlamak dessurdyr. Bu dessur berjaý edilende seniň rysgal-döwletiň artyp, zadyň bereketli bolar. Bereketiň, artyklygyň aňyrsynda goňşularyň saňa bolan mähremligi, razylygy, göwnühoşlugy ýatýandyr. Baýlyk ruhy mukaddeslikler gatylanda, çyndan rysgal-döwlete öwrülýändir. Seniň çytyklygyň, gysgançlygyň zadyň şübhelidiginiň alamatydyr."***

Türkmeniň bu asylly däbi barada Pygamberimiziň: "Goňşusy açka, özi dok ýatan hakyky musulman bolup bilmez" (Buhary) diýen sözünden öwüşgin alyp, türkmen hem «Kyýamat güni goňşudan» diýen nakyly döredendir. Ýagny, kyýamat-magşar güni mizan terezi gurlup, ömrüň hasaby başlananda seniň nähili ynsandygyň ilki goňşyňdan soralar diýen manydaky türkmeniň bu ajaýyp nakylyna Mukaddes Ruhnamada şeýle teswirleme getirilýär: ***"Goňşyň – şu dünýädäki synçyň, o dünýädäki şaýadyňdyr.***

***Şonuň üçinem, goňşuçylyk edebini berjaý et! Şoňda şu dünýäň abadan, o dünýäň bolsa abat bolar!***

***Näme üçin Allatagala goňşyny esasy şaýatlaryň arasyna goşupdyr?! Sebäbi goňşy seniň ömrüň synçysy bolup, ähli eden, edýän işleriňi ýakyndan synlaýan iň belet kişiňdir. Sen az pursatlyk ýagdaýlarda – toýda, märekede, hatda işde-de öz hakyky bolşuňy, öz hakyky ýüzüňi gizläp bilersiň. Sen az wagtlyk özgäň derisine girip, başga biri bolup görnüp bilersiň. Emma beýtmek ömürboýy mümkin däldir. Goňşyň bolsa ömürboýy seniň gapdalyňdadyr, ýanyňdadyr. Heý, oňsoň mundan ynamdaram şaýat bolarmy?!***

***...Goňşy – diňe Allanyň däl, uly iliň şaýadydyr.***

***Goňşy – diňe kyýamatyň däl, şu ajap döwranyňam baha ölçegidir.***

***Goňşy – mähek daşydyr, sen sap altynmyň ýa-da mis taryndaşymyň – goňşy bahym kesgitleýär."***

## Goňşa ýagşylyk etmegiň görnüşleri we goňşy hukuklary

Döwür we şertler nähili bolsa bolsun, her bir türkmen kişi Allanyň emrine tagat edip, goňşusyny güýjüniň ýetdiginden hoşal etjek bolmalydyr. Goňşusyna ezýet berýän we goňşusy onuň şerinden özüni aman duýmaýan bolsa, hadysyň beýanyna görä, şol kişi hakyky musulman bolup bilmez (Buhary).

Pygamberimiz bir hadysy şerifinde: «Alla we ahyrýet gününe ynanan kişi goňşusyna haýyr-yhsan etsin» (Buhary, Müslim) diýýär. Pygamberimiziň: «Jibril maňa goňşy barada şeýle köp maslahat ündedi welin, goňşyny goňşa mirasdar eder öýtdüm» (Buhary) hadysy hem musulman kişi goňşy bilen gatnaşyklaryny hoşniýetli alyp barmalydygyny nygtaýar.

Muaz b. Jebeliň gürrüň beren bir hadysynda Pygamberimiz goňşulyk hukugyny şeýle suratlandyrýar: «Senden karz islese, karz bermek, ýardam islese, ýardam etmek, mätäçligini üpjün etmek, kesellände ýagdaýyny soramak, ölende jynazasyna gatnaşmak, begenen ýerinde begenmek, ony gutlamak, gynanan ýerinde gynanmak we duýgudaşlyk bildirmek, öýüňde bişirilýän tagamyň ysy bilen oňa ezýet bermezlik (şeýle ýagdaýda oňa-da tagamdan hödür etmek) gerek. Eger zyýan berjek bolsa, rugsat soraman, öz jaýyň diwaryny galdyrmak, bazardan miwe ýaly zatlar alanyňda, sereçläp öýe äkelmek, çaga daşarda zat iýdirmek bolmaýar. Size nämeler aýdanyma doly düşündiňizmi? Goňşuçylyk hukugyny doly ýerine ýetirýän, diňe Allanyň rehim eden az sanly kişileridir» (Kurtubi, «el-Jami», el-Heýsemi, «Mejmauz-Zewaid»). Bulardan başga käbir hadyslarda käwagt goňşa sowgat bermek, berere zadyň bolmasa, güler ýüzli bolmak, hal-ýagdaýyny soramak goňşa edilmeli ýagşylyklardan saýylypdyr.

Goňşy arasynda gerek-ýarak zatlary alyş-beriş etmek hem yslamyň däplerindendir. Goňşyň bitirip boljak dilegini bitirmezlik halal saýylmandyr. Hezreti Äşe enemiziň gürrüň beren bir hadysynda Pygamberimiz: «Eý, Äşe, kim goňşusyna nahar bişirmek üçin ot berse, hamala şol otda bişen naharyň hemmesini sadaka beren ýaly sogap gazanar. Kim duz berse, şol duzuň lezzet beren tagamyny sadaka eden ýaly bolar. Az mukdarda suw berse, hamala altmyş adamy gul bolmakdan azat eden ýalydyr...» (el-Heýsemi, «Mejmauz-Zewaid») diýipdir. Allatagala Maun suresinde goňşy arasyndaky şeýle alyş-berişde gysgançlyk edeni ýazgarypdyr. Şeýle hem goňşa zyýan ýetiren ýagdaýyňda şol zyýany ödemek ündelipdir. Goňşularymyza ýamanlyk etmeli däl, olara zyýan bermeli däl. Olaryň namysyna dil ýetirmek, el degirmek, maşgala syrlaryny paş etmek goňşa edilen iň uly günälerden hasap edilipdir (Müslim). Mikdat bin Eswed atly sahaba bu babatda Pygamberimizden “Goňşynyň aýaly bilen zyna edeniň günäsi, on aýal bilen zyna eden adamyň günäsinden has agyrdyr” (Ý. Kandehlewi) diýip habar berýär. Başga bir hadysda bolsa Pygamberimiz “Goňşusy, erbetliginden ýaňa özüni ynamda duýmadyk kişi jennete girip bilmez” diýip belleýär.

Dili bilen goňşusyna azar bereniň we onuň gybatyny edeniň ýagdaýy bolsa hadysda şeýle suratlandyrylýar:

Bir adam gelip: “Eý, Allanyň Resuly! Bir aýalyň köp namaz okaýandygy, sadaka paýlaýandygy, oraza tutýandygy, emma dili bilen goňşusyna azar berýändigi aýdylýar,onuň ýagdaýy nähili bolar” diýip sorady. Pygamberimiz: “Ol dowzahydyr.” Şol adam ýene “Eý, Allanyň Resuly! Ýene bir aýal bar, onuň bolsa, az oraza tutandygy, namaz okandygy we süzme-peýnir ýaly zatlarda az sadaka paýlaýandygy, şeýle hem dili bilen goňşusyna azar bermeýändigi barada aýdylýar, munuň ýagdaýy nähili bolar” diýip sorady. Pygamberimiz: “Ol jennetidir” diýip jogap berýär. (Ahmet bin Hanbel. «El-Müsned»).

## TÜRKMENDE ÝETIM WE HOSSARSYZ KIŞILERE GATNAŞYKLARDA EDEP

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Türkmeniň ýetim sözünde, köplenç, maddy horluk, maddy mätäçlik manysy duýulýar. Emma ýesir diýen sözde ruhy hossarsyzlyk, ruhy ýalňyzlyk we ruhy daýançsyzlyk manysy bar. Ýesir bolmak öz Watanyňdan aýra düşmek hem-de her hili jebir-sütemlere sezewar bolmakdyr. Ýesir töweregindäkileriň maddy hemaýat bermeýänliginden däl-de, olaryň ruhy biperwaýlygyndan, doňbagyrlygyn-dan ejir çekýär. Dünýäniň özi onuň gözlerine adam sypatlaryndan mahrum zulum bolup görünýär. Ýetimiň ýagdaýy ýesiriňkiden elhalrakdyr.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

## Ýetim we onuň terbiýesi

Köpçülikde gatnaşyga we hemaýata mätäç, durmuşynyň baharynda ýalňyz we hossarsyz galan, elbetde, ýetimlerdir. Ynsan durmuşy ajy-süýji, belentliklerden we pesliklerden doludyr. Ene-atalarynyň ýanynda bagtly ýaşaýanlaryň bolşy ýaly, ene-atasyndan birini ýa-da ikisini-de çagaka ýitiren, olaryň söýgüsinden, mährinden, merhemetinden mahrum galan, diňe başgalaryň kömegine we hemaýatyna zar bolup ýaşaýan çagalar bardyr. Şeýle kişiler Allatagalanyň bütin halkymyza amanatydyr. Ýakyn garyndaşlaryndan başlap, her kim jemgyýetde tutýan ornuna görä, bu

amanady aýawly saklap, hemaýat etmek bilen borçludyr. Bu wezipäni ýerine ýetirenler, elbetde, Allanyň we Onuň Resulynyň razylygyny gazanar we Pygamberimiziň şu buşlugyna mynasyp bolarlar.

«Ýetime hossar çykan kişi (kim bolsa bolsun) meniň bilen jennetde şu iki barmagym ýaly ýakyn bolarys (Pygamberimiz bu sözi aýdanda süýem barmagy we orta barmagyny yşarat edip görkezýär)» (Buhary).

Mertebesi belent Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşymyz hem ýetim ulalan. Ol Mukaddes Ruhnama kitabynda hut özi ýetimligiň yzasyny şeýle düşündirýär:

***"Tomusky dynç alyş aýlary hemme talyplar öýlerine giderdiler. Talyplaryň ýaşaýyş jaýlary, okuw jaýlary wagtlaýyn boşap galardy. Menem iki ýyllap ata Watanyma gitmämsoň, ene topragyma, onuň howasyna, gulagymyň küýseýän mähirli türkmen diline, aýdym-sazyň owazyna zardym, mekdepde bile okan ýoldaşlarymy, dostlarymy göresim gelýärdi. Ene-ataň bolmasa, arkaňda dogan-garyndaşyň bolmasa, çagalykdan ýetim össeň, seniň içki duýgyň, ýürek islegiň, saglygyň, maksadyň bilen gyzyklanýan ýok. Käbir daşgyn adamlaryň ýönekeý gyzyklananlaryna-da ýetim ynananok. Özüňe degişli karary, ykbalyň bilen bagly meseleleri diňe özüň çözmeli bolýarsyň.***

***Ykbal maňa iki derdi birden berdi. Men hem ýetim, hem ýesir boldum. Bu goşa derdiň awusyny diňe ony çekenler biler.***

***Ýöne, barybir, men ene mährine zarlygyň has ýiti awusynyň bardygyny aýdyp biljek. Deňeşdireniňde, ýürek awusy ten awusyndan has güýçlüdir. Ten ýarasy biter gider, ýürek ýarasy weli, adamyň baky hemrasydyr, entek ýüregi urup durka, ol adamyň ýanyndadyr.***

***Beýik Allatagala maňa bu dünýäde ýaşamak bagtyny berdi, emma men enäniň mährine, atanyň hossarlygyna zar bolup ulaldym. Şonuň üçinem men ene-atanyň gadryny has ir, entek özüm perzent ekläp-saklamankam hem bilýärdim. Men deň-duşlarymyň başyny atanyň hossarlyk gollary sypalanda, kemsinipdim. Men deň--duşlarymyň öňünden atalary ýylgyryp çykanda, kemsinipdim.***

***Emma derdini beren Alla dermanyny hem berýän eken. Hudaý maňa ýetimlik bilen birlikde kemsinmeleri, mätäçligi we ýalňyzlygy ýeňip geçmäge beýik ruhy güýç--kuwwat hem berdi. Meniň ata-enem hem, hossarym hem Alla, soňam eziz halkym boldy. Indi bolsa horlukdan doly şu geçen ýolum, özgeleriňkiden tapawutlanýan ömür tejribäm nämäniň nämedigini, ata-enäniň, Watanyň nämedigini özgelere öwretmäge maňa hukuk berdi."***

Mälim bolşy ýaly, söýgüli Pygamberimiz hem ýetim bolup dünýä inýär. Kakasy entäk Ol dünýä inmänkä aradan çykypdy. Soňra gül-gunçasy ejesini, has soň bolsa iň eziz görýän atasyny ýitirdi. Şeýlelikde, on iki ýaşly çagaka hossarsyz ýetim galdy. Şonuň üçin ýetimlere hossar çykmak, olara gözegçilik etmek, şol bir wagtyň özünde Älemleriň Serweri Hezreti Muhammet sallallahu aleýhi weselleme wepalylygymyzyň alamaty bolar.

Mertebesi belent Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnama kitabyndaky ***«Patyşalar öýsüzleriň we ýetimleriň atasydyr. Patyşa olara atalaryndan hem artyk hossarlyk etmelidir»*** diýen pähimi öz durmuşynda artykmajy bilen görkezdi. Ol ýurdumyzyň ýetimleri üçin aýratyn jaý gurdurdy. Ýetimleriň kemsinmezligi üçin adyny "Döwletliler köşgi" diýip atlandyrdy. Sebäbi olaryň atasy hem hossary eziz Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy.

Hawa, ýetimler baradaky edep-ekramy şeýle düşündirmek mümkin.

## Ýetimiň malyny nähak ýere iýmeli däl

Gurhanda bu barada şeýle aýdylýar: "Ýetimiň malyny nähak görnüşde iýýänler, hakykatda garynlaryna ot doldurýandyrlar. Olar alawly oda (dowzaha) girjekdirler" (Nisa, 10).

Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem hem ynsany heläk eden ýedi uly günäden biriniň ýetim malyny iýmekdigini belleýär. Rowaýata görä, ýokardaky Nisa süresiniň 10-njy aýaty inende, sahabalar günä girerin öýdüp, ýetimlerden daş durup başlapdyrlar we işlerine goşulmaýarlar. Soňra şu aýat inýär.

"Senden ýetimiň maly hakynda soraýarlar. Olara aýt: Ýetimiň malyny goramak we ýagdaýyny gowulandyrmak, siziň üçin olaryň işine goşulmazlykdan has haýyrlydyr. Eger ýetimlere hossar bolup, bilelikde ýaşasaňyz, onda olar siziň doganyňyz bolar. Olaryň ýagdaýyny gowulandyrany-da, mal we ýagdaýlaryny harlaýany-da Alla has gowy bilýär" (Bakara, 220). Şeýlelikde, musulmanlaryň ýetimiň işleri bilen gyzyklanmalaryny, ýöne haksyzlyk etmezliklerini salgy berýär.

## Ýetimi iýdirip-içirmek we geýindirmek

Garyp bolan ýetimleriň iýdirilip-içirilmegi, maddy zerurlyklarynyň üpjün edilmegi musulmanlaryň borjudyr. Allatagala musulmanlaryň halyny şeýle suratlandyrýar: "... Garyba, ýetime, ýesire ak ýürekden iýdirip-

içirýärler (yzyndan şeýle aýdýarlar) : – Sizi diňe Allanyň razylygy üçin iýdirýäris, sizden hiç zada tamakinçiligimiz ýok, sag bolsun hem aýtmasaňyz bolýar.” (Ynsan, 8-9). Pygamberimiz-de bu babatda şeýle aýdýar:

“Musulmanlardan kim bir ýetimi iýdirip-içirse, afuw edilmejek derejede uly günäsi ýok bolsa, Alla ony jennetine salar,” (Tirmizi). Başga bir hadysynda: “Saçagynda hemişe ýetime hezzet edýän adamlaryň saçagyna şeýtan asla ýakynlaşyp bilmez.” (Taberany).

## Ýetime minnet çekdirmezlik we ony kemsitmezlik

Dinimiz ýetimiň kemsidilmegini, eden ýagşylygyň sebäpli minnet astynda goýmaklygy halamaýandyr. Olara hemişe tamakinçiliksiz ýardam bermegi we muny edende bolsa mylakatly bolmagy ündeýär. Bu barada Allatagala hut Resuly Muhammet aleýhissalama ýüzlenip şeýle aýdýar: “Rabbyň sen ýetimkäň saňa hossar çykmadymy? Sen garypkaň baýat-madymy? Onda senem ýetimi arkasyz görüp, ony kemsitme, dilegçini bolsa gahar bilen eli boş kowma.” (Duha, 6-8-9-10). Maun süresinde bolsa: “Seretsene, dini, kyýamat-magşar gününi, hasaby ýalan diýip kabul etmeýäne! Ol ýetime azar berip kemsidýär, garyby doýurmagy hiç hili höweslendirmeýär.” (Maun,1-3). Pygamberimiz bolsa şeýle aýdýar: “Ýetimiň başyny sypala, ajy doýur” (Ahmet bin Hanbel).

Allanyň bu buýryklaryny, Pygamberimiziň öwüt-ündewlerini bilýänler ýetime hossar çykyp, oňa ýagşylyk bilen seredipdirler we olara hemişe mylakatly bolupdyrlar.

## Hossarsyz kişilere hemaýat etmegiň edebi

Allatagala ýaradan her bir zadyny beýik hikmetler bilen ýaradandyr. Ol ýaradanlaryny hemişe söýgüsi we merhemeti bilen gurşaýandyr. Daşyndan göreýmäge adalatsyzlyk, rehimsizlik ýaly görnüp duran zatlaryň aňyrysynda birgiden hikmetler ýatýandyr. Biz olary hemişe doly görüp bilmeýäris we älemde bolup geçen hemme zada aňymyz ýetenok. Ynha, olardan biri-de adamlaryň käbiri doga şikesli bolsa, käbiri baý-garyp görnüşde ýaradylandyr. Aslynda, Allanyň ynsanlary dürli görnüşlerde, aýratyn ukyplar bilen ýaratmagy hem Onuň rahmetiniň we merhemetiniň alamatydyr. Çünki şeýle bolmadyk bolsa, ýagny, her kim hemmetaraplaýyn deň derejede ýaradylan bolsady, jemgyýetde deňagramlygy, parahatlygy

we adalaty üpjün etmek mümkin bolmazdy. Şeýle hem synagyň manysy ýiterdi we ak bilen garany, ýagşy bilen ýamany biri-birinden aýyrmak kyn bolup galardy.

Hawa, jemgyýetde her kim deň däl. Hossarsyz, hemaýata mätäç ýetim, garyp, dul, maýyp, hassa, garry, ençeme ynsan bar. Maddy taýdan baý we gurply adamlar bilen wezipeli ýolbaşçylar başda durup güýji ýeten her bir adamyň hossarsyz kişilere arka çykmagy, olaryň zerurlyklaryny üpjün etmegi gulluk borjudyr we bu musulmanyň sypatydyr. Hossarsyz kişilere hemaýat edenler hakynda Pygamber aleýhisselam şeýle buşluk berýär: "Dul aýallaryň we bir günlük iýer-içere zady bolmadyk garyplaryň eklenjini üpjün eden musulman, Alla ýolunda urşa gatnaşan ýa-da gijesini namaz okap, gündizini orazaly geçiren kişi ýalydyr" (Buhary, Müslim). Başga bir hadysynda bolsa şeýle aýdýar: "Bir musulman egin-eşige mätäç bir musulman doganyny geýindirse, Alla-da oňa jennetiň ýaşyl hullesini geýdirer. Aç bir musulmany doýran kişini-de, jennetiň ir-iýmişleri, miweleri bilen doýrar. Suwsuz galan bir musulmanyň teşneligini gandyrsa, oňa-da Alla "Rahyky Mahtum" diýilýän jennet şerabyny içirer" (Ebu Dawut, Tirmizi).

Musulmanlaryň biri-birlerine ýardam bermegi, arkalaşmaklary zekat we sadaka arkaly berjaý edilendir. Jemgyýetçilik durmuşda arkalaşmak, ýardamlaşmak, agzybirligi, parahatçylygy, birek-birege sylag-hormaty we ynamy netije berer. Bu bolsa zekat we sadaka arkaly gazanylar. Şonuň üçin baýlara hüşür-zekat bermeklik parz edilipdir. Adamlaryň eli açyk, jomart bolmaklary üçin bolsa sadaka bermekligi nesihat edilipdir. Bu barada Gurhanda şeýle aýdylýar: "Alla ryzk meselesinde, käbiriňizi beýlekiňizden üstün kylandyr" (Nahl, 71).

"Olaryň (baýyň) malynda gedaýyň, pakyr-pukaranyň haky bardyr" (Zariýat, 19).

Hossarsyz adamlara hem ýardam berende, iýdirip-içirende, geýdirende tamakinçiliksiz, minnet çekdirmezden diňe Allanyň razylygyny baş maksat etmeli. Bu meselede juda seresap bolmaly, eden haýyr-sahawatymyzyň sogabyny şu dünýäde günä işe öwürmäliň!

Hawa, bütin bu aýat we hadyslar ýetim we hossarsyz kişileriň hukuklaryny goramak, olara hemaýat etmek musulmanyň wezipesidigini görkezýär. Bu wezipe ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ýetimiň, hossarsyz kişileriň, dul aýallaryň başyna geljek her dürli erbetliklere musulmanlar jogapkärdir. Bu jogapkärlik duýgusy bilen hereket etmek, töweregimizdäki

ýetim we hossarsyz adamlara kömek goluny uzatmak musulmana gelişýän bir hereketdir.

Her bir döwürde jemgyýetçilik durmuşyň talaplaryna laýyklykda haýyr-sahawat guramalary döredilipdir. Häzirki günlerimizde “Döwletliler köşgi”, “Garrylar öýi” ýaly jaýlar ýetimlere we hossarsyz kişilere hyzmat edýändir. Bu guramalara her dürli haýyr-sahawat kömegini etmek her birimiziň borjumyzdyr. Diňe Alla razylygy üçin edilen, dinimiziň emr eden, milletimiziň gadymdan dowam edip gelýän bu asylly däbini dowam etdirmek, ony ak ýürekden ýerine ýetirmek hökmandyr.

## TÜRKMENDE MYHMANÇYLYK WE ONUŇ EDEBI

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Myhman almak, myhman barmak durmuşyň iň lezzetli taraplaryndandyr. Bu mesele Türkmen edebinde uly orun tutýandygy üçin, halkymyz bu edebiň anyk şertlerini jikme-jik işläp düzüpdir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Yslam dini myhman kabul etmeklige ýokary baha beripdir we ony parz hasaplapdyr. Şonuň üçin milletimizde iýer-içere, ýatara ýeri bolmadyk adamy “Taňry myhmany” hökmünde myhman almaklyk däbe öwrülipdir. Beýik Yslam alymy Kurtubiniň aýtmagyna görä: «Myhman kerimdir, myhman almak bolsa keramatdyr, alysdan gelenleri kabul etmek bolsa parzdyr. Şeýle hem myhman almak kerim kişileriň, nebileriň we salyhlaryň ahlagyndan, yslamyň edebindendir» diýýär. Pygamberimiziň: «Alla we ahyrýet gününe iman eden – myhmanyna hödür-kerem etsin. Bir gün we bir gije oňa hyzmat etsin» (Buhary) diýip, iman bilen myhmana hödür-keremi bir aýtmagy onuň ähmiýetine yşaratdyr.

«Myhman atańdan uly», «Myhman öýüň guly» diýen ajaýyp nakyly döreden ata-babalarymyz Pygamberimiziň we alymlaryň aýdan sözlerini özlerine nusga edinip, bütin Gündogar ýurtlarynda özleriniň myhmanparazlygy bilen tanalypdyr. Ata-babalarymyz myhman almak we myhman bolmak däbini bu ajaýyp nakyl bilen doly suratlandyrypdyr. «Myhman atańdan uly» diýen nakyl öý eýesine degişli bolup, atańa nähili hezzet-hormat edýän bolsaň, myhmana-da şeýle derejede hezzet-hormat edip ber, diýen manyny aňladýar. «Myhman öýüň guly» diýen nakyl bolsa, myhmana degişlidir we myhman, gul nähili hojaýynyň rugsady bolmazdan

özbaşdak iş edip bilmeýän bolsa, senem öý eýesiniň rugsady bolmazdan, öýüň içinde öz erkiňe hereket edip bilmersiň diýen manyny aňladýar.

## Myhmançylyk we onuň edebi

Yslamda şeýle uly ähmiýet berilýän, ejdatlarymyzyň häsiýetine siňip giden milletimiziň aňyrdan gelen bu gowy däbini mydama dowam etdirmek möhümdir we myhmançylygyň hem öz edebi bardyr. Myhman almak we myhman bolmak aýry zatlar, bularda öý eýesiniň we myhmanyň borçlary hem-de özüňi alyp baryş düzgünleri tapawutlydyr.

## Öý eýesiniň myhmanyň öňündäki borçlary:

Myhman isle çagyrylyp gelsin, isle-de çagyrylman, ony güler ýüz, açyk köňül bilen kabul etmek öý eýesiniň ilkinji borjudyr. Myhmanyň gelýänini gören dessine, onuň öňünden çykyp garşylamak gerek.

Öý eýesi myhmany garşy alanda eşigine üns bermelidir. Myhmanlaryň, ylaýta-da ýaşulularyň we aýal-gyzlaryň ýanynda öý eýesine içki eşikde, maýkaly oturmak bolmaýar. Öý eýesi sada we hyzmat etmäge oňaýly eşik geýmelidir. Çagyrylyp getirilen myhmanlardan bezemen geýinmek, öz baýlygyny güjeňlemek maksady bilen, öýdäki gelin-gyzlaryň myhmanlaryňkydan has gymmat şaý-seplerini dakynmagy kelpezligiň nyşanydyr.

Yslam dini myhmana ýakymly görünmek we oňa hödür-kerem etmek üçin arassa we gelşikli geýinmegi ündeýär. Çünki egniňdäki eşigiň göze ýakymly bolmasa, ähli eden hyzmatyň ýerine düşmän biler. Pygamberimiz hem bu meseläni ünsden düşürmez eken. «Daşary ýurtdan gelýän ilçileri kabul edende we juma günleri has gelşikli geýnerdi» (Müslim) diýilýär.

Hawa, musulman hemişe arassa we gelşikli geýinmelidir, ýöne her bir meselede bolşy ýaly, gelşikli geýinjek bolup, ötä geçip, isrip etmeli däldir. Aşakdaky aýat hem muny nygtaýar.

«Eý, adam ogullary, namaz okajak wagtyňyz hemişe oňat geýniň, iýip-içiň, ýöne isrip etmäň. Çünki Alla isrip edenleri söýmez» (A’raf, 31).

Nahara çagyrylan myhmanlar öýe girmezden öňürti, olaryň elini ýuwdurmak gerek, elini ýuwan dessine-de, el süpürilýäni äbermek myhmana goýlan hormaty aňladýar.

Öýe girilende, ilki öýüň eýesi girip myhmanlary içeri çagyrmaly, olara ýol görkezmeli. Myhman üstki eşiklerini çykarjak bolsa, ony asmaga kömekleşmeli. Myhmany törde oturtmaly, aşagyna düşekçe ýazmaly.

Saglyk-amanlykdan soň myhmanlaryň öňüne saçak ýazyp, ýany bilen çaý, süýji, miwe ýaly zatlar getirip goýmaly.

Myhmana hödür-kerem etmekde howlukmalydyr. Bu meselede alymlar Ybraýym aleýhissalamyň myhman kabul edişi bilen baglanyşykly Gurhany kerimdäki şu aýatlary delil getirýärler:

«Ybraýymyň şerefli myhmanlarynyň gelmeginden habarlymyň. Olar gelende salam berdiler, Ybrahym hem: «Size-de salam» diýip, jogap berdi. Ýöne içinden: «Bular tanamaýan adamlarym, inşalla, haýyrdyr» diýip, olara nahar getirmek üçin usullyk bilen maşgalasynyň ýanyna geçdi we dessine semiz göläniň etinden kebap getirdi. Öňlerine goýup: «Baş üstüne, alyň» diýip, hödür etdi» (Zariýat, 24-27).

Yslamda "Howlukmak şeýtandandyr"diýlip aýdylýar. Ýöne şu bäş ýagdaýda howlukmak sünnetdir:

1. Myhmana hödür etmekde.
2. Kämillik ýaşyna ýeten gyzy durmuşa çykarmakda.
3. Meýidi ýuwmakda, jynazasyny okamakda, depin etmekde.
4. Bergiňi üzmekde.
5. Toba etmekde.

Nahar çekilende myhmana "Alyň, iýip oturyň" diýip, zol gaýtalap durmak, myhmanlary gyssamak gelşiksizdir. "Myhmanyň öňüne aş goý, iki elini boş goý" diýlip, ýöne ýerden aýdylan däldir. Nahar iýýän myhmanyň eline, agzyna göz dikip, oňa aşa üns berip oturmak hem dogry däl, çünki myhmanyň çekinmegi mümkindir. Bir zat dökülende, gaçyrylanda, döwlende myhmana igenmek salyhatlylygyň nyşany däldir. Myhman bilen naharlanmak hakynda Mukaddes Ruhnamada şeýle aýdylýar: ***"...Onuň bilen bile naharlan, emma özüňi, öýüňi, rysgalyňy, naharyňy onuň ýanynda öwme, magtama.***

***Myhman seniň edep-terbiýäňe guwansyn, içinden seniň ýaly ogul-gyzy arzuw etsin, oňa, şonda ol daşyndan duz-keremiň, söhbetdeşligiň üçin müň gezek alkyş okar. Seni özüne görelde saýar."***

Myhman göwne ýaramaz ýaly zat aýdanda-da ýa ýerliksiz degşende-de, öý eýesi oňa gatyrganyp, bir zat diýmeli däldir, geçirimli bolmalydyr.

Myhmana hezzeti öz gurbuňa görä etmeli, bar zadyňy aýamaly däl, çünki, "Myhman geler işikden, rysgy geler deşikden"diýilýändir. Myhman öýe rysgal hem sogap getirýändir. Ýöne myhmany gowy kabul etjek bolup, karz-kowal edip, öýdäki çagalaryň iýjegini agzyndan alyp, özüňi kyn güne salmak dogry däldir. Eger şeýle edilse, Fudaýl b. Ýýazyň belleýşi ýaly, gatnaşyk uzaga çekmeýär. Şeýle hem "Myhman atańdan uly, çagańdan

kiçi” diýlen söz ýöne ýerden dörän däldir. Muňa garamazdan, türkmen hemişe we islendik pursatda myhman almaga taýýardyr.

Myhmana mümkin bolan ýagdaýda öý eýesi hyzmat etmelidir. Öý eýesi ýokary wezipeli işgär bolsa, öýünde özüni edarasynda bolşy ýaly alyp barmaly däldir. Bu ulumsylyk bolýar. Pygamberimiziň huzuryna Hebeşistandan ilçiler gelende sahabalar: «Siz oturyň, eý, Resulallah, biz hyzmat ederis» diýseler-de, Pygamberimiz: «Ýok, bolmaz. Bular bir wagtlar meniň sahabalaryma hyzmat eden, arka duran milletiň ilçileridir, bulara hut özüm hyzmat etmek isleýärin» diýýär (Buhary). Bu mesele bilen baglanyşykly Ymam Gazaly «Ihýa» atly kitabynda şu wakany gürrüň berýär. Bir gün Ymam Mälik okuwçysy, ýaş ýigit Ymam Şafygynyň eline suw akydýar we: «Ýalňyş düşünme, meniň bu hereketim seni utandyrmasyn. Munda geň galara zat ýok. Çünki myhmana hyzmat farzdyr» diýipdir.

Nahar iýlip, töwir edilenden soň, saçagyň üstündäki artykmaç zatlary ýygnap, oturanlaryň elini ýuwduryň. Soňra myhmanlara çaý berilýändir.

Myhmany uzak wagtlap ýeke goýmaly däldir. Ýöne myhmany dynç alyş otagyna geçireniňden soň, özüni arkaýyn duýar ýaly, az salym ýeke galdyrmak ýagşy görlüpdir.

Öý eýesi myhmany ugradanda-da, garşylaýşy ýaly, güler ýüzli ugratmalydyr. Ibni Majäniň gürrüň bermegine görä, «Kişiniň myhmany daşky gapa çenli ugratmagy sünnetdir». Gitjek myhmanlaryň köwşüni oňaýly edip goýmagy, üstki eşiklerini äbermegi we geýmäge kömekleşmegi, olary howludan çykýança ugratmagy hem-de “Hoş geldiň” aýdyp goýbermegi endik edinmeli. Myhmanyny ugradanda öňüne düşmän, onuň yzyndan ýöremeli, gapydan hem soňundan çykmaly.

## Myhmanyň ýerine ýetirmeli borçlary:

Myhman hem arassa we gelşikli geýinmelidir. Myhmançylyga gidilende öňünden habarlaşmaly. Emma myhmançylyga barlanda, hökman öňünden habar beräýmeli diýen düzgün ýokdur. Bu diňe öý eýesini kyn ýagdaýda goýmazlyk üçin edilýändir. Barjak öýüňi öňünden habardar etmek edeplilikdir. Gurhany kerimde: «Eý, iman edenler, kesekiniň öýüne eýesinden rugsat soraman we salam bermän girmäň» (Nur. 27) diýlip buýrulýar. Eger-de myhmançylyga baryljak wagty kesgitlenen bolsa, şol wagtda barmalydyr. Ir ýa-da giç barmak dogry däldir.

Şeýle hem, Yslam dininde myhmanlyk üç gündür, ondan artygy sadakadyr, myhmana öý eýesini günä işe iteklejek derejede galmagy dogry bolmaz (Buhary, Müslim) diýip, aýratyn bir edep kadasy goýlandyr. Bu düzgüne esaslanyp, halk arasynda "Myhmanyňky – üç gün, üç günden soň göçgün" diýen nakyl dörändir. Şonuň üçin myhman ýerini irizmeli däl. Eger üç günden soňam şol öýde galynmaly bolsa, onda öý eýesiniň hojalyk işlerine kömekleşmeli.

Myhman baran ýerinde islänini edip ýörmeli däldir. Oturanyňda köp girip-çykylýan gapa seredip däl-de, oňa arkaňy öwrüp oturmak has edeplilikdir. Bu öýüň aýal-gyzyna gözüň düşüp durmazlygy üçin edilýändir. Abdullah b. Mesud bir näsagy soramaga gidende, ýanyndakylardan biri öýüň aýalyna zol-zol seredýärdi. Muny duýan Ibni Mesud gaharlanyp, oňa şeýle diýdi: «Wallahi, beýle seredip duranyňdan iki gözüň oýulsa gowy bolardy». Mukaddes Ruhnama kitabynda bu barada şeýle aýdylýar: ***"Myhmançylykda özüňi edepli alyp bar! Bu edebiň şertlerini seniň üşügiň, ene-ataňdan alan göreldäň, şahsy kemallygyň salgy berer. "***

Myhman hödür edilen zada göwnüýetmezçilik etmeli däldir. Eger halamaýan zady bar hem bolsa, ony aňdyrmajak bolmalydyr ýa-da: «Şu zady men öýümde-de iýip bilmeýärin», «Bu maňa ýaranok», «Berhiz tutýaryn» diýen ýaly sypaýyçylyk etmelidir.

Myhman bolup ýatymlyk gelnende, öý eýesiniň görkezen ýerinde oturyp, ýatyp-turmaly. "Men daşarda oturjak" ýa-da "başga jaýda ýatjak" diýip, myhman ýerini artykmaç alada goýmaly däl. Bu barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***"Öý eýesiniň – mediwanyň mümkinçiligine görä edýän hezzet-hormatyndan artykmaç zada tamakin bolma."***

Myhmançylykdan öz wagtynda turmaly, öý eýesi bilen hoşlaşyp, çakylyk we hezzet-hormat üçin minnetdarlyk bildirmeli. Bu mesele bilen baglanyşykly Gurhany kerimde şeýle aýdylýar: "Eý, ynsanlar! Nahara çagyrylmazdan, wagtly-wagtsyz Pygamberiň öýüne barmaň. Ýöne çagyrylan bolsaňyz baryň. Nahar iýip bolandan soň derhal dagylyň, söhbete gümra bolmaň, çünki bu hereketiňiz Pygamberi birahat edýär, ýöne edebinden utanyp, size bir zat aýdyp bilmeýär..." (Ahzab, 33). Mukaddes Ruhnama kitabynda bu barada şeýle aýdylýar: ***"Ýörite çagyrylan ýa möhleti öňünden gürleşilen bolmasa, myhmançylykda kän eglenme. Köplenç, görme-görüş üçin az wagtlyk myhmançylyga barylýar."***

Jemläp aýdylanda, myhman almak we myhman bolmak adamlaryň arasynda mylakatly gatnaşyklaryň möhüm serişdesidir. Türkmen halkynyň arasynda myhman gelinmeýän öý gowy görülýän däldir. Şonuň üçin myhman çagyrmaly we myhman çagyrylan ýere hökman barmaly.

## Myhmançylyga gelnende, myhman garşylananda, hoşlaşylanda ulanylýan dilegler

Myhman garşylananda öý eýesi “Hoş geldiňiz (geldiň)!” diýer. Myhmana bolan mähribanlygy ýokarlandyrmak üçin “Hoş geldiňiz” sözüniň yzyna “Sapa getirdiňiz” sözi hem goşulýar. Myhman gelen kişi “Hoş geldiňiz!” diýen ýagşy dilege “Hoş gördük!” diýip jogap gaýtarar.

Eger myhmanyň gelendigi maşgala agzalaryndan biri tarapyndan maşgalanyň ýaşulusyna habar berlende “Gelen döwlet!” diýip jogap berer we myhmany garşylamaga taýýar bolar. Türkmen halky baýlygy, jan saglygyny, köp çagalylygy, myhmany we ş.m. döwlet hasaplaýar.

Gijräk biriniň gapysyna, öýüne baran adam “Es-Selamü aleýküm!” diýen salamlaşmak sözünden soň ýa-da onuň deregine “Giç ýagşy!” dilegi ulanýar. Manysy, gijräk gelen-de bolsam, ýagşylyga geldim, gijäňiz ýagşy bolsun diýen sözlerden ybaratdyr. Onuň jogaby bolsa «Gelen ýagşy!» dilegidir. Munuň manysy bolsa, seniň gijräk geleniň aýyby ýok, ýagşy niýet bilen gelen bolsaň bolýar, diýmekdir.

Myhman ugradylyp, hoşlaşylanda öý eýesiniň eden hyzmatlaryna minnetdarlygyny we hoşallygyny bildirmek üçin “Sag boluň!” ýa-da “Hoş, sag bolun!”, “Sag oturyň!”, eger agşam-giçlik bolsa “Gijäňiz rahat bolsun!” diýip, dileg edýär. Öý eýesi bolsa, “Saglykda görşeliň!”, “Agyran-ynjan bolsaňyz, razy boluň!”, “Toýda duşuşalyň!”, “Dilegde boluň!” diýen ýagşy dilegler bilen jogap berip, myhmany ugradar.

## TÜRKMENDE NÄSAGYŇ, HASSANYŇ HALYNY SORAMAK DÄBI

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Ýollaryň ýagşysy hassa kişini soramaga alyp barýan ýoldur. Pygamberimiz aýtmyşlaýyn, hassa soramaga barýan wagtyň ömrüň umumy hasabyna urulmaýar.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

## Hassanyň halyny soramaga barmak

Hassanyň halyny soramak, onuň derdini paýlaşmak, islegini ýerine ýetirmek jemgyýetçilik durmuşda özara sylag-hormaty ýokarlandyran ynsanyň edepliliginden we medeniýetliliginden bir nyşandyr. Näsaglan syrkawyň halyndan habar almak, görme-görşe gitmek türkmeniň ruhy beýikligini görkezýän gadym däplerinden bolşy ýaly, Yslam dininde hem musulmanyň musulmana alty borjundan biri hasap edilipdir. Bu babatda Ebu Hureýreden rowaýat edilen merfu bir hadysda şeýle diýilýär: «Musulmanyň musulmandaky haky altydyr. Duşuşan wagtyň salam ber, çagyran wagty çakylygyna git, öwüt-nesihat isleýäne öwüt ber, asgyranda «Elhamdulillah» diýse, sen: «Ýerhamukellah» (Alla saňa merhemet etsin) diýip jogap ber, hassa bolan wagty halyny sora, ýogalan wagty jynazasyna git» (Buhary, Müslim).

Hassa adam maddy taýdan bolmasa-da, ruhy taýdan goldawa mätäçdir. Şeýle hem ynsan ynsanyň begenjini we gynanjyny deň paýlaşmalydyr. Çünki şatlyk paýlaşylanda artar, gynanç paýlaşylanda azalar. Bize her bir meselede nusga bolup duran Serwerimiz Hezreti Muhammet sallallahu aleýhi wesellem hassanyň halyny soran, onuň derdini paýlaşan, islegini ýerine ýetiren kişiniň ruhy taýdan ummasyz sogap gazanjagyny buşlapdyr. Ynha, hassanyň halyny soramak barada Serwerimizden lagly-göwher we edebe ýugrulan käbir sözler.

“Her haýsy bir musulman, ir bilen hassa bolan musulman doganyny zyýarat etse, ýetmiş müň perişde ertir daňa deňiç oňa istigfar ederler. Şeýle hem şol kişi üçin jennetde ýygnalan ir-iýmişler we miweler bardyr” (Riýazüs- salyhyn). Başga bir kutsy hadysynda bolsa kyýamat-magşar güni Allatagala şeýle aýdar: “Eý, Adamogly, hassalandym, meniň halymy soramadyň?!”

“Eý, Allam, Sen nähili hassa bolarsyň? Sen älemleriň Rabbysyň,” diýip jogap berende, şeýle aýdar:

“Ýadyňdamy, palan, gulum hassa bolanda, onuň halyny soramadyň. Onuň halyny sorasaň, meni onuň ýanynda tapjakdygyňy bilmeýärmidiň?” (Müslim).

## Näsaga, syrkawa ýagşy dilegler etmek we onuň islegini ýerine ýetirmek

Hassanyň halyny soran wagtyň göwnüni göteriji sözler aýtmaly, oňa ýagşylyk we saglyk dilemeli, doga-dileg etmelidir. Munuň nähili bolmalydygyny Pygamberimiz aleýhissalam şeýle maslahat berýär:

“Sizden biri hassanyň halyny soramaga gidende,” ‘Allam, bu guluňa şypa ber’ diýip, doga-dileg etsin” (Tejridi Saryh terjimesi). Başga bir hadysda: “Sizden biri syrkaw biriniň halyny soramaga gidende, elini onuň eliniň ýa-da maňlaýynyň üstüne goýsun, soň ýagdaýyny sorasyn.” (Tejridi saryh terjimesi).

Äşe enemiz (Alla ondan razy bolsun) Pygamberimiziň içerisinden biri näsaglanda, sag eli bilen hassany sypap, şeýle dileg edýändigini: “Allam, sen bütin ynsanlaryň Rabbysyň. Munuň azabyny ýeňlet. Şypany beren Sensiň. Senden başga şypa beren ýokdur. Muňa hiç hili kesel galmajak şekilde şypa ber” diýip, habar berýär” (Riýazüs-Salyhyň).

Syrkawyň bir islegi bolsa, mümkin ýagdaýynda, ony derhal ýerine ýetirjek bolmaly. Pygamberimiz aleýhissalam hassanyň halyny soramaga gidende, “Isleýän bir zadyň barmy?” diýip soraýar. Ol bolsa, “Bugdaý nany” diýip jogap berýär. Şol wagt Allanyň Resuly: “Kimiň ýanynda bugdaý nany bar bolsa getirip bersin. Syrkawlaryňyza işdäleriniň alan zadyny iýdiriň” diýip aýdýar. Şol döwürde Arabystanda bugdaý nany gyt bolany üçin tapyp, her kim, iýip bilmeýärdi.

Hawa, köplenç, näsag adamlara nähili hereket etjekdigimizi bilmeýäris. Ýa tapan zadymyzy iýdirýäris, ýa-da zyýan berer diýip, köp zady iýdirmeýäris. Şonuň üçin biri ýarawsyz bolanda, derrew lukmana äkidip keselini anyklamaly, bu meselede ahmallyk etmeli däl. Sebäbi gijigen ýagdaýynda, öňüni alyp bolmajak kesel döremegi mümkin. Şonuň üçin dinimiz, aslynda kesel bolmazdan, çäre görülmelidigini, ýarawsyz bolanda bolsa, derrew özüni lukmana seretdirmelidigini ündeýär. Bu babatda Pygamberimiz hem şeýle nesihat edýär “Eý, Allanyň gullary, keselläniňizde hökman bejergi alyň. Çünki Alla ýaradan her bir keseliň garşysyna hökman bir şypa we derman berendir” (Müslim). Başga bir hadysda bolsa “Her bir derdiň hökman dermany bardyr. Şonuň üçin derdiň dermany tapylan ýagdaýynda keselden saplanarsyňyz” (Tirmizi) diýilär.

## Hassany okamak arkaly bejermek

Ruhy ýarawsyzlyklar Gurhandan käbir şypa aýatlarynyň ýa-da Pygamberimiziň öwreden dogalarynyň okalmagy bilen gowulanýar. Munuň häzirki günlerimizde hem durmuşda mysallary kän. Şeýle hem häzirki

medisina maddy keselleriň aglabasynyň ruhy ýetmezçilikler sebäpli döreýändigini belleýär. Aýratynam, hassa kişi ruhuny belent tutup, özüne ynamy ýokary bolsa gowulanma işi, elbetde, artýar. Şonuň üçin hassanyň halyny soramaga giden kişini käbir şypa aýatlaryny, dogalary okasa, has göwnejaý bolar.

Okap, dem salyp bejermek usulyna “rukýe” ady berilýär. Rukýäni küpür sözler we jady üçin edilse haramdyr. Pygamberimiziň göz degmesine, ýylan-içýan çakmasyna rukýe edilmegine rugsat bermegine ençeme delil getirmek mümkin. Bu barada Pygamberimiziň durmuşyndan käbir mysallar: Pygamber Serwerimiz (sallallahu aleýhi wesellem) ýüregi gysandygyndan şykaýat eden bir adama şeýle aýdýar: “Gurhan oka, Alla Gurhan hakynda şeýle aýtdy “Ol köňüllerdäki ruhy ýetmezçiliklere şypadyr” (Ýunus, 57)” (Riýazüs-Salyhyn).

Osman bin Ebil-As atly bir sahaba şeýle aýdýar: Bir gün bedenimde bir agyry sebäpli Allanyň Resulyna şikaýat etdim. Ol maňa: “Bedeniň agyran ýerine eliňi goý we üç gezek “Bismillah” bilen ýedi gezek “euzü billähi we gudratihi min şerri ma ejidu we uhazyru” ýagny, “çeken derdimiň azaryndan Allanyň gudratyna we yzzatyna sygynýaryn“diý” diýip aýtdy. (Riýazüs-Salyhyn).

Ynsanyň özi ýa-da başga biri ýarawsyzlaşanda Fatiha, Yhlas we muawwizeteýn (Felak, Nas) sürelerini okamagy mustahapdyr, hatda bu süreleri hassa bol, sagat bol tapawudy ýok, ertir-agşam okamak has laýygydyr.

***Allahümme Rabbin-nas, izhebil-be’se weşfi enteş-şafy la şifaen illa şifaeke la ýugadiru sekamen.***

“Ynsanlaryň Rabby bolan Allam, çeken azabymy aýyr, şypa yhsan eýle, çünki şypa beren sensiň. Senden başganyň şypasy ýokdur. Şonuň üçin şypa ber, keselimden yz galmasyn” (Buhary).

Lä ilähe illallahu el-Azym, el-Halym. Lä ilähe illallahu Rabbul-Arşil Azym, Lä ilähe illallahu Rabbüs-semawati wel-arzy Rabbül-Arşil kerim.

“Azym we kerim bolan Alladan başga hiç bir ilah ýokdur. Arşy azymyň Rabbyndan başga hiç bir ilah ýokdur. Gökleriň Rabby, Ýeriň Rabby we şerefli Arşyň Rabbyndan başga ilah ýokdur” (Müslim).

## Hassanyň özüni alyp barmagy

Ynsan näsaglanda, başyna bir bela-musybat düşende özüni sabyrly alyp barmaly, halyndan nägile bolmaly däl. Agzyndan Alla şikaýat we küpür

sözler çykmazlygyna üns bermeli. Sebäbi bu synag dünýäsinde ýaradan Alla bizi isleýşi ýaly synagdan geçirip biler. Biziň Allanyň beren zatlaryna razy bolman, şikaýat etmäge hak-hukugymyz ýok. Ynsan küpürden başga her hili ýagdaýda Alla şükür etmeli. Hassalyk, bela-musybat ýaly ýagdaýlarda sabyrly bolmak hem özboluşly bir şükürdir. Şonuň üçin näsaglan bir adam şol derdinden gutulýança sabyr etmeli. Bu babatda Pygamberimiz şeýle gürrüň berýär: “Gul syrkawlan wagty, Alla oňa iki perişde iberer: “Görüň bakaly, şol bendäm ýanyna gelenlere näme aýdýar?” diýip tabşyrar. Eger gul ýanyna gelenlere Alladan nägile däl-de, Oňa hamd etse, ýagdaýy derhal Alla habar bererler. Allatagala hem şeýle aýdar: “Bu gulumyň ruhuny alsam, ony hökman jennetime salaryn. Şypa berip gowulaşdyranymda bolsa, oňa öňkünden has sagat bir beden we berk jan saglygy bererin. Şeýle hem ony günälerinden-de saplap ýalkaryn” (Mälik bin Enes).

Başga bir kutsy hadysda bolsa Allanyň Resuly sallallahu aleýhi wesellem şeýle aýdýar: “Rab Sübhanehu we Tagala şeýle buýurýar: “Yzzat we jelalym haky üçin afuw edip ýalkamak isleýän gulumy, bedeninde bir kesellik ýa-da ryskynda egsiklik berip, ähli günälerini bagyşlamazdan, dünýeden ötmegine ýol bermerin” (Rezin).

## Näsag, syrkaw soralanda aýdylýan dilegler

Başyna bir iş düşen adamyň ýa-da hassanyň özüne gönüden-göni ýüzlenilip, ruhy ýagdaýynyň sagdyn bolmagyny gazanmak, köplenç, göwünlik bermek we soňunyň oňat, abatlyk bilen gutarmagyny aňladýan “Aman-sag bäri bak (bakaweri!)”, “Ahyry gelsin”, “Yzy gelsin”, “Ahyry haýyr gelsin (bolsun)!”, “Ahyrýeti haýyr bolsun!” diýlip, ýagşy dileg edilýär. Bu dilegler hassanyň hossarlaryna hem aýdylýar.

Türkmenler “Bar zadyň seresi – saglyk” diýýärler. Şonuň üçin “Baş saglygy bolsun!” dilegi öz-özüňe-de, başga birine-de iň köp ulanylýan dileglerden biri.

Näsagy soramaga baran adam näsagyň özi bilen gürleşip, onuň saglyk ýagdaýynyň oňatlaşýandygyny aňandan soň, näsaga göwünlik bermek maksady bilen “Bäri bakdygyň bolsun!” dilegini aýdýar. Näsagyň hossaryna bolsa “Bäri bakdygy bolsun!”diýýär.

Türkmenlerde ýarawsyzlyk netijesinde çekilen kynçylyklaryň, görlen azap we güzaplaryň, günäleriň ýalkanmagyna bolan ynanç sebäpli, näsagy soranda “Gabyr azabyndan bolsun (-da)” diýip, dileg edilýär.

Näsag soralanda “Soňy düz bolsun!”, “Eýesi gaýgyrsyn!”, “Emgek bolup aýrylsyn!” ýaly dilegler hem aýdylýar.

## TÜRKMENDE ÝAS ÝERINIŇ DÜZGÜNLERI, JYNAZA WE GONAMÇYLYK BILEN BAGLY DESSURLAR

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Hernäçe ýaşan-da, dünýäniň kanunyna görä, bir gün amanadyny tabşyrmaly. Bu ajy hakykatdan türkmen uly-uly sapaklar edinipdir. Hatyra edebini döredip, diňe bir dirilige däl, eýsem, ölüme-de ruhubelent garaýşy terbiýeläpdir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Türkmeniň jynaza, ýas ýeri we gonamçylyk bilen bagly adat we dessurlara Mukaddes Ruhnamada “Hatyra edebi” diýlip, at berlendir. Hatyra sözi, hatyralamak, ýatlamak, hormatlamak diýlen manylary berýär.

Türkmeniň: “Ölüsini sylan baý bolar, dirisini sylan beg”, “Ölüsini sylamadyk – dirisini sylamaz” ýaly nakyllary türkmeniň hatyra edebiniň kämil bolandygyny görkezýär. Şonuň üçin Garaşsyzlygymyzy alanymyz bilen birlikde Beýik Serdarymyz ilki bilen Gökdepe şehitleriniň hatyrasyna metjit gurdurdy, şeýle hem Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanda Türkmenbaşy aýynyň 12-si Hatyna güni, Magtymguly aýynyň 8-i Ýatlama güni we Garaşsyzlyk aýynyň 6-sy Matam güni diýlip bellenýär.

Biz bu bölümde ýas ýeriniň edebini, jynaza we gonamçylyk bilen bagly halkymyzyň arasynda dörän dessurlary dini taýdan-da düşündirip, Mukaddes Ruhnama kitabyndaky Hatyra edebine öz goşandymyzy goşmagy özümize borç hasap etdik. Ýogalanyň yzyndan geçirilýän merhumy ýuwmak, kepene dolamak, jynaza namazy okamak, jaýlamak ýaly çäreler bu kitabyň mazmuny bilen göni baglanşykly däldigi üçin bu ýerde agzamadyk. Sebäbi bu meseleler Pygamberimizden häzirki gümlerimize çenli üýtgemezden dowam edip gelýändir. Türkmeniň bu asylly hem gadym däplerini dini taýdan doly we takyk düşündirmekligimiziň hikmeti hem Beýik Serdarymyzyň belleýşi ýaly, ***« dini meseleler bilen baglanyşykly sähel tapawutlylyklar sebäpli halk arasynda agzalalygyň döremezligi we hemişe agzybir ýaşamagymyz üçindir.»*** Şeýle hem ***«..Hatyra edebine degişli ähli dessurlara uýmak adamzada we türkmene gelişen hereketdir.»*** Geliň, indi ölüm, jynaza we gonamçylyk bilen bagly dessurlaryny, ýas ýeriniň düzgünlerini we olaryň

dinimiziň düzgünleri bilen bilelikde eriş-argaç bolup geçendigini öwreneliň.

## Ölüm

Jynaza – öli ynsan diýmekdir. Ölüm – biri pany, beýlekisi ebedi bolan iki dünýä arasyndaky köprüdir. Ölüm – ruhuň bedenden aýrylmagy diýmekdir. Ölüm – ýok bolmak diýmek däldir. Ähli Sünnete görä, ruh bakydyr, ýok bolmaz. Dünýä ahyrýetiň ekin meýdanydyr. Dünýäde ýagşy amallar eden, ahyrýetde ýaman hasapdan we azapdan halas bolar. Allanyň jennetinde ebedi ýaşar. Erbet iş eden bolsa, dowzah odunda azaba uçrar. Diňe Allanyň bagyşlap, ýalkamagy bilen bu azapdan gutulyp bolar. Mukaddes Ruhnama kitabynda ölüm hakykaty şeýle düşündirilýär:

***"Ölüm – sapakdyr.***

***Ölüme ýeňles çemeleşýän adam ömre-de sarpa goýup bilmez.***

***Ömri ýatdan çykarmak terkidünýälige, ölümi ýada salmazlyk dünýäparazlyga getirýändir.***

***Ýaşaýyşda hiç mahal islenilmeýän, emma islegine bakman, ömür gapyňdan bir gün hökman özüniň ýowuz ädimlerini ädip girýän myhman bardyr. Onuň ady ajaldyr. Kim ömrüni maksatly hem manyly geçirse, ajalyň gözüne arkaýyn we ruhubelent, gorkman hem ejizlemän garap bilýändir."***

Ölüm halyna ýakynlaşan we aradan çykan her bir musulmana edilmeli käbir hyzmatlar bardyr. Ölümi ýatlamak, ölüme taýýarlykly bolmak her musulman üçin mustahapdyr. Resulullah sallallahu aleýhi wesellem hem lezzetlere awy gatýan ölümi köp ýatlapdyr. Ibni Mesudyň rowaýat eden bir hadysynda Resulullah ashabyna: «Alladan haýa ediň!» diýen. Sahaba: «Eý, Allanyň Pygamberi, Alla hamd bolsun, biz haýa edýänlerdendiris» diýýär. Resulullah sallallahu aleýhi wesellem: «Ýok, beýle däl. Alladan doly haýa eden başyny we başynda ýerleşýän agzalaryny gorasyn. Garnyny we göwresiniň içindäkileri gorasyn. Ölümi we ölümden soň süňkleriň we jesediň çüýrejegini ýatlasyn. Ahyrýet durmuşyny arzuw edýän – dünýä durmuşynyň bezeglerinden ýüz öwrer. Bu aýdylanlara amal edip bilen, Alladan doly haýa eden kişidir», (Tirmizi, Ahmet bin Hanbel).

Ölüme taýýarlanmak, zulumy taşlamakdan, erbetlikden, günäden toba edip, ybadata ýönelmek bilen başlanýar. Çünki Allatagala: «Rabbine gowuşmagy isleýän kişi: ýagşy amallar etsin we Rabbine ybadat edende hiç zady Oňa şärik etmesin», (Kehf 110), buýurýar. Bera b. Azipden rowaýat

edilen bir hadysda: «Resulullah sallallahu aleýhi wesellem gabyr gazyp duran bir topar adamy gördi. Onuň gözýaşy sil kimin akdy. Soňra şeýle diýdi: «Doganlarym, şeýle bir gün üçin taýýar boluň!»

**Ölüm halyndaky adama edilmeli hyzmatlar.**

Mukaddes Ruhnama kitabynda bu barada şeýle nesihat edilýär:

***“Ölüm ýassygynda ýatan hossaryňa çaga sereden ýaly seretmek hatyra edebiniň baş şertleriniň biridir. Indi görnüp duranja ölüm güzerine ýetip barýan hassanyň göwnüni ynjytmagyn! ...Iýse-iýmese, islän tagamyny il aşyp getirmelem bolsa, tapyp getirgin! Peýda etse-etmese, diýen däri-dermanyny pul seçip tapmalam bolsa, tapyp getirgin! Derdine çydaman, gyňyrlyk etse, aglasa-eňrese, derdini bile çekişgin! Şulary berjaý etseň, ýüregi giňär, ajal bilen gurlan dargaşda arkaly bolar, eziz janyny ýeňillik hem rahatlyk bilen eýesine gowuşmaga gaýrat tapynar.***

***Hassanyň jan berip başlandyny görseň, kelemesini öwrüp, Alladan iman dile”.***

Ölüm ýassygyndaky hassa jan berip başlanynda mümkin bolsa ony sag tarapyna ýatyryp ýüzüni kybla öwürmeli. Muny etmek sünnetdir. Eger ýer darlygy we dürli sebäpler bilen bu kişini kybla bakdyrmak mümkin bolmasa, ony arkan ýatyrmaly, ýüzüni we aýaklaryny kybla öwürmeli. Çünki bu ýagdaýda ynsan amanadyny has ýeňil tabşyrýar. Eger bulary hem etmek kyn bolsa, erkin halynda goýulýar. Ölüm halyndaky kişä çemçe bilen suw bermek, mata ýa-da pagta bilen agzyna suw damdyrmak sünnetdir.

**Şahadat talkyn etmek (kelemesini öwürmek).**

Ölüm halyndaky hassanyň ýanynda «Lä ilähe illallah» diýmek sünnetdir, çünki, Pygamberimiz: «Ölüm halyndaky hassaňyza لَا إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ ilähe illallahy» talkyn ediň» diýip buýurýar (Buhary). Ebu Dawud we Hakimiň rowaýat eden bir hadysynda Pygamberimiz: «Kimiň iň soňky sözi «Lä ilähe illallah» bolsa, şol kişi jennete girer» diýipdir.

Hanefi we mälikilere görä, talkyn edilende: مُحَمَّدٌ رَسُولُهُ Muhammedün Resulullah» sözlerini hem goşmalydyr. Talkyn edilende, örän näzik we ýumşak hereket etmeli. Hassa bu sözleri gaýtalatjak bolup, dyzap durmaly däl. Eger başga bir gürrüň ara düşse, talkyn gaýtalanmalydyr.

**Gurhan okamak.**

Jumhura (Yslam alymlarynyň aglabasyna) görä, ölüm halyndaky hassanyň ýanynda Ýasin okamak mendupdyr. Çünki hadysda: «Ölüleriňize

Ýasin okaň» (Ebu Dawud, Ahmet b. Hanbel) buýrulýar. Käbir Hanefi we Şafygy alymlary Ra’d süresiniň okalmagyny hem gowy görüpdirler. Çünki Jabir (Alla ondan razy bolsun.): «Ra’d süresini okamak – kişiniň ruhuny ýeňil tabşyrmagyna ýardam edýär» diýipdir.

**Gözlerini ýumduryp, eňegini daňmak.**

Ynsan amanadyny tabşyran badyna, onuň maşgalasyndan biri gözlerini ýumduryp, eňegini ýaglyjak bilen daňmalydyr. Egnindäki eşikleri çykarylýar, elleri, aýaklary düzedilip, aýaklarynyň başam barmaklary mata bilen daňylýar, elleri döşüniň üstüne goýulýar ýa-da gapdalyna salynýar. Yslam alymlarynyň aglabasy ellerini gapdala goýmaklygy ündeýär, ýöne Türkmenistanda eller, umuman döşüniň üstüne goýulýar. Üstüne ýuka örtük örtülýär. Mundan soň, şu dogany okamaly:

بِسْمِ اَللّٰهِ وَعَلٰى مِلَّةِ رَسُولِ اَللّٰهِ اَللّٰهُمَّ يَسِّرْ عَلَيْهِ اَمْرَهُ وَسَهِّلْ عَلَيْهِ مَا بَعْدَهُ

وَاَسْعِدْهُ بِلِقَائِكَ وَاجْعَلْ مَاخَرَجَ عَنْهُ غُفْرَانَكَ يَارَحْمنُ

(Allatagalanyň ady bilen we Resulullahyň ymmaty bolup amanadyny tabşyranlardan bolsun. Allam, munuň işini asan eýle. O dünýesini ýeňilleşdir. Ony jemalyň bilen bagtyýar et. Giden dünýesini we aýrylan şu dünýesini oňa haýyrly eýle).

Jan tenden aýrylan wagty haýzly we nifasly aýallar we jünüp kişiler ol jaýdan çykmaly. Çünki olaryň bolan ýerine melekler girip bilmeýär. Mümkin bolsa, ýogalanyň ýatan jaýyna ýakymly ysly atyrlar sepilýär. Jeset çişmez ýaly garnynyň üstüne jöwher pyçak, sapança, demirden ýa-da aýnadan bir zat goýulýar.

Öli ýuwulýança, ýanynda Gurhan okamak mekruhdyr. Teberrük edip, söýgi we hormat üçin ölini öpmek jaýyzdyr. Merhumyň maşgalasy ýüzüni görmek islese, mümkin bolan ýagdaýynda päsgel bermeli däldir.

**Ýogalanyň ölüm habarynyň ile ýetirilmegi.**

Biri aradan çykanda onuň habaryny nähili ile ýetirmeli? Bu türkmeniň asylly hem gadym däpleriniň biridir. Biri aradan aýrylanda ýakyn garyndaşlaryna, goňşularyna, tanyşlaryna namazda ýa-da döwrüň şertlerine görä, makul ýagdaýda ölüm habary derrew ýetirilýär. Türkmençilikde ölüm habary «Pylany ölüpdir» diýen ýaly gödek sözler bilen bildirilýän däldir. Ölüm habary «Pylany amanadyny tabşyrdy», «Hakyň rahmetine gowuşdy», «Dünýeden ötdi», «Bakyýete göçdi», «Eýesine gowuşdy» diýen sypaýy hem gynançly sözler bilen aýdylýar.

Ölüm habary eşidilende «Beýlekileriniň jany sag bolsun!», «Alla rahmet etsin!», «Imanly bolsun!», «Imany hemra bolsun!» diýlen dilegler

ediler. Dinimizde şeýle habar eşidilende «Innä lillahi we innä ileýhi rajiuun» (Biz hemmämiz Allanyň gullarydyrys, Ol bize islänini eder. Biz ýene Onuň huzuryna dolanyp bararys) manydaky aýatyň okalmagy we sabyr etmegi sünnetdir.

***Ölä aglamak we ýas tutmak.***

Biri ýogalanda ony jaýlamazyndan öň we soň tapawudy ýok, aglamak, sessiz gözýaş etmek ittifak bilen jaýyzdyr. Çünki Jabiriň rowaýat eden bir hadysynda: Pygamberimiziň ogly Ibrahim aradan çykanda, Iki Jahan Serweri şeýle diýýär: «Eý, Ibrahim! Allanyň dergähinde biziň saňa nepimiz degmez» diýende gözlerinden ýaş döküldi. Abdurrahman b. Awf Serwerimize: «Aglaýarmysyň, eý, Allanyň Resuly? Sen aglamagy gadagan etmänmidiň?» diýip sorady. Pygamberimiz: «Ýok, men agy aýtmagy gadagan etdim» (Buhary, Müslim, Tirmizi). Ölä aglamak Allanyň takdyryndan närazy bolmak däldir. Ýöne gaty sesli aglamak, Allanyň edenine närazy bolmak, ýaka ýyrtyp, saç ýolmak ýaly hereketler halanylmandyr.

Alymlaryň aýtmagyna görä, merhum ölmezinden öň özi üçin aglamazlygy wesýet eden hem bolsa, muňa garamazdan aglanylsa, hadysyň beýan etmegine görä: «Ölä maşgalasynyň aglamasy sebäpli azap berler» (Buhary, Müslim) diýlipdir. Pygamberimiz ýene bir hadysda şeýle aýdýar: «Allatagala: «Dünýäde bir mü’min gulumyň söýenini alsam, ol hem sabyr we tagat bilen Menden bu musybatyň sogabyna garaşsa, onuň mükafaty diňe jennetdir» buýurdy» (Müslim).

Pygamberimiziň başga bir hadysynda şeýle diýilýär: «Guluň çagasy ölende, Allatagala meleklerine şeýle ýüzlener:

– Gulumyň çagasyny aldyňyzmy?

– Hawa.

– Gulumyň jigerbendini aldyňyzmy?

– Hawa.

– Gulum bu musybat sebäpli näme diýdi?

Melekler: – Saňa hamd edip, ýalbardy – diýenlerinde Allatagala:

– Onda gulum üçin jennetden bir jaý bina ediň we şol jaýa «Hamd öýi» adyny beriň» diýip – buýurýar.

Usame b. Zeýdiň gürrüň beren hadysynda bolsa: «Pygamberimiziň gyzlaryndan biri adam iberip, çagalaryndan biriniň ölüm halyndadygyny aýdyp, ony çagyrdy. Pygamberimiz habar getirene şeýle diýdi: «Onuň ýanyna bar-da, şeýle aýt: «Alan-da, beren-de Alladyr. Allanyň dergähinde

her bir zadyň belli bir wagty bardyr. Sabyr etsin we Alladan sogabyna garaşsyn» (Tirmizi).

Sogap musybata sabyr etmek sebäplidir. Bir kişiniň başyna bir musybat düşende sabyr etse, onuň üçin iki sogap bardyr. Biri musybat sebäpli, beýlekisi sabyry üçindir. Eger sabyr etmese, sogaplaryň ikisinden hem mahrum bolar. Kaza we kadere (takdyra) razy bolmak sabyrdan has üstündir. Çünki bu Allanyň razylygyna elter.

Mukaddes Ruhnama kitabynda öliniň yzyndan aglamak barada şeýle bellenilýär: **"Türkmeniň hatyra edebinde ölüm habary gelende, agy dessury ýerine ýetirilýändir. Merhumyň öýüne barýan erkek kişi iki eli bilen ýüzüni tutup, gapa ýa diwara söýenip, galmagalsyz aglaýandyr. Aglany köşeşdirmek, ýüregini ýumşatmak zerurdyr. Şondan soň ol aglamasyny goýup, bir çete geçip, ses-selemsiz oturýar. Aýal-ebtatlar bolsa agy aglamasyny dowam etdirýärler, goşulyşyp aglaýarlar, çünki zenan ýüregi näzikdir. Emma, olaryňam aglamasynyň bir çeni bardyr, ýas ýerindäki ýaşulular olardanam aşa köp we aşa gaty ses bilen aglamaly däldigini talap etmelidir."**

Pygamberimiz ýas tutmak barada bolsa şeýle buýrupdyr: «Alla we ahyrýet gününe iman eden, aradan çykan aýaly üçin üç günden artyk ýas tutmak halal däldir. Ýöne aýalyň äri ýogalsa, dört aý on gün ýas tutup biler» (Buhary, Müslim). Mukaddes Ruhnama kitabynda bellenişi ýaly, türkmençilikde aýal-erkek tapuwudy bolmazdan, ýas möhleti bir ýyldyr (seret, sahypa, 427-428).

**Ýogalanyň yzyndan geçirilýän çäreler.**

Ýogalanyň yzyndan geçirilýän merhumy ýuwmak, kepene dolamak, jynaza namazy okamak, jaýlamak, belli günlerinde sadaka bermek ýaly çäreler türkmeniň asylly hem gadym däplerindendir. Dinimizde bir kişi aradan çykan wagty dört zatda howlukmagyň mustahapdygy aýdylýar. Olar: Jesedi jaýlamak üçin taýýarlamak, bergilerini bermek, wesýetini ýerine ýetirmek we malyny terekä salmakdyr. Bular hökman berjaý edilmelidir.

Jesedi depin üçin taýýarlamakda howlukmagyň sebäbi jesediň bozulmazlygy üçindir. Eger-de jesediň bozulmajagy bilinse, jemagatyň ýygnanmagy üçin garaşmak bolar. Çünki jynazasyna duran adam näçe köp bolsa, merhum üçin şonça gowudyr. Bu hakykat Mukaddes Ruhnamada şeýle düşündirilýär: ***«Türkmen dessurynda ýogalan bendäni mümkin boldugyça tiz topraga tabşyrmak esasy kadalaryň biridir. Emma bu hemişe mümkin bolup durmaýar. Süňk hossarlarynyň bary hoşlaşmaga***

***gelip ýetişýänçä, jesedi birnäçe wagt saklamaly bolýar. Muňa türkmençilikde «merhumy myhman almak» dessury diýilýär, çünki jan çykan jeset indi bu dünýälik däl, ony diňe wagtlaýyn myhman alyp bolar diýen düşünje gaty gadym eýýamlardan saklanyp galypdyr».***

Bergisini bermekde howlukmagyň sebäbi merhumyň jogapkärçiligini azaltmak üçindir. Pygamberimiz bir hadysynda: «Tä üzülýänçä mü’miniň ruhy bergisine baglydyr» diýýär (Tirmizi, Ibni Maje, Ahmet b. Hanbel).

Bu merhumyň yzynda bergisini üzmäge maly galan ýagdaýynda şeýledir. Ýöne maly bolman, bergisini üzmek niýeti bolan ýagdaýda ölse, onuň bergisine Allanyň kepildigi hadyslarda bildirilýär.

Yslam ynanjyna görä ynsan bergili bolsa, bergisini üzýänçä jennete girip bilmez. Çünki, öliniň ençeme adam bilen hak-hukugy, algy-bergisi bardyr. Olaryň habardar edilmegi gerekdir.

Merhumyň wesýetini ýerine ýetirmekde howlukmak bolsa, bu wesýet edilen kişilere peýdalylygy sebäpli, sogabynyň eglenmän merhumyň amal depderine ýazylmagy üçindir.

Malyny terekä salmakda howlukmak bolsa, merhumy rahatlandyrmak üçindir.

**Merhumyň maşgalasyna gynanç bildirmek edebi.**

Merhumyň maşgalasyna teselli bermek, gynanç bildirmek, merhuma doga etmek, ýas tutmak Yslam dininiň emri bolşy ýaly, türkmeniň hem aňyrdan gelen ata-baba däplerindendir. Ýogalanyň maşgalasyna üç günüň dowamynda gynanç bildirmek sünnetdir. Bir gezek gynanç bildirenden soň, soňky duşuşyklarda gynanjy täzelemek gowy görülmändir. Üç günden soň gynanç bildirmek mekruh saýylypdyr. Jynazada bolmadyk we daş ýerde ýaşaýanlar üç günden soň hem gynanç bildirip bilerler. Merhum jaýlanandan soň, birinji günlerinde gynanç bildirmek has fazyletlidir. Çünki, depinden soň maşgalanyň gynanjy has hem artar.

Gynanç bildirmek barasynda Pygamberimiz şeýle buýurýar: «Kim musybata uçran musulman doganyna gynanç bildirse, Allatagala kyýamat gününde oňa ikram hüllesini geýdirer» (Ibni Maje).

Türkmençilikde ýas ýerine başy açyk barylmaýar. Erkekler telpekli, aýallar bürenjekli barýarlar. Munuň manysy, merhumyň ýasyny tutup, maşgalasynyň gynanjyny deň paýlaşandygyny aňladýar. Şonuň üçin merhumyň jynazasynda, belli günlerinde başyň açyk bolmazlygy diniň emri däl-de, däp-dessurdyr.

Mukaddes Ruhnama kitabynda, ýasda erkek adamlaryň telpek geýmek däbiniň otparaz döwründen bäri dowam edip gelýändigi, ***“Başymda gam bar”*** diýen manyny aňladýandygy bellenilýär.

Gynanç bildirilende: Uly ýaşly adam bolsa «Alla rahmet etsin, yzy ýarasyn, beýlekileriniň jany sag bolsun, iman äkidenlerden bolsun, imanly bolsun, iman baýlygyny bersin, imany hemra bolsun, ýatan ýeri ýagty bolsun, jaýy jennet bolsun...» ýaly sözler aýdylýar.

Ýogalan çaga bolsa ene-atasyna, hossarlaryna “ Galanlara uzak ömür bersin, galanlaryň jany sag bolsun, umytda boluň, öwez ogluny bersin.” ýaly dilegler aýdylýar.

**Ýas ýerinde özüňi alyp barmagyň edebi.**

Merhumyň maşgalasyna gynanç üçin gelenler merhumyň ýagşy taraplaryndan gürrüň edip, ony ýagşylykda ýatlamalydyr. Çünki Pygamberimiz: «Öliňizi ýagşylykda ýatlaň» (Ebu Dawud, Tirmizi) buýrupdyr. Sebäbi merhumyň ýaman taraplaryndan gürrüň edilse, onuň aýybyny açmak hem gybat bolar. Bir musulmanyň aýybyny açmak we ony gybat etmek haram edilipdir. Şeýle hem merhumyň oňat taraplaryny gürrüň bermegiň ýaşlar üçin terbiýeçilik ähmiýetiniň uly bolşy ýaly, edeplilikdir hem.

Yslam dininde ýas ýa-da gynanç güni üç gün hasap edilipdir. Merhumyň maşgalasynyň ýaslydygy sebäpli, gynanç bildirmek üçin gelip-gidýänlere birinji we üçünji gün aralygynda nahar bermegi mekruhdyr. Bu mekruhlyk edep bilen baglanyşyklydyr. Çünki dinimizde mekruh halanylmaýan, mustahap we mendup bolsa halanylýan amallardyr. Şol sebäpli merhumyň garyndaşlarynyň we goňşularynyň şol günler nahar taýýarlap, onuň maşgalasyna hödür-kerem etmekleri mustahap, ýagny, edeplilik saýylypdyr. Çünki rowaýat edilişine görä «Jafer b. Ebu Talib (hezreti Alynyň dogany) şehit edilende, Pygamberimiz şeýle buýurýar: «Jaferiň maşgalasyna nahar taýýarlap äkidiň, çünki olar ýaslydyr» (Ebu Dawud, Tirmizi). Muňa garamazdan, merhumyň maşgalasynyň öýüne jynaza we gynanç üçin daş ýerlerden gelenlere nahar äbermeginiň zeleli ýokdur. Şonuň üçin türkmençilikde merhumyň üçi berilýänçä merhumyň ýakynlary, goňşy-golamlary tarapyndan ýas tutýan öýe nahar äbermek däp-dessur bolşy ýaly, jynaza we gynanç üçin daş ýerlerden gelenleri myhman kabul etmek hem adat bolupdyr.

Merhum jaýlanandan bir gün soň, ýedinji güne çenli onuň hossarlary güýjüniň ýeten zadyny garyplara sadaka berip, ölülere bagyşlamalydyr.

Muňa güýji ýetmese, iki rekagat namaz okap, sogabyny ölä bagyşlamalydyr.

**Jynaza namazy okaljak ýere çäge düşemek.**

Jynaza namazyny açyk bir meýdanda ýa-da metjidiň daşynda okamak sünnetdir. Metjidiň içinde jynaza namazyny okamak mekruhdyr. Güýçli sowuk, ýagyş we ş.m. sebäpler bolsa, jynaza namazyny metjidiň içinde okamak jaýyzdyr. Pygamberimiz ýedi ýerde namaz okamagy gadagan edipdir:

«Hapa ýerlerde, mezbahalarda (hemişe damak çalynýan ýerde), gonamçylykda, ýoluň gyrasynda, hammamda, mal agyllarynda we Beýtullahyň üstünde».

Ýurdumyzyň käbir ýerlerinde arassaçylyk niýeti bilen jynaza okaljak ýere çäge düşelýär. Şeýle hem jynaza duruljak bolnanda aýakgaplar çykarylýar. Bu däp diňe biziň halkymyza mahsusdyr. Munuň din bilen hiç hili baglanyşygy ýokdur. Jynaza namazy Pygamberimiziň döwründe metjitleriň ýanynda ýa-da açyk meýdanda okalypdyr. Ýurdumyzda ýörgünli bolan däbiň merhumyň öýüniň ýanyna çäge ýazylyp, jynaza namazyny okamakdyr.

Bu hakykat Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasynda şeýle düşündirilýär: ***«...Gapyňa çäge düşürmegiň bu günki durmuşda zerurlygy ýok hasaplaýaryn. Sebäbi biziň üpjünçiligimiz gowy, elimiz uzadan ýerine ýetýär. Şonuň üçin çägä derek arassa düşek ýa-da ýörite mata ulanmak oňaýly bolar...»***

Hawa, jynaza namazy merhumyň yzyndan edilen iň soňky doga-dilegdir. Şonuň üçin jynaza namazyna duruljak ýerde we jynaza namazyna duran kişiniň aýakgabynda dini taýdan namaza zeleli ýetjek nejasat bolmasa ýere çäge düşemezden ýa-da ýörite mata ulanmazadan we aýakgap çykarylmazdan jynaza namazyny okamak dürsdir. Bu meseläni jedel eder ýaly ulaltmak dogry däldir. Asyl mesele merhumyň yzyndan ýagşy doga-dileg etmekdir.

**Jynaza namazyna duranlaryň aýakgabyna pul goýulmagy**

Ýurdumyzyň hemme ýerinde ýörgünli bolmasa-da jynaza bilen baglanyşykly däpleriň biri-de, jynaza namazyna duranlaryň aýakgabyna pul goýulýar. Eger paýlanjak bu pul jynazany ýuwana, oňa kömek edene, gabyr gazana hak hökmünde berilse has laýygy bolar. Eger olar almasa, merhumyň bergisi, wesýeti ýa-da namaz we oraza borjy üçin fidýe hökmünde diňe garyp-gasarlara, mätäçlere berilse ýerine düşer.

**Jesedi jaýlamagyň wagty we ýeri.**

Jesedi jaýlamagyň iň fazyletlisi ölini mekruh däl wagtda, gündiz depin etmekdir. Jesedi gündiz jaýlamak mustahapdyr. Taýýar bolandan soň gije hem depin etmek bolar.

Jesedi ölen ýerindäki iň ýakyn gonamçylykda jaýlamak iň gowusydyr. Ýöne öli jaýlanmanka, eger-de Jesediň barýança bozulmak ähtimallygy ýok bolsa, ony ölen ýerinden başga ýere äkitmek bolýar.

Hanefilere görä, Jeset jaýlanandan soň, ony çykaryp başga ýere äkitmek jaýyz däldir. Yslam alymlarynyň aglabasyna görä, zeruryýet, maslahat ýa-da sahyh bir maksat üçin, merhumy jaýlanan ýerinden başga ýere göçürmek jaýyzdyr. Mysal üçin, döwlet ýolbaşçysy, halk gahrymany, Watan üçin şehit bolan gerçekler, halkyň hormatlaýan ýagşyzada ýa-da pir derejesindäki adamlar ýaş nesilleri terbiýelemek maksady bilen, şeýle hem olara hormat we wepalylygyň alamaty hökmünde merhumy jaýlanan ýerinden başga bir ýere göçürmek ýa-da onuň mazaryndan toprak getirip jaýlap makam hökmünde mazar galdyrmak bolar. Diniň bu düzgüni barada Mukaddes Ruhnamada şeýle aýdylýar: ***«Uzak ülkede galan mazardan gum getirip jaýlamak türkmen hatyra edebiniň rugsat berýän zatlarynyň biridir. Ýöne munuň berk düzgünleri bardyr. Ýörite gap äkidip, şol ýerden toprak alyp, ony gaba salýarlar. Mazaryň başynda aýat-doga okaýalýar. Ýurduna getirilen topragy-da jeset jaýlan ýaly edip, ähli dessurlary berjaý edip jaýlamalydyr. Soňra bolsa, ähli belli günlerini belläp, sadakalar berilmelidir.»***

Ynha, türkmen hatyra edebiniň rugsat berýän çäklerinde we ündeýän maksatlaryna laýyklykda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidentiniň kyblasy Atamyrat aga, käbesi Gurbansoltan eje bilen doganlarynyň gabyrlary dogduk mekany Gypjakdaky Ymam Kasym gonamçylygyna göçürilip, ýörite makamlary edildi. Elbetde, bu iş geljekde ýaş nesillerimizi terbiýelemekde uly ähmiýete eýe boldy.

## Merhumyň belli günlerinde sadaka bermek

Dinimiziň esasy çeşmesi bolan Gurhany kerimde we hadyslarda merhumyň belli günlerini bellemek bilen baglanyşykly anyk delil ýok. Mukaddes Ruhnama kitabynda bellenilişi ýaly ***"Merhumyň belli günlerini bellemek örän gadymy oguz dessurlarynyň biridir. Bu dessur köklerini yslamdan öňki türkmen ynançlaryndan alyp gaýdýar we manysy boýunça merhumy hatyralamagy, merhum bilen hoşlaşmaklygy aňladýar. Merhumyň belli günleri üçi, ýedisi, kyrky, ýüzi hem-de ýylydyr. Hut şol***

***günlerde jesediň dargamagynda täze döwür başlanýar. Munuň özi jesedi birbada jaýlamadyk otparazlaryň jaýlanyş dessurynyň yslam döwründe täze röwüşe geçmegine, täzeçe düşünilmegine getiripdir we belli günler diýen adatyň döremegine esas bolupdyr.”*** Şonuň üçin bu meselede alymlar yhtylaf edipdirler. Käbirleri belli günleri etmek mekruh, bid’at diýse, käbirleri mubah diýipdir. Käbirleri bolsa, tagat we ybadatdyr diýip belläpdir.

Hanefi alymlarynyň saýlap alan görüşlerine görä, ynsan eden amallarynyň sogabyny başga birine bagyşlap biler. Merhumyň yzyndan Gurhan okamak, doga we istigfar etmekden başga namaz, oraza, sadaka we haj ýaly, hem bedeni, hem maly ybadatlary onuň adyna berjaý etmegiň ölä peýdasy bardyr. Bularyň sogabyny ölä bagyşlasaň, öz sogabyňdan hiç zat kemelmez. Bu mesele bilen baglanyşykly şu aýaty delil getirýärler:

«Olardan soňra gelenler: «Eý, kerim Rabbimiz! Biz we bizden öňki mü’min doganlarymyzy magfiret eýle. Içimizde mü’minlere hiç hili kine goýma, dogamyzy kabul et. Çünki Sen Rauf we Rahymsyň» diýerler» (Haşr, 10).

Hadyslarda hem bu barada şeýle aýdylýar «Sa’d b. Ubadäniň enesi aradan çykandan soň, Pygamberimiziň huzuryna gelip:

«Eý, Resulallah! Enem dünýeden ötdi. Onuň üçin sadaka bersem, oňa peýdasy degermi?» diýip sorady. Pygamberimiz: «Elbetde, deger» diýenini eşiden Sa’d bolsa: «Şaýat bol! Bagymy enem üçin sadaka berýän» diýdi (Buhary).

Şuňa meňzeş aýatlara we hadyslara daýanyp eger: «Merhumyň belli günlerini hökman etmelidir» diýip, dini zerurlyk ýa-da ybadat manysy berlip edilse, bu amal bedgatdyr, mekruhdyr. Ýöne bu sadaka hökman edilmeli wajyp ýa-da mendup hasaplanman, däp-dessur görnüşinde edilse, mubahdyr, hiç hili zeleli ýokdur. Muny bid’at saýmak hem dogry däldir.

Çünki ýokarda-da agzap geçişimiz ýaly, Mukaddes Ruhnama kitabynda bellenişine görä merhumyň belli günlerini bellemek örän gadymy oguz dessurlarynyň biridir. Şonuň üçin ýurdumyzda merhumyň belli günlerini bellemek dini zerurlyk däl-de, däp-dessur görnüşinde ýerine ýetirilýär. Sogabyny merhuma bagyşlamak niýeti bilen üçünde, ýedisinde, kyrkynda we ýylynda halka tagam bermegiň, Gurhan okatmagyň, doga etmegiň, elbetde, peýdasy köpdür. Däbe öwrülen bu sadaka diňe Allanyň razyçylygy üçin edilse, nafile sadaka bolar. Şan-şöhrat üçin, ilgözüne diýlip edilse, riýa bolar. Riýa bolsa haramdyr. Dini zerurlyk we hökmany borç hasaplanyp edilse, bu mekruhdyr.

Her kim güýjüniň ýetdiginden sadaka paýlap, nahar berip, Gurhan okadyp, doga we istigfar etmelidir. Çünki ölüleriň doga-dilege bolan mätäçligi dirileriň iýip-içmäge bolan mätäçliginden has güýçlüdir. Il arasynda «Öli aýatdan doýmaz, diri hezzetden» diýilmegi hem şonuň üçindir.

Pygamberimiziň hadysynda «Ynsan ölenden soň, amal depderi ýapylar. Ýöne şu üç kişi bu hököme degişli däldir. Olar: sadakaýy jariýe (ähli halkyň peýdasyna ýaraýan zatlar, ýagny metjit gurduran, ýol gurduran, guýy gazdyran, köpri saldyran we ş.m.) eden, peýdaly ylym we salyh perzent galdyranlardyr» (Buhary, Müslim) diýilýär. Salyh perzent ömrüni halal ýaşaýşy ýaly, dünýeden öten ene-atasyny-da, kowum-garyndaşlaryny-da hemişe ýagşylykda ýatlap, olara aýat töwür edip, güýjüniň ýetdiginden sadaka paýlaýandyr.

Merhumyň belli günlerinde sadaka bermek edebi Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***“Türkmen edebi boýunça belli günlerde sadaka berilmelidir we degişlilikde toparlaýyn ýasdan çykylmalydyr. Belli günlerde şatlyk alamatlary bolan işleri etmek, nahar çekilende, doýman-dolman iýip oturmak, degişmek edepsizlikdir. Nahar çekilende, diňe bir elinde tabak bolmalydyr. Ýasa barylmagynyň manysy merhumyň hossarlaryna gynanç bildirmekdir. Ýas ýerinde ýogalan adamyň oňat taraplary hakynda gürrüň edilmelidir. Dogan-garyndaşlar bolup galanyňda, öten ata-babalaryň ömri, nebere şejeresi barada gürrüň edilmelidir. Munuň şol ýerdäki ýaşlar üçin uly terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Obadaşlaryňyzyň, gatnaşan ýakyn adamlaryňyzyň ýogalandygyny eşitseňiz, ýörite habar ibermeklerine garaşyp durman, ýas tutýan öýe baryň, merhumyň üçüne, ýedisine gatnaşyň, ýasyna, sadakasyna görünsem ýeterlik diýen pikir bilen çäklenmän, ýanlaryna baryp, merhumyň ýakynlaryna hökman gynanjyňyzy bildiriň.”***

## Gabyr we gonamçylyk bilen baglanyşykly meseleler.

Jesediň üstüne metjit ýa-da başga diwar galdyrmak, mazary aklamak mekruhdyr. Emma mal basmasyn diýip, üstüni açyk şekilde goýup, daşyna diwar aýlamak mekruh däldir.

Yzy ýitmesin diýip, başujuna daş dikmek, merhumyň adyny ýazmak bolar. Emma bir aýat, şygyr, ölä öwgüli sözler ýazmak mekruhdyr.

Alym we salyh kişileriň,beýik şahsyýetleriň gabyrlarynyň üstüne gümmez galdyrmak bolar. Bu gadymdan bäri dowam edip gelen däpdir.

Ýöne bu diniň aslyndan däldir. Şeýle kişileriň bilinmeginiň terbiýeçilik ähmiýeti uludyr.

Gonamçylyklary ýagşy gorap, arassa saklamak we agaç oturtmak diriler üçin parzdyr. Gabyrlaryň üstünden basyp geçmek mekruhdyr. Beýle etmek merhuma hormat goýmazlykdyr.

Jesediň süňklerinden bir böleginiň bardygy bilnenden soň, şol mazary gazmak haramdyr. Bilmezlikden gazylsa-da, öliniň süňkleri çykarylmaly däldir, ýerinden üýtgedilmeli däldir. Süňkleri döwmekden seresap bolmalydyr. Pygamberimiz bu barada şeýle buýurýar: «Günä taýyndan öliniň süňküni döwmek, diriniň süňküni döwmek bilen deňdir» (Ibni Maje). Başga bir hadysda «Öliniň süňküni döwmek, dirikä döwen ýalydyr» (Ebu Dawud, Ibni Maje, Ahmet b. Hanbel) buýurýar. Emma zerurlyk ýagdaýda, sahyh bir maksat üçin edilende, bu hüküme degişli däldir. Bulardan iň möhümleri şu aşakdakylardyr:

1. Jeset kepenlenmän ýüzi kybla bakdyrylman jaýlanyp, jesedi bozulmadyk ýagdaýynda;

2. Kepen ogurlanan ýa-da jaýlanan ýeriň eýesi muňa razy bolmadyk ýagdaýynda, dar bolan metjidi giňeltmek ýa-da ýer darlygy sebäpli, öliniň ýanynda başga birini gömmek üçin gabyr gazylyp bilner;

Gonamçylykda uklamak, töweregini hapalamak, ýaş agaçlaryny kesmek, gök otlaryny ormak mekruhdyr. Ýöne guran otlaryny arassalamakda zelel ýokdur. Pygamberimiz bir gonamçylykda jaýlanan iki kişiniň azap çekýändigini görüp, mübärek elleri bilen ýaş hurma çybyklaryny her biriniň baş ujunda oturdyp: «Belki, bular guraýança, bu gabyrda ýatanlaryň çekýän azaplary ýeňlär» diýipdir. Şol sebäpli, gonamçylyklarda agaç oturtmak däp bolupdyr.

## Gabyr zyýaraty

Ähli Sünnete görä, jesediň ýitip gitmegi bilen ruh ýok bolmaýar. Ruhlar bedenden aýrylandan soňra, nygmat ýa-da azap içinde galýar. Käbir wagtlarda beden bilen gatnaşygyny hem saklaýar. Şeýle hem, merhumyň dünýäde diri ýaşaýan maşgalasy we dost-ýarlarynyň ýagdaýy oňa mälimdir. Şeýle hem, hadyslaryň beýanlaryna görä, ölen kişi ýanynda edilýän işleri görer we aňar. Ýagşy işlere begener, erbet işlere gynanar.

Edilen haýyrdan peýdalanar. Ýamanlyklardan birahat bolar. Şeýle hem, merhum Anna güni Gün dogmanka gelen zyýaratçylaryny tanar (Keşşafül Gyna, t-2).

Sadaka paýlamagyň, Gurhan okamagyň we doga etmegiň ölülere peýdasy köpdür. Olaryň çeken azabyny ýeňleder ýa-da rahatlyklaryny has-da artdyrar. Anna agşamsy we gündizi, baýram güni paýlanan sadakanyň, okalan Gurhanyň we edilen dogalaryň sogabyny ölülere bagş etmek has-da fazyletlidir.

Hanefilere görä, gabyr zyýaraty erkek we aýallar üçin mendupdyr.

Jumhura (Yslam alymlarynyň aglabasyna) görä, ybrat almak, Allany ýatlamak üçin gabyr zyýaraty mendupdyr. Aýallaryň gabyr zyýaratyna gitmegi bolsa mekruhdyr. Gabyr zyýaratynyň aýala mekruh bolmagynyň sebäbi, ýüregi ýuka we musybata çydamsyz bolýandygy üçin, perýat edip, sesli aglamagy ähtimaldyr. Emma haram däldir. Müslim Ümmü Atyýýeden şu hadysy gürrüň berýär:

«Gabyr zyýaraty bize gadagan edildi. Emma anyk haram edilmedi». Pygamberimiz başga bir hadysynda:

«Size gabyr zyýaratyny gadagan edipdim. Mundan soň zyýarat ediň» (Müslim). Başga bir rowaýatda: «Hapa söz aýtmaň» (ýagny, aglap, günüňizden Alla şikaýat etmäň, saçlaryňyzy ýolup, ýaka ýyrtmaň) buýrulypdyr. Şonuň üçin aýalyň gynanjyny täzelemek, aglamak ýaly zatlar üçin zyýarat etmegi jaýyz görülmändir. Şeýle edýänler barada Pygamberimiz bir hadysynda:

«Gabyr zyýaratyny eden aýallara Alla nälet etsin» (Tirmizi) diýipdir. Bu hadysy alymlar şeýle ýorupdyr: Eger aýallaryň zyýaraty aglamazdan diňe ybrat almak, rahmet okamak üçin bolsa jaýyzdyr.

Pygamberimiziň gabyr zyýaratyny edendigi barada hadyslar köpdür. Bulardan birisi Ibni Ebu Şeýbeden rowaýat edilen şu hadysdyr:

«Pygamberimiz her ýylyň başynda Uhuddaky şehitleriň gabyrlaryna zyýarat edip şeýle diýer eken:

«Sabyr eden zatlaryňyza derek, size salam we salamatlyk bolsun. Dünýäniň iň ýagşy netijesi budur» (Zuhaýli, «Fykyh ensiklopediýasy»).

Ýene Pygamberimiz ölülere zyýarat üçin Medinedäki Jennet-i Bakyg gonamçylygyna gidende, şeýle diýip salam berer eken:

اَلسَّلَامُ عَلَيْكُمْ دَارَ قَوْمٍ مُؤْمِنِينَ وَاِنَّآ اِنْ شَاءَ اللّٰهُ بِكُمْ لَاحِقُونَ

نَسْأَلُ اللّٰهَ لِى وَلَكُمُ الْعَافِيَةَ

«Eý, mü’minler ýurdunyň säkinleri(ýurt eýeleri)! Salam size, biz hem inşalla size gowuşjakdyrys. Alladan biziň we siziň üçin afyýet dilärin».

Ýene bir hadysda Pygamberimiz şeýle buýrupdyr: «Gabyrlara zyýarat ediň. Bu size ölümi ýatladar» (Müslim). Başga rowaýatda: «Ahyrýeti ýatladar» diýlipdir.

Gabyr zyýaratynyň iň fazyletli günleri, Anna, Ruhgün, Başgün, we Sogap günleridir. Gonamçylyga girilende ilki salam bermelidir. Bu salamyň iň meşhury Pygamberimiziň ýokarda görkezilen salamydyr. Salamdan soň, mazaryň kybla tarapyndan ýüzüňi Jesede tarap öwrüp, gaty ýakyn barman, dik duran ýeriňden Gurhan okap, doga edilýär. Gurhan okanyňda we doga edeniňde dik durmak sünnetdir.

Gabra zyýarat edýän kişiniň Ýasin süresini okamagy mustahapdyr. Çünki, Pygamberimiz: «Kim gonamçylyga zyýarat edende, Ýasin okap, sogabyny ölülere bagyşlasa, ölüleriň sanyça sogap gazanar» (Buhary). Başga bir hadysda: «Ölüleriňize Ýasin okaň» diýipdir, (Ebu Dawud, Ahmet b. Hanbel, Hakim). Ölini zyýarat eden Ýasinden başga Fatiha süresini, Bakara süresiniň başlangyjyny, şeýle hem, bilýän bolsa, Aýatel kursini, Ämenerrasulüni, Mülk (Tebärekäni) we Tekasür süresini okasa has göwnejaýdyr. Soňra Yhlas (kul huwallah) süresini 3 gezek okap doga etmeli.

Darekutni bu barada şu hadysy gürrüň berýär: «Kim gonamçylyga baryp, Yhlas süresini onbir gezek okap, sogabyny ölülere bagyşlasa, o ýerde ýatan ölüleriň sanyça sogap ýazylar». Gurhan okamagyň yzyndan edilen doga kabul edilmäge has ýakyndyr. Okalan Gurhanyň hem doganyň sogaby we peýdasy ölülere ýeter. Öli diri ýalydyr. Şafygy alymlarynyň belleýşine görä gabyrlara köp zyýarat etmek, salyh we fazyletli kişileriň gabyrlarynyň ýanynda köp oturmak mustahapdyr. Zyýaratçy diriniň öňünde nähili durýan bolsa, öliniň öňünde-de şeýle durmalydyr.

Ybadat maksady bilen, gabyryň başujundaky gabyr agajyny öpmek, , mazary öpmek, öwlüýäni zyýarat edeniňde, gabyrynyň işigini öpmek, daşyna aýlanmak, mata bölejiklerini daňmak, şem ýakmak soňra dörän adatdyr we haramdyr. Şeýle hem öwlüýäden şypa dilemek, «Meniň şu günämi bagyşla, meniň şu möhümimi bitir» diýip doga etmek küfürdir, zalalatdyr we şirkdir. Ýöne öwlüýäni edebine laýyk zyýarat etmek, doga etmek we şefagat ählinden bolsa, Alladan olaryň şefagatyna ýetirmegini dilemekde hiç hili zelel ýokdur.

**Gonamçylykda janly öldürip sadaka bermek**

«Öwlüýä ýoluna» diýip janly öldürmek dinimize tersdir. Eger-de janly öldüriljek bolsa, Hudaý ýoluna aýdyp, sogaby ölä bagş edilse dürsdür. Kimde-kim diri weliniň özüne ýa-da merhum bolan weliniň nesline, olary

gowy görüp bir zat berse hem Allanyň razylygyny niýet edinmelidir. Berlen zat diri öwlüýä sowgat niýeti bilen berilmelidir, ýagny, Hudaý ýoluna aýtman, ýöne özüne bagyşlamalydyr. Hudaý ýoluna aýtjak bolsa, mustahyk sadaka bolar. Bu bolsa garyplaryň hakydyr.

**Netije**

Hawa, Garaşsyzlygymyzyň baş mugallymy Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda demokratik, dünýewi, hukuk döwleti bolan Türkmenistan diýarymyzda din we wyždan azatlygy giňden ýaýrap, her obada, etrapdyr şäherde metjitler gurulýarka, dinimizi öwrenmäge şert döredilýärkä, Yslamyň bäş parzyny arkaýyn amal edip bilýärkäk, gadym wagtlardan häzirki günlerimize çenli gelip ýeten ýa-da soň dörän sähel tapawutlanan däp-dessurlar we dinimiziň esasy bolmadyk düzgünleri sebäpli agzybirligimize zeleli ýetjek hereketlerden, gürrüňlerden daş durmalydyrys.

## TÜRKMENDE ZYÝAPAT BERMEK, ÖZARA SOWGAT ALYŞMAK WE GUTLAG

Allatagala Gurhany kerimde ýetmiş töweregi ýerde haýyr-sahawat etmäge, sadaka bermäge çagyryp, Allanyň razylygy üçin hezzet-hormat, hödür-kerem etmegiň sogaby barada söz açmagy, şeýle hem Pygamberimiziň hadyslarynda başgalara ýardam we ýagşylyk etmegiň fazylýeti barada nygtamagy sebäpli, yslam dininiň ornaşdyran we türkmeniň gadymdan gelen däpleriniň biri hem toý we baýram günlerinde hem-de begençli wakalardan soň zyýapat bermek, özara sowgat alyşmak we gutlag däbidir. Zyýapat, özara sowgat alyşmak we gutlag ynsanlaryň arasynda özara söýgini we hormaty ornaşdyryp, dost-doganlygyny berkidýär.

Türkmen halky begençli we gynançly her bir gününde zyýapat we sadaka bermegi däbe öwrendir. Bu hakykat türkmen halkynyň begenjini we gynanjyny daş-töweregi bilen deň paýlaşan halkdygynyň aýdyň mysalydyr. Bu durmuşy hakykata başga milletde duş gelmek mümkin däldir. Bu söz öz milletiňi aşa öwmek däldir. Bu hakykatyň hatyrasyna milletimizdäki gowy bolan däp-dessurlary we türkmeniň ýaşaýyş medeniýetindäki ajaýyplyklary nazara salmakdyr. Bu hakykaty taryhymyzyň belli döwürlerinde ýazylan Oguznamalar aýdyň görkezýändir. Häzirki günlerimizde bolsa bu babatda Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasy hemmämize Şamçyragdyr.

## Zyýapat we onuň edebi

Türkmençilikde zyýapat bilen sadaka kähalatda bir hasap edilipdir. Mysal üçin, täze maşyn edinende, jaý alanda, çagany sünnete ýatyranda we ş.m. myhmanlar çagyrylanda, umuman, sadaka diýlip çagyrylýar. Bular ýaly begençli wakalarda berilýän sadakalaryň kişiniň begenjini dost-ýarlary bilen paýlaşmak niýeti bilen edilýändigi her kime mälim.

Pygamberimiz sahabalaryna begençli wakalar bolanda zyýapat bermegi ündeýşi ýaly, özi hem zyýapat berýär eken. Hezreti Enes (Alla ondan razy bolsun) bir wakany şeýle gürrüň berýär: «Abdurrahman bin Awf Medinä hijret edip gelende, Pygamberimiz ony Sa’d b. Rebi bilen dogan okaşdyrdy, soňra: «Eý, Sa’d! Indi bir goýun öldür-de, zyýapat ber» diýdi (Buhary). Mysal üçin, Pygamberimiz hem Zeýnep enemiz bilen goş birikdirenden soň, tutuş Mekge halkyna zyýapat beripdir (Buhary).

Zyýapat berlende, şu zatlara üns bermek edeplilikdir. Olar:

Zyýapat berlende myhmanlara ýörite çakylyk ibermeli. Çakylyk iberilmedik zyýapata barmazlyk iň laýygydyr. Çünki zyýapat berýäniň taýýarlygy çäkli bolup biler. Zyýapata çagyrylanyň başga birine: «Senem ýör, bile gideli» diýmegi, gelşiksiz hasap edilýär. Eger ýüzünden geçip bilmän diýläýende-de, beýlekiniň gitmezligi dogrudyr. Şeýle-de bolsa, türkmen hemişe öňünden taýýarlykly bolýar.

Çagyrylan myhmanlar, zyýapaty beren kişini zyýapat bermäge sebäp bolýan waka bilen gutlamaly.

## Özara sowgat alyşmak

Özara sowgat alyşmak ynsanlar arasyndaky öýke-kinäni, bahylçylygy, duşmançylygy aýryp, ýok eder. Köňülleri mähir-muhabbetden, sylag--hormatdan doldurar. Ýardamlaşmak, arkalaşmak, sahawatlylyk we jomartlyk duýgusyny ösdürer. Şonuň üçin özara sowgatlaşmak ynsanlarda bolmagy zerur, gowy häsiýetlerdendir. Pygamberimiz hem bu meselä aýratyn ünsi çekýär. «Özara sowgat alşyň, birek-birege sylagyňyz artsyn» (Tirmizi).

«Özara sowgat alşyň, çünki sowgat alyşmak öýke-kinäni, ýigrenç we duşmançylyk duýgularyny aradan aýrar» (Buhary).

Sowgadyň ulusy-kiçisi, arzany-gymmaty bolmaz. Esasy zat ýüreginden joşany berip bilmeklikdir. Berlen sowgady halamazlyk ýa-da az görmek biedeplikdir, medeniýetsizlikdir. Bu barada Pygamber Serwerimiz

sallallahu aleýhi wesellem şeýle aýdýar: «Eý, musulman zenanlar, goňşy bir aýal beýleki goňşusynyň berýän kellebaşaýagyny az görmesin» (Buhary). «Maňa kellebaşaýagy hem sowgat etseler, ony ak ýürekden kabul ederin» (Buhary). Türkmen halky özara sowgat alyşmagy däbine öwrüşi ýaly, sowgadyň kiçisidir ulusyna seretmeýär, kiçi elýaglyk hem bolsa ony beren-de, alan-da teperrik (tebberüken) diýip alýar we maňlaýyna sylýar.

Hawa, türkmençilikde «gezekli çemçe» diýlip aýdylýar. Şonuň üçin berilýän sowgady güýjümiziň ýeteninden yzyna gaýtaryp bermelidiris. Güýjümiz ýetmese, oňa nähili gaýtargy berjegimizi hem Pygamber Serwerimiz bize öwredipdir. «Size ýagşylyk edene Siz hem ýagşylyk ediň, oňa gaýtargy berere zat tapmasaňyz, doga-dileg ediň» (Ebu Dawut). «Kime bir ýagşylyk edilse, oňa ýagşylyk bilen jogap bersin, eger ýagşylyk etmäge güýji ýetmese, özüne edilen ýagşylygy öwsün. Ynsan özüne edilen ýagşylygy öwse, oňa minnetdarlyk bildirdigi bolar» (Tirmizi).

## Toýda, baýramçylykda we belli senelerde gutlag

Türkmençilikde milli we dini baýramlarda, şanly senelerde, toýlarda – öýlenende, çagasy bolanda, täze jaý, maşyn, egin-eşik ýaly zatlary edinende birek-biregi mübäreklenilýär, gutlanylýar. Umuman, «Düşümli bolsun», «Nesip etsin», «Mübärek bolsun», «Gutly bolsun» ýaly dilegler edilýär.

Täze eşik, geýim geýlende şeýle dilegler bilen gutlanylýar: «Geýip ýyrtmak nesip etsin!», «Egniňde tozsun!», «Toýlarda dakynmak nesip etsin!», «Toýda tozsun!».

Ýigit öýlenende, gyz durmuşa çykanda şu alkyş-dilegler edilýär: «Aýagy düşsün», «Bagtly boluň», «Gazygynda garrasyn», «Goňşyň gutly bolsun», «Toýuňyz toýa ulaşsyn», «Ýeri-ýurdy düşsün», «Bagtyň açyldygy bolsun», «Rakyplysy bolsun».

Perzent dünýä inende edilýän alkyş-dilegler:

«Musulmany bolsun», «Ömri (ýaşy) uzyn bolsun», «Adyna eýe bolsun», «Berdim diýip berildigi bolsun».

## III B Ö L Ü M
## TÜRKMEN MAŞGALASYNYŇ ABADANLYGY BILEN BAGLY DÄP-DESSURLAR

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**
***Haýsy maşgala agzybir bolsa, şol maşgala döwletlidir.***
**Mukaddes Ruhnamadan**

### TÜRKMENIŇ MAŞGALA GURMAK DÄBI

Bir milletiň we jemgyýetiň sagdynlygy we kämilligi maşgala bilen berk baglanyşyklydyr. Maşgala mukaddes ojakdyr. Maşgala mukaddesligini Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirýär: ***"Millet jemgyýetden ybaratdyr, jemgyýetiň esasy birligi, jemgyýetiň esasy daýanjy bolsa maşgaladyr. Jemgyýetiň ahlak, ruhy we edep kämilligi-de maşgalanyň kämillik derejesine baglydyr. Jemgyýet maşgaladan başlanýar. Jemgyýeti sagdyn we arasssa saklajak bolsaň, maşgalany sagdyn we arassa saklamaly. Jemgyýetiň azmazlygyny isleseň, maşgalanyň azmazlygynyň aladasyny etmeli. Jemgyýetde durnuklylyk, abadançylyk we parahatlyk bolmagyny isleseň, maşgalanyň durnukly, abadan we parahat bolmagyny gazanmaly. Jemgyýetiň dynçlygy we oňşuklylygy maşgaladan başlanýar."***

Başlangyjynda sagdyn esaslarda gurlan, maddy we ruhy sagadatda ýaşaýan maşgala millet üçin berk esasy we fazyletli şahslary ýetişdirýän mübärek mekdepdir. Öýlerini mekdep ýaly feýzli we bereketli, mekdeplerini hem öýleri ýaly mähirli, muhabbetli ýagdaýa getirip bilen millet geljek nesliň parahat we bagtyýar ýaşaýşyny kepillendirýär.

Milleti we maşgalany şahslar düzýär. Maşgala kiçi, millet bolsa uly maşgaladyr. Şonuň üçin maşgalalar ýagşy bolsa, millet ýagşy, maşgalalar erbet bolsa, millet hem erbetdir.

Gurhany kerimde maşgala gatnaşyklary ahlak, hukuk we jemgyýetçilik taýdan giňden düşündirilýär. Ynsan onda bellenen düzgünlere görä ýaşasa, parahat, bagtyýar ömür sürer.

Pygamberimiz hem maşgala durmuşy bilen baglanyşykly meseleleri sahabalaryna düşündiripdir we öz ýaşaýşy bilen nusga bolupdyr.

Türkmençilikde-de maşgala ýaşaýşyna aýratyn üns berlipdir. Türkmeniň maşgala gurmak däp-dessury, adaty müň ýyllyklaryň

dowamynda ösüp kemala gelendir. Bu däp-dessurlaryň esasynda gurlan maşgala agzybir, abadan, durnukly, parahat maşgala bolýar.

## Öýlenmek

Ynsan ýaradylanda ýanýoldaşy bilen ýaradylandyr. Ynsanyň özbaşyna ýaşaýan döwri ýok diýiljek derejede gaty azdyr. Ilkibaşda ýanýoldaşy bilen birlikde ýaradylmak, ynsan üçin öýlenmegiň tebigy zerurlykdygyny görkezýär. Ynsan tebigatynyň zerurlygy bolan öýlenmek – öý gurmak, maşgala gurmak bilen baglanyşykly bolup, şahsyýetiň duýgy we düşünjeleriniň, jynsy arzuw-isleginiň tertipleşdirilmegidir. Öýlenmegiň asyl maksady Allany we Onuň Resulyny razy etjek nesilleri ýetişdirmekdir. Nesil ýetişdirmek maksady bolmazdan, öýlenmek güýmenje we şowhundan ybarat bolup, şol “öýlülikden” önen çagalar hem bir pursatlyk duýgynyň gurbany – betbagtlardyr.

Pygamberimiz bir hadysynda: «Öýleniň, köpeliň! Çünki men kyýamat gününde ymmatymyň köplügi bilen buýsanaryn» (Ajluni «Keşful-Hafa»; Abdurrezzak «Musannef») diýipdir. Ýagny, sepil, keýpi-sapanyň guly, biedep, wyždany bozuk nesile Resuly Ekremiň buýsanmajagy aýandyr. Serwerimiziň köpelmegini arzuw eden nesli: dini, ahlagy arassa, milletine, maşgalasyna wepaly, Allahy we Onuň Resulyny razy etjek nesildir. Bu maksady özünde jemlemän gurlan maşgala niýetsiz amallar ýaly netijesiz we bereketsizdir. Şonuň üçin öýlenjekler birek-biregiň daş owadanlygyna, baýlygyna we jemgyýetdäki tutýan derejesine görä däl-de, ruhy gözelligine, namys we ahlak düşünjesine seredip maşgala gurmalydyr.

Maşgala gurýanlar maşgalaly bolmagyň ullakan borçdugyny unutmaly däldir. Maşgalabaşy bolmaly ýigit geljekde maşgalasyny eklemäge, goramaga, çagalaryna terbiýe bermäge borçludyr. Gyz bolsa bir öýüň keşigini çekmäge, adamsyna söýget bolmaga, sagdyn nesil ýetişdirmäge taýyn bolmalydyr. Bularyň şu zatlary etmäge ýeterlik akyly, sowady, gaýraty bolmalydyr. Iň esasy zat hem boýnuna düşen borjy maşgalanyň, ene-atanyň, jemgyýetiň hatyrasyna, şeýle hem hut öz mertebäň üçin birkemsiz ödemelidir. Borjuny berjaý edip bilmeýän adamda mertebe bolmaz. Mertebesizlik binamyslyga elter.

Ynsan nesli, ýene ynsan bilen dowam eder, kalp we ruhuň mertebesine ýetmedik bir ynsan bilen... Edep-terbiýe görmedik, ruhy duýgularyny ösdürip bilmedik, ýagny, kämil ynsan bolup ýetişmedik nesiller, Adam

atanyň neslinden gelseler-de, ynsan görnüşindäki wagşylar bolup ulalan betbagtlardyr.

Hawa, Haka sygynyp, mantyk we düşünjäni esas edinip, ilkinji kerpiji goýlan maşgala şeýle bir mübärek öýdür, ol ömürboýy mekdep ýaly işlär we ýetişdiren nesilleri bilen halkynyň edepliliginiň we dowamlylygynyň girewidir. Oýlanyp-ölçenilmän gurlan maşgala yzynda gözi ýaşly eneleri, maşgala mährinden mahrum ýalňyz köňülleri galdyrar.

Öýlenmegiň şahsyýete peýdasy bir bolsa, millete has köpdür. Şeýle hem oýlanylman gurlan maşgala hem-de asla öýlenmezlik we durmuşa çykmazlyk, gyzlary sepil, ýaş ýigitleri ryswa eder. Netijede, halk geljegini ýitirer.

## Türkmeniň gudaçylyk dessury we sawçy ibermek däbi

Türkmende maşgala gurmak gudaçylykdan başlanýar. Gudaçylyk dessury Mukaddes Ruhnama kitabynda aýratyn hem-de giňişleýin şeýle düşündirilýär: ***“Gudaçylyk özboluşly dessurdyr. Ogul öýermek isleýän ata-ene ýakyn garyndaşlary bilen maslahatlaşyp, öz ýanlaryndan öz göwün diýjek gelinligini saýlap goýýarlar. Gelinlik saýlananda iki sany zatdan ugur alynýar. Bularyň birinjisi, guda bolunjak maşgalanyň asly, il içindäki at-abraýy, maddy ýagdaýy we olar bilen garyndaşlyk açmagyň mümkingadarlygydyr. Ikinji esasy zat bolsa, gelinligiň başarnygy, görk-görmegi we gylyk-häsiýetidir. Şu iki meselede ata-ene oňyn çözgüde gelenden soňky möhüm iş – ogluň pikirini bilmekdir. Oglan niýet edinilýän gelinlige öz makullugyny bildirenden soň, gudaçylyk işi çynlakaý häsiýete geçip biler. Eger-de oglanyň öz halaýan gyzy bar bolsa, ata-ene hem ýigidiň bu islegini makullasa, şondan soň gudaçylyga barylýar.***

***Keseki maşgala gudaçylyga barmagyň öz şertleri we dessurlary bardyr. Gudaçylyk, garyndaşlyk açmak inçe işdir. Munda gönümel hereketler, aç-açanlyk känbir oýlanylmaýar. Bu işiň başyny başlaýja, gudaçylykda ýardam berijä türkmençilikde osmakçy diýilýär. Osmakçy, köplenç, garry aýallardan bolýar. Osmakçy aýal-gyzlaryň köpçülik bolup barýan ýerlerinde peýda bolýar, geljekki gelinligi oňat öwrenip, zerur maglumatlary assyrynlyk bilen toplaýar. Onuň esasy wezipeleriniň biri-de degişli gyz, onuň durmuşa çykmak islegi, ata-enesiniň bu meseledäki pikirini öwrenmekdir. Ol osmakladyp, gepiň arasynda gyzyň, ata-enesiniň degişli meselä garaýşyny-da ýüze çykarmaga synanyşmalydyr.***

*Osmakçy öz işini bitirip, geljekki gudaçylyk işiniň başa barjagyna nähilidir bir umyt dörese, nobat – gezek sözaýdyja berilýär. Sözaýdyjy, adatça, hoşgüni gyzyň öýlerine barýar. Ol osmakçydan tapawutlylykda açyk hereket edýär. Gyzyň atasy öýüne baryp, Taňry myhmany bolup, gudaçylyk niýetini aýan edýär. Söz aýdyjy, köplenç, şahyrana we aýlawly gürleýär. Ol: "Sizde bir göwher gaşly ýüzük bar eken, şol ýüzügiňize pylanylar hyrydar" diýip, niýeti açyk mälim edýär. Ýanyna ak gant alyp gaýdan sözaýdyjy öz işiniň oňuna boljagyny umyt edýär. Gyz tarapynyň sözaýdyja kesgitli we gutarnykly jogap bermegi hökman däldir. Oňa, köplenç, ikuçly, gümürtik jogap beripdirler. Munuň özi gudaçylyk dessuryna indiki gatnaşyjylara –sawçylara ýol açypdyr.*

*Sawçylar giden bir topardyr. Bu toparda il içinde sylanylýan ýaşuly-da, gepini-sözüni düşündirip biljek dilewar adam-da, gyz tarapynyň zenanlary bilen gürleşmeli baýry aýal-da, ýigidiň ýakyn hossary-da bolupdyr. Sawçylyk, köplenç, Gün ýaşyp, aýak ýygnanandan soň amala aşyrylýar. Çünki gudaçylykda esasy zat gyzyň we onuň maşgalasynyň at-abraýydyr. Şonuň üçinem, sawçylyk dessury assyryn, il gözünden ýaşyryn amala aşyrylmalydyr. Eger gudaçylyk başa barmasa, arada düwün, ýa ýakymsyz bir zat galmaz ýaly, gyzyň abraýyna-da, ýigit tarapynyň adyna-da zeper ýetmez ýaly edilmelidir.*

*Gudaçylyga gelenleriň sözi alynmajak bolsa, myhmanlaryň öňüne saçak açylman goýlupdyr. Eger gyzyň ata-enesiniň garşylygy beýle kesgitli däl bolsa, bu meselede, garaz, bir umyt bar bolsa, onda saçak açylyp goýlupdyr. Sawçylyga baranlar saçakdaky öň döwlen çörekden datman, onuň içindäki bitin çöregiň gyrasyndan gädip, duz dadypdyrlar. Şondan soň olar öz matlabyny açyk aýdypdyrlar. Bu, köplenç, "Şu taraplarda biziň ýitigimiz bar, ony idäp geldik" diýen manyda aňladylypdyr. Gyz tarapy gelenleri göwnemakul görse, pikirlenmek, maslahatlaşmak üçin birnäçe gün puryja soraýarlar.*

*Sawçylaryň getiren çörekli, nabat-nogully saçagy gyz tarapy anyk karara gelinçä, açylman goýulýar. Aýdylan möhlete çenli saçak ellenmän goýlan bolsa, sözüň gaýtaryldygy, eger indiki gelnende, saçak açylyp, çörekler orta goýulsa, sözüň alyndygy hasaplanýar. Sözüň alynmagynyň esasy şertleriniň biri gyzyň hut özüniň bu gudaçylyga razylyk bermegidir.*

*Şeýlelikde, gudaçylyk türkmen ýaşaýşynyň möhüm dessurydyr. Munuň manysy durmuş toýunyň örän wajyp hem çynlakaý bir zatdygyna syrygýar. Gyzyň hem, oglanyň hem geljekki ykbaly oýlanylyp, ölçäp-*

***döküli̇p çözülýär. Gudaçylyk işi başa baransoň, galyň kesilip, toý sähedi bellenilýär."***

Iki tarap hem razyçylyk bildirenden soň, gyz bilen oglana guda bolunýar. Mundan soň başga biriniň sawçylyga baryp, ara düşmegi dürs däldir. Ýöne iki tarap razylaşmadyk ýagdaýynda, täze barjaklar öňkülerden rugsat soramalydyr. Pygamberimiziň bir hadysynda şeýle buýrulýar: «Sizden hiç biri din doganynyň gudaçylyga barýan ýerine guda bolmak niýeti bilen barmasyn» (Müslim).

Adaglanmak öýlenmegi mejbur edýän däldir. Ol islendik wagt bozulyp bilner. Adaglanmak taraplara bile ýaşamak hukugyny hem bermeýär. Adaglananlaryň ýaramaz niýeti bolmasa-da, nika gyýylýança olar biri-biri üçin ýatdyr, nämähremdir. Şonuň üçin türkmençilikde adaglananlaryň ikiçäk tirkeşip ýörmegi bolmaýar.

Adaglanmagyň bozulmagy, köplenç, gyz tarapynyň abraýyna zeper ýetirýär. Şonuň üçin adaglanmak wagty uzaga çekmeli däldir. Eger adaglanmak erkek tarapyndan bozulsa, berlen sowgatlar yzyna alynmaýar. Eger gyz tarapyndan bozulsa, sowgatlar yzyna berilmelidir.

## Nika düşmeýänler

Durmuş gurjak gyz we oglan gudaçylyga barylmazdan öň nikalaşjak kişisiniň dini taýdan päsgel bolup bolmaýanlygyna hem üns bermeli. Bu türkmençilikde esasy möhüm zatdyr. Gurhany kerimde nika düşmeýänler şeýle görkezilýär: «Eý, mü'min erkekler, şular bilen nikalanmagyňyz haram kylnandyr: eneňiz, gyzyňyz, uýaňyz, bibiňiz, daýzaňyz, doganyňyzyň gyzy, uýaňyzyň gyzy, sizi emdiren enekäňiz, emşen doganyňyz, gaýyn eneňiz, ilkinji aýalyňyzdan soň öýlenýän ýanýoldaşyňyzyň ýany bilen gelen, ýanyňyzda ýaşaýan öweý gyzyňyz, emma bu ýanýoldaşyňyzy entek nikalamankaňyz onuň gyzyna öýlenmegiňiziň zeleli ýokdur. Şeýle hem ogluňyzyň aýalyna öýlenmegiňiz we iki gyz dogany bir nikada saklamagyňyz haramdyr» (Nisa, 23).

Bu aýata görä, yslam alymlary öýlenmek haram edilenleri üç topara bölüpdirler.

*1) Nesil.*

Bular: eje, ene, mama, gyzy, uýasy, erkek doganynyň we uýasynyň gyzy, bibisi we daýzasydyr.

*2) Süýt emşenlik.*

Süýt emşen doganyňa öýlenmek haramdyr. Süýt emişmegiň kadasy şudur:

a) Süýt emişmek iki ýarym ýaşa (otuz aý) çenli aralykda bolmalydyr.

b) Bir gezek emişmek hem ýeterlikdir.

ç) Süýt saglyp içirilse-de, emşen saýylýar. Emma saglan süýde başga zat garylyp içirilse, emişmek hasaplanmaýar.[1]

*3) Öýlenmek.*

Gaýyn enä, baldyza, öweý enä, öweý gyza, nikaly aýala öýlenmek haramdyr. Iki dogany bir nikada saklamak haram bolsa-da, aýalyň ölenden soň, onuň aýal doganyna öýlenmek bolýar.

## NIKA

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Nika ýaşyna ýeten zenan bilen erkek kişiniň biri-biri bilen ylalaşyp, nikalaşmaga hem maşgala gurmaga haky bardyr. Maşgala gatnaşyklarynda är-aýalyň hukuklary deňdir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Maşgala mukaddesliginiň iň aýdyň alamaty nikadyr. Nika dini esaslarda durmuş gurjak aýal bilen erkegiň özara ylalaşyk akty diýmekdir. Allatagala nikasyz är bilen aýalyň bile ýaşamagyny «zyna» diýip atlandyrýar. Yslam dini nikaly maşgala gurmagy sagdyn milletiň esasy we sütüni hasaplaýar. Pygamberimiz bir hadysynda şeýle diýýär: «Nika meniň sünnetimdendir. Kim meniň sünnetim bilen amal etmese menden däldir...» (Ibrahim Janan «Kütübi Sitte»).

**Nikanyň dürs bolmagynyň şertleri:**

**Ijab we kabul** – durmuş gurjaklaryň biri-birini är-aýal diýip kabul edendigini şaýatlaryň huzurynda ykrar etmegi. Bu ykrar «kabul etdim» görnüşinde anyk bolmalydyr. Nika gyýlanda, esasan, gyz bilen ýigidiň gatnaşmagy iň gowusydyr. Durmuşa çykjak gyzdan we ýigitden wekillik alyp nika gyýylmagy hem dürsdür. Ýöne wekillik alnanda, wekiliň ýanynda hökman iki şaýat bolmalydyr.

**Şaýat.** Nikanyň dürs bolmagy üçin iki sany erkek şaýat ýeterlikdir. Pygamberimiz: «Iki şaýat bolmasa nika dürs bolmaz» (Buhary) diýipdir. Eger erkek şaýat tapylmasa, bir erkek we iki aýal şaýat bolmalydyr. Nika gyýýan ymamyň özi hem şaýat bolup biler. Şaýatlar musulman, maşgala hukugyna düşünýän we kämillik ýaşyna ýeten kişiler bolmalydyr.

Guruljak maşgalanyň berkligi üçin nika zor bilen gyýylmaly däldir. Nika gyýlandan soň gizlemän, yglan edilmelidir.

## Galyň – mehir

**Galyň –** durmuş gurýanlaryň arasynda gudaçylyk işi başa barandan soň, nikadan öň gyzyň haky hökmünde, oglanyň (erkegiň) öýlenen gyzyna (aýalyna) ak ýürekden berýän zadyna diýilýär. Yslam dininde galyň «mehir» diýip atlandyrylypdyr. Türkmençilikde galyň bermek däbi Yslamdan has öň bardyr. Galyň pul, mal, haryt, gyzyl-kümüş we ş.m. zat görnüşinde bolup biler. Yslamda erkegiň aýala mehir bermegi wajypdyr, ýöne nikanyň şerti ýa-da rüküni däldir. Nika gyýylan wagtynda mehir hakynda hiç zat aýdylmasa-da, nika dürsdür. Şol ýagdaýda aýal «mehri-misil» almaga hukuk gazanýar.

Mehriň iň azy on dirhem (30 g.) kümüşdir, ýokary derejesi bolsa çäklendirilmändir. Pygamberimiz aýallaryna ortaça bäş ýüz dirhem kümüş beripdir. Mehriň her döwrüň şertine görä kesgitlenmegi has laýygydyr.

**Mehriň görnüşleri**

Mehir nikadan öň ýa-da nika wagty taraplaryň ylalaşmagy göz öňüňde tutulyp «mehri müsemma», «mehri misil», öňünden tölemek ýa-da soňra tölemek taýyndan «mehri muajjel», «mehri müejjel» diýen görnüşleri bardyr.

**Mehri müsemma** – mukdary gudaçylyk başa barandan soň ýa-da nika wagty bellenen mehirdir.

**Mehri misil** – gudaçylyk başa barandan soň ýa-da nika wagty mukdary bellenilmedik mehirdir. Bu ýagdaýda gyz ýakyn garyndaşlaryndan: agasynyň gyzynyň, aýal doganynyň alan mukdaryça mehir almaga hukuklydyr.

**Mehri muajjel** – gudaçylyk başa barandan soň ylalaşylyp, nikadan öň berlen mehirdir.

**Mehri müejjel** – nikadan soň berilmek şerti bilen mukdary ylalaşylan mehirdir.

Nika wagtynda mehri muajjeliň we mehri müejjeliň mukdary agzalmalydyr. Mehir we gyz üçin berlen sowgatlar gyzyň malydyr. Gyzyň rugsady we razylygy bolmasa, ene-atasy şol mala eýe çykyp, harçlap bilmeýär. Gyz durmuşa çykandan soň, islese, alan mehrini ärine bagyşlap biler.

## Nika gyýmagyň düzgüni

Türkmençilikde şeýle hem şerigatda düzgün boýunça nika toý hepdesi gyýylýar. Häzirki döwürde aýalyň hak-hukugyny goramak üçin resmi

nikadan geçilmänkä, dini nika gyýylmasa gowudyr. Nika gyýmak üçin ymam, iki şaýat we gelin bilen giýew taýyn bolmaly. Şaýatlar erkek bolmaly, eger erkek ýok bolsa aýal hem bolsa bolýar, ýöne bir erkek şaýada derek iki aýal bolmaly. Bu şerigatyň hökümi.

Türkmençilikde nika gyýyljak wagty eli gaýçyly aýal hem şu taýda taýyn bolýar. Munuň din bilen hiç hili baglanyşygy ýok. Bu däp oglan bilen gyza erbet doga eden biri bar bolsa, oňa täsir etmesin diýip yrym edilýändir. Şonuň üçin yslamda şeýle bet niýetlileriň eden jadysy gyz bilen oglana täsir etmesin diýip, nika gyýylýan wagty içerdäkileriň şu zatlara üns bermekleri maslahat berilýär. Nika gyýyljak otagda kän adam bolmaly däl. Nika gatnaşan adamlar çök düşüp, ellerini iki dyzynyň üstünde goýmalydyr. Nika dabarasy gutarýança, barmaklaryňy çilşirmek, ýüzügiňi çykaryp dakmak, bir zady düwmek bolmaýar. Nika dabarasy gutarýança, otaga girip-çykylmaly däldir. Bular nikanyň edeplerindendir..

**Dini nika şeýle gyýylýar:**

Nikany gyýjak kişi gyzyň we oglanyň ady bilen olaryň atasynyň ýa-da enesiniň, şaýatlaryň adyny ýazmaly. Şeýle hem mehriň mukdary anyk belli edilmeli. Eger gyz bilen oglan nika mejlisine gelip bilmese, wekilleriniň ady ýazylýar. Mundan soň şu doga okalýar:

اَلْحَمْدُ لِلّٰهِ الَّذِى زَوَّجَ الْاَرْوَاحِ بِالْاَشْبَاحِ وَاَحَلَّ النِّكَاحَ وَحَرَّمَ السِّفَاحَ

وَالصَّلَاةُ وَالسَّلَامُ عَلَى رَسُولِنَا مُحَمَّدٍ الَّذِى بَيَّنَ الْحَرَامَ وَالْمُبَاحَ وَعَلَى آلِهِ

وَاَصْحَابِهِ الَّذِينَ هُمْ اَهْلُ الصَّلَاحِ وَالْفَلَاحِ اَعُوذُ بِاللّٰهِ مِنَ الشَّيْطَانِ الرَّجِيمِ

بِسْمِ اللّٰهِ لرَّحْمَنِ الرَّحِيمِ وَاَنْكِحُوا الْاَيَامَ مِنْكُمْ وَالصَّالِحِينَ مِنْ عِبَادِكُمْ

وَاِمَائِكُمْ اِنْ يَكُونُوا فُقَرَاءَ يُغْنِهِمُ اللّٰهُ مِنْ فَضْلِهِ وَاللّٰهُ وَاسِعٌ عَلِيمٌ صَدَقَ اللّٰهُ

الْعَظِيمُ قَالَ رَسُولُ اللّٰهِ صَلَّى اللّٰهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ اَلنِّكَاحُ سُنَّتِى فَمَنْ رَغِبَ عَنْ

سُنَّتِى فَلَيْسَ مِنِّى صَدَقَ رَسُولُ اللّٰهِ

Soňra gyza ýüzlenip: «Bismillähi ala milleti Resulillah, Allatagalanyň emri, Pygamberimiz hezreti Muhammet Mustafa sallallahu aleýhi wesellemiň sünneti we mezhep ymamymyz Ymam Agzam hezretleriniň ijtihady we şu ýerde häzir bolan musulmanlaryň şaýatlygy bilen, pylany gyz: arańyzda ylalaşylan galyň (mehri müejjel we mehri muajjel) bilen birlikde siz pylanynyň ogly pylanyny äriňiz diýip kabul etdiňizmi? (Eger gyzyň ýerine wekili bar bolsa, onda wekile: «Siz pylanynyň gyzy

pylanynyň wekili hökmünde, ony pylanynyň ogly pylana aýal edip berdiňizmi?») diýip soramaly.

«Hawa, kabul etdim» (wekil bolsa «Berdim») diýilýär. Bu üç gezek gaýtalanýar. Soňra erkege ýüzlenip: «Bismillähi ala milleti Rasulyllah, Allatagalanyň emri, Pygamberimiz hezreti Muhammet Mustafa sallallahu aleýhi wesellemiň sünneti we mezhep ymamymyz Ymam Agzam hezretleriniň ijtihady we şu ýerde häzir bolan musulmanlaryň şaýatlygy bilen, pylanynyň ogly araňyzda ylalaşylan galyň (mähri müejjel we mehri muajjel) bilen birlikde siz pylanynyň gyzy pylanyny aýalyňyz diýip kabul etdiňizmi? (Eger oglanyň ýerine wekili bar bolsa, onda wekile: «Siz wekil bolup, araňyzda ylalaşylan galyň (mähri müejjel we mehri muajjel) bilen birlikde pylanynyň gyzy pylanyny – pylanynyň ogly pylanynyň aýaly diýip kabul etdiňizmi?») diýip soramaly.

«Hawa, kabul etdim» diýenden soň, bu hem üç gezek gaýtalanýar. Soňra şu doga okalýar:

اَللّٰهُمَّ اجْعَلْ هٰذَا الْعَقْدَ مَيْمُوناً وَمُبَارَكاً وَاجْعَلْ بَيْنَهُمَا اُلْفَةً وَمَحَبَّةً وَقَرَاراً
وَلَاتَجْعَلْ بَيْنَهُمَا نَفْرَةً وَفِتْنَةً وَفِرَاراً اَللّٰهُمَّ اَلِّفْ بَيْنَهُمَا كَمَا اَلَّفْتَ بَيْنَ آدَمَ وَحَوَّاءَ
كَمَا اَلَّفْتَ بَيْنَ مُحَمَّدٍ وَخَدِيجَةَ الْكُبْرَى كَمَا اَلَّفْتَ بَيْنَ عَلِيٍّ وَفَاطِمَةَ الزَّهْرَاءِ
اَللّٰهُمَّ اَعْطِ لَهُمَا اَوْلَاداً صَالِحاً وَرِزْقاً وَاسِعاً وَعُمْراً طَوِيلاً رَبَّنَا هَبْ لَنَا
مِنْ اَزْوَاجِنَا وَذُرِّيَّاتِنَا قُرَّةَ اَعْيُنٍ وَاجْعَلْنَا لِلْمُتَّقِينَ اِمَاماً رَبَّنَا آتِنَا فِي الدُّنْيَا
حَسَنَةً وَفِي الْآخِرَةِ حَسَنَةً وَقِنَا عَذَابَ النَّارِ

«Allam, huzuryňda nikalanan bu iki juwany ömürleriniň dowamynda bagtly we bagtyýar eýle. Ömürlerine bereket, janlaryna saglyk, ryzklaryna giňlik yhsan eýle. Olara Watanyna, dinine, milletine haýyrly salyh we salyha perzentler ber. Olary we çagalaryny dünýä we ahyrýet sagadatyna ýetir» diýip, ämin edilýär we nika dabarasy gutarýar.

Nika gyýlandan soň, ýörite taýýarlanan süýjülik suwundan içirýärler.

# DURMUŞ TOÝY

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Durmuş toýuna adatça, ogul öýermek diýilýär. Sebäbi toý tutulmagy arkaly gelin alnyp berlen oglana özbaşdak öý tutupdyrlar. Munuň özi müňlerçe ýyllar mundan ozal dörän oguz däbidir. Öýlenmekçi bolýan ýigit türkmen sährasynyň bir ýerine ýaý atypdyr, onuň düşen ýerinde gerdek gurlup, ýurt tutulyp, toý toýlanypdyr. Öýlenmek – öý gurmak bilen baglanyşykly dörän düşünjedir. Toý gyz üçin durmuşa çykmakdyr. Sebäbi ol türkmen jemgyýetiniň doly hukukly agzasy hökmünde durmuşa goşulyp gidýändir.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Durmuş toýunda ýigidiň hem gyzyň, olaryň maşgala agzalarynyň berjaý etmeli edep kadalary türkmençilikde takyk işlenip düzülendir. Türkmençilikde gudaçylyk işi başa barandan soň, galyň kesilip razylaşylýar we toý sähedi bellenilýär.

Türkmençilikde toý sähedi bellenilende, bir işiň başy tutulanda, sapara çykyljak wagty Aýa we ýyldyza seredilýär, şoňa görä kesgitlenilýär. Bu mesele bilen baglanyşykly Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle setirler bar: ***“Ir zamanlardan bäri biziň halkymyzyň arasynda Aý, Gün, ýyldyzlar bilen bagly ynançlar, yrymlar bar. Bu ynançlar müneçjimlik bilen bagly ylymdan gelip çykypdyr. "Sähetli günler", "Bisähet günler" il arasynda ýyldyzlara seredilip kesgitlenipdir. Ylaýtada, Myrryh ýyldyzyna garaýyşlar güýçli bolupdyr. Şol ýyldyz: “Bilmedige bildirerin, bileni hem öldürerin” diýýärmiş. Entegem şol ýyldyz gitjek ugruňda dogsa, şol gün sähetli gün hasap edilmeýär.”***

Bu ynanç din bilen gönüden-göni baglanyşykly däl. Dinimizde her gün sähetli gün hasap edilýär. Esasy mesele ediljek işe öňünden doly çäre görmekdir. Toý sähedi bellenilende gyz tarapy hem, oglan tarapy hem toý taýýarlygyna başlaýarlar. Türkmen däbinde gyz we onuň maşgalasynyň toý taýýarlyklary barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***“Türkmen toýuna tutumly taýýarlyk görüp, toýuny göçgünlilikde geçirip bilýän milletdir. Göçgünlilik, durmuşyň adatylygyndan başga bir hereket depginine geçmekdir, şatlygyňy, şadyýanlygyňy ýürekden aňladyp bilmekdir. Munuň özü ruhy-göwün açyklygynyň bir görnüşi bolup,***

***aýratyn ruhy gujur-başarnygy, başga bir edim-gylym aýratynlygy aňladýar.”***

***“Türkmen öz kalbynyň aýratynlyklary boýunça ilden çetleşmegi, aýrybaşgalaşmagy, bukulmagy halamaýan märekesöýen milletdir, şonuň üçinem ol toýy uly il bolup toýlaýar.”***

***“Ylaýta-da gyz özüniň toý şaýyny berk tutupdyr. Onuň ýanynda bukjasy bolmalydyr. Bukjada gyzyň egin-eşikleri, ata-enesiniň beren şaý-sepleri bolupdyr. Gyzyň bukjasyny taýýarlamak üçin toýuň öň ýanynda üme edilýär. Ümede gyzyň joralary, ýakyn zenan hossarlary gelinligiň dokuzyny düzüw etmäge kömekleşýärler.***

***...Gyz toýuna türkmende “gyz ýygyn” diýilýär. Oňa, köplenç, aýal-gyzlar hem-de gyzyň ýakyn erkek hossarlary gatnaşypdyr. Häzirki wagtda bolsa gyz ýygyn oglanyň öýleniş toýundan känbir tapawutlanmaýar. Ol ýigidiň toýundan bir gün öň bolýar.***

***Türkmeniň toý edebinde durmuşa çykýan gyza ata-enesiniň sargytlary, ündewleri uly orun tutýar. Enesi gyzyna öý işlerini düzetmek, hojalygy alyp barmak, geljekki hossarlary we goňşy-golamlary bilen oňşukly gatnaşmak barada wesýetler etse, atasy gaýynlary sylamak, adamsyny hormatlamak barada ýagşy öwüt--ündewleri edýär.***

***Nika gijesiniň ertesi gelin öz gaýynlarynyň ýanyna salama barýar. Gelin kürtesini aýyrman, ilki gaýyn atasy bilen, soňra gaýyn enesi bilen tagzym edip salamlaşýar. Ol öz ýany bilen olara, beýleki hossarlaryna getiren sowgatlaryny ýanyndaky gyzyň kömegi bilen gowşurýar.”***

Türkmen däbinde oglanyň we onuň maşgalasynyň toý taýýarlyklary barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***“Ýigit toýa taýýarlykly barmak üçin, nika gijesi bilen baglanyşykly ähli dessurlardan habarly bolmalydyr. Toý güni özüni agras, edepli hem sypaýy alyp barmalydyr. Arak-şerap içmekden, beýleki närselerden saklanmalydyr.*** ( Täze guruljak maşgalanyň düýbi tutulanda haramy goşmak edepsizlikdir, ol önjek çagalaryň häsiýetine göni täsir edýär. Toýda arak-şerap içmek Sowet döwrüniň adaty bolup, türkmene soň ýokandyr. Şeýle hem türkmen adaty günlerinde hem diniň haram eden zatlaryndan daş durmagy başarmalydyr.) ***Türkmenlerde gyzyň ýanynda boýdaşy, ýigidiň ýanynda bolsa naýyby bolýar. Olar gyzyň we ýigidiň adyndan toý dessurlarynyň dogry we doly berjaý edilmegini gazanmaga çalyşýarlar.***

***Durmuş toýunyň öň ýanynda ýigidiň öýünde geňeş toýy, toýuň soňunda bolsa ýerge toýy bellenilýär. Munuň özi toýa taýýarlyk, soň bolsa***

***toýy özboluşly jemlemekdir. Geňeş toýunda toý güni geçiriljek çäreleriň kimler tarapyndan ýerine ýetirilmelidigi anyklanylýar, işler paýlanylýar."***

Türkmençilikde toý güni gelnalyjy bolýar. Mukaddes Ruhnama kitabynda türkmeniň gelnalyjy edebi şeýle düşündirilýär: ***"Toý güni gelnalyjy gelip, gyzyň başyna kürte atyp, ony oglanyň öýüne alyp gidýär. Gyzyň atasy öýünden çykarylmagy bir giden dessurdyr. Şonda gyz alnyp çykylanda, gapy tutulýar, diňe gapy tutýanyň serpaýy berlenden soň, gelinligi daşary çykaryp bolýar. Şeýle ýerde gyzyň üstüne dürli seçgiler seçilýär.***

***Gelnalyjyny garşylamak toýuň iň şowhunly we bagtly pursatlarynyň biridir. Gelniň gelýänini ilki bilene buşlyk haky berilýär. Gelnalyjy ýörite ýakylan üzärlikleriň arasyndan geçirilipdir. Täze gelen gelni garry aýallar maňlaýyna sylýarlar, oňa bagt arzuw edýärler."***

Gelnalyjydan soň, myhmanlara nahar iýdirilýär. Agşamky toýa taýýarlyk bolýar. Türkmençilikde toý gününiň edebi Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***"Toý güni toýa gatnaşýan adamlaryň toý edebini berjaý etmegi zerurdyr. Toý edýänleriň ýakyn garyndaşlary, gyzyň boýdaşlary, ýigidiň dostlary aýak üstünde durup, hyzmat edip, toýy at-abraý bilen sowmaga çalyşmaly. Olar diňe ertesi gün arkaýyn dynç alyp bilýärler. Toýda hemmeler toýa gelen myhmanlara oňat hyzmat etmelidir.Toýda myhman garşylamagyň, hyzmat etmegiň edebi zerurdyr. Her bir kişiniň ünsden düşürilmezligi, toýda iýip-içip, toý şagalaňyna goşulmagyny gazanmak zerurdyr.***

***Şeýle-de toýa myhman bolmagyň edebi-de zerurdyr. Toýa ýörite toý eşiklerini geýip barmaly. Üst-başyň tämiz, toý şagalaňyna laýyk bolmaly. Toýda özüňi mynasyp, akylly-başly alyp barmaly. Köpçülikde, şagalaňda kişiniň göwnüne degjek sözleri aýtmakdan, gelşiksiz, ýeňles hereketleri etmekden saklanmaly. Tötänlikde bolýan zatlar – gap-çanak döwüläýse, üst-başyňa nahar beýleki döküläýse, goh-galmagal edip, toýdakylaryň keýpini bozmak juda edepsizlikdir."***

Şeýle hem toýa gatnaşýan adamlar gyz bilen oglany iň gowy arzuwlar bilen gutlaýarlar. Gutlaýan wagty ak ýüreklerinden çykaran toý sowgatlaryny gowşurýarlar. Toý tutan maşgala hem toýa gatnaşan myhmanlara "toý paýy" hökmünde elýaglyk paýlaýar. Şeýdip, toý şagalaňy iki taraplaýyn şatlyk bilen geçirilýär. Türkmençilikde öýlenen ýigide, durmuşa çykan gyza, umuman, şu alkyş-dilegler edilýär: «Aýagy düşsün», «Bagtly boluň», «Gazygynda garrasyn», «Goňşyň gutly bolsun», «Toýuňyz

toýa ulaşsyn», «Ýeri-ýurdy düşsün», «Bagtyň açyldygy bolsun», «Rakyplysy bolsun» we ş. m.

Pygamberimiz öýlenen birini gutlanda şeýle aýdýar eken:

«Bärakellahu leküm we bärake aleýküm we jemmea beýneküma fi haýrin. Manysy: Alla mübärek etsin, bereketini bersin, ikiňizi-de ýagşylykda ýaşatsyn” (Ebu Dawut, Tirmizi).

***“Türkmençilikde çagyrylan toýuňa barmak, çagyrylmadyk toýuňda görünmezlik esasy edep kadalaryndandyr. Toýda başyň aýlanmaly däl, göwnüň açylmaly. Şagalaňa goşulman, bir çete çekilip oturmak, käbir kemçilikleri agzap, toýa at dakmak, toýa göwnüýetmezçilik etmek, arak-şerap içip, dawa-jenjel turuzmak uly aýypdyr.***

***Türkmen toýlary bagşysyz, pälwansyz geçmeýär. Bulardan başga-da kämahal at çapyşygy-da, küşt, ýüzük, düzzüm ýaly oýunlar-da guralýar. Toýçy bolsaň bulara işjeň gatnaşyp, toý edýänleriň şatlygyna goşulmak parzdyr. Eliňden gelse toýa hyzmat etmek uly abraýdyr. Toýy eýesi başlaýar, il-gün bolsa sowýar. Şonuň üçinem nahar-şam atarmaga, çaý gaýnatmaga, toýa gelen ýaşululara, alysdan gelen myhmanlara, bagşy-sazandalara hyzmat etmek – il ogly bolmakdyr. Türkmençilikde toýy abraý bilen sowmaga gatnaşmagy özüne kesp edinen adamlar aýratyn tanalýar we olara üýtgeşik sarpa goýulýar. Beýle kişilere iliň hyzmatyna ýaraýan adamlar diýilýär.***

***Iliň toýuna goşulmak – durmuşyň şatlygyny ykrar etmekdir. Toý – göwün baharydyr. Baharyň işine ýardam etmek, toýy toýa meňzetmäge ýardam etmek türkmençilikdendir.”***

## Talak ýa-da aýrylyşmak

**Talak** – maşgalanyň bütewiliginiň erkek ýa-da aýal, ýa-da ikisi tarapyndan ýatyrylmagydyr. Bu erkek kişiniň talak bermegi ýa-da iki tarapyň ylalaşmazlygy, ýa-da kazyýetiň karary bilen bolup geçýär.

Talak, şahsyň nika çäklendirmesinden çykyp, azat bolmagy diýmekdir. Göräýmäge rahatlyk, arkaýynlyk ýaly görünse-de, ol köplenç, kynçylygy, betbagtlygy özi bilen birlikde getirýär.

Sebäpsiz aýrylyşmak talak beren üçin hem, talagyny alan üçin hem maşgala agzalary üçin hem diňe birahatlyk getirýär, kähalatda tutuş ömrüňde ganap duran ýara mysaly, agyrysy we azaby dowam edip durar...

Dinimiz maşgalanyň bütewiligine uly ähmiýet berip, ony bozýan talakdan gaça durulmagyny isleýär. Hiç bir sebäpsiz talak etmegi Pygamberimiz halamandyr. Ol bir hadysy şerifinde: «Halal zatlar içinde Allanyň

halamaýan, iň ýigrenýän zady talakdyr» (Ebu Dawud) diýipdir. Yslam dini talak meselesinde erkeklere sabyrly bolmagy ündeýär. Gurhany kerimde bu barada şeýle aýdylýar: «Aýallaryňyza ýakymly boluň. Eger olar göwnüňizden turmasa-da, Alla size şolaryň üsti bilen haýyr takdyr edendir» (Nisa, 19). Pygamberimiziň hadysynda bolsa şeýle aýdylýar: «Mü'min är – mü'min aýalyny kemsitmesin. Onuň bir häsiýetini halamasa, başga bir häsiýetinden hoşal bolar». Aýallaryň hem talaga sebäp bolup biljek hereketden saklanmagyny ündän Pygamberimiz şeýle aýdypdyr: «Talaga sebäp boljak derejede ärini azaşdyrýan aýal – bizden däldir».

Yslam dini är-aýalyň ömürboýy bile ýaşamagyny arzuw edipdir, ýöne muny talagy gadagan etmek ýa-da kynlaşdyrmak arkaly başa bardyrmak islemändir. Şol sebäpli-de, talagy mubah saýsa-da, sebäpsiz aýrylyşmagyň öňüni almak üçin çäreler görüpdir. Dine laýyklykda, talagyň dürs bolmagy üçin şu üç şert gerekdir:

1. Talak zerurlyk sebäpli bolmalydyr.
2. Aýal haýz we nifasdan arassalanandan soň, jynsy gatnaşyga girmezden talak bermelidir.
3. Üç talagy bir gezekde bermeli däl-de, ara wagt salmalydyr.

Dört mezhebiň umumy garaýşyna görä, serhoşuň talagy hem dürsdür. Fetwa şuňa görädir. Ýöne Hanefilerden Ymam Züfere, Tahawiýe we Kerhä, Ahmet b. Hanbeliň gürrüň beren bir rowaýatyna, Şafygylardan Müzenä, hezreti Osmana we hezreti Omar b. Abdulazize görä, serhoşuň nepesiniň düzüw däldigi üçin, onuň talagy dürs däldir. Çünki onuň däliden tapawudy azdyr.

Gaharyna näme aýdýanyny, näme edýänini bilmeýän kişiniň beren talagy hem müjtehid alymlarynyň aglabasyna görä dürsdür. Çünki gahar adama görä tapawutlydyr. Ony kesgitläp, çäklendirmek mümkin däldir. Şeýle hem talak meselesinde degişmek bolmaýar. Pygamberimiz bu barada şeýle aýdypdyr: «Üç zadyň çyny-da çyn, degişmesi-de çyndyr: nika, talak, talakdan dönmek» (Ebu Dawud, Tirmizi, Ibni Maje).

**Talak edilende ulanylýan sözler iki görnüşde bolýar.**

***Sarih sözler*** – anyk, kesgitli talak manysyny aňladýan sözler. «Sen talak», «Sen menden boş» ýa-da halk arasynda diňe talak manysynda ulanylýan sözler muňa mysaldyr. Bu sözler talak niýeti bilen sözlenmese-de, bir rij'i talak bolýar. Talak niýeti bilen aýdylsa, ba'in talak bolýar.

***Kinaýaly sözler*** – anyk bolmadyk, dürli manylary aňladýan sözler. «Indi seniň bilen ýaşaşyp biljek däl», «Bar, ataň öýüňe git» diýen ýaly sözler muňa mysaldyr. Bu sözler bilen talak bolmaýar, ýöne talak niýeti

bilen aýdylsa, ba'in talak bolýar. Şeýle hem näçe gezek niýet edilse, şonça-da talak bolýar.

**Talagyň görnüşleri**

Talagyň sünnete laýyk gelip-gelmeýşine görä, sünni we bid'i, yzyna dönüp-dönmezligine görä bolsa rij'i we ba'in talak diýen görnüşleri bardyr.

***Sünni talak***

Bu talak Gurhanyň we Pygamberimiziň beren maslahatlaryna laýyklykda edilen talakdyr. Bu aýalyň aýbaşydan soň arassalanan döwründe üç aýyň dowamynda her aýda talak edilmegidir. Onuň iň soňky üçünjisi – är-aýaly doly aýrylyşdyrýar. Sünni talak är bilen aýala oýlanmak pursatyny berýär. Şol aralykda puşman eden erkek kişi bile ýaşaşmak kararyna gelip biler. Aýal bolsa ýalňyşyna düşünip, maşgala agzybirligini saklamaga çalşar. Gurhany kerimde bu mesele şeýle düşündirilýär: «Talak iki gezekdir. Mundan soň ediljek iş ýa agzybir bolup ýaşamak ýa-da gowulyk bilen aýrylyşmakdyr...» (Bakara, 229), «Eger är aýalyna ikinji talakdan soň üçünji talagyny hem berse, şol aýal başga bir äre baryp, ondan talagyny almasa, öňki ärine halal däldir...» (Bakara, 230).

***Bid'i talak***

Bid'i talak – kişiniň aýalyna üç talagy bir gezekde bermegi ýa-da bir arassalyk möhletinde, gysga wagt aralyklarda bermegidir. Şeýle ýagdaýda talak dürsdür, ýöne kişi sünnete ters hereket edenligi üçin günäkär bolýar.

Hezreti Omar, Osman, Aly, Ibni Omar, Ibni Abbas, Ibni Mesud, Ebu Hureýre ýaly sahabalara, tabi'inleriň aglabasyna we dört mezhebe görä, bir gezekde edilse-de, üç talak doly talakdyr. Muňa ençeme mysal getirmek bolar. Abdurrezzakyň «Musannef» atly kitabynda Ubade b. Samit şeýle bir wakany gürrüň berýär: «Atam aýalyny müň talak bilen talak etdi. Men derrew Resulyllahyň ýanyna baryp ýagdaýy düşündirdim. Resulyllah (s.a.w.): «Ataň Alladan gorkmandyr. Aýaly üç talak bilen boşdur. 997-si bolsa hetden aşmak we zulumdyr. Alla islese, oňa azap berer, islese bagyşlar» diýdi. (Şewkany, «Neýlül Ewtar»).

Zeýdiýe mezhebine, Zahiri mezhebinden käbirlerine, Ibni Ishaka, Ibni Teýmiýä we Ibnül Kaýýyma görä «Bir gezekde üç talak eden, bir talak eden kişi bolar». Bular Ibni Abbasyň gürrüň beren şu hadysyny delil getirýärler: «Resulyllahyň zamanynda, hezreti Ebu Bekiriň halyflyk eden döwründe we hezreti Omaryň halyflygynyň ilkinji iki ýylynda üç talak bir talak saýylýardy. Soňra hezreti Omar: «Adamlar öň seresapdy, indi howlugyp başladylar. Bu ýagdaýy olaryň zyýanyna kabul etsek» diýdi we

soňra kabul etdi», (Müslim, Ahmet b. Hanbel). Bu hadysy diňe Tawus gürrüň beripdir. Ýöne hadys alymlary onuň hadys rowaýatynda köp ýalňyşandygyny belläpdirler.

Aslynda, bu rowaýat bir gezekde aýdylýan üç talagyň doly talakdygyny aýdýar. Çünki Pygamberimiz we Ebu Bekir döwründe adamlar bir gezekde üç talak diýenlerinde muny aýrylyşmak däl-de, sözlerini güýçlendirmek maksady bilen aýdandyklary üçin bir talak hökmünde kabul edipdirler. Emma hezreti Omar döwründe adamlaryň aglabasy muny talak niýeti bilen aýdyp başlapdyr. Şonuň üçin hezreti Omar halkyň ýagdaýynyň üýtgemegi sebäpli, hökümi hem üýtgedipdir. Şeýle hem Ibni Abbas üç talagyň doly talakdygyny aýdýan ençeme hadyslary gürrüň beripdir. Mysal üçin, mujahyt şeýle bir wakany gürrüň berýär: «Ibni Abbasyň ýanyndadym. Bir adam geldi. Ol aýalyna üç gezek talak beren eken. Ibni Abbas ilki sesini çykarman oturdy. Men oňa aýaly bilen ýaraşar ýaly ýol salgy berer öýtdüm. Emma ol şeýle diýdi: «Ilki akmaklyk edip, soňam gelýäňiz-de: «Ibni Abbas, Ibni Abbas» diýýäňiz. Allah (j.j.): «Kim Alladan gorkýan bolsa, oňa bir çykalga görkezer» diýýär. Sen bolsa Alladan gorkmansyň, şonuň üçin saňa ýol salgy berip bilemok. Rabbyňa garşy gitdiň. Aýalyň senden anyk aýryldy» (Ebu Dawud).

***Rij'i talak***

«Rij'i» arap dilinde «dönmek» diýmekdir. Rij'i talak – äri talak eden aýalynyň iddet möhleti gutarmanka, täzeden nikah gyýylmazdan, puşman edip, bile ýaşaşmak hukugyny berýän talakdyr. Şeýle-de bolsa, oňa täzeden nikah gyýdyrmak mustahapdyr. Rij'i talak eden kişi iddet möhleti gutarýança, puşman edip, yzyna dönmese, rij'i talak ba'in talaga öwrülýär.

***Ba'in talak***

Bu yza dolanyp, bile ýaşaşmak üçin täzeden nikah gyýmak şertini hökmany edýän talakdyr. Nika gyýylsa-da, jynsy gatnaşyk bolmanka, taraplaryň ylalaşman ýa-da ylalaşyp aýrylyşmaklary, suduň karary bilen aýrylyşmaklary ýa-da äriň üç gezek talak bilen talak etmegi ba'in talaga girýär. Bu talakda täzeden nikalaşmak üçin diňe erkegiň sözünden dänmegi şert däldir, aýalyň hem razyçylygy gerekdir. Munda täzeden mehir bellenmeli, öňki mehir doly tölenmedik bolsa, şol hem tölenmelidir. Ýöne nika gyýylyp, jynsy gatnaşykda bolman aýrylyşanlar iddet möhletine garaşmaýarlar, mehir tölemeýärler. Gurhany kerimde bu barada şeýle aýdylýar: «Eý, iman edenler, mü'min aýaly nikahlap, soňra onuň bilen ýakynlaşman talagyny berseňiz, iddete garaşmak gerekmez» (Ahzab, 49).

Ba’in talakda aýal iddeti gutarýança, äriniň öýünde ýaşap bilýär. Şol möhletde aýalyň nafakasy (gün-güzerany) äriniň boýnunadyr.

Eger aýal üç gezek talak edilen ýagdaýynda, Gurhany kerimiň beýanyna görä (Bakara, 230), şol aýal diňe başga birine durmuşa çykyp aýrylyşandan soň, öňki ärine halal bolup bilýär. Muňa fykyhda «hulle» diýilýär.

**Özara razylyk bilen aýrylyşmak**

Bu görnüşde aýrylyşmaga – «hul’» ýa-da «muhalaga» diýilýär. Erkegiň doga kemçilikleri, ahlak bozuklygy, garrylygy ýa-da ejizligi sebäpli, aýaly ony ýigrenip biler. Bu ýagdaýda ärine boýun bolmak meselesinde Allanyň emrini berjaý etmezlikden gorkup biler. Şonuň üçin yslam diňe erkege degişli bolan talak hakyndan başga aýrylyşmak şertlerini hem meşrug kylypdyr. Aýrylyşmak isleýän aýal äri bilen razylaşyp aýrylyşyp bilýär. Bu ýagdaýda aýal nafakany, mehiri we iddet nafakasyny almaýar. Ýagny aýal erkege fidýe berýär. Bu görnüşdäki talak ba’in talak saýylýar.

Gurhany kerimde bu barada şeýle aýdylýar: «...Aýalyň erkege fidýe bermeginde ikisi üçin hem günä ýokdur» (Bakara, 229). «Eger köňül razylygy bilen mehriniň bir bölegini size (erkege) bagyşlasa, ony hoşallyk bilen kabul ediň» (Nisa, 4). «... Är-aýalyň özara ylalaşyp sulh etmeklerinde hiç hili günä ýokdur. Sulhda haýyr bardyr» (Nisa, 128).

Ibni Abbasyň gürrüň beren bir hadysynda bu mesele şeýle düşündirilýär: «Sabit b. Kaýsyň aýaly Pygamberimiziň ýanyna gelip: «Eý, Resulalla, ony (ärini) ne dini, ne-de ahlagy sebäpli aýyplamaýaryn. Ýöne nygmatyň gadyryny bilmezlik ederin öýdüp gorkýaryn» diýdi. Pygamberimiz (s.a.w.) ondan: «Mehir hökmünde alan bakjaňy yzyna gaýtaryp bilermiň?» diýip soranda, ol: «Hawa» diýip jogap berdi. Pygamberimiz (s.a.w.) onuň ärine: «Bakjaňy yzyna al-da, aýalyň bir talagyny ber» diýdi» (Buhary, Ibni Maje).

Aýalyň aýrylyşmak islegini erkegiň kabul etmegi sünnetdir. Ýöne äriň aýalyna mähir-muhabbeti bolsa, aýalyň sabyr edip, aýrylyşman ýaşaşmagy müstehapdyr. Adaty ýagdaýda aýalyň «hul’» islemegi mekruhdyr. Bu barada Sewbanyň gürrüň beren hadysynda Pygamberimiz şeýle buýurýar: «Haýsy aýal hiç hili oňşuksyzlyk ýokka, ärinden aýrylyşmak islese, jennetiň ysy oňa haramdyr» (Tirmizi, Ebu Dawud, Ibni Maje).

Haýzlyka ýa-da arassalyk möhletinde «hul’» edilse, hiç hili zelel ýokdur. Çünki aýal haýzka talagyň gadagan edilmegi iddet döwründe aýala

geljek zyýanyň öňüni almak üçindir. Ýöne hul’ beýle däldir. Ol aýaly ärine ýigrençden çalt halas edýän çäredir.

### Kazyýetiň karary bilen aýrylyşmak

Kazyýetiň üsti bilen aýrylyşmaga «tefrik» diýilýär. Kazyýetiň karary bilen aýrylyşmak talakdan tapawutlydyr. Çünki talak äriň erkinde bolýar. Emma kazyýetiň üsti bilen aýal äriniň razyçylygy bolmasa-da, aýrylyşyp bilýär. Kazyýetiň aýyrmagy talak hem, fesih hem bolup bilýär. Eklenjini gazanyp bilmezlik, iýlä, hassalyk, oňşuksyzlyk, zyndana düşmek, dereksiz ýitmek ýa-da terk etmek ýaly sebäpler arkaly aýrylyşmak talakdyr. Dinden dönmek ýaly sebäpler bilen aýrylyşmak bolsa fesihdir.

Fykyh mezhepleriniň kabul edýän aýrylyşmak sebäpleri biri-birinden tapawutlydyr. Bu meselede iň dar çäklendirmeler goýýan Hanefi mezhebidir. Iň giňi bolsa Mäliki we Hanbeli mezhebindedir. Ähli sünni mezhepleri göz öňüne alynsa, yslam hukugynda kabul edilen aýrylyşmak sebäpleri şu aşakdakylardyr:

**1. Hassalyk.** Kazy Şureýh, Ibni Şihab ez-Zuhri we Ebu Sewr ýaly alymlar ýanýoldaşynda ýigrenç döredýän ýa-da bile ýaşamaklaryna zyýan berýän her dürli keselleriň, şeýle hem erkegiň jynsy gatnaşykda bolup bilmezliginiň, erkegiň ýa-da aýalyň çaga önmegi üçin ukybynyň bolmazlygy ýaly keselleriň talaga sebäp bolup bilýändigini aýdypdyrlar. Öýlenmezinden öň, oglan ýa gyz özünde kesel bardygyny bilmedik ýagdaýynda, talak talap edip, aýrylyşmak üçin kazyýete ýüz tutup bilýär. Eger öňünden bilýän bolsa, talak haky ýokdur.

**2. Erkegiň güzerany üpjün edip bilmezligi.** Hanefi mezhebinde bu talaga sebäp däldir. Ýöne äri güzerany aýlap bilmedik ýagdaýynda, aýal kazylyga ýüz tutup, özüne nafaka (gün-güzeranyny dolar ýaly hak) belledip bilýär. Beýleki üç mezhebe görä, bu talaga sebäpdir. Aýrylyşan ýagdaýlarynda bu rij’i talak bolýar.  Emma garyp düşen bir maşgaladaky aýalyň nafaka talap etmäge haky ýokdur.

**3. Terk etmek we dereksiz ýitmek.** Ymam Agzama we Ymam Şafyga görä, dereksiz ýitmek talaga sebäp däldir. Aýal äriniň ölendigi kesgitlenýänçä, oňa garaşmalydyr. Ymam Mälik we Ahmet b. Hanbel bolsa, bu ýagdaýy talaga sebäp saýypdyr. Bular äri ýitendigi baradaky iň soňky habary alan gününden dört ýyl geçenden soň, aýaly talak hasaplaýar.

**4. Aşa oňşuksyzlyk ýa-da erbet ýenjilmek.** Hanefi we Şafygylara görä, erbet ýençmek ýa-da aşa oňşuksyzlyk talaga sebäp däldir. Şeýle

ýagdaýda iki tarapyň garyndaşlaryndan oňuşdyrmak üçin geňeş düzülip, iki tarapy oňuşdyrmalydyr. Mälikilere we Hanbelilere görä, şeýle ýagdaý talaga sebäpdir.

**Li'an.** Aýalynyň zyna edendigini ýa-da çagasynyň zynadan önendigini aýdýan we muny subut edip bilmeýän är kazyýete ýüzlenip, kasam edip, kazyýetiň karary bilen maşgalasyndan aýrylyşyp bilýär. Muňa «li'an» diýilýär. Gurhany kerim bu meselede şeýle diýýär: «Şerinden we bozuklygyndan bizar bolan aýalyňyza ilki öwüt-nesihat beriň. Peýdasy degmese, aýry ýatyň. Şonda-da ýola gelmese, ony çalarak uruň» (Nisa, 34). Urmak hem netije bermedik ýagdaýynda li'an edilýär. Gurhanda bu şeýle düşündirilýär: «Ýanýoldaşyny zyna edenligi bilen günäkärläp, muňa özünden başga şaýat tapmadyk erkek kişi özüniň dogry aýdýandygyna dört gezek Allanyň adyna kasam edip şaýatlyk edýär. Bäşinji gezekde ýalan sözleýän bolsa, Allanyň näletiniň özüne bolmagyny dileýär» (Nur, 6-7).

## Netije

Yslam hukugyna görä, mehir aýalyň, talak bolsa erkegiň haky saýylyp, şeýlelikde, deňagramlylyk gurlupdyr. Är aýalyny talak edende, hiç hili şerte boýun edilmändir. Emma yslamyň şahsyýete berýän ahlak terbiýesi erkegiň talak hukugyny isleýşi ýaly ulanmagyna mümkinçilik döretmändir. Şeýle hem Gurhanda talak edilen wagty ýanynda şaýat bolmagy islenilýär (Talak, 2). Mäliki we Hanbeli mezhepleri bolsa äriň aýalyna nähak ýere zulum etmeginiň öňüni almak üçin, aýala göni kazyýete ýüz tutup, aýrylyşmaga hukuk berýär.

Häzirki döwürde hem maşgalanyň agzybirligi we çagalaryň terbiýesi dini, medeni we ahlak gymmatlyklary taýyndan uly ähmiýete eýedir. Şonuň üçin durmuş gurmak diňe iki kişiniň arasyndaky gatnaşyk däldir. Bu jemgyýet bilen hem göni baglanyşyklydyr. Bile ýaşaşmak kyn bolan ýagdaýynda, aýalyň aýrylyşmak talaby hem hukuk taýyndan kanagatlandyrylmalydyr. Ýöne aýalyň hukugyny isleýşi ýaly ulanmagy halal bolmaz. Bu barada Pygamberimiz bir hadysynda şeýle aýdypdyr: «Haýsy aýal hiç hili oňşuksyzlyk ýokka ärinden aýrylyşmak islese, jennetiň ysy oňa haramdyr» (Tirmizi, Ebu Dawud, Ibni Maje).

## Iddet

Iddet – äri ölen, talak edilen ýa-da nika gyýylsa-da, är-aýal bolup ýaşamadyk aýalyň öňki äri bilen baglanyşygynyň doly kesilmegi üçin garaşylmaly müddetdir. Bu müddet aýalyň öňki ärinden göwreli bolup-

bolmandygyny anyklamak, äri ölen bolsa, oňa we maşgalasyna hormat goýmak we rij’i talakda ärine oýlanmaga pursat bermek üçindir.

Talak edilen aýalyň iddet möhleti üç haýz möhletidir.

Äri ölen aýalyň iddet möhleti dört aý on gündür. Bu barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle diýilýär: ***«Süňk hossarlar üçin ýas möhleti bir ýyldyr, çünki, bir ýyldan soň jesetden diňe süňk galýar diýip ynanç edilipdir. Süňk hossarlara ata, ene, äri ýa-da aýaly, doganlary we çagalary degişlidir. Ata-babalarymyz merhumyň ruhy bir ýyllap saklanýar, bir ýyldan soň ruh ýurduny täzeleýär diýip ynanypdyrlar. Merhumyň ruhy bir ýyllap özüniň ýatlanylmagyny küýsäpdir. Merhumyň ruhy hoş bolar ýaly juma agşamlary öten-geçenleri ýatlap, aýat-doga okamagy durmuşyňyza giriziň.»***

Eger aýal göwreli bolsa, onuň iddeti çaga dünýä inýänçä dowam edýär. Nikadan soň gatnaşyk bolmazdan talak edilse, şol aýalyň iddet möhleti ýokdur.

Göwreli bolmadyk bir aýal rij’i talak iddetine garaşýarka äri ölse, talak iddetini terk edip, ölüm iddetine garaşmalydyr.

Aýal ba’in iddetine garaşýan bolsa, ölüm iddetine garaşmanam biler. Ba’in iddeti ölüm iddetiniň ýerine geçýär.

Garrylygy sebäpli haýz görmeýän aýalyň iddet möhleti üç aýdyr. Ymam Agzama görä, aýalyň haýzdan kesilmek ýaşy 55 ýaş hasaplanýar.

### Maşgala durmuşy bilen baglanyşykly käbir meseleler

***Azil we göwreliligiň öňüni almak.***

Azil – erkegiň jynsy gatnaşygy doly tamamlaman, yza çekilmegi diýmekdir. Bu usul göwreliligiň öňüni almak üçin gadymdan bäri ulanylyp gelinýän usuldyr. Sahabalardan Jabiriň «Biz azil edýärdik. Resulyllah (s.a.w.) bize hiç zat diýmeýärdi», (Buhary, Müslim) diýip gürrüň beren hadysyna daýanyp, yslam alymlarynyň aglabasy azil etmegiň mubahdygyny belläpdirler.

Häzirki döwürde ýatgynyň öňüni baglamak, dürli derman ulanmak azil ýaly kabul edilýär. Azil hem-de beýleki çärelere şu ýagdaýlarda rugsat edilipdir:

1. Göwreliligiň aýalyň saglygyna zyýan ýetirjek ýagdaýynda.

2. Heniz süýtden aýrylmadyk bäbegiň sagdyn ösmegine zyýan geljek ýagdaýynda.

3. Maşgalanyň çagalaryna göwnejaý terbiýe berip biljegine ynamy bolmadyk ýagdaýynda.

Bu şertlerden başga ýagdaýlarda göwreliligiň öňüni almak jaýyz däldir. Ýatga tohumy eltýän ýollaryň baglanmagy hem göwreliligiň öňüni alýan çäreleriň biridir. Emma yslam alymlary saglyk we dini taýdan zerurlyk bolmasa, muny jaýyz görmändirler. Hatda şeýle etmekligi Allanyň beren nygmatlaryny inkär etmek ýaly görüpdirler. Ýöne aýallaryň saglyk ýagdaýy sebäpli, wagtlaýyn çaga dogurmaz ýaly hala gelmekleri dürsdür.

***Çaga aýyrtmak (abort)***

Ýatga ýerleşen düwünçegiň daşky täsir arkaly düşürilmegi gadymdan bäri diniň, ahlagyň we hukugyň halamaýan işidir. Ene-atanyň çaga bolmagyny arzuw etmegi öz erkinde bolsa-da, çagany düşürmäge olaryň haky ýokdur. Çagany aýyrtmak bilen baglanyşykly Gurhany kerimde we hadyslarda anyk we kesgitli delil bolmasa-da, käbir yşaratlar bardyr. Geliň, şol aýatlara we hadyslara seredip geçeliň.

«Kasam bolsun, biz ynsany süzülen arassa palçykdan ýaratdyk. Soňra ony «nutfe» – tohum hökmünde mäkäm bir ýere (ýatga) ýerleşdirdik. Soňra nutfäni lagta gan halyna öwürdik. Mundan soňra lagta gany bir bölek et halyna getirdik. Şol bölek eti süňklere öwürdik. Süňklere-de et ördürdik. Soňra ony başga bir barlyga öwürdik. Şekil berenleriň iň gözeli – Allanyň şany ne beýikdir. Soňra siz munuň yzyndan, elbetde, ölersiňiz» (Mü’minun, 12-15).

Hadyslarda bolsa bu aýatlaryň düşündirişi hökmünde şeýle aýdylýar:

«Sizden her biriňiz kyrk gün ene göwresinde saklanar. Soňra ýene kyrk günden soň lagta gan halyna öwrüler. Soňra ýene kyrk günden bir bölek et halyna geler. Soňra-da bir melek iberiler we oňa ruh üflär» (Buhary, Müslim).

«...Tohumyň üstünden kyrk iki gün geçenden soň, Alla oňa bir melek iberer. Ol hem oňa şekil berer. Gulagyny, gözüni, hamyny, etini we süňklerini ýasar. Soňra-da: «Eý, Rabbim, oglan bolsunmy ýa-da gyz?» diýer...», (Müslim, Ahmet b. Hanbel, «Müsnet»). Bu aýat we hadyslara görä:

1.Tohum ýatgyda kyrk günläp hereketsiz ýatýar.

2. Soňra lagtalanangan halyna gelip (alak), ýatgy bilen gatnaşyk sazlanyp başlaýar. Bu hem kyrk güne çekýär.

3. Soňra lagta gan bir bölek et bolýar. Süňkler döreýär. Olaryň daşyna et örýär. Bu hem kyrk gün dowam edýär.

4. Soňra tapawutly barlyga öwrülýär. Bu bolsa ruhuň üflenmegi bilen bolup geçýär. Fahretdin Razynyň bellemegine görä, ynsan ruh bilen

birlikde kämil ynsan bolýar. Diýmek, ýüz ýigrimi günden soň kämil ynsan döreýär.

5. On bäşinji aýatdaky yşarata görä, ölüm diňe şondan soň bolýar. Bu bolsa ilkinji üç döwürde, ýagny ýüz ýigrimi günüň dowamynda düwünçegiň doly janly däldigini görkezýär. Çünki ölüm ruh bilen baglanyşyklydyr.

Ruhuň ýüz ýigriminji günde üflenmegi meselesinde ittifak bardyr. Ikinji hadysda düwünçegiň kyrkynjy günde şekil alýandygy däl-de, munuň melek tarapyndan ýazylmagy görnüşinde düşünilipdir. Şonuň üçin hezreti Aly ruh üflenmedik düwünçegi düşürmegiň «we’d-i» saýylmaýandygyny, ýagny çagany diri gömmek manysyna gelmeýändigini aýdýar, (Ibnül Jewzi «Zadul-mesir»). Ymam Agzam hem muny delil edinip, ýüz ýigrimi güne çenli, zerurlyk bolsa, düwünçegi aýyrtmak mümkindir diýip fetwa berýär. Zerurlyk bolmadyk ýagdaýynda, bu işi ilkinji kyrk güne çenli etdirmek – tenzihen mekruhdyr. Kyrk günden ýüz ýigrimi güne çenli aralykda etdirmek – tahrimen mekruhdyr. Ýüz ýigrimi günden soň çagany aýyrtmak haram we jenaýat saýylýar.

Hanefi mezhebi ýüz ýigrimi güne çenli aralykda düwünçegi aýyrtmak üçin şu sebäpleri zerurlyk saýýar:

1. Göwreliligiň aýalyň saglygyna zyýan ýetirjek ýagdaýynda.
2. Heniz süýtden aýrylmadyk bäbegiň sagdyn ösmegine zyýan geljek ýagdaýynda.
3. Maşgalanyň çagalaryna göwnejaý terbiýe berip biljegine ynamy bolmadyk ýagdaýynda.
4. Dürli sebäplere görä, çaganyň kemisli dogulmak howpy bolan ýagdaýynda. (Muňa ygtybarly lukmanlaryň karary gerekdir.)

Garyplyk we ryzk gaýgysy zerurlyk hökmünde kabul edilmeýär. Bu Allanyň Rezzakdygy ynanjyna tersdir. Gurhany kerimde hem şeýle buýrulýar: «Çagalaryňyzy garyplyk gorkusy sebäpli öldürmäň. Siziň hem, olaryň hem ryzkyny biz berýäris» (En’am, 151; Isra, 31). Emma garyplygyň döredip biljek ahlak bozuklygyny düwünçegiň aýyrdylmagyna sebäp saýanlar hem bardyr.

### *Emeli usulda tohumlandyrmak*

Ene-atanyň çaga öndürmek islegi iň tebigy arzuwlarynyň biridir. Yslam dini hem muny goldaýar. Ýöne nikasyz çaga dogurmagy nesliň zaýalanmagy hasaplap, gadagan edipdir. Şonuň üçin tohumlandyrmakda üç zerurlyk bolan – tohumyň, ýumurtganyň, ýatgynyň nikalaşan är-aýala

degişli bolmagy hökmandyr. Häzirki döwürde dürli ýetmezçilikler sebäpli çagasy bolmaýanlar emeli usul bilen tohumlandyrmak arkaly çaga öndürip bilýärler. Bu medisinanyň gazanan üstünligidir. Ýöne emeli usul bilen tohumlandyrmagy yslam alymlary şu ýagdaýlarda dürs hasaplamaýarlar:

1. Äriň tohumynyň başga bir nikasyz aýalyň ýumurtgalygy bilen tohumlandyrylyp, embrionyň öz aýalynyň ýatgysynda ýerleşdirilmegi.
2. Ýat erkegiň tohumyny ulanyp, aýalyň göwreli bolmagy.
3. Är bilen aýalyň tohumlandyrylan embrionynyň başga bir aýalyň ýatgysynda ýerleşdirilmegi.
4. Ýat aýal bilen ýat erkegiň tohumlandyrylan embrionyny kişiniň öz aýalynyň göwresinde ýerleşdirmegi.
5. Är bilen aýalyň tohumlanan embrionynyň erkegiň başga aýalynyň ýatgysynda ýerleşdirilmegi.

Yslam alymlary erkegiň tohumynyň öz nikaly aýalynyň ýumurtgasy bilen emeli usul arkaly tohumlandyrylyp, embrionyň ýene şol aýalyň ýatgysyna ýerleşdirilmegi arkaly çaga öndürmegi jaýyz görýärler. Bu usul diniň kadalaryna ters däldir.

## TÜRKMENIŇ MAŞGALA AGZALARYNYŇ ÖZARA GATNAŞYKLARYNDAKY EDEP

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Bu gün – türkmeniň Altyn asyrynda milleti ýaňadan döretmegiň esasy ugry maşgala gatnaşyklaryny we maşgala gymmatlyklaryny dikeltmekdir. Bu gatnaşyklaryň içinde perzent borjy, perzent bergisi aýratyn orun tutýar.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

### Äriň maşgaladaky wezipeleri

Türkmen erkek kişisi öz maşgalasyna uly sarpa goýmaly. Türkmen maşgala ojagynda aýalyň orny hemişe ýokarydyr. Aýalyň äriniň öňünde borjunyň bolşy ýaly, äriň hem aýalyň öňünde berjaý etmeli hak-hukuklary bardyr. Aýal hem erkek ýaradylyş maksadyna düşünip, öz jogapkärçiligini ýerine ýetirse, elbetde, şol maşgala elmydama bagtyýar we abraýly ýaşar. Mukaddes Ruhnama kitabynda bu barada şeýle aýdylýar: ***“Türkmeniň erkek kişisi öz öý-ojagyna, öz maşgalasyna başarnykly ýolbaşçylyk etmelidir, olary ýagşylyga ugrukdyrmalydyr.”***

Erkek kişisiniň baş jogapkärçiligi, içersini halal gazanç bilen eklemekdir. Türkmen halaly halaýar, haramy ýigrenýär, çünki türkmen, haram eklenç bilen ýetişdirilen çagalaryň jähennem zakguny ýaly, ynsana durmuşynda azap berjekdigine berk düşünýär. Eger iýenimiz, içenimiz, geýenimiz, güzeranymyz haram gazançdan bolsa, onda bu ýagdaý önýän çagalaryň betbagt bolmagyna elter. Çünki haram bilen ösdürilýän ynsanyň ruhy dünýäsi şeýtana meýillidir. Pygamberimiz bir hadysynda: «Allanyň Käbesini togap edeniňde, egniňde haram gazançdan alnan eşik, içinde haram lukma bolan biri: «Lebbeýk Allahumme, lebbeýk» diýse-de, Alla onuň bu dogasyna jogap bermez (Heýsemi, «Mejmauz-Zewaid»). Ynha, şonuň üçin türkmen maşgalabaşysy, bir lukma-da bolsa, ony maşgalasyna iýdirmekden saklanýar, Alladan gorkýar.

Şeýle hem, erkek kişi aýalyň öz zadyny isleýşi ýaly sarp etmegine böwet bolmaly däl, aýalyň razylygy bolmazdan, oňa degişli zatlary sarp etmezlige üns bermeli. Ýagdaýyna görä, ony iň oňat şekilde geýdirmeli. Onuň bilmeýän zatlaryny sabyr bilen öwretmeli.

Maşgalany biri-birine birikdirýän iň esasy zat söýgüdir. Är-aýal biri-birini söýmegiň ýollaryny gözlemelidir. Bu meselede iň uly wezipe erkege düşýär. Şonuň üçin erkek adam içersine mylakatly bolmaly, öýüne gelende aýalyna salam bermeli, söz we hereketi bilen ony söýýändigini belli edip, ýagdaýyny soramaly. Agyran-ynjan bolsa, ýaramasa, gynanjyny paýlaşmaly, öýüň işlerinde, çagalarynyň terbiýesinde oňa kömek bermelidir. Maşgala agzybirligini, parahatlygyny saklamak üçin Gurhany kerimde: «Aýallaryňyza ýakymly boluň» (Nisa, 19) diýilýär. Pygamberimiz aleýhis-salam bolsa: «Siziň iň haýyrlyňyz, aýalyna iň haýyrly bolanyňyzdyr» (Ibni Maje) ýaly sargyt edýär. Hezreti Omar (Alla ondan razy bolsun) bolsa maşgalasyndan närazy ärlere: «Olaryň göwnünden turjak, olary razy etjek ýollary gözläň» diýen maslahat berýär.

Mukaddes Ruhnama kitabynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem bu barada şeýle sargyt edýär: ***"Ýigitler! Siz Günsüňiz, siz ýylgyryp öz maşgalaňyzyň göwnüni awlasaňyz, gelniňiz Aý bolup dünýäňizi nurdan doldurar!.."***

Türkmen ýigidi zyna we aşa oňşuksyzlyga eltmese, aýalyna geçirimli bolmalydyr.

Bir günden artyk öýke saklamaly däl, aýalyňy hiç wagt urmaly däldir. Erkek adam başga aýallar bilen gatnaşykda şübhe döretjek ýagdaýlardan, aýalyny başga biri bilen deňeşdirmekden, başga ayallar bilen tirkeşmekden özüni saklamalydyr. Gurhany kerimde: «Aýallaryňyza ýakymly boluň.

Eger olar göwnüňizden turmasa-da, Alla size şolaryň üsti bilen haýyr takdyr edendir» (Nisa, 19) diýlip buýrulýar. Ýagny, Alla olardan salyh bir perzent öndürip sizi begendirer. Şonuň üçin bagyşlanyp boljak aýyplara geçirimli boluň diýilýär.

Bu barada Mukaddes Ruhnama kitabynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem şeýle nygtaýar: ***«Ölüp-öçüp aýalyny söýüp barýan bolmasa-da, aýalyna hormat goýup, aýaly bilen dostana bolup, aýaly bilen sözsüz düşünişip bilýän adamlar zeminiň ýalkan adamlarydyr. Beýle maşgalada agzybirlik, bagt, jebislik, düşünişmek, duýgy höküm sürýändir. Beýle maşgala bagtyýar, ýagny öz-özüni bagtyýar edip bilýän maşgaladyr."***

Aýala äsgermezçilik etmeli däldir. Aýal bolsun, erkek bolsun, säwlik bilen ýalňyşany ýaňsa almaly däldir. Gurhany kerimde: «Eý, iman edenler, sizden hiç bir jemagat başga bir jemagaty ýaňsa alyp, üstünden gülmesin. Mümkin, ýaňsa alnanlar, ýaňsylanlardan has haýyrly bolup biler...» (Hujurat, 11) diýilýär.

## Aýalyň maşgaladaky wezipeleri

Türkmeniň maşgala gurluşynda erkek maşgalabaşydyr. Aýal ärine boýun bolmalydyr. Maşgalanyň abadanlygy muňa baglydyr. Dinimiz-de aýala Alladan soň ärine hormat goýmagy ündeýär. Maşgalanyň bagty we sagadaty üçin Allanyň emrine we gadagan eden zatlaryna ters gelmeýän ýagdaýynda, aýal ärine gulak asmalydyr. Gurhany kerimde: «Ýagşy aýallar ytagatkär bolup, Alla jelle jelaluhu olaryň hak-hukuklaryny nähili goraýan bolsa, olar hem äri öýde ýok wagtynda hak-hukuklaryny goraýanlardyr» (Nisa, 34) diýilýär. Aýalyň äri öýde ýok wagty onuň hak-hukugyny goramagy iki görnüşde bolup biler. Biri zynadan saklanyp, äriniň abraýyny goramagy, ikinjisi bolsa, äriniň mal-mülküni aýamagydyr. Pygamberimiz bir hadysynda şeýle diýýär: «Kişiniň elindäki hazynalarynyň iň gowusyny aýdaýynmy? Ol seredeniňde göwnüňi açýan, emr edeniňde boýun egýän, sen öýde ýok wagtyň malyňy we namysyňy goraýan salyha bir aýaldyr» (Ebu Dawud, Ahmet b. Hanbel). Başga bir hadysda bolsa şeýle aýdýar: "Äri özünden hoşal bolan musulman bir aýal hökman jennete girer" (Tirmizi).

Şeýle aýat we hadyslaryň netijesinde türkmen maşgalasy üçin şu zatlar dessur bolup galypdyr: Aýal äriniň arzuw-islegini, buýrugyny ýerine ýetirmelidir. Äriniň malyna, janyna, ar-namysyna, at-abraýyna zyýan berjek her dürli hal-hereketden özüni saklamalydyr. Äriniň getirenini

ýerlikli sarp etmeli, aza kanagat etmesini bilmeli, tygşytly ýaşamaly, açgöz bolmaly däl, isrip etmeli däl, äriniň malyny soramazdan, hiç kime bermeli däl, adamsynyň ojagyny bagtly ýaşatmak isleýändigini bilmeli .

Äriniň halamaýan adamlary we maşgalalary bilen gatnaşmaly däldir. Öýde äri ýa-da äriniň ynanýan adamsy bolmadyk wagtynda öýe keseki erkek kişini göýbermeli däl. Diňe özüne mährem bolan adamlary, ýagny, öz erkek dogany, daýysy, kakasy, atasy, gaýynatasy gaýynagalary gatnaşyk edip biler. Türkmen erkegi hem öýüň adamsy ýa-da zenanyň mähremi bolmasa, şol öýe girmegiň edepsizlikdigini bilmeli.

Aýal maşgalanyň syrlaryny paş etmeli däldir. Aýalyň maşgala ýa-da ärine degişli bir syry iň ýakyn garyndaşyna hem aýtmagy dürs däldir. Bu maşgalanyň agzybirligine zeper ýetirjek zadyň iň ilkinjisidir.

Aýal öýünde egin-başyna üns bermeli, äriniň göwnünden turjak şekilde bezenmegi we geýinmegi başarmaly. Öýünde hapa geýnip, özüne seretmän gezýän, daşaryk çykanda bezenýän aýal, näme üçin we kim için geýinýändigine, äriniň her hili düşünip biljekdigini unutmaly däl.

Gepiň gysgasy, bir ömri bile geçirmeklige söz we göwün beren adamlar bolup, är-aýal biri- birini gowy tanamalydyr.Biri-biriniň nämeden hoşal bolýandygyny, nämäni ýigrenýändigini öňünden syzyp, özlerini şoňa görä alyp barmalydyrlar.

## ENE-ATANYŇ PERZENDIŇ ÖŇÜNDÄKI BORÇLARY

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Ene-ata ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy hem ösüşi, olary okatmak barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, medeniýete aralaşdyrmaga, kanunlara, taryhy hem milli däp-dessurlara hormat goýmagy öwretmäge borçludyr. Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ene-atalary barada alada edip, olara kömek berip durmaga borçludyrlar.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Bir daragtyň nesliniň we jynsynyň dowam etmeginde tohum näme bolsa, ynsan nesliniň dowamaty hem çagadyr. Çagalaryny ahmal eden, olary ýat medeniýetlere siňip gitmäge ýol beren milletler ýitip ýok bolup gitmäge sezewar bolarlar.

Jemgyýetiň gözgyny halyna düşen, terrorlar, serhoşlar, neşekeşler... düýn terbiýeleri ahmal edilen, gözden salnan çagalardyr. Biz şu günki ahmalymyz sebäpli, ertir köçelerimizi nähili nesilleriň doldurjagy hakynda, heý, oýlandykmykak?! Bu hakykaty pähim-parasatly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirýär: ***«Türkmen halky perzendiň ata-ene öňündäki bergi-borjy barasynda birgiden pähim-paýhasy, ahlak kadalaryny işläp düzüpdir. Ol paýhas, ol kadalar müňlerçe ýyllyk durmuş tejribesiniň jeminden kemala gelipdir. Şolaryň esasynda türkmen maşgalasy ýaşapdyr, maşgalanyň esasynda bolsa jemgyýet ýaşapdyr. Diýmek, ahyrky netijede hemme zat jemgyýeti mäkäm, abadan saklamaklyga gönükdirilendir. Şonuň üçin hem türkmende şahsyýet gymmatlygy, maşgala gymmatlyklary we jemgyýetçilik gymmatlyklary aýry-aýry, bir-birinden tapawutlanýan, üzňe däl-de, eýsem, bitewi gymmatlyklardyr. Şeýle sazlaşyk türkmeniň müňlerçe ýyllyk millet hökmünde ýitmän ýaşap gelmegine ýardam etdi. Diňe sowet döwründe enäniň gyza, atanyň ogla garşy goýulmagy netijesinde milli gymmatlyklarymyza zeper ýetdi. Beýle edilmeginiň maksady türkmen maşgalasyny ýykmakdy. Munuň türkmen maşgalasyny ýykmagyň, türkmen milletini ýok etmegiň iň aňsat usulydygyna düşünilip, bilkastlaýyn edilýärdi.”***

Hawa, diňe tehniki üstünlige eýe bolan milletleriň däl, maşgala gurluşyna ähmiýet berip, kemally perzent ýetişdirip bilen milletleriň geljegi aýdyňdyr. Kämil ýetişdirilen nesiller bir milletiň dowamatydyr. Geljegini amal etjek kämil nesilleri ýetişdirip bilmedik bir milletiň ykbaly garaňkydyr. Elbetde, nesilleriň edep-terbiýesinde, olaryň ýagşy ýetişdirilmeginde esasy borjuň ene-atanyňkydygy şübhesizdir.

Ene-ata çagalaryna eýe çyksalar, olaryň duýgularyny, düşünjelerini, ukyplaryny özlerine we halkyna peýdaly boljak derejede kämillige ýetiren bolsalar, milleti üçin täze we berk esas gazandyklary bolar. Gaýta, tersine, çagalaryny adamkärçilik sypatlary taýyndan terbiýelemegi ahmal eden bolsalar, halkyň arasyna zyýan berjek bir mahluk saldyklary bolar.

Hawa, çaga ezizdir, terbiýesi ondanam ezizdir. Perzendiň terbiýesinde, ene-atanyň ornuny hiç kim tutup bilmez. Maşgalada çaga milli terbiýe esasyna görä terbiýelenmelidir. Şonuň üçin her bir türkmen ene-ata buýsanjymyz, geljegimiz bolan çagalarymyzy terbiýelemekde şu zatlara üns bermelidir.

**Ene-atanyň ilkinji borjy çaganyň terbiýelenmegi üçin şert döretmelidir.**

Bu barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***«Eý, ata!***

***Çagaň ahlagynyň aladasy ol dünýä inmänkä başlanýandyr. Bu barada men saňa bir hekaýaty gürrüň bereýin. Ol aslynda durmuş hakykaty bolup, soň türkmen ahlagynyň gözelligini beýan edýän hakykata öwrülipdir.***

***Beýik türkmen akyldary Döwletmämmet Azady oglan okatmak bilen ýalkanan kişidir. Perzendi ýedi ýaşa ýetenden, ata-eneler çagalaryny Azadynyň ýanyna getirip:***

***– Ahun aga, şu dogmamyza edep hem ylym beräýseňiz – diýer ekenler. Şonda akyldar: – Ylym bereýin, sebäbi ylym almagyň ýaşyna ýetipdir, emma edep has ir – çaga göwrede galan gününden başlanýandyr – diýer eken. Şonuň üçinem şu wagta çenli nähili terbiýe beren bolsaňyz, maňa şony kämilleşdirmek galýar. Adam – agaçdyr. Oňa nowçalykdan, körpelikden ideg etmeli. Agaç ep-esli boý alyp, egri ösüp ugransoň, düzetmek hyllalladyr.»***

Hawa, bir milletiň we jemgyýetiň kämilligi maşgala ojagyndan başlanýar. Çaganyň terbiýesi maşgala ojagyndan başlanan ýagdaýynda has netijeli we uzak ömürli bolar. Şeýlelikde, mekdep we daş-töweregi çaganyň terbiýesine öz goşandyny goşup, üstüni ýetirmelidir.

Bu meselede esasy jogapkärçilik ene-ata we mugallymlaryňkydyr. Aslyýetinde jemgyýetiň her pudagynda işleýän adamlar hem ene-ata hem--de mugallymlardyr. Şol sebäpli Mukaddes Ruhnamada ene-ata we mugallymlara şeýle ýüzlenilýär: ***"Bilim" syýasatynyň baş maksady çagany köçe terbiýesinden halas etmekdir. Maşgala terbiýesini göwnejaý gurmaga ene-ata ýol görkezmekdir."***

Şol sebäpli maşgaladan başlap, çaganyň ösüp ulalýan her menzilinde terbiýe üçin zerur bolan şertler döredilmelidir. Bu zerur şertleriň başynda durmuş gurjak gyz we oglanyň hemme tarapdan biri-birine deň bolmagyna üns bermelidir. Iň esasy üns berilmeli zatlar bolsa, arassa ahlaklylyk, dindarlyk, halallyk, asyllylyk ýaly päkize sypatlar bolmalydyr.

**Ene-atasy çagasyna haram lukma iýdirmeli däldir.**

Halaldan gurlan maşgala ojagynda çaga ene göwresine geçenden başlap, onuň halal ryzk bilen ösdürilip ýetişdirilmegi möhümdir. Haram lukma çaganyň terbiýesine ters täsir edýändir. Bu barada Mukaddes Ruhnama kitabynda sapak alarlykly şeýle waka aýdylýar: ***"Magtymguly ýonaçylaryň obasynda juda halalhon kişi ýaşaýan eken. Ýatanda-turanda "Hak" diýip ýören kişiniň ömründe özü üçin juda ýakymsyz waka bolup***

***geçipdir. Ol bir gezek tötänlikden öz oglunyň goňşularyň bagyndan ogurlyk edenini görüp, heýhaty uçupdyr. Öýüne gelip, aýalyna gürrüň beripdir. Iki bolup bu gelşiksiz hereketiň – özlerine mynasyp däl wakanyň sebäbini özlerinden gözläp ugrapdyrlar. Birdenem sebäp aýalyň ýadyna düşüpdir. Ol:***

***– Kakasy, günä mende. Men şu oglan göwrämdekä, agzym bimaza günleriň biri göwnüm gidip, eýesinden soraşman, goňşymyzyň bagyndan alma ýolupdym – diýipdir.***

***Bu wakada uly hikmet bar. Beden halal bolmasa, ruh halal bolmaz, ruh halal bolmasa, beden arassalanyp bilmez. Adam beden bilen ruhuň ýönekeý jemi däl, olaryň täsin, göze görünmez utgaşygydyr. Bularyň nirede haýsysynyň gutaryp, haýsysynyň başlanýandygyny aýtmak çetin. Beden bilen ruhuň serhedi bize görünýän dünýäniň o tarapyndan geçýändir.***

***Perzendiň binýadyny halaldan tut!***

***Halal iýdir, halal geýindir, köňlüňe halallyk guý!***

***Haramlygyň netijesi – biedeplik, halallygyň netijesi edeplilikdir. Edep perzendiň bagtynyň girewidir!***

***Bagt hem, betbagtlyk hem azaşyp gelýän däldir. Halal, edepli bolsaň, bagtyň özi geler, çünki halallyk bagtyň küýsegidir.***

***Haram, biedep bolsaň, betbagtlygyň özi geler, çünki haramlyk betbagtlygyň iýmitidir. Perzendinden haramlygyň ysy küküp dursa, alnyndan betbagtlyk aýrylman geçer!”***

**Ene-atasy çagasyna hemişe ýagşy doga-dileg eder.**

Dünýe durmuşynda ýaşaýyş sebäpler zynjyry arkaly dowam edýär. Emma sebäplere esaslanmak netije üçin hemişe ýeterlik bolman biler. Pygamberler hem ynsanyň ýagşylygy üçin tabşyrylan wezipäni kemsiz ýerine ýetirendirler, ýöne olar dogryny tapmaklary üçin Alla ýalbarmakdan üzňe bolmandyrlar. Çünki Allanyň hemaýaty, umuman, ynsanyň daşky hereketleri däl-de, içki duýgularyna görä bolup geçýändir. Şonuň üçin çaganyň edep-terbiýesinde, onuň ýetişdirilmeginde Allanyň hemaýatyna hökman zerurlyk bar. Munuň esasy bolsa iň gözel görnüşde doga-dileg arkaly gazanylar. Doga-dilegsiz edep-terbiýe, Allanyň mülkünde Onuň hemaýaty bolmazdan, bir işi öz güýjümize amal etmäge synanyşmakdyr. Bu demri suw bermezden, polatlamaga synanyşyga meňzär.

**Çaga dünýä inmezden öň ediljek doga-dilegler.**

Gurhany kerimde çaga dünýä inmänkä edilen doga-dileglere ýagşy mysallar bar. Hezreti Ybraýym aleýhissalam oda atylanda, Allanyň gudraty

bilen halas bolýar we küfür diýaryndan aýryljak wagty şeýle dileg edýär: “Allam, maňa salyh bir perzent ber!” (Saffat, 100). Allatagala oňa bu doga-dilegden soň Ysmaýyly berýär.

Hezreti Ybraýym bilen Ysmaýyl Käbäni täzeden gurup berýärkäler, şeýle dileg edýärler: “Eý Rabbymyz! Bizi saňa boýun egenlerden kyl, neslimizden saňa tagat-ybadat kylan bir ymmat döret..” (Bakara, 128). Ybraýym aleýhissalam şu dileginde bolsa dünýä injek çagalaryň namaz okanlardan bolmagyny dileýär: “Eý Rabbym! Meni we neslimden önenleri hemişe namaz okanlardan eýle, eý Rabbym, dogamy kabul et!” (Ybraýym, 40).

Şu doga-dileg bolsa entek öýlenmänkäň ediljek mazmuny giň bir doga-dilegdir: “Olar şeýle dileg ederler: Rabbymyz, bize gözaýdyňlygy, ýanýoldaşlar we zürýatlar nesip etdir, bizi takwa eýesi bolan jemagata ýolbaşçy kyl” (Furkan, 74).

Är-aýal şu hadysda aýdylan çäräni hem ýatdan çykarmaly däldir: “Siz är-aýal bolup gatnaşyk etjek wagtyňyz ″Bismillah, Allam şeýtany menden we bize beriljek perzentden daş et″ diýseňiz, Alla-da bu gatnaşykdan size bir çaga berse, şeýtan oňa ebedi ýakynlaşyp bilmez.” (Buhary).

Çaga dünýä inenden soň ilki edilmeli aladalaryň biri azan aýtdyrmak we doga-dileg etmekdir. Hezreti Äşe enemiz şeýle gürrüň berýär: “Resulyllaha çagalar getirilerdi. Ol hem olara bereket bilen doga-dileg ederdi” (Ebu Dawut). Şonuň üçin täze dünýä inen çaga maşgalanyň ýaşulusyna ýa-da töwerekdäki bir hormatlanýan ýaşula azan aýtdyryp, dileg etdirmek zerurdyr. Çagalar üçin doga-dilegi üznüksiz dowam etdirmek iň laýygydyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem her pursatda agtyklary Hasan bilen Hüseýin üçin Ybraýym aleýhissalamyň ogullary Ysmaýyl we Yshaka eden şu dilegini gaýtalardy:

“Euzu bikelimätillähi tämmeti min külli we hämmetin we min aýnin lämmetin”.

Manysy: Allanyň doly kelimeleri bilen her bir şeýtandan, öldüriji zäher göterýänlerden, kem gözlerden saňa sygynýaryn” (Ebu Dawut).

Çagalara gargamak ene-ata gelişmeýän hal-hereketdir. Ýürekden bolsa-da, gargyş aýtmaga dilimizi öwrenişdirmek dogry däldir. Pygamberimiz aleýhissalam çagalara gargyş etmegi gadagan edipdir we bu barada şeýle diýipdir: “Çagalaryňyza gargyş okamaň. Allanyň doga-dilegleri kabul edýän belli bir wagty bardyr, eger siziň gargyşyňyz şol wagta duş gelse, Alla ony siziň zyýanyňyza-da bolsa kabul eder.” (Ebu Dawut).

Bir wagtlar gadymy Merwde ýaşap geçen meşhur hadys alymy Abdullah bin Mübärege bir adam gelýär, çagasynyň ýaramaz gylyk-häsiýetinden zeýrenýär. Ibni Mübärek “Çagaňa, heý, gargyş okaýaňmy?” diýip soraýar. Çaganyň kakasy “Hawa” diýip jogap berende, Ibni Mübärek “Men näme edeýin, sen çagaňy öz eliň bilen bozupsyň” diýip aýdýar.

Bulardan başga pähim-parasatly türkmen ene-atasy çagasy dil açyp başlanynda oňa ýagşy doga-dilegleri, aýat-töwirleri, edep kadalaryny öwretmelidir. Türkmeniň bu asylly däbi hakynda Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***“Türkmen halky yslam dinine kalby bilen, köňli bilen, ýüregi bilen ynanyp, ony özüniň ozaldan gelýän ynançlary bilen, adaty, däbi-dessury bilen utgaşdyryp, ruhuna siňdiripdir.***

***Türkmen Gurhanyň, hadyslaryň ähli oňatlyklaryny ýörelge edinen halk. Ol bir taňra uýýar. Ol ýeke-täk Allanyň gudratyna ynanýar.***

***– Kimiň guly bolarsyň?***

***– Allanyň guly bolaryn!***

***– Kimiň ymmaty bolarsyň?***

***– Muhammet ymmaty bolaryn!.. – diýip, türkmen çagasyna-da dil bitip ugrandan, şony gaýtaladyp, bu dini nesillere wagyz edýär.***

***Diňe oňat zatlar wagyz edilýär.***

***Wagyz edilýän, ýatda galýan zatlar halkyň ýüregine ornaşýar.***

***Halkyň ýüregine ornaşýan zatlar şol halkyň ýoluny ýagtyldýar.”***

**Ene-ata çagasy dünýä inende oňa ýagşy at dakmalydyr.**

Çaga many-mazmunly, ýagşy at dakmak ene-atanyň ilkinji wezipelerindendir. Türkmençilikde çaga doglandan bir hepdäniň içinde atasy ýa-da kakasy tarapyndan, ýogsa-da dini bilimi bolan biri çagyrylyp, sag gulagyna azan, çep gulagyna bolsa kamat okalýar, soňra ylalaşylan at dakylýar, ýagşy doga-dilegler edilýär we sadaka berilýär. Muňa bäbek toýy diýilýär. Mukaddes Ruhnama kitabynda bäbek toýy hakynda şeýle aýdylýar: ***“Täze doglan çagany türkmen tutumly toý bilen garşy alýar. Munda uly many bar, munuň özi ýaşaýşyň gözelligini, adama berlen ömrüň bagtlylygyny ykrar etmekdir.”***

Yslam dininde täze doglan çaga üçin Allaha şükür hökmünde kesilen gurbana akyka gurbany diýilýär.

«Akyka» sözi arap dilinde çaganyň başyndaky galpagynyň adydyr. Akyka gurbany kesilen güni çaganyň galpagynyň hem syrylýandygy üçin, berilýän gurban bu ady alypdyr. Ýöne türkmençilikde galpak toýy çaga bir ýaş dolanda edilýär.

Pygamberimiz agtyklary Hezreti Hasan we Hezreti Hüseýiniň her biri üçin bir goçy akyka gurbany hökmünde kesipdir. Ymmatyna hem täze doglan çagalar üçin akyka gurbanyny kesmegi maslahat beripdir. Resuly Ekremiň bu maslahaty dini zerurlyk däldir. Ýöne çaganyň doglan güni, durmuş toýy ýaly, şatlykly günüň ýakynlara duýdurylmagy, olar bilen begenjiňi paýlaşmakdyr.

Akyka gurbany çaganyň doglan gününden bulug ýaşyna çenli kesilse bolýar. Ýöne doglanynyň ýedinji güni kesilmegi müstehapdyr. Şol gün çaga at dakylmagy, galpagynyň syrylmagy, saçynyň agramyça altyn ýa-da kümşüň sadaka paýlanmagy ündelipdir.

Gurbanlyga ýaraýan her bir mal akyka gurbanyna-da ýaramlydyr. Çaga üçin bir janlynyň kesilmegi ýeterlikdir. Ýöne ogul üçin ikisini kesmelidigi barada aýdan alymlar hem bar.

Akyka gurbanynyň etinden gurban kesýäniň özem, maşgalasam iýip bilýär.

Çaga ýagşy at dakmak bilen baglanyşykly Pygamberimiz biziň ünsümizi şu zada çekýär:

"Kyýamat-magşar güni atlaryňyz we atalaryňyzyň atlary bilen çagyrylarsyňyz. Şonuň üçin ýagşy atlar saýlaň" (Ebu Dawut).

Pygamberimiz käbir adamlaryň adyny erbet bolany üçin üýtgedipdir. Birden köp ady ýa-da lakamy bolanlaryň iň ýagşy at ýa-da lakamy bilen çagyrylmagyny ündäpdir. Şeýle hem alymlar gyz bilen oglana dakylan birmeňzeş atlary çagalara dakmakda seresap bolmalydygyny aýdýarlar. Sebäbi bu atlar çaganyň ýaňsa alynmagyna sebäp bolup biler, bu bolsa çagada içki duýgularyň çaknyşygyny döreder diýip belleýärler.

Çaga ýagşy at dakmak hakynda ybrat alarlyk şeýle bir waka bolýar:

Bir ata çagasynyň ýaramaz häsiýetlerinden ýaňa nägile bolup, Hezreti Omaryň (Alla ondan razy bolsun) huzuryna barýar. Çagasynyň özüne boýun bolmandygyny aýdýar. Hezreti Omar şol çagany ýanyna çagyrdýar we çagadan kakasyna näme üçin boýun bolmandygyny soraýar. Çaga şeýle jogap berýär "Eý müminleriň emiri, kakanyň çagasynyň öňünde hiç hili haky ýokmy?" Hezreti Omar: "Elbetde, bar, olar: kaka ilki bilen çagalary üçin arassa ahlakly, dindar ene saýlamaly, soňra çagasyna ýagşy at dakmaly, belli ýaşa gelende Gurhan öwretmelidir" diýip düşündirýär. Bu düşündirişden soň çaga sözüniň üstüni şeýle ýetirýär:

"Eý müminleriň emiri, kakam bu aýdanlaryňdan hiç birini berjaý etmedi. Maňa ene hökmünde bir otparazy saýlady, at hökmünde pyşdyl manysyny aňladýan bir at dakdy. Gurhandan bolsa ýeke harpam

öwretmedi!” Çagadan bu manyly we ybratly jogaby alan Hezreti Omar oglanyň kakasyna ýüzlenip: “Aslynda, sen çagaňa garşy gidipsiň, ol saňa erbetlik etmezden, sen oňa erbetlik edipsiň” diýip jogap berýär.

**Galpak toýy**

**Diş toýy**

**Sünnet toýy**

Sünnet etdirmegiň belli ýaşy ýokdyr. Ýaşaýan ýeriň klymatyna, çaganyň saglygyna, beden gurlyşyna görä üýtgäp biler. Herhal ýedi ýaşyny geçirmeli däl, bulug ýaşyna çenli garaşylmasa has göwnejaýdyr. Çünki bu ýaşdan soň mähremlik (mahremlik, haramlyk) başlanýar.

Sünnet toýunda, durmuş toýunda bolşy ýaly, çaganyň özlerine Allahyň peşgeşi, amanadydygyny unutman Onuň garşysyna gidjek käbir günä işlerden, haram keýpden saklanmaly. Eger-da çaganyň dogulan gününde, sünnet toýunda, durmuş toýunda käbir günä işler işlenip, haramlara ýüz urulsa, olkagolly içgiler, humar, aýal-erkek garyşyk eglenjeler ýaly ysýanlara ýüz urulsa, bu berlen nygmatyň gadryny bilmezlik we näşükürlilikdir. Ýagny, özlerine perzent nesip etdiren we belli günlerini, toýlaryny görmek bagtyýarlygyna ýetiren Allaha garşy gitmeklikdir. “Eý Allahym! Sen bize perzent nesip etdin, ol sebäpli dürli şatlygy datdyrdyň biz bolsa olaryň şükrini saňa münkür gelip berjaý edýäris,” diýmekdir.

Türkmen şeýle bir ýalňyşa düşmeli däl. Şükür edilmeli pursatda Allaha şükür etmeli. Şeýle günleri halallyk bilen başa bardyrmaly, ýagşy doga-dilegler etmeli. Toý tutulanda-da halaldan tutmaly.

**Ene-ata öz jigerbendini erbet nazardan goramalydyr.**

Çaga dünýä inenden soň, iýmitine, saglygyna, geýimine-gejimine üns berşimiz ýaly, ony hapa we haýyn nazardan goramak möhümdir. Çünki duýgusy, düşünjesi, sözi hapa kişiniň gözüniň şöhlesi çaganyň inçe duýgularynyň ýitmegine täsir edýär. Şonuň üçin pähim-parasatly türkmen atasy çagasynyň bile oýnaýan ýoldaşlaryndan okajak mekdebine, saýlajak kesp-kärinden işdeş ýoldaşyna çenli her bir zadyna üns bermelidir. Bu meselede seresap bolmaly, ätiýaçlylygy elden gidirmeli däldir. Mukaddes Ruhnamada bu barada şeýle aýdylýar: ***“Eý ene!***

***Seniň halallygyň çaganyň kalbyny göz-dilden gorap saklajak iň uly keramatdyr!”***

**Ene-ata gürleşmek edebini bilmelidir.**

Ähli oý-pikirlerimizde, hal-hereketimizde, hatda ýanýoldaşymyz bilen ikiçäk gürrüňdeş bolanymyzda, beýleki gatnaşyklarymyzda hemişe ünsde

saklamaly zadymyz – çaganyň aň-düşünjesine täsir etmegini isleýän mowzuklarymyz bolmaly.

Elbetde, bir maşgalada her dürli mowzuk barada gürrüň ediler. Emma çaganyň ýanynda gürleşilende onuň bilen baglanyşygy bolmadyk, oňa peýdasy degmejek meseleleri onuň ýanynda gürrüň etmeli däl, oňa zyýan berjek mowzuklary gürleşmekden bolsa ägä bolmaly. Çaganyň ruhunda we kalbynda ornaşyp ösjek hususlar has gowy kesgitlenmeli. Öýde, işde, çagalarymyz ýanymyzda bolan wagtlary hemişe etjek gürrüňlerimizde olary hasaba almaly.

Mümkingadar olaryň ýanynda Alla, Alla iman, Onuň beren nygmatlary, Watana, millete wepalylyk, ene-ata, ýaşululara sylag-hormat, dogrulyk, halallyk we ş.m. hakynda söhbetdeşlik guramaly. Umuman aýdanyňda, öýde çaganyň ýanynda edýän söhbetimiz, geljekde onda bolmagyny arzuw eden mowzuklarymyz barada bolmaly. Şeýlelikde, şol zatlar wagtyň dowamynda çagada maksada öwrüler.

**Ene-ata mähir we söýgüde deňagramly bolýandyr.**

Çaga Allanyň bize beren amanadydyr. Biziň oňa bolan söýgimiz hem Rahman we Rahym bolan Allanyň sowgadydyr. Alla ony çagamyzy terbiýelemegimiz üçin beripdir. Şonuň üçin çagalarymyzy terbiýelemekde olara bolan söýgimiz, söýýän we söýmeli zatlarymyz, olaryň çägi uly ähmiýete eýedir.

Hemme zatdan öňürti çaganyň ýüreginde Watana, milli gymmatlyklara, dinine, diline, taryhyna, däp-dessurlaryna uly söýgi, sylag-hormat we buýsanç duýgusyny döretmeli. Ene-atany, dogan-garyndaşlaryny, dost-ýarlaryny, milletini, bütin ynsanlary hatda beýleki janly-jandarlary, tebigaty söýmegi, sylamagy öwretmelidir.Olary belentde tutjak, abraýyny artdyrjak gujur-gaýraty, halallygy, batyrlygy, wepalylygy, mertligi, edermenligi öz durmuşymyzda nusga bolup görkezmeli. Çünki Mukaddes Ruhnama kitabynda bellenilişi ýaly: ***“Adam söýgi basgançagyna münüp, Ýagşyzada bolup biler.”*** Şol sebäpli-de, esasy söýgi köňülleriň soltany Alla gönükdirilmelidir.

Alladan soňra söýgä iň mynasyp – Watandyr. Watan söýgüsi hakynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle diýýär: **“Edebiň ýagşysy Watany söýmekdir.**

**Watan gymmatlygy Watanyň ezizligi bilen kesgitlenilýär. Çünki ol adama berlen sanlyja ezizlikleriň biridir.**

**Ýeke-täk ezizlikleriň hatarynda Watandan başga Allanyň birligini hem-de janyň birligini ýatlap bolar.**

**Bu üç ezizligiň haýsy has ýokary, olaryň ezizden ezizi haýsy diýip soralsa, şeýle diýgin: ezizlikleriň haýsy haýsyna gurban bolýan bolsa, soňkusy ýokarydyr. Jan Watana, Watan bolsa Alla gurbandyr. Eýsem, jandan eziz diňe Watan, Watandan ýokarda bolsa, diňe Alla bardyr. Çünki Alla Watandan soňam gerekdir, Watan bolsa, jandan soňam zerurdyr. Düşün: kyýamat-magşarda Watan gaýyplyga, wepat edeninden soň bolsa, jan gaýyplyga öwrüler. Haýsy pursatda gopjagyny bir Alla bilýän harasat gününe çenli Watanyň goýnunda ýatjaksyň.”**

**Türkmen ene-atasy rehim-şepagatlylykda hem nusgadyr.**

Bu ýerde asyl maksat çagalarymyzy rehim-şepagatly edip ýetişdirmekdir. Bu hem öz durmuşyňda görelde görkezmek bilen mümkin. Mysal üçin, kömege mätäç birini göreniňde, ene-ata biri-birinden öň oňa ýagdaýyna görä kömek etjek bolup jan etmeli. Şeýdip, çagalarymyzy rehim-şepagatly edip terbiýelejek bolmaly.

Hawa, rehim-şepagatlylyk juda möhümdir. Jomartlyk, elaçyklyk, mertlik, rehim-şepagatlylygyň bir netijesidir. Şonuň üçin çagalarymyzyň bahyl, görip, harsydünýä, gysyk bolmagyny islemeýän bolsak, özümiz ýaşaýşymyz bilen olara rehim-şepagatlylykda, jomartlykda, mertlikde nusga bolmalydyrys. Çünki husyt biriniň  musulman hem bolsa, jennete girmegi gaty kyndyr. Jomart, sahy bir adam fasyk hem bolsa, jennete arkaýyn girip biler.

**Türkmen ene-atasy çagalaryna adalatlydyr**.

Türkmen çagalaryny ogul-gyz diýip tapawutlandyrmaýşy ýaly, birini beýlekisinden artyk tutmaýar. Bu barada sähel goýberilen ýalňyşlygyň çagalara ýaramaz täsir edýänini hökman hasaba almaly. Bir maşgaladaky çagalaryň biriniň beýlekilerden sähel artyk tutulmagy beýlekilerde gysgançlyk, husytlyk, bahyllyk duýgusyny oýarar, doganlar biri-birine duşman bolup galar. Bu hakykata Gurhany kerimde Ýusup aleýhissalamyň kyssasy aýdyň mysaldyr.

Mälim bolşy ýaly, Ýusup aleýhissalam düýşünde ýyldyzlaryň, Aýyň, Güneşiň özüne sežde edýänini görýär. Bu begeniljek we buýsanyljak habary kakasyna aýdanda, Ýakup aleýhissalam: “Oglum, düýşüňi doganlaryňa aýtma!” (Ýusup, 5) diýýär. Pygamberlik parasady bilen ynsanyň ýaradylyşyny juda gowy bilýän beýik ynsan – Ýakup aleýhissalam bu meseläniň doganlar arasynda göriplik, bahyllyk duýgularyny oýarjagyny bilýär. Ýöne, gynansagam, doganlary Ýusup aleýhissalamy öldürmek üçin guýa taşlaýarlar. Endişe eden zatlary bolup geçýär. Diýmek, bu waka

pygamber ojagynda hem bahyllygyň, husytlygyň, göripligiň ynsany nähili erbetlige itekleýändigini görkezýär.

Hawa, çagalardan birini beýlekisinden söýgi, rehim we ş.m... hususlarda artyk tutmak doganlarda dürli ýaramaz duýgulary oýarjakdygy we ene-atanyň bilmezden edýän dürli hereketlerinden ötri çaganyň aňynda gizlin ýigrenç duýgularyny ýüze çykarar. Şeýle hem Ýusup aleýhissalam kyssasy bize söýgüde adalatyň bolup bilmejegini aňladýar. Asyl mesele, çagalaryň maddy zerurlyklarynyň üpjin edilmeginde, sowgat ýaly zatlarda adalatly bolup, bu artyk söýginiň belli edilmezligidir. Çaga ene-atasy taýdan möhüm zat, söýülýändigine ynamdyr, çagamyz bolanlygy üçin ony söýýändigimizi oňa ynandyryp bilmekdir. Bu mesele bilen baglanyşykly Pygamberimiz döwründe şeýle bir waka bolup geçýär: "Sahabadan Numan bin Beşir, ýagny Numanyň kakasy Hezreti Beşir (Alla olardan razy bolsun) bir gün Pygamberimize gelip, şeýle aýdýar:

– Eý Allanyň Resuly, başga çagalarym-da bar, ýöne Numan beýlekilerden üýtgeşik. Rugsat berseňiz, mal-mülkümiň şonçasyny Numana bermek isleýärin. Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem:

– Beýleki çagalaryňa-da şonça berdiňizmi?– diýip soraýar. Beşir:

– Ýok – diýýär. Resulyllah (sallallahu aleýhi wesellem) bu gezek jemagata ýüzlenip şeýle aýdýar:

– Alladan gorkuň we çagalaryňyzyň arasynda adalatly boluň. Soňra Beşire öwrülip:

– Sen çagalaryňyň hemmesiniň saňa deň dereje hormat etmeklerini islärmiň? – diýýär. Beşir bolsa:

– Hawa islärin – diýeninde, Pygamberimiz:

– Onda, beýle etme" diýýär (Buhary).

Ýagny, diňe ýekeje çaga däl, hemmesine deň hukukly bol, ýogsa olardan hukugy kemsinenleriň saňa garşy ýagşylyk duýgulary azalar.

**Türkmen ene-atasy är-aýal mährem gatnaşyklaryny çagadan gizlin saklamalydyr.**

Türkmen ene-atasy ar-namysyň nusgasydyr. Ol kiçi ýaşly çagasynyň düşünip bilmejek, ýöne zehinine täsir etjek mährem hal-hereketlerini gizlin saklamalydyr. Şeýle hem ene-ata we beýleki maşgala agzalary biri-birine, hatda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryna-da uýat ýerlerini görkezmeli däldir. Rugsat soramazdan, ene-ataň otagyna girmegine çaga rugsat bermeli däl. Gurhany kerimde: «Eý, iman edenler, eliňizdäki gul we hyzmatkärler, içeriňizdäki kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryňyz otagyňyza girmek üçin şu üç wagtda hökman rugsat sorasyn: ertir namazyndan öň, günortan dynç

almak üçin eşikleriňizi aýyrýan wagtyňyz we ýassy namazyndan soň» (Nur, 58).

**Türkmen ene-atasy perzendine hemme taraplaýyn ýagşy görelde bolmalydyr.**

Terbiýäniň iň täsirlisi aýdan nesihatlaryňy iş ýüzünde görkezmekdir. Sözüň bilen hereketiň deň gelmegidir. Mysal üçin, Watan üçin şirin jandan geçmek gerekdigini aýdyp, özümiziň bize ynanylan wezipäni şahsy bähbidimize ulanandygymyzy görse, ýalan sözlemegiň, ogurlygyň, haramlygyň, binamyslygyň we ş.m. gylyk-häsiýetleriň erbetligi hakynda nesihat edip, şahsy durmuşymyzda çaga beren sözümizi ýerine ýetirmesek, aç-açan haramlyk etsek, onda çaga beren nesihatlarymyzyň hemmesi netijesiz galar. Şonuň üçin, çagamyzyň nähili terbiýelenmegini isleýän bolsak, durmuşda oňa görelde bolmalydyrys.

Hawa, söz bilen amalyň bütewiliginiň çaga terbiýesindäki täsiri, ýagny, çaganyň halallygy hakynda Ymam Agzamyň başyndan geçendigi aýdylan şu tymsaly aýtmakçy:

Şol döwürde bir çagajyk bal iýse ýarawsyzlaşýar eken. Çaga, näçe gezek “Balam, bal iýme! Keseliň beterleýär” diýilse-de, hiç hili gulak asmaýar. Soňunda näçär galyp, çagany Ymam Agzamyň huzuryna getirýärler we “Bu çaga näçe diýsegem, bizi diňlänok, bal iýme diýsegem, gulak asmaýar” diýýärler. Ymam Agzam: “Çagany äkidiň, kyrk gün soň getiriň” diýýär. Kyrk günden soňra çagany getirýärler. Ymam Agzam çagany öňünde oturdýar, oňa “Bal iýmäni bes et!” diýýär. Çaga ýerinden turýar-da, kakasyndan ötünç sorap, indiden beýläk bal iýmejegine söz berýär. Hossarlary: “Eý Ymam, näme üçin ilkinji gelenimizde nesihat etmediň, bizi kyrk günläp garaşdyrdyň?” diýip soranlarynda, Ymam Agzam şeýle jogap berýär: “Siz çagany maňa getiren günüňiz men bal iýipdim. Eger özümiň eden işimi, onuň taşlamagyny isleýän bolsam-da, mümkin, nesihatym tasir etmän bilerdi. Men kyrk günläp bal iýmäni bes edip, ony bedenimden aýyrdym. Çünki ýürekden çykan sözler ýürege barýar.”

Mukaddes Ruhnama kitabynda pähim-parasatly türkmen ene-atasyna ýagşy görelde bolmak bilen baglanyşykly şu gymmatly maslahat berilýär: ***“Perzent edep görmese, edep görkezmez. Edebiň iň ýagşysy bolsa, öz-özüňi çäklendirmekdir. Göwnüňe gelen zady edibermek, haram islegleriň öňünde ejizlik il içinde biabraýlyga, diliň gysgalygyna, ýüzüň ýere salynmagyna getirer. Seniň biabraýlygyň bolsa perzendiň adyna uly tegmildir.***

***Türkmende ata akyl-parasadyň, watanparazlygyň, ar-namysyň, adalatyň nusgasy. Türkmende ata terbiýe beriji hökmünde göz öňüne gelmeýär, ata çagasyna hiç haçan eýle bol, beýle bol diýip aňsat-aňsat pent etmeýär. Ata öz perzendine nähili bolmalydygyny, nähili ýaşamalydygyny durmuşda öz işleri, bolşy, edim-gylymy bilen nusga bolup görkezýär. Ata öz perzendine näme diýjek bolsa, nazary bilen diýip bilýär.***

***Mirasyň ýagşysy edepdir. Edepli perzent il içinde halal ýaşamagyň tärini atasyndan öwrenen perzentdir. Perzent seniň synaň bir bölegidir, synaň bölegine özüň jogapkärsiň. Eger ol zaýalansa, tutuş bedeniň hassa bolar.***

***Eziz ata-ene, sen öz jigerbendiňe:***
***Halal bilen haramyň arasyny açyp ber.***
***Ýalan bilen çynyň arasyny açyp ber.***
***Ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyny açyp ber.***
***Zähmet bilen harsydünýäligiň arasyny açyp ber.***
***Ylym bilen nadanlygyň arasyny açyp ber.***
***Haýyr bilen şeriň arasyny açyp ber.***

***Şularyň arasyny dil bilen däl, iş bilen açyp berseň, perzendiňe terbiýe berdigiňdir."***

Mukaddes Ruhnamanyň dili bilen jemläp aýtjak bolsak: «***Türkmen ata-babalarymyz merdana halk bolup, öz geljekki nesillerini eneleriniň göwresindekä terbiýeläp başlapdyr. Türkmen çagasy 10-12 ýaşynda kämillige, batyrlyga, milli terbiýä we uly durmuş gözýetimine eýe bolupdyr. Şol sebäplere görä, ten sagdynlygy, akyl päkligi, ýürek arassalygy türkmene mahsus bolupdyr.***

***Pähim-parasatly türkmen atasy öz çagalaryna terbiýe bermek üçin onuň özi oňat şahsy görelde görkezmelidir, çagalar bilen mährem bolmalydyr, sadalyk, rehimlilik, güleryüzlülik, söýgi, üns-alada çagalary gurşap almalydyr, ata adalatly bolmalydyr. Türkmen çagasy halal, watanyna wepaly, sazlaşykly ösen, sagdyn pikir ýöredýän, jomart we jogapkärçiligi duýýan adam bolup ýetişensoň, ata-enäniň soňky borjy perzendine şular bolmalydyr: birinjiden, hünärli bilim bermelidir, ikinjiden, öý tutup bermelidir, üçünjiden, öýermelidir! Ondan soň türkmen ýigidi öz durmuş ýoluny öz güýji bilen geçmeli. Ine, biz şu üç borjy türkmen ilimizde esas edineliň! Her bir zat babatda maksadymyz aýdyň bolsun!"***

## PERZENDIŇ ATA-ENE ÖŇÜNDÄKI BERGI-BORJY

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Eziz ýaşlar!***

***Ejeleriňizi depeleriňize täç ediň! Siziň ömrüňize bagt nurun çaýýan ejeňizdir, kakaňyzdyr.***

***Durmuşyň tagamy – ata-enä goýýan hormatyňdadyr!***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Ýeriň ýüzünde ene-atadan eziz zat ýokdur. Allatagala Gurhanyň ençeme aýatynda Alla iman we tagat-ybadatdan soňra ene-ata boýun bolmagy we ýagşylyk etmegi buýrandyr. Çünki Allatagala älemi we bizi gudraty bilen ýaradyşy ýaly, hikmeti bilen bolsa dünýä gelmegimize ene-atamyzy sebäpkär kylandyr. Nisa süresiniň 36-njy aýatynda şeýle aýdylýar: «Alla ybadat ediň, Oňa hiç zady şärik goşmaň, soňra ene-ata ýagşylyk ediň.» Her ene çagasyny göwresinde göterip, uly kynçylyklar bilen dünýä inderýär. Kaka hem çaganyň zerurlyklaryny üpjin etmek üçin akylyňa-hyýalyňa-da gelmedik kynçylyklara döz gelip, halal zähmet we uly azap çekýär. Olar hemişe çagalarynyň bähbidi, saglykly we bagtyýar ýaşaýşy üçin öz bähbidinden geçip, hiç zatdan janyny gaýgyrmaýar. Ýeri gelende şirin janyny hem gurban etmegi hiç zatça-da görmeýär. Ene-atany iň köp begendirýän zat çagalarynyň bagtly ýaşaýşydyr. Çaganyň sähel ýeriniň agyrmagy olary gynandyrýar, gam-gussa batyrýar. Ene-atanyň çagasy üçin gören görgülerini, çeken zähmetini söz bilen aýtmak mümkin däl, oňa diňe ene-ata bolanlar doly düşüner. Şonuň üçin şu ýagty jahana gelmegimize sebäp bolýan ene-atamyzyň öňündäki perzentlik borjumyzy bilmelidiris.

Mukaddes Ruhnama kitabynda perzendiň ene-atanyň öňündäki borjy barada şeýle aýdylýar: ***“Perzent ene-atasy bilen diňe edep görkezip üzlüşip biler. Edep manysy bergidir.***

***Edepli perzent öz-özünden döremeýär. Perzent terbiýä mätäçdir. Terbiýesiz çaga baş öwredilmedik at ýalydyr.***

***Terbiýäniň manysy çaga öňden ykrar edilen jemgyýetçilik gymmatlyklaryny siňdirmekdir we ony jemgyýetçilik ýaşaýşyna ýaramly, ukyply şahsyýete öwürmekdir.”***

Perzendiň ene-atanyň öňündäki bergi-borçlaryny şeýle sanamak bolar.

**Ene-ata boýun bolmak we hormat etmek.**

Ene-ata hormat etmedik perzendiň Alla hem hormaty ýokdur. Ene-atasynyň hukugyny hasaba almadyk we olara garşy giden bir perzent adam sypatly wagşy haýwan ýalydyr, çagasynyň ruhy durmuşyny kepillendirmedik, ony edep-terbiýe mirasyndan mahrum eden ene-ata bolsa rehimsiz ganhor mysalydyr. Çaga öz gaýratyna ruhyýet ýoluny tapyp kanagatlanjak wagty onuň ganatyny döwen ene-atany bolsa nämä deňejegiňi bileňok.

Ynsan ene göwresine düşen gününden ene-atasynyň egninde olara agyr bir ýük bolup kemala gelýär. Bu barada ene-atanyň çagasyna bolan rehim-şepagatyny wasp etmek mümkin däldigi üçin, olara hormat etmek, sarpa goýmak, gadyryny bilmek hem ynsanlyk borjy hem-de bir wezipedir. Şol sebäpli-de çaga ene-atanyň buýrugyny hökman berjaý etmeli, oňlamadyk işiňden ýüz döndermeli, diýenini kyn görmän wagtynda etmeli, ynjytmazlyga çalyşmaly. Ene-ata hormat etmezligi, boýun bolmazlygy Pygamberimiz şirkden soň iň uly günäleriň biri saýypdyr (Buhary). Mukaddes Ruhnama kitabynda bu barada şeýle aýdylýar: ***“Eý, türkmen perzendi!***

***Perzendiň nähili perzentdigi – gowulygy, ýaramazlygy ata-enesine goýýan hormatynda, hyzmatynda äşgär bolýandyr. Her kim ata-enesine goýýan hormaty bilen tanalýandyr. Ata-enesini hormatlamaýan adam, hernäçe gowy diýilse-de ynanmaryn.***

***Edebiň ýagşysy ata-eneňi sylamakdyr.***

***Ähli edepleriň başy ata-eneňi hormatlamak, derejelemek edebidir. Ata-eneňi derejelemek olary öz derejesinde – ata-ene ornunda görmekdir, bu uly sylagdyr, çünki ata-enelikden uly dereje ýokdur.”***

Eger-de ene-ataň seniň anyk bilmeýän, başarmaýan ýa-da ýalňyş bir işi emr etse, tagat etmek dürs däldir. Bu barada Gurhany kerimde şeýle aýdylýar: “Biz ynsana berjaý etmeli iň haýyrly amal hökmünde ene-atasyna ýagşy hereket etmegini ündedik. Emma olar senden hiç hili anyk bilmedik zadyňy maňa şärik goşmagyňy buýursa, onda boýun bolma!” (Ankebut, 8).

Bu aýatyň inmegine sebäp bolan şu wakany Sad bin Ebi Wakkas şeýle gürrüň berýär: “Meniň eneme hormatym has ýokarydy, onuň bir diýenini gaýtalatmazdym. Men musulman bolamda heniz çagadym. Enem meniň musulman bolanymy eşidende:

– Eý Sad! Bolşuň näme? Ýa sen bu täze diniňi taşlarsyň, ýa-da men iýip-içmerin, ahyry ölerin. Senem men sebäpli «Eý enesini öldüren» diýip aýyplanarsyň – diýdi. Menem:

– Ejem jan, beýtme. Şuny berk belle, men dinimi taşlamaryn!– diýdim. Iki gün, iki gije garaşdym, ejem hiç hili iýip-içmedi. Bu gezek oňa şeýle diýdim:

– Ejem jan, kasam edýän we şuny berk belle, seniň ýüz janyň bolsa her birini ýeke-ýeke tabşyrsaň, men ýene-de dinimi taşlamaryn. Öz göwnüň biler, isle iý, isle-de iýme – diýdim. Ejem meniň çynymdygyna göz ýetirensoň, hökman iýip başlady, soňra Ankebut süresiniň 8-nji aýaty indi ("Tejridi Saryh").

Pygamberimiz başga bir hadysynda: "Şübhesiz Allatagala size eneleriňize ytagatsyzlygy.. haram kyldy" diýip aýdýar (Buhary). Pygamberimiziň «Jennet eneleriň dabanynyň aşagyndadyr,» hadyslary bilen, ene Allatagalanyň ýanynda uly mertebä eýedir we çagalarynyň söýgüsiniň we hormatynyň dörtden üçüsine mynasyp görlendir.

**Ene-ata hemişe ýagşylyk etmek.**

Ene-atasynyň gadyryny bilip, olary Hakyň razylygyny gazanmaga sebäp saýanlar, bu dünýede-de, ol dünýede-de iň bagtyýar adamlardyr. Olary kemsidip, hyzmatyndan irizenler, ýigrenenler bolsa süýrenip, azap çekmäge laýyk bolan bedasyl kişilerdir. Gurhany kerimde ene-ata ýagşylyk etmek hakynda şeýle aýdylýar: "Biz ynsana ene-atasyna ýagşylyk etmegini sargadyk. Çünki enesi ony ençeme azaplar bilen göwresinde daşandyr. Iki ýyl çemesi bolsa enesinden süýt emendir. Ynsana, Maňa hem-de ene-ataňa şükür et, soňunda Maňa dolanyp geljegiňi unutma diýip tabşyrdyk" (Lokman, 14). Isra süresiniň 23-nji aýatynda bolsa, Rabbyň şeýle buýrandyr: ″Alladan başgasyna ybadat etmäň, ene-ataňyza ýagşylyk ediň."

Pygamberimiz aleýhissalam bolsa: "Ene-ata ýagşylyk, wagtynda okalan namazdan soňra Allanyň iň köp halaýan amalydyr" diýip aýdýar (Buhary). Pygamberimiz urşa gatnaşjak bolup gelen bir sahabany garry ene-atasyna hyzmat etmek üçin yzyna iberýär. Şu we şuňa meňzeş aýaty kerimeler we hadysy şerifler ene-ata ýagşylyk, haýyr-sahawat etmegiň nähili möhümdigini beýan edýär.

Aýratynam, Pygamberimizden: "Ýagşy söhbetdeşlik etmäge iň köp kim mynasypdyr, eý Resulyllah?" diýlip soran sahaba, üç gezek "Eneňdir" diýenden soňra, dördünjide "Ataňdyr" (Buhary), manydaky hadysdan alym Kurtubi şu netijäni çykarýar: "Ýagşylyk etmek taýyndan enäniň hukugy atanyňkydan üç esse artykdyr. Çünki ene atadan artyk bolup, göwrelilik, dogurmak we emdirmek zähmedini çekýär. Kakanyň bu üç meselede enä hiç hili kömegi degen däldir."

Netijede, Alla tagat-ybadatdan soňra ene-ata ýagşylyk etmek, aýratynam, enä üns bermek, hyzmata mätäç ýagdaýa gelenlerinde möhümlerini bitirmek perzent üçin parzdyr.

Mukaddes Ruhnama kitabynda perzendiň ene-ata bergisini üzmek bilen baglanyşykly şeýle aýdylýar: ***“Türkmen perzendi enesine käbe, atasyna kybla diýýändir. Käbe, kybla manysy mukaddeslikdir.***

***Eý, oglum! Ataň öňündäki bergiňi üzmek isleseň, ataňdan alanyňy ýüz esse edip gaýtar, eneň öňündäki bergiňi üzmek isleseň, eneňden alanyň ýüzden birini gaýtarjak bol!***

***Ataň-eneň öňündäki bergiň – iň uly bergidir, çünki olar saňa iň uly zady, başga zatlar bilen denäp bolmajak, başga hiç zat bilen ölçäp bolmajak zady – ömrüňi berendirler.***

***Eneň gujagynda, ataň gorawynda geçiren günleriň ömrüň iň bagtly, ýaşaýşyň iň datly pursatlary dälmidir?!***

***Saňa seniň özüňden ýakyn, saňa seniň özüňden belet, seni seniň özüňden eziz görýän, seniň gowulyklaryňa seniň özüňden artyk guwanýan, seniň kemlikleriňe seniň özüňden beter gynanýan, özüňi özüň bagyşlamajak ýeriňde seni bagyşlap bilýän, özüňi özüň götergilemejek ýeriňde seni ýokary göterip bilýän adamlar bar bolsa, olar diňe ataň bilen eneňdir.***

***Ata-eneňe ýagşylyk et, ýagşylyk et hem-de näçe ýagşylyk etseňem, olar bilen üzlüşip bilmejekdigiň hakynda pikir et!”***

**Ene-ata ýagşylygyň görnüşi şeýledir:**

Gurhany kerimde ene-ata ýagşylyk etmek, «birr» we «yhsan» sözleri bilen düşündirilýär. Ene-ata «birr» we «yhsan» etmeklik, çyn ýürekden isläp ýagşylyk etmek, hukuklaryny berjaý etmek, sylag-hormat etmek manylaryny aňladýar. Perzendiň ene-atasynyň öňündäki hukuklaryny doly ödemegi mümkin däldir. Bu barada Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem şeýle aýdýar: “Perzent kakasyny gul hökmünde tapsa we ony satyn alyp azat etse, ýene-de perzentlik hukugyny doly berjaý edip bilmez” (Müslim). Başga bir hadysda bolsa şeýle rowaýat edilýär: “Bir adam enesini arkasyna alyp, Käbäni togap etdirýär eken. Şol aralyk Resulyllahy gördi we “Enäniň perzentlik hukugyny ödäp bildimmi?” diýip soraýar. Pygamberimiz aleýhissalam “Ýok, seni göwresinde daşaýarka, bir dem almak pursadyndaky zähmetiniň hakyny hem ödäp bilmediň” diýip jogap berýär” (Buhary). Diýmek, perzent ene-atanyň hukugyny näme etse-de, doly ödäp bilmez. Ynsan diňe eden ýagşylygy bilen olary razy edip, şeýlelikde, Allanyň hem razylygyny gazanan ýagdaýynda ene-atasynyň

öňündäki perzentlik borjuny ýerine ýetirip biler. Şonuň üçin ömür saparynda olara ýoldaş bolmaly, agyrsa, ynjasa, gatyrganmaly däl, köňlüne gussa salmaly däl, ýanyňdaka gaty geplemeli däl... Ene-atany razy etmegiň ýollaryny Allatagala Isra süresinde şeýle beýan edýär: “Eger olardan (ene-atańdan) her ikisi ýa-da biri garrap seniň ýanyňda bolsalar, olara hyzmat etmekden irme, sähelçe-de gödek söz aýtma, käýeme, olaryň göwnüni awlamak üçin mylaýym gürle, rehim-şepagatlylyk we pespällik bilen olara hemaýat edip, şeýle ýagşy doga-dileg edip ber: ″Eý Rabbym, kiçi çagakam olar meni nähili mylaýymlyk, seresaplyk bilen ýetişdiren bolsalar, Sen hem olary merhemetiň bilen sylagla!’”(Isra, 23-24). Bu aýatda Allatagala ynsany ene-atasynyň öňünde bäş zat bilen bergili edýär. Olar:

***a) Ene-ata sähelçe-de gödek söz aýtmazlyk.***

***b) Ene-ata käýemezlik.***

***ç) Ene-ata mylaýym söz sözlemek.***

***d) Ene-ata rehim etmek.***

***e) Ene-ata ýagşy doga-dileg etmek.***

Hadysda şeýle diýilýär: “Ynsan dünýeden ötende amal depderi ýapylar, emma şu üç kişiniň amal depderi ýapylmaz, oňa dowamly sogap ýazylar. Olar: sadakaýy garyýe eden il bähbitli işleri bitiren, ýagny, metjit, ýol, körpi gurduran, guýy gazdyran, we ş.m. işleri eden adam, dowam eden ylym, ýagny, ynsanlar peýdalanar ýaly kitap ýazyp galdyran alym kişi we hemişe ýagşy doga-dileg edýän, halal ýaşaýan salyh perzentdir.”

Ynsan ene-atasyna, maşgalasyna, halkyna peýdaly, wepaly perzent bolmagy üçin bu üç topardan birisi bolup biler.

Mukaddes Ruhnama kitabynda hem perzent edebi, akyl edebi, söz edebi, hereket edebi, göwün edebi, we kömek edebi görnüşde düşündirilýär: “***Atań-eneň öňünde akyl edebini berjaý et!***

***Akyl edebiniň manysy atań-eneň gadyr-gymmatyna, tapylgysyzdygyna akyl ýetirmekden ybaratdyr. Akyl edebiniň birinji şerti-de atań-enäň kimdigine, kimlerdendigine, öz gelip çykyşyňa akyl ýetirmek, öz nebere kökleriňi bilmektir. Türkmençilikde şejeräňi – nesil daragtyňy oňat bilmek, ýedi arkaňa belet bolmak her bir perzendiň borjy hasaplanylýar, çünki ýedi arka – arkalylyk, asyllylyk, seniňem il sanyndadygyň güwänamasydyr..***

***Akyl edebiniň şerti öz ýedi arkaňy düzýän adamlaryň diňe bir atlaryny däl, eýsem, ömrüni, eden işlerini, gylyk-häsiýetini bilmekden, öwrenmekden we mydama hakydaňda göterip gezmekden ybaratdyr.***

*Perzent ata-enesiniň öňünde söz edebini berjaý etmelidir. Söz edebiniň şertleri anykdyr hem-de inçedir. Olar perzendiň akyl edebinden gelip çykýar we onuň şahsy medeniýetiniň, ekramynyň hem-de sypaýylygynyň görkezijisi bolup durýar. Söze erk edip bilmek uly sungatdyr. Söz adamlaryň biri-biri bilen gatnaşygynyň serişdesidir. Şol gatnaşyklar oňun bolsa, munuň özi söz edebiniň ýokary derejesi, ol gatnaşyklar ýaramaz bolsa-da, ol söz edebiniň perzende gowy berilmändiginiň alamatydyr.*

*Eý oglum!*

*Ataň-eneň ýanynda seniň sesiň olaryňkydan belent däl-de, pes hem-de mylaýym eşidilsin! Gaty geplemek hökmürowanlygyň nyşanydyr, emma sen ata-eneňe hökmürowan däl-de, olaryň hökümini ýerine ýetirijisiň! Ýuwaş, mylaýym, mylakatly, diňe manysy däl, owazy bilen-de özüne çekiji gürle!*

*Ataň-eneň sözüni çekmelisiň! Olar bilen gürleşmek seniň üçin ýöne gep alyşmak däl-de, eýsem, halyndan habar alyşmakdyr. Ataň-eneň ýöne diliniň owazyna däl, eýsem, ýüreginiň hem paýhasynyň owazlaryna diň salmagy başar!*

*...Ataň-eneň ýanynda gelşiksiz, nälaýyk sözleri diliňe alma! Hoşzyban bol, süýji gürleş! Eger haýsydyr bir meselede başgaça pikirde bolsaňam, öz mamladygyňy hoş sözler, delilli hem sypaýy sözler bilen düşündirjek bol!*

*Ataň-eneňe gaty-gaýrym, zoňtar, degnasyna degýän sözleri aýtma! Hakykat zoňtar, göwne degiji hem gödek bolýan däldir.*

*Ataň-eneň ýanynda ýumşak sözle! Seniň sözleýşiň, gep-gürrüňiň gyzykly hem özüne maýyl ediji bolsun!*

*Ataň-eneň bilen gözüniň içine seredip, ýokardan bakyp, ýüzüňi kesä sowup gürleşme! Beren soragyny jogapsyz goýma, ýarym-ýaltalyk, men-menlik, gahar bilen jogap berme!*

*Ataň-eneň bilen "siz" diýip gürleş!*

*Adyny, lakamyny tutma!*

*Ataň-eneň ýanynda gaty gülme, ýaňsyly pyňkyrma!*

*Ataň-eneň ýanynda dymmagy başar!*

*Asla sözüni bölme!*

*Perzent ata-enesiniň öňünde hereket edebini berjaý etmelidir.*

*Ata-eneňe bir kemsiz hyzmat et! Ata-enäniň hyzmatynda bolmak uly bagtdyr. Emma, näçe hyzmat etseňem, olaryň öňündäki bergileriňi üzüp bilmejekdigiňi mydama ýadyňda sakla!*

***... Watan bilen, ata-ene bilen üzlüşmek ýokdur, olara ölinçäň hyzmat etmek bardyr!***

***Ata-eneň buýruklaryny, ýumşuny, tabşyrygyny ýerine ýetir! Bu işden lezzet alýan perzent kemally perzentdir. Olary bitirmejek bolup, bolar-bolgusyz bahanalar tapma, ata-ene perzendiniň bitirip bilmejek işini, oňa biabraýlyk ýa şek getirjek işi buýurýan däldir!***

***Ata-eneň gargyşyndan, käýinjinden hem nägileliginden daşda bol!***

***Ata-eneden razylyk alman, ýola çykma! Uzak ýoldan geleniňde, ilki bilen, ata-eneň bilen salamlaş, hallaryndan habar al!***

***Ata-eneň ýanyňa, öýüňe gelse, öňünden çykyp garşy al! Özi gelip girýänçä, göwnübir oturmak, gyşaryp ýatmak, "Geldiňmi!" hem diýmezlik uly biedeplikdir.***

***Ata-eneň öýden çykanda, özi "gal" diýýänçä ugrat! Mejalsyz, ýarawsyz bolsa, ýaltanma, başga birine tabşyrma-da, barýança ýoldaş bol!***

***Ata-eneň çagyrsa, eglenmän ýanyna bar! Ilki eneň, soňra ataň ýanyna bar!***

***Ata-eneň möhümini öz işiňi gaýra goýup, wagtynda bitir!***

***Ýumuşçyl bol! Ataň-eneň üçin hereketde bolsaň, ömrüň bereketli bolar. Diňe çagakaň däl, ulalaňda-da, ata-eneň üçin el-aýak bol! Çünki el-aýagyňy şolardan alansyň!***

***Perzent ata-enesiniň öňünde göwün edebini berjaý etmelidir.***

***Ata-eneňe mähirli, mährem hem-de hamrak bol!***

***Ata-eneň – iň oňat dostuň, iň wepaly mähribanlaryňdyr.***

***Şatlananda, şadyýan bol! Gaýgylansa, göwünlik ber! Olar bilen ýürekdeş bol! Çünki sen olaryň ýüreginden önensiň. Olaryň ugrunda bagryň giryan bolsun, çünki sen olaryň bagryndan önensiň!***

***Perzent ata-enesiniň ýüreginiň örki, bagrynyň bagydyr.***

***Köp gepleýär, artyk gepleýär diýip dargursaklyk etme! Geplemegi şolardan öwrenensiň.***

***Dertli bolsa, derdini paýlaş! Çünki bäbeklikden çagalyga, çagalykdan oglanlyga, oglanlykdan ýigitlige, ýigitlikden ululyga geçmek möwritiniň agyrysyny we yzasyny – adam ösüşiniň yzasyny olaram seniň bilen deň çekişendir.***

***Hassalyk sebäpli jebir-jepa berse, ýüregiňizi aýrylap, günä galmaň! Bäbekkäň derdiň özüňe däl, ata-eneňe bolandyr, olar garryka derdini sen almalysyň!***

***Ata-enäni ynjytmazlyk aladasy her ädimiňde, her işiňde, her amalyňda berk ýadyňda bolsun! Olary ynjytjak pişelerden daşda dur.***

***Halamajak işinden gaýt, begenjek işinden ýüz öwürme! Ata-enäniň göwnüni awlamak, ýeke gezek begendirmek – iň uly sogapdyr.***

***Garrap, tapdan düşende, ýöremekden, gürlemekden, görmekden galanda tekge bol! Ata-eneň özüňe aýtmasa-da, ýüzüňden, hereketiňden, bolşuňdan seniň özüne nähili garaýandygyny bilip oturandyr.***

***Perzent ata-enesiniň öňünde kömek edebini berjaý etmelidir.***

***Eşigi özüňkiden oňat bolsun!***

***Iýýäni özüňkiden oňat bolsun!***

***Arzuwyna ýetir!***

***Ähli geregini tapyp ber!***

***Golda baryň, bar zadyň eýesi şolardyr!***

***Olardan zadyňy gysganma!***

***Ruhuna sadaka ber!"***

Ýagny, ýogalandan soň, adyna aýat-töwir et, sadaka ber. Çünki türkmen düşünjesine görä, merhumyň alnyna barýan aýat-doga diňe onuň öz perzentleriniň edýän dogalarydyr. Olara o dünýäde başga kişiden haraý ýokdur.

## DOGANLAR ARASYNDAKY GATNAŞYKLARDA EDEP

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Doganyň dost bolsun, dostuň dogan!***

***Dogan seniň bir bölegiňdir, dost ruhuň bir bölegidir.***

***Hakyky doganlyk şu iki tarapyň birleşýän halatydyr, doganyň bilen ýürekdeş, kalpdaş bolsaň, ol diňe bir teniň-ganyň däl, eýsem, ruhuňam bir bölegine öwrüler.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Ynsanlar bir ene- ata ýa-da bir ene ýa-da bir ata tarapyndan biri-birine dogan bolup bilerler. Bularyň hemmesi dogandyr we gan damarlarynda bir gan aýlanýandyr. Hiç bir adamyň öz doganyna, näme üçin doguldy, näme üçin ýaradyldy diýip zeýrenmäge, närazy bolmaga haky ýokdur. Doganyňy özüňki diýip hasap edip içiňe siňdirmeli. Şeýle pikir edilip ynanylan ýagdaýynda ynsan gatnaşyklaryny ýöretmek, özara söýgi, sylag-hormat, arkalaşmak we kömekleşmek ýollaryny pikirlenip tapmaly. Uly dogan

kiçileriň ýol görkezijisidir. Oňa hormat goýlup, onuň tabşyrygy ýerine ýetirilmelidir. Aýratyn hem ulularyň (kaka-ejäniň, ata-enäniň, daýy-daýzanyň we ş.m.) ýok ýerinde, uly dogan kiçilerine hossar bolup, kakasynyň wekilçiligini ýerine ýetirmeli. Kiçiler özlerini bu ýagdaýa görä alyp barmalydyr. Bu ýagdaý Mukaddes Ruhnamada şeýle düşündirilýär: ***“Doganlyk edebiniň başy agzybirlikdir.***

***Agzybirlikde aganyň agzy bilen gürlenilýändir. On dogan bolsa, on kelle bolup pikir ediler, emma netijede aganyň agzy bilen gürleniler.***

***Aga bolsaň, agalyk edebini berjaý et!***

***Ulularyň ýardamçysy, kiçileriň aramçysy bol!***

***Kiçilere naharlanmak, salamlaşmak, sözleşmek, işlemek, okamak, dynç almak edebiniň göreldesini görkez! Ula geňeş, kiçiniň pikirini bil!***

***Ula – ini, kiçä – aga bol!***

***Çagalaryň ýanynda dana, danalaryň ýanynda ini bol!***

***Uly durka – oturma, otyrka – ýatma!”***

***“Aga işiň kynyny özi eder, ýüküň agyryny öz gerdenine alar, howpy ilki özi garşylar. Inisini aýar, çünki iniler neberäniň geljegidir.”***

Gyz doganlar wagty gelende gelin bolup durmuşa çykarlar we şeýlelik bilen maşgaladan aýrylmaly bolarlar. Olar bilen has näzik gatnaşyklar saklamaly. Aýratyn hem durmuşa çykan gyz doganlary atasynyň öýüne gelende oňa, adamsyna, çagalaryna uly hormat goyup, has mähirli bolmalydyr. Agyr günlerde onuň ýanynda we hyzmatynda bolmaga hemişe taýyndygyňy ynandyrmaly. Olary mähir bilen garşy alyp, mähir bilen ugratmalydyr. Mukaddes Ruhnama kitabynda aýal dogana hormat goýmagyň edebi şeýle düşündirilýär:

***“Naçar uýadan hoş sözüňi, gol ýardamyňy gysganma!***

***Uýaň eneden soňky mähribanyňdyr.***

***Öz gyzyňda aýal doganyň gaýtalanýandygyny duýduňmy?!***

***Uýaň eneňden soňky duşýan ar-namysyňdyr.***

***Bihepbe giýew sowulmaz töhmete meňzär. Uýaň öňünde ýazykly ýaly bolarsyň. Öz halanydyr, öz saýlanydyr, emma giýew bihepbe çykanynda onuň derdeseriniň baryny uýaň başyna atasyň gelmez. Uýaňy şowsuzlykda ýeke goýma, uýa bagtly bolsa, bagtyny dogany bilen paýlaşar, uýa betbagt bolsa, diňe doganyndan garaw islär.”***

Maşgalada bagtlylygyň gözbaşy ene-ata we çagalar arasyndaky mähir-muhabbetden, sylag-hormatdan, rehim-şepagatlylykdan başlanýar. Doganlaryň özara gatnaşyklary hem edil şunuň ýalydyr. Şonuň üçin doganlaryň özara gatnaşyklarynyň edebini şeýle düşündirmek bolar:

1. Doganlar özara gatnaşyklarda birek-birege söýgi, sylag-hormat goýmaly, ýaşy kiçiler ulularyny ene-atanyň ornunda kabul edip, olara boýun bolmaly, ulular bolsa özlerini hemişe mylakatly, geçirimli alyp barmaly.

2. Doganlar ene-atany gynandyrjak ýakymsyz sözlerden, gödek hal-hereketlerden özlerini daş saklap, agzybirlik we jebislik ruhunda ýaşamaly, pul, baýlyk, miras ýaly maddy zatlary hyýanatçylykly peýdalanmaly däl we özara birlik we bütewilik ruhuny goramaly.

3. Doganlar öz aralarynda wezipe, şöhrat, baýlyk, abraý ýaly zatlara bahyllyk bilen garamaly däl. Doganlaryň biri ylym, baýlyk we wezipe taýdan ulalsa, üstünlik we abraý gazansa, bu ýagdaýa buýsanmaly, begenmeli. Gabanmak, bahyllyk, husytlyk edepsizlikdir. Şeýle hem maddy we ruhy taýdan baý we güýçli bolanlar-da beýleki doganlara kemsidiji nazar bilen seretmeli däl, gaýta, tersine, güýjüniň ýeteninden olara kömek goluny uzatmaly we hossar çykmalydyr.

4. Doganlar öz aralarynda tutan tutumlary we pikirdir garaýyşlary taýyndan biri-birine gapma-garşy bolan ýagdaýynda-da hiç hili kynçylyk döretmezden, biri-birlerini hormat bilen garşy alyp, geçirimlilik edip, mylakatly gürleşmek arkaly çözülişmeli.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitabynda «Dogan mukadddesligini» şeýle düşündirýär: ***“Türkmende doganlyk edebiniň şertleri kagyza ýazylmadyk, emma ýüreklere ýazylan kanunlar hökmünde görlüpdir.***

***Aga-ini edebiniň şertleri şulardyr:***

***Her iş bolsun, aga baş bolsun!***

***Ini agadan ata-enä hormat goýmagy, arzylamagy öwrenýändir. Ata ýogalsa, aga ata ornunda galýandyr. Aga agalyk edýändir. Ini ilçilik edýändir. Türkmeniň bu düzgüni atamyz Oguz handan galan ýaşaýyş kanunydyr. Oguz han türkmen üç uly ogluna ýaý, üç kiçi ogluna bolsa ok beripdir. Şondan soň ol, kiçiler ulularyň ilçisi bolsun diýipdir. Ok, ýaý nirä atsa, şol tarapa-da gitmelidir. Ilçiniň borjy bolsa ulular bilen il bolmakdyr. Il bolmagyň manysy ulynyň diýeni bilen bolmak, ulynyň görkezmelerini berjaý etmek, ula gulak asmak diýmekdir. Ilçi aganyň erkine tabyn bolup, onuň erkini we aýdanyny ýöretmelidir.***

***Maşgalada we jemgyýetde aga inisine görelde bolýandyr. Aga inä garaw, ini aga ýaraw bolar. Aga inisiniň daşynyň galasydyr, ini agasynyň haýyr işleriniň alajydyr.”***

Elbetde, daş-töweregimizde şeýle duýgy we düşünjede hereket edýän, güýçli, bagtly maşgala bolan doganlara häzirki günlerimizde duş gelinýär. Doganlaryň özara oňşuksyzlyklary, düşünişmezlikleri, elbetde, ene-atany we maşgala agzalaryny gynandyrýar we birahat edýär. Şonuň üçin Kabyl ýaly, Ýusup aleýhisselamyň doganlary ýaly däl-de, Musa bilen Harun aleýhisselam ýaly biri-birini söýýän, goldaýan, arkalaşýan, birek-birege sylag-hormat goýýan, hossar çykýan, hemaýat edýän doganlar bolmak hemmämiziň asylky wezipämiz hem-de baş maksadymyz bolmalydyr.

## GELIN ÝA-DA GIÝEW BILEN GAÝYN ENE WE GAÝYN ATA ARASYNDAKY EDEP KADALARY

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Öýe gelen gelni (gelin sözi — gelen sözündendir) maşgala öwrenişdirmek, maşgalanyň edim-gylymlaryny öwredip, ony hojalyk işine, täze öýe uýgunlaşdyrmak ýigidiň, gaýynlaryň borjudyr. Türkmeniň ajaýyp däbi bar. Täze gelin öýe gelen gününiň ertesi, ol gaýyn enesine, gaýyn atasyna eglip salam berýär, soňra ony gyzlar ýakyn goňşy-golamlaryň, garyndaşlaryň öýüne aýlaýarlar, gelin olara hem uly hormat goýup, baş egip, salam berip çykýar. Gelin türkmeniň dana däbi boýunça ilkinji bolup, öz borjuny berjaý edýär. Diýmek, sizem öýlenýän ýigidi hormatlaýan bolsaňyz, onuň maşgalasyny hem hormatlamalysyňyz. Ine, şeýdip gatnaşyk sylag-hormatdan başlanýar, ol sylag-hormat kem-kemden uly maşgala söýgüsine, dostluga aýlansyn. Täze gelen gelin maşgalanyň, obanyň sylagly-serpaýly gelnine öwrülsin! Bu zatlar, hormatly erkek kişiler, size bagly!***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Umuman, maşgala agzalary özara dürli gatnaşyklarda bolýarlar we dürli atlar bilen çagyrylýarlar. Maşgalanyň her bir agzasynyň orny we mertebesi aýratyndyr. Maşgalanyň içinde we daşynda ynsan garyndaşlyk açan adamlarynyň ýakynlyklaryna görä üýtgeşik at alar.

Mysal üçin,

Öýlenen erkek – atasynyň we enesiniň agtygydyr.

Öýlenen erkek – ejesiniň we kakasynyň ogludyr.

Öýlenen erkek – daýy we daýzalarynyň ýegenidir.

Öýlenen erkek – kiçi jigileriniň agasydyr.
Öýlenen erkek – özünden uly doganlarynyň jigisidir.
Öýlenen erkek – aýalynyň äridir.
Öýlenen erkek – çagalarynyň kakasydyr.
Öýlenen erkek – gaýyn ata-gaýyn enesiniň giýewidir we ş.m-ler.
Maşgaladaky “gelniň“ yagdaýy bolsa edil şeýledir :
Gelin – atasynyň we enesiniň agtygy.
Gelin – ejesiniň we kakasynyň gyzy.
Gelin – jigileriniň gyz dogany, uýasy.
Gelin – daýy we daýzalarynyň ýegeni.
Gelin – äriniň aýaly.
Gelin – çagalarynyň ejesi.
Gelin –gaýyn ata we gaýyn enesiniň gelni.
Gelin –äriniň erkek doganlarynyň ýeňňesi, gelnejesi.
Gelin –äriniň doganlarynyň ýan ýoldaşlarynyň eltisidir.

Maşgala agzalarynyň özara ýakynlyk derejesine görä jogapkärçilikleri hem üýtgeýär, özüni tapawutly alyp barmaklyga mejbur edýär. Ynsanyň gaýyn enesi we gaýyn atasy has ýakyn garyndaşydyr. Bu hem ene-ata we perzent gatnaşyklary ýalydyr. Ynsanyň öz ene-atasyna bolan borçlary we jogapkärçiligi, gaýyn enesine we gaýyn atasyna bolan borçlary we jogapkärçilikleri tapawutlydyr.

Öýüň gelni şu ýagdaýy berk bilmeli, ýagny ýanýoldaşy müň bir zähmet we kynçylyklar bilen ýetişdirilendir. Onuň atasy we enesi siziň hem eneňiz, ataňyz saýylar. Öz ene-ataňyza goýýan sylag-hormatyňyzy olara hem görkezmeli. Adamsyny söýen aýal maşgala, ony dünýä getirenlere-de sylaşykly bolup, olara minnetdarlyk duýgusy bilen dolup-daşmaly. Çagalarynyň öýlenip, özüniň hem gaýyn ene boljakdygyny unutmaly däl. Aýry öýlerde ýaşaýan bolsalar, ýygy-ýygydan olara barmaly, hal-ýagdaýyny soraşmaly. Ýürekden mähirli bolmaly. Olaryň öý işlerini edip, naharlaryny bişirip, kirlerini yuwmaly. Öz öýüňize çagyryp, naz-nygmat hödür etmeli, öýde ýatyp gitmekleri üçin şert döretmeli, bitirilmeli işlerini gijä goýman ýerine ýetirmeli. Şol wagt bolsa söýmäniň, söýülmäniň nähilidigini gözüňiz bilen görüp, döşüňizi gaýşardyp ýaşarsyňyz.

Gaýyn eneler, gelinleriňiziň gyzlaryňyz ýaly aljyraňňy, ýalňyş we köp gürleýän bolup biljegini boýun alyň. Başyna gelinlik gyňajyny orady diýip, hemme zada ökdedir öýtmäň. Gelniňizi täzeden süýji dil bilen bagryňyza basyp ýetişdirmelidigini bilmelisiňiz. Häzirki döwürdäki maşgala we mekdep terbiýesiniň, öwrenen zatlarynyň  nähili täsir etjekdigini hasap

edip, olardan peýdalanmagyň ýollaryny, usul we tärlerini bilmeli. Siziň ýaşyňyz we tejribäňiz muňa ýeterlikdir.

Öýüňize gelen täze gelni öz gyzyňyzdan tapawutlandyrmazdan, öýüňize öwrenişdirip bilersiňiz. Dileg edeliň, gelnimiz maşgala durmuşynyň edebini doly berjaý edip bilýän we oňat ynsan bolsun. Olar gelinlerine ”gyzym” diýmelidirler. Ene-ata, çaga gatnaşyklary şunuň ýaly dowam etmeli. Gaharlanýan wagtlary hem biri-birine sylag-hormat etmeli. Edil şunuň ýaly gatnaşygy giýew hem gaýyn enesine we gaýyn atasyna görkezmelidir.

Çagalarynyň giýewden özlerine ýakyn bolşy ýaly, borç we jogapkärçiligi hem öz çagalaryna düşer. Aslynda, jemgyýetiň dürli gatlaklarynda jogapkärçilik erkek çagalara degişli bolsa-da, gyz çagalarynyň oglanlardan üstündigi görünýär. Mukaddes Ruhnama kitabynda maşgala agzybirliginiň üpjin edilmegi bilen baglanyşykly Nuh aleýhissalamyň wesýeti örän jaýdardyr: ***“Nuh pygamber garry gojalara we enelere ogul-gyz terbiýesinde akylly, agras, paýhasly, seresaply çemeleşmegi, olaryň hakyky ynsan häsiýetliligi üçin uly jogapkärçilik goýdy. Sebäbi Nuh pygamber ýaşlaryň ýalňyşmazlygyny isleýärdi. Ol: «Ulular bir gezek ýalňyşsa, ýaşkiçiler müň gezek ýalňyşar. Öýde ata ýalňyşsa, ogul ýalňyşar, ene ýalňyşsa, gyz ýalňyşar, atalyk hem enelik (gaýyn ata hem gaýyn ene) ýalňyşsa, gelin ýalňyşar» diýip wagyz edýärdi. Şonuň üçin türk iman öý edebiniň düzgünini girizdi.”***

Maşgala agzalary özara gatnaşyklarda jogapkärçilik çäginiň daşyna çykanda, maşgala sazlaşygy bozular, söýgi we hormat azalar, hatda ýok hem bolup biler. Bu ýagdaý kä halatda maşgalanyň dargamagyna, är-aýalyň aýrylyşmaklaryna sebäp bolup biler.

Türkmeniň köp maşgalalarynda ene-ata, gelinler, gaýynlar, ýüwürjiler köplük bolup bir öýde ýaşaýar. Olaryň özara gatnaşyklary belli dessurlara görä dowam edýändir. Gelniň adamsynyň doganlary hem gaýyn agalarydyr. Olar hem dogan ýalydyr. Ýöne gaýyn agalary bilen nähili sylagly-hormatly gatnaşyk etse-de, öz doganlary bilen gatnaşyşy ýaly gatnaşyp bilmez. Bu gaty wajypdyr. Gaýyn agalar we gelniň gatnaşygy uly manyly we çäklendirilgidir. Her kim öz çägini bilen ýagdaýynda maşgala agzybirligi synmazdan, ysnyşykly gatnaşyklar uzak ömürli bolar.

Ynsanlar maşgalasy, garyndaşlary we goňşulary bilen, milleti bilen, bütin milletler bilen bir dinde bolanlar we bolmaýanlar bilen – hatda janly-jandarlar bilen birlikde milli, dini we adamzat gymmatlyklaryna görä özlerini alyp baran ýagdaýynda maşgala sagdyn we berk bolar. Çünki

maşgala ojagyndaky sazlaşyk edep kadalaryny, dessurlary berjaý etmek arkaly saklanar. Şeýle maşgala ojaklary geljege uly ynam döreder.

Bularyň bilinmedik we ýaşalmadyk maşgala ojagynda ynam ýiter, jemgyýetde öňi alynmaz näsazlyklary döreder. Türkmen üçin maşgala özboluşly bir mekdepdir. Ol ýerde çagalar arassa türkmen bolup ýetişerler we türkmençilige degişli ähli düzgün we kadalary öwrenerler.

## TÜRKMENDE ERKEK-ZENAN GATNAŞYKLARYNDA EDEP

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Zenan – mähek daşydyr!***

***Mähek daşynyň gyzylyň saplygyny görkezişi ýaly, her bir milletiň nämedigini onuň zenanlara bolan garaýşyndan we ol milletde aýalyň eýeleýän ornundan bilip bolýandyr. «Zenan mähek daşydyr» diýen pelsepäni döreden türkmen milleti aýala aýratyn söýgi hem hormat bilen garaýar.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

Türkmende erkek-zenan gatnaşyklarynda edep has anyk we kesgitli görnüşde düzülendir. Türkmençilikde aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebinde yslamyň täsiri uly bolşy ýaly, yslamdan öňki däp-dessurlaryň, adatlaryň täsiriniň bardygy şübhesizdir. Biziň ynanjymyzda adamzat nesli Adam ata we How eneden dowam edip gelýändir. Başgaça aýdylanda, adamzat nesli bir erkek we bir zenandan ýaýrandyr. Bu hakykat Gurhany kerimde şeýle düşündirilýär: «Eý adamzat, biz sizi bir erkek we aýaldan ýaratdyk, soňra bir-biriňizi has gowy tanamagyňyz, arkalaşmagyňyz üçin tirelere, taýpalara böldük. Allanyň ýanynda iň belent mertebeliňiz takwalygy has kämil bolýanlardyr» (Huçurat, 13). Nisa süresiniň birinji aýatynda bolsa «Ynsany ýeke-täk nebisden ýaratdyk» sözünde ýeke-täk nebsiň bir bölegini erkek, beýleki bir bölegini bolsa zenan emele getirýändir. Şol sebäpli Allatagala ýaradylyşda erkek, bilen aýaly biri-birinden tapawutly ýaratsa-da, erkegi aýaldan üstün kylmandyr, ikisini hem gudraty bilen deň ýaradandyr. Hak-hukuk taýyndan hem ýaradylyş we wezipe tapawutlylygyna görä deň hukuklar berendir, hiç kimiň hukugyny kemsiden däldir. Käbirleri How enäniň Adam atanyň eýe süňkünden – gapyrgasyndan ýaradylandygyny habar berýän hadysy diline dolap, yslamyň aýala erkekden pes dereje berýändigini tankyt edýärler. Aslynda bu hadys, aýallara mylaýym we mylakatly bolmak bilen baglanyşykly bir hakykaty nygtaýar. Ýagny «Eý erkekler, aýal maşgala edil ynsanyň gapyrga süňki ýalydyr, eger siz

aýallary düzetjek bolup berk saklasaňyz, olary döwersiňiz, ýok, öz erkine goýsaňyz, egriligine galar. Şonuň üçin aýallara mylakatly, mylaýym we geçirimli boluň!» diýlen düşünjäni aňladýar. Şonuň üçin dinimiz yslam aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebini ýaradylyş we wezipe tapawutlylygyna görä kesgitleýändir. Häzirki günlerimizde köp gürrüňi edilýän aýal-erkek deňligi meselesine hem bu nukdaýnazardan seretmeli. Aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebine doly düşünmek üçin aýalyň ýaradylyş we wezipe taýyndan erkekden tapawutly taraplaryna göz ýetirmelidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy aýal bilen erkegiň edebini Mukaddes Ruhnamada şeýle düşündirýär: ***“Milli edebimiziň esaslanýan tebigat kanunlarynyň içinde iki jeheti aýratyn belläsim gelýär. Bularyň ikisi-de adamyň biologik şahs hökmündäki ýaşaýşyna degişli. Bir tarapdan, türkmen edebiniň kadalary adamyň jyns aýratynlygyna köp zatlary bagly edip goýýar. Edep kadalary erkek hem aýal üçin başga-başga şertleri göz öňünde tutýar. Bularyň ikisiniňem adamdygyny ykrar etmek bilen jemgyýetçilik durmuşynda tebigy häsiýetdäki edep gatnaşyklarynyň sazlaşygy üçin aýalyň başga, erkegiň başga ýörelgeleriniň bolmalydygyny aýtmaly. Bularyň arasyndaky tapawutlary äsgermezlik etmek, tebigatyň hökmürowan kanunlaryny äsgermezlik etmekdir. Beýleki tarapdan türkmen edebi adamyň ömrüniň dowamyndaky ýaş ösüşini hasaba alýar. Bu hem tebigatyň kanunydyr. Şonuň üçin hem ata-babalarymyz ýaşy kiçiler üçin bir ulgamdaky, ýaşy ulular üçin başga bir ulgamdaky edep kadalaryny goldanypdyrlar.”*** Hawa aýal-erkegiň edebi mowzugyna girmezden ozal “deň” we “deňlik” sözleriniň manylaryny hem-de aýalyň ýaradylyş aýratynlygy bilen wezipe tapawutlylygyny kesgitläliň.

«Deň» diýlende hiç hili tapawudy bolmadyk, tebigaty, hili, gymmaty, ölçegleri taýyndan deň bolan diýmekdir. «Deňlik» bolsa hak-hukuk taýyndan ynsanlar arasynda hiç hili tapawut goýmazlyk diýen manyny aňladýar.

## Ýaradylyşda tapawutlylyk

Allatagala älemde her bir zady jübüt ýaradandyr. Bu jübütlerden her biriniň beýlekisine ähli ugurlary taýyndan deňdigine güwä geçip bolmaz.

“Düşünip ybrat alarsyňyz diýip, her bir zady jübüt görnüşde ýaratdyk” (Zariýat, 49).

Gurhany kerim bu aýatynda zerrelerden ösümliklere, haýwanlar we ynsanlar arasyndaky erkek-urkaçy bolşuna çenli hemme zadyň jübütdigini we pozitiwiň negatiwe, elektronyň protona, gijäniň gündize, ýazyň gyşa,

ýerýüzüniň asmana, erkegiň aýala, aýalyň hem erkege mätäçdigi ýaly, ähli zadyň biri-birine mätäçdigini nygtaýar.

Ynha, Alla jelle jelaluhu aýaly ýaradanda, elektronyň garşysyna protony, pozitiwiň garşysyna negatiwi, erkek tohumyň garşysyna urkaçy tohumy ýaradypdyr we bu jübütlerden bir birlik emele getiripdir. Ýöne elekron bilen protonyň, pozitiw bilen negatiwiň deň bolmaýşy ýaly, aýal hem erkek bilen deň däldir. Bu ýaradylyşyň üýtgemeýän kanunlaryndandyr. Çünki ýeke-täk Alladan başga hemme zat ýetmez, kemli bolşy ýaly, öz durmuşlaryny dowam etdirip bilmek üçin hem hiç bir barlyk özbaşyna ýeterlik däldir. Şol sebäpli ýetmez we kemli bolan erkek bilen aýal hem biri-birleriniň üstüni ýetirmek bilen bir birlik emele getirerler. Hakykat bolmalysy hem şeýledir.

Şonuň üçin aýal we erkek biri-biriniň deňi däl, biri beýlekiniň üstüni ýetirýändir. Allanyň Resuly Hezreti Muhammet sallallahu aleýhi wesellem bir hadysynda bu hakykaty şeýle beýan edýär: «Innema’n-nisa şekaiku‘r-rijal = Aýallar erkekleriň deň ýarysydyr“.

Hadysda geçen «şakyk» sözi, bir-biriniň ortadan göni ikä bölünen deň ýarysyny aňladýar. Ýagny, bir-birini emele getiren iki bölekden her biri beýlekisiniň «şakykydyr“. Emma hiç wagt biri beýlekisiniň meňzeşi däldir.Ýagny, bularyň ýaradylyşlary, ruhy we psihiki gurluşlary düýpgöter tapawutlydyr. Aýal-da, erkek-de hiç wagt beden we ruhy taýdan deň däldir. Ne erkek biologiki taýdan aýalyň ösen görnüşi, ne-de aýal erkegiň az ösen görnüşidir. Gyz-oglan bolmagyna ynsanyň hiç hili täsiriniň ýokdugyna görä, ynanan-ynanmaýan her kim, deňlik ham-hyýallaryny taşlap, erkegi we aýaly özboluşly kabul etmelidir.

Galyberse-de, diňe tapawutly jynslar arasynda däl, şol bir jynslaryň arasynda hem doly deňligiň bardygyny aýtmak mümkin däldir. Bu ham-hyýaly hakykata öwürjek bolmak, ýaradylyş kanunlaryny üýtgetmäge synanyşmak diýmekdir. Ýeri gelende şu hakykaty hem berk bilmelidiris. Aýallaryň ýaradylyşynyň tapawutlylygy olaryň hor we pes görülmegini aňlatmaz. Gaýta, tersine, Halyky Züljelal «Her bir zada takdyr eden şeklini berip, soňra-da olary dogry ýola gönükdirendir» (Ala, 3). Aýaly-da, erkegi-de «iň kämil we ajaýyp görnüşde» ýaradyp, olara beýgelmegiň, kämilleşmegiň ýollaryny öwredendir. Olary biri-biriniň üstüni ýetiriji, örtgüsi we penakäri edendir.

## Wezipe tapawutlylygy

Aýalyň beden we ruhy gurluşy taýyndan erkekden düýpli tapawutlydygy aýdyň görünýär. Bu tapawutlylyk hasaba alynmazdan, erkege degişli wezipeler aýaldan talap edilen ýagdaýynda oňa zulum edildigi bolar. Şol sebäpli aýal bilen erkegiň ýaradylyşynyň tapawutlydygy üçin käbir hak-hukuk we wezipeleriň tapawutly bolmagy öz-özünden düşnüklidir. Mysal üçin, erkek aýala garanyňda has güýçli-kuwwatlydyr. Güýç-kuwwat gerek bolan işlerde aýalyň erkek bilen deň bolmagy örän kyndyr. Bu ýagdaý aýal üçin asla bir kemçilik we ýetmezçilik däldir. Muňa derek aýal erkege garanda, has rehim-şepagatly, merhemetli, inçe, näzik we duýguçyldyr. Bu babatda erkek bilen aýal hem deň bolup bilmez. Her iki jynsa-da durmuşdaky wezipelerine laýyklykda zerur ukyplar, sypatlar berlendir. Hakyky hak-hukuk we adalat, ynha, budur. Şonuň üçin, iň dogrusy we iň laýygy aýal bilen erkegi deň etmek däl-de, aýala we erkege ýaradylyş aýratynlyklaryna görä baha bermekdir.

Nesiller aýal tarapyndan dünýä inderilýär we terbiýelenilýär. Adamzada arassa, kämil şahsyýetler onuň bereketli eli bilen gazandyrylýar. Şonuň üçin nesliň ýetişdirilmegi meselesinde aýala mähir we rehim-şepagatlylyk berilmegi bahasyna ýetip bolmajak bir peşgeşdir. Bu tarapy bilen aýal ähli maşgala agzalarynyň hormatlysy we iň ezizidir. Ol öýüň terbiýeçisi, mugallymasy we bagt çeşmesidir. Çaga onuň mähirli synasynda ösüp ulalar we rehim-şepagatly, duýguçyl we arassa pikirli bolup ýetişer. Eger ol edep-haýaly, namysjaň ýaşan bolsa, çaga biedep bolmaz. Şeýle çagalaryň ýaşaýan jemgyýeti-de arassa bolar.

Allatagalanyň oňa eçilen kemsiz nygmatlarynyň ýanynda käbirleriniň deňlik ady bilen oňa mynasyp gören zatlary örän ujypsyz zat bolup galar.

Aýal bir iş etjek bolsa, bu hökman onuň beden we ruhy ýaradylyşyna laýyk bolmalydyr. Oňa göterip bolmajak agyr ýük urmagyň we ýaradylyşyna ters işlerde işletmegiň deňlik hem-de adamkärçilik bilen hiç hili baglanyşygy ýokdur. Gaýta, tersine, beýle hereketleriň hemmesi aýalyň hak-hukugyny kemsitmekdir.

Pygamber Serwerimiziň şu hadysy bu meseläni iň görnükli şekilde suratlandyrýar: «Bir sygry boýundyryga goşupdyrlar. Ol yzyna aýlanyp, eýesine şeýle diýdi: ״Men bu işler üçin ýaradylan däldirin“. Ýagny, bu iş üçin öküz ýaradylandyr.

Jemläp aýtjak bolsak, her bir zat bir maksada görä ýaradylandyr. Her bir barlyk ýaradylyş maksadyna we ukyplaryna laýyklykda ulanylmalydyr, şonda hakyky manyda adalat we deňlik ýüze çykar.

## Aýala berlen aýratyn hukuklar

Dinimiz aýala şu meselelerde erkekden artyk hukuk berendir.

Çile we aýbaşy döwründe aýal namaz, oraza ýaly dini parzlardan boşadylandyr. Eklenç bilen baglanyşykly hiç hili jogapkärçiligi ýokdur. Pygamberimiziň «Jennet eneleriň dabanynyň aşagyndadyr» hadyslary bilen, ene hökmünde Allatagalanyň ýanynda uly mertebä eýedir we çagalarynyň söýgüsiniň we hormatynyň dörtden üçüsine mynasyp görlendir.

Mähriban Serdarymyz Enäniň hormatyny Mukaddes Ruhnamada şeýle beýan edýär: ***“Elbetde, Ýaradan gutratlydyr. Ol islese, Isany enesiz hem ýaradyp bilerdi. Emma beýtmändir. Şonuň üçin hem Ýaradanyň bu işine men onuň enä bolan aýratyn hormaty we gadyry diýip düşünýärin. Dünýäleri ýaradyjy, ýeke sözi bilen älem-jahany ýokdan bar eden Allanyň aýratyn hormatlan, gadyrlan enesini hormatlamak, gadyrlamak, ezizlemek her bir türkmene parzdyr.”***

Özüne ýanýoldaş saýlamakda erkin bolup, mähir – galyň almak we şahsy mülk edinmek hukugy berlendir. Gyz çagasy ýa-da aýal dogan hökmünde kakasy we ýagdaýa görä erkek dogan tarapyndan hemaýat we zerurlyklarynyň üpjün edilmek hukugyna eýedir. Öz zerurlyklaryny üpjün etmek we maşgala jogapkärçiligini ýerine ýetirmek maksady bilen, islese, abraýyny goramak şerti bilen işlemäge ygtyýarlydyr.

Hawa, jemläp aýtjak bolsak, aýala berilýän hukuklary, wezipe tapawutlyklary, erkek we aýal gatnaşyklaryndaky käbir düzgünlere we meselelere-de aýalyň ýaradylyş aýratynlygyna we wezipe tapawutlylygyna görä baha berilmelidir. Ynha, şol wagt yslamyň aýal baradaky hökümleriniň aýalyň mertebesini we hukugyny kemsitmändigini, gaýta, tersine, onuň mertebesini belende göterendigine göz ýetirip bileris. Geliň, indi bolsa aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebini giňişleýin düşündireliň.

## Aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebi

Yslam dini ähli emr we gadaganlyklar ynsanlaryň, aýratynam, musulmanlaryň şahsy, maşgala we jemgyýetçilik ýaşaýyşlaryny düzgünleşdirip, dünýä we ahyret bagtyny gazanmaklygy baş maksat edinendir.

Emr we gadaganlyklaryň hemmesinde ynsanyň bähbidi bardyr, olaryň hiç biri zyýanly däldir. Käbirleri göräýmäge şahsyýet üçin peýdaly görünse-de, jemgyýet üçin zyýanlydygy sebäpli gadagan edilendir. Mysal üçin, käbir zatlary daşky görnüşine görä baha berip, peýdaly ýa-da

zyýanlydygyna hüküm edýäris. Bu babatda Allatagala Gurhany kerimde şeýle aýdýar:

«Siziň halamaýan zadyňyz, mümkin, sizin üçin peýdalydyr. Şeýle hem siziň göwnüňizden tursa-da, şol zat siziň üçin zyýanly bolup biler. Her bir zadyň ýagşy ýa-da erbetdigini anyk we kesgitli görnüşde diňe Alla biler, siz bilmersiňiz.» (Bakara, 216). Bu aýat nämäniň peýdaly, bähbitlidigi we nämäniň zyýanlydygy meselesinde ynsanlaryň kämahal ýalňyşyp biljekdiklerini, haýyr bolany şer, şer bolany-da haýyrly diýip häsiýetlendirip biljekdiklerini nygtaýar. Şol sebäpli Allatagala her bir meselede bolşy ýaly, aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebini hem hut özi düzendir. Gurhany kerimde we Pygamberimiziň hadyslarynda bu mowzuk bilen baglanyşykly belli kada we düzgünler taglym edilendir.

Hawa, geçmişi we geljegi iň gowy bilýän Allatagala käbir erbetlikleriň öňüni almak maksady bilen aýal-erkek gatnaşyklarynda erkinlik ýörelgesini çäklendirendir. Mysal üçin, maşgala abadançylygyna, nesil sagdynlygyna we şahsyýetde utanç, edep, haýa-şerim we ynam duýgularyny ýok eden zynanyň öňüni almak üçin «Zyna ýakynlaşmaň, çünki ol çenden aşalyk we erbet bir ýoldur» (Isra, 32) aýaty bilen zyna eltjek ähli hal-hereketleri we gatnaşyklary gadagan edendir. Aýal bilen erkegiň özara ýakynlyk derejesine görä mahrem (biri-birleri bilen öýlenmekleri gadagan) bolanlar, mahrem bolmadyklar we bularyň mahremlik derejesine laýyklykda, käbir esaslar kesgitlenipdir. Bu esaslara laýyklykda, aýal-erkek gatnaşyklary düzgünleşdirilipdir. Şonuň üçin ynsanlaryň ten-bedenleriniň käbir agzalary jynsy meýilleri döredýändigi sebäpli, owrat (utanç-haýa duýgusy sebäpli ynsanyň ýapmagy zerur bolan ýerleri we agzalary) kabul edilipdir. Owrat ýerleriniň ýapylmagy we olara seredilmezlik edep hasap edilip, her hili erbetligiň düýbünden ýok edilmegi usuly esasy maksat kabul edilipdir.

## Owrat näme?

Utanmak manysyny aňladýan owrat sözi, ynsanyň jynsy agzalarynyň bolan ýerlerini göz öňünde tutan bir meňzetmedir. Ýagny, açyk bolmagy sebäpli ynsanyň utanç duýjagynyň ikuçsyzdygyny aňladýar. Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellemiň: “Erkek erkegiň, aýal-da aýalyň owrat ýerine seretmesiň” (Müslim) Hadysy şerifinde bu many göz öňünde tutulandyr.

Köneürgenç türkmenleri döwletiniň ýetişdiren meşhur yslam alymy Fahreddin Razy ýazdygy Gurhan tefsirinde ynsanyň biri-biriniň ýanynda ar-namys, utanç-haýa kabul ediljek hallaryny (owrat) we olaryň edebini dört görnüşde jemleýändir.

1. Erkekleriň özara owrat haly we onuň edebi.
2. Aýallaryň özara owrat haly we onuň edebi.
3. Aýalyň nätanyş bir erkek bilen owrat we gatnaşyk edebi.
4. Erkegiň nätanyş bir aýal bilen owrat we gatnaşyk edebi.

**1. Erkekleriň özara owrat haly we onuň edebi**

Erkekler özara bilelikde bolanlarynda haýa duýgusy sebäpli ejap edip ýapynmaly zerur bolan owrat ýerleri göbek bilen dyz aralygydyr. Erkekleriň biri-birlerine göbek bilen dyz aralygyny görkezmegi haram saýylypdyr. Göbek bilen dyz aralygyndan başga bedeniň tutuş hemme ýeri owrat saýylmaýar. Şol ýerleriň açylmagy we ol ýerlere bakylmagy halal saýylypdyr.

Owrat bolmagynyň delili şu hadyslardyr: Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem Huzeýfe diýen sahabany metjitde dyzy açyk halda görende, “Dyzyňy ýap, çünki o taýy owratdyr” diýýär. (Tirmizi). Şeýle hem bir gezeginde-de Hezreti Ala (Alla ondan razy bolsun) “Dyzyňy açma, öli ýa diri, hiç kimiň dyzyna seretme!” diýip aýdýar (Tirmizi).

**2. Aýallaryň özara owrat hallary we onuň edebi**

Aýallar özara bile bolan wagtlary haýa duýgusy sebäpli ejap edip ýapmagy zerur bolan ýerleri edil erkekler ýalydyr. Aýallaryň-da özara biri-birleriniň göbek bilen dyz aralygyna seretmeleri haram saýylypdyr. Bulardan başga bedenleriniň beýleki ýerlerine (pitne endişesi ýok bolsa) seretmeleriniň hiç hili zeleli ýokdur. Bu meselede ýakynlyk derejesi hasaba alynmaýar. Ejesi, gyzy, gyz dogany, goňşusy... tapawudy ýok, bularyň biri-birleriniň göbek bilen dyz aralygyna seretmeleri halal däldir.

## 3.Erkegiň nätanyş bir aýal bilen owrat we gatnaşyk edebi

Aýallaryň erkeklere, erkekleriň bolsa aýallara meýli ynsanyň ýaradylyşynda bar bolup tebigydyr. Eger bu meýil-arzuw terbiýe edilmese haram gatnaşyklaryň öňüni almak mümkin bolmasa gerek. Häzirki günlerimizde adamzat durmuşynda bolup geçen wakalar munyň aýdyn subutnamasydyr. Dimiz Yslam musulmanlaryň şeýle pes ýagdaýa duçar bolmazlyklary üçin çäre hökmünde aýal-erkek gatnaşyklarynda çäklendirmeler goýmak bilen aşa erkinlige rugsat bermändir.

Şol sebäpli aýallaryň elleri we ýüzünden başga tutuş bedeni nätanyş erkekler üçin owrat saýylypdyr. Seredilmegi ýa-da  görüljek şekilde açylmagy dürs däldir we edepsizlik saýylýar. Erkegiň nätanyş bir aýala

ýörite seretmegi dürs görülmändir we uly edepsizlikdir. Erkek adam biygtyýar aýalyň owrat ýerlerine seretse, Allatagalanyň: “Mümin erkeklere aýt! Gözlerini haramdan sowsunlar” (Nur, 31) emrine laýyklykda, derhal gözüni ýumup, ýüzüni öwürmelidir. Erbetlige iteklemejek bolsa, zerurlyk ýagdaýda bir gezeklik seretmek dürs görlendir. Emma bakyşyňy ikinji gezek gaýtalamaklyga rugsat edilmändir. Ymam Agzam hem bu pikirdedir. Bu mesele bilen baglanyşykly Pygamberimiz döwründe şeýle waka bolýar. Pygamberimiz bilen Hezreti Aly köçede ýöräp barýarkalar Hezreti Aly (Alla ondan razy bolsun) nazary nätanyş bir aýala düşende, Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem şeýle aýdýar: “Eý Aly, nazary nazara goşma. Birinjisi üçin saňa hiç hili günä ýokdur, emma ikinjisi seniň zyýanyňadyr” (Ebu Dawut).

Alym Kurtuby bu hadysy okandan soň, El-Jamyg atly kitabynda şeýle düşündiriş berýär: «Ynsan, umuman, ilkinji bakyşyna päsgel bolup bilmeýär, şonuň üçin munuň jogapkärçiligi ýokdur. Emma kalplaryň arassa galmagy, erbet pikiriň döremegine ýol bermezlik üçin Allatagala hyjap aýaty bilen gatnaşyklaryň perde arkasyndan ýöredilmegini, gürleşende özüne çekiji, maýyl ediji görnüşde gürlemezligi musulman zenanlara emr edendir. Ýogsa, musulman erkekleriň we zenanlaryň nebis we şeýtan allaryndan uzakda bolmaklary mümkin däldir.»

Hawa, muňa garamazdan ynsan jemgyýetçilik durmuşda ýaşaýanlygy üçin derwaýys gerek, emma özüňde ýok zatlar (meselem, hojalyk gurallary) barada arkalaşmak, amanat almak ýa-da karz soramak, goňşy arasynda biri-biriniň möhümini bitirmek... ýaly adamkärçilik gatnaşyklary dürlü wesileler arkaly bolup geçýär. Bu gatnaşyklar Allahutagala tarapyndan he□ höweslendirilýär we ündelýär. Muňa boýun bolmadyklaryň ýazgarylyp jezalandyryljakdygy bellenilýär.

Şol sebäpli adam gatnaşyklarynda aýal bilen erkekler belli edep kadalaryna görä özlerini alyp barmaklary üçin Keremli Allah Ahzap suresiniň 53-nji aýatyny iberýär. Onda Pygamberiň aýallaryna ýörite, beýleki musulman aýallara bolsa umumy manyda şeýle edep kadasy öwredilýär:

«Pygamberiň aýallaryndan haýsyda bolsa bir zat isleseňiz hyjap arkasyndan isläň.» Bu aýata hyjap aýaty diýilýär. Bu aýat bilen goňşulyk we beýleki gatnaşyklarda aýal bilen erkek hökmany ýagdaýda duşuşjak bolsa, aşa erkin ýagdaýda dälde, karşysyndakyny başdan aýak gözüň bilen süzüp, birahat etmezden edep çäklerinde bolmagyny musulmanlara emir

edýär. Şeýlelik bilen şeýtany was-waslardan we hyýaly ýatlamalardan goranyp, aýal-erkekegiň namys duýgylary has-da belende göteriler.

Türkmen halky Yslamyň bu emrini durmuşda berjaý etmek üçin asyrlaryň jümmüşinden dowam edip gelýän ýaşmak edebini döredendir. Ýaşmak sözi hyjap sözi bilen manydaşdyr. «Hyjap» sözi, utanç-haýa duýgusy, perde, tuty manysyny aňladýar. «Hyjap» sözi türkmen dilinde «ejap etmek» - aýyply işe düşünmekden çekinmeklik, utanmaklyk duýgusy, utanç, haýa – manysynda ulanylýar. Şeýle hem türkmen halky haýa-şerimiň dowamlylygyny gazanmak üçin aýallar bilen erkekleriň aýratyn otoglarda oturmaklygyny däbe öwripdir. Bu hakykaty Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada: «***Haýa – ýüzdedir we gözdedir. Türkmen zenany erkegiň gözüniň içine seredip, ýüzüne göni dikanlap gürleşmez. Olar iň ýakynlary bilenem bir tarapa bakyp, ýüzüniň bir tarapyny ýeňi bilen ýapyp gürleşýändir. Zenany urmak, onda-da ýüzüne urmak külli günädir, iň uly aýypdyr. Erkek bilen ol aradaşlykda durup, köplenjem baş atyp ýa-da başyny ýaýkap habarlaşýandyr. Türkmende gyzlaryň ýüzi açykdyr, gelinleriň bolsa, köplenç, agzy ýaşmaklydyr. Ýaşmak – türkmen gelniniň erkek hossarlarynyň ýanyndaky hormat-sylagydyr. Şonuň üçinem, ýaşmak uzak wagtlap dowam edýär. Erkek hossary ýa garry eneler gelniň özüne sylag edýändigini görüp, monça bolup, birnäçe wagt geçenden soň, minnetdarlyk sowgat-serpaýy bilen gelniň agzyny açdyrýarlar. Çünki sylag diňe gep-sözde däl, eýsem, hereketdedir hem. Zenan tarapyn aragatnaşygyň gözelligi diňe gepleşikde däl, eýsem, dymmakdadyr hem»*** diýip beýan edýär.

Ymam Gazaly hezretleriniň aýtmagyna görä, Isa aleýhisselam bu babatda şeýle buýurýar:

«Haram bakyşdan ägä boluň çünki ol ýürege pitne tohumlaryny eker. Bu ynsanogluny heläk etmek üçin artykmajy bilen ýeter.» (Gazaly, «Ihýa»)

Dawut aleýhisselam hem ogluna: «Eý ogul, arslan we ýylanlaryň yzyndan git, ýöne bir aýalyň yzyndan gitme» diýidir. Gazaly («Ihýa»)

Ýene Ihýa atly kitapda aýdylyşyna görä: Ýahýa aleýhisselema şeýle sowal berilýär. Zynanyň başlangyjy nämedir? Ol şeýle jogap berýär: «Bakmak we arzuw etmekdir».

***Hylwat halynyň gadagan edilmegi***

Rowaýata görä, Musa aleýhisselam bir mejlisde oturýardy. Üstüne bir don geýnen halda şeýtan oňa görünýär we käbir sowal-jogap alşandan soň, "Ýa Musa, seniň üç zatdan ägä bolmagyňy ýatladýaryn" diýdi we sözüniň

üstüni şeýle ýetirdi: “ Nika düşen bir aýal bilen ikiçäk galma, çünki mahremi bolmadyk aýal bilen hylwat halda bolan erkegiň ýoldaşy bolaryn. Onuň ýüreginde şol aýala, aýalyň ýüreginde-de şoňa garşy yşk we pitne oduny tutaşdyrýança, olar bilen ýoldaşlygy dowam ederin...” diýýär.

Müslimiň habar bermegine görä, Amr bin As şeýle gürrüň berýär. Haşym ogullaryndan bir adam Umeýriň gyzy Esmanyň ýanyna giripdiler. Esma şol wagtlar Ebu Bekiri Syddykyň nikasynda ýaşaýardy. Hezreti Ebu Bekir olary Esmanyň ýanynda görende, erbet bolýar we ýagdaýy Resullullaha şikaýat edip habar berýär. Şeýle hem “Haýyrdan başga bir zat görmedim” diýýär. Pygamberimiz aleýhissalam: “Şübhesiz, Alla Esmany şeýle erbetliklerden gorandyr” diýenden soň, münbere çykdy we: “ Bu günden soňra bir adam ýanynda bir ýa-da birnäçe adam bolmazdan, äri öýde bolmadyk aýalyň ýanyna hiç kim girmesin” diýip aýtdy we biri-birine nika halal bolan aýallar bilen erkekleriň hylwat halda galmaklaryny gadagan etdi.

Hylwat halynda galmaklygyň iň howplusy garyndaşlar arasynda bolup geçýär. Umuman, gyz-oglan ýa-da zenan-erkek, tapawudy ýok, biri-birlerine nika halal bolmagyna garamazdan, aga-daýy, bibi-daýza, çagalarynyň ýa-da obadaşynyň bolandygy üçin, biri-birlerinden ägä bolmaýarlar. Pygamberimiziň şu hadysy beýle etmekligiň uly ýalňyşdygyny görkezýär. Allanyň resuly sallallahu aleýhi wesellemiň sahabalara: “Öz nikalysy we mahremi bolmadyk aýalyň ýanyna girmäň” manydaky sözüne ensardan biri:

– Eý Allanyň Resuly, hamw hakynda näme aýdýarsyňyz? diýdi. Pygamberimiz: “Hamw ölümdir” jogabyny berdi (Buhary).

Başga bir hadysyň şerhinde hamwyň aýalyň gaýyn atasynyň beýleki ýakyn garyndaşlarydyr diýip düşündirilýär.

Gaýynata we onuň ogullary äriň aýalyna mahrem (nikalaşmak haram) bolandygy üçin, hylwat halda galmaklarynyň hiç-hili zeleli ýokdur. ”Äriň doganoglanlary we dolananlary oňa girmeýär, çünki olar mahrem bolmadyk adamlardyr. Şeýle hem äriň aradan çykmagy sebäpli, gaýynlary we äriniň doganlarynyň ogullary mahremlikden aýrylar.

Kazy Iýaz hem “ Bir gelniň ýüwürjileri we gaýynagalary bilen ikiçäk galmagy dinde pitne we heläk ediji sebäp hökmünde ýeterlikdir. Ynha, bu ýagdaýy pygamberimiz ölüm diýip suratlandyrypdyr. Bu sözi aýdýarka sözüni gataldyp aýdypdyr” ( A. Dawutogly, “Müslim terjimesi we şerhi”) diýýär. Şeýle ýagdaýyň aslynda nähili howpludygyny beýan etmek eýýäm ýeterlikdir. Garyndaşlyk derejesi näme bolsa bolsun, biri-birine nika halal

bolan adamlaryň ýapyk ýerde ikiçäk galmaklary zyna eltýän sebäplerdendigi üçin, anyk we kesgitli ýagdaýda haram kabul edilipdir.

### 4. Aýalyň ýat erkekler bilen owrat we gatnaşygynyň edebi

Ebul Ala el-Mewdudi, aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebi barada şeýle düşündiriş berýär: «aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebinde ikisi arasynda örän inje bir tapawyt bardyr. Ol hem şeýledir. Erkek adamyň ýaradylyşynda söýen ýa-da hoşal bolýan bir zat bolsa umuman oňa ýetmek üçin gaýrat görkezer çäre gözler. Aýal bolsa diňe arzuw eder. Emma arzuwyna ýetmek üçin umaman kän bir gaýrat etmek beýlede dursun, onu aýtmaga-da gurby çatmaz. Şonuň üçin pygamberimiz sallallahu aleýhi wessellem bu ýagdaýy nazarda tutup erkekleriň aýallara seretmezligi üçin berýän ähmiýetini, aýallar hakynda kän bir görkezmändir. Hatta Äşe enemize söweş tälimi oýunlaryny görkezen Hebeşli adamlara seretmeklige rugsat edendir.»

Ümmi Seleme we Meýmune enelerimiziň kör bolan Ibni Ümmü Mektuma seýretmeklerini Resullullahyň gadagan etmegi meselesini bolsa alymlar şeýle düşündirýärler:

«Erkekler bilen aýallaryň bir mejlisde bile oturmaklary, dowamly ýagdaýda biri-birilerine seretmekleri dürs däldir.»

Yokarda belleýşimiz ýaly türkmen halky haýa-şerimiň dowamlylygyny gazanmak üçin aýallar bilen erkekleriň aýratyn otoglarda oturmaklygyny däbe öwrümek bilen bu hakykaty durmuşa girizipdir.

Ibnu Hajer el-Asgalany aýallaryň erkekler bilen gatnaşygynyň edebi hakynda şeýle aýdýar: «Aýallar elmydama erkekler görmesin diýip ýaşynýarlar. Mesjide, köçä we sapara şeýle ýagdaýda çykýalar. Emma erkekler hiç haçan aýallar görmesin diýip başy ýalykly çykmaklary emr edilmändir. Şeýle ýagdaýda aýallar zerurlyk halatynda erkekleriň ýüzlerine seredip biler,» diýip belleýär. Ymamy Gazaly hem şu pikirdedir.
Aýallaryň erkekler bilen gatnaşyklarynda berjaý etmeli edepleri şulardan ybaratdyr:

#### *Gürleşmek edebi*

Allahutagala aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebiniň many-mazmunyna yşarat edip şeýle aýdýar: «Aýallar gürleşende hoşamaý sözlemesinler, soňra ýüreginde egrilik bar adamlar tamakin bolarlar, şonuň üçin olar agras we düşünükli sözlesinler.» (Ahzap, 32). Çünki aýallaryň sesi özüne

çekijidir. Üstesine näzik görünjek bolup hoşamaý gürlemek, näz etmek erkekleriň ünsüni has-da çekýändir. Şeýle ýagdaýda erkekler şol aýal hakynda erbet pikirde bolup bilerler. Şonuň üçin Allahutagala musulman aýallaryň hemmesine ýüzlenip, olaryň emeli hereketlerden daş durmaklaryny emr edendir. Aýatyň dowamynda bolsa şeýle aýdylýar, «Yslamdan öňki jahylyýet döwrüniň aýallarynyň özüni alyp barşy ýaly, köçä bezenip çykyp endamyny görkezmesinler.» Şeýlelik bilen aýallaryň erkekleriň arasynda hiçhili zerurlyk ýokka aýlanyp olaryň ünsüni çekmezlikleri, pitne we harama sebäp bolmazlyklary emr edilendir.

***Bezenmek edebi***

Bezenmek, owadan görünmek, halanylmak umuman aýallaryň ýaradylyşynda bar bolan häsiýetdir. Şol sebäpli dinimiz Yslam olardaky bu duýgunyň barlygyny hoş görýändir. Hususan är-aýal arasynda gowy gatnaşyklaryň dowamlylygy üçin bular zerulyk kabul edilipdir. Aýal ärini hoşal etmek üçin herhili bezeg we zynatyny dakynyp biler. Emma ärinden başgalaryny hoşal etmek üçin bezenmeklige asla rugsat bermändir. Çünki Allahutagala; «Aýallar zynatlaryny we elleri we ýüzinden başga ýerlerini açyp görkezmesinler». (Nur, 31.) aýaty bilen muny gadagan edendir. Sözümizi jemläp aýtsak, aýallaryň zyna eltjek her-hili hereketden, bezenip owadan görünmekden daş durmaklary gadagan edilendir.

***Ahyret doganlygy edebi***

Halkymyz arasynda gadymdan dowam edip gelýän, emma türkmenlerde juda seýrek gabat gelýän däpleriň biri hem ahyret doganlygydyr. Käbir ýerlerde aýal bilen erkek biri-birilerine „Sen meniň Ahyret doganymsyň“ diýip ganlary gatylyp, kyýamatlyk dogan bolunýar. Şeýle etmeklik olary biri-birine mahrem derejä ýetirmez , sebäbi mähremlik nesil, öýlenmeklik, süýt emmek ýoly bilen bolýandyr. Bu üç ýoldan başga hili ýagdaýda mahremlik bolmaz. Emma aýalyň aýal bilen, erkegiň erkek bilen kyýamatlyk dogan okaşmalarynda hiç-hili zelel ýokdyr.

***Garry aýallaryň edebi***

Aýbaşy we önelgeden galan, nikalanmak umydy galmadyk garry aýallar, zynatlaryny erkeklere görkezmezlik şerti bilen pürenjegini aýyrmaklarynda hiç-hili günä ýokdyr. Ýöne örtünmekleri olar üçin has haýyrlydyr. (Nur, 60) Bu aýat bilen Allahutagala aýbaşy we önelgeden galan aýallara ýeňillik bolsun diýip örtünmek meselesinde rugsat edilendir.

Çünki olar şehwetden kesilip, erkekleriň ünsüni kän bir çekýän däldir. Olaryň erkeklere hem zerurlygy galmandyr. Rugsat berilmegine garamazdan garry aýallaryň takwa bolmaklary ündelýär.

**Biri-birilerine mahrem bolanlaryň gatnaşyklarynyň edebi.**

Ýokarda hem bellenişi ýaly aýallaryň el we ýüzünden başga ýerleri owrat bolup mahrem bolmadyk, ýagny, nika düşen erkeklere şol ýerlerini görkezmekleri haram saýylypdyr. Mahrem bolan (nikalaşmak haram bolan) adamlar aýalyň göbek we dyz aralygyndan başga owrat kabul edilen yerlerini görmeklik günä saýylmadyk adamlar Nur suresinde şeýle düşündirilýär:

«Aýallar zynat ýerlerini (elleri we ýüzünden başga tutuş endamyny) ärine, kakasyna, gaýynatasyna, öz ogullaryna, öweý ogullaryna, erkek doganlary bilen jigilerine, we olaryň ogullaryna, gyz doganlary bilen jigileriniň ogullaryna, musulman aýallara, hyzmatyndaky gul-gyrnaklara, erkeklik hyjuwy galmadyk garry ýaşulylara, heniz aýala-erkege degişli owrat we mahrem ýerlerini saýgaryp bilmedik çagalara görkezmeginde hiçhili zelel ýokdyr, emma bulardan başgasyna zynat ýerlerini görkezmek bolmaýar...» (Nur, 31).

Aýatda aýdylan şahyslar barada gysgaça düşündiriş berilse has gowy bolar. Şeýle hem aýatda geçen zynat sözi aýalyň elleri we ýüzünden başga mahrem bolmadyk adamlara görkezmek owrat bolan tutuş endamy diýmekdir. Çünki zyýnat diýlip aýdylmagynyň sebäbi, aýalyň zyýnat we şaý-seplerini dakynan ýerleriniň goralmagyna ünsü çekip örtünmegini güýçlendirmek üçindir. Aýratynam zyýnaty görkezmek, zyýnat dakylan ýerleri açyp görkezmek diýen manyny aňladar. Şonuň üçin Allahutagala aýatda aýalyň zynat ýerlerini, ýagny, mahrem däl erkeklere görkezmek owrat bolan elleri we ýüzünden başga tutuş endamyny kadadan çykma hökmünde diňe mahrem bolan adamlaryň görüp biljegini beýan edendir. Aýalyň mahremi bolan adamlar bolsa şulardyr:

ÄRI: Är aýalynyň endamynyň hemme ýerine seredip biler. Aýalyň ärine hiçbir ýeri owrat däldir we onuň ýanynda yapynmagy hökman däldir.

KAKA: Aýalyň kakasy, atasy, babasy ...

GAÝYN ATA:Äriniň kakasy we atasy ..

OGULLARY: Aýalyň özünden dünýä inen ogullary...

ÖWEY OGULLARY: Äriniň başga aýallaryndan bolan ogullary we olaryň çagalary...

DOGANLARY WE JIGILERI: süýtdeş-öweý tapawudy ýok ähli doganlary we jigileri..

DOGANLARYNYŇ WE JIGILERINIŇ OGULLARY: Gyz-erkek tapawudy ýok ähli doganlarynyň we jigileriniň ogullary...

Bu sanan adamlarymyz bilen aýalyň öýlenmekligi haram bolanlygy üçin olaryň ýanynda hem ikinji derejeden owrat bolan, ýagny, göbek bilen dyz aralygyndan başga, saç, baş, boýun, gerdan, döş, kol, bajak we ş.m. zyýnat ýerlerinin açyk bolmagy günä däldir, ýöne ýapynmak edeplilikdir. Aýatda kakanyň doganlarynyň we daýylarynyň agzalmaýanlygynyň sebäbi, bular kaka hökmünde kabul edilenligi üçindir. Şeýle hem süýt emişen doganlar-da aýala mahremdir.

MUSULMAN AÝALLAR: Musulman däl aýallaryn ýanynda musulman bir aýalyn ýanynda göbek bilen dyz aralygyndan başga, saç, baş, boýun, gerdan, döş, kol, bajak we ş.m. ikinji derejeden owrat bolan ýerlerini açyp görkezmegi haram we günä saýylypdyr.

ERKEKLIGI ÝOK ADAMLAR: Eneden dogulanda ýa-da dürli sebäpten erkekliginden mahrum galan adamlaryň we dälileriň ýanynda aýal ýapynman biler. Sebäbi bularda jynsy arzuw bolmanlygy üçin aýal hökmündedirler, ýöne iň laýygy örtünmekdir.

KIÇI ÇAGALAR: Bular aýala-erkege degişli owrat we mahrem ýerlerini heniz saýgaryp bilmedik çaga bolanlary üçin aýalyň zyýnat ýerlerini görkezmeginde hiçhili zelel ýokdyr, ýöne olaryň edepli-terbiýeli ýetişmekleri üçin görelde bolmaklyk has laýygydyr.

Hawa, jemläp aýtjak bolsak, bu sanalýan adamlar, umuman aýal bilen bile ýaşamak, iýmek-içmek we bile işlemek zerurlygy bolup biljek kişilerdir. Bularyň ýanynda ýeňillik bolmagy üçin Allahutagalanyň musulmanlara eçilen lutuf-yhsany we keremidir. Yslam ýeňillik dinidir. Eger şeýle ýeňillik berilmedik bolsa bu elbetde durmuşda uly kynçylyga sebäp bolardy. Sebäbi aýallaryň işlände we hyzmat edende zynat ýerleriniň käbir taraplary açylma ähtimaly köp bolýandyr. Şonuň üçin her iki tarap-da kyn ýagdaýa düşerdi.

Şu hakykaty hem unutmaly däldiris. Elbetde, ýokaryda aýdylan erkekleriň ýanynda aýalyň zynat ýerlerini örtmezligi meselesi Allahutagalanyň berýän rugsaty we kesgitleýän çägidir. Hökman açmaly diýilen düşünjäni aňlatmaýar. Kamil, edep-haýaly bir musulman aýal olaryň ýanynda zyýnat ýerlerini açmaga ejab eder, utanar. Aýala mahrem bolan şol erkekler hem käbir halatlarda aýalyň zynat ýerleri açylaýanda-da oňa asla seretmez. Seretmek dürs bolmaýşy ýaly, özü üçinem uly utanç we

edepsizlik saýar. Çünkü edep-haýaly her musulman, hemişe takwa ýaşajak bolar.

## HOW ENE HAKYKATY

Günbatarda ylym we tehnikanyň ösmegi bilen günbatar medeniýetiniň mirasy beýleki ähli halklara täsir edendir. Din, ilkinji ynsan, aýalyň orny ýaly bir giden meselelere günbataryň dini we ynanç-ygtykatynyň esasy çeşmesi bolan Kitaby Mukaddese (Towrat, Zebur we Injiliň jemi) görä baha berlipdir. Biz bu ýazgymyzda dürli sebäpler bilen adamzadyň ilkinji enesi bolan How ene hakyndaky Gurhanyň garaýşyny sizlere ýetirmegi makul bildik. Bu meselede asyl maksadymyz bir dini beýlekisinden has beýgeltmek ýa-da kiçeltmek däldir. Aslyýetinde beýik we belent bolan hakykatlar hemişe beýik we belentdir. Asyl mesele häzirki günlerimizde nesillerimize dogry bolan hakykatlary ýetirmekdir.

Kitaby Mukaddesiň Tekwin babynda Allanyň Adam ata we How enä bir agajyň miwesini gadagan edenligi, ýöne has soňra ýylanyň How enäni, How enäniň bolsa Adam atany aldandygy aňladylýar. Allatagalanyň ýazgarmagy sebäpli Adam ata How enäni günäkärleýär. Ol: “Ýanyma iberilen şol aýal meni aldap, agajyň miwesinden berdi, menem iýdim” diýýär. Allatagala bolsa How enä şeýle ýüzlenýär: “Azabyny we göwreliligini artykmajy bilen köpeltjekdirin, güýçli agyry we sanjy bilen çaga dograrsyň, sen äriňe bagly bolarsyň we ol seniň hojaýynyň bolar.” Adam ata bolsa: “Aýalyň sözüni diňläniň we ondan iýme diýip buýran agajymyň miwesinden iýendigiň üçin toprak seniň ýüzüňden lagnata galdy, mundan beýläk ömrüň dowamynda ondan diňe zähmet we azap çekip iýersiň” diýýär.

Gurhanda bolsa hadysa şeýle düşündirilmeýär. Gurhany kerim gadagan agaçdan datmak günäsini Adam ata degişli aňladýar (Bakara, 37). Hatda How enäni şol günä işe itekleýäniň Adam atadygy nygtalýar (Taha, 117-120). Bu ýagdaý degişli aýatlardan How enäniň şol bir günäni edenligi mälim bolýar (Taha, 121). Şonuň üçin bilelikde toba edýärler (Araf, 19-23). Galyberse-de, yslam “ilkinji günä” ýaly bir günäni aýala ýöňkemeýär, şol sebäpli ony ýazgarmaýar we adamzady jennetden ýere inderen bir sebäp hökmünde hem görmeýär.

How enäniň aldawçy we mekir suratlandyrylyşy asyrlaryň dowamynda aýal hakynda ýalňyş pikirleriň döremegine täsir edendir. Şol sebäpli, köplenç, aýala ynanylmaýar we pes derejedäki bir barlyk hökmünde

seredilýär. Hatda aýalyň aýbaşy haly, göwreli bolmagy we çaga dogurmagy onuň eden günäsiniň ebedi jezasy hökmünde kabul edilipdir.

Adamzady jennetden kowduran How ene düşünjesi aýaly tutuş adamzadyň günälerinde jogapkär hasaplapdyr. Çünki ilkinji günä How enäniň sebäp bolup, Adam ata bilen birlikde eden günäsi, nesilden nesle geçýär we her doglan çaga bu günä bilen dünýä inýär. Isa Mesih hem, bu günäni ýuwmak üçin özüni gurban edýär. Şol sebäpli How ene, ýagny, aýal Isa aleýhissalamyň ölümine hem jogapkär görülýär.

Geliň, indi bolsa Gurhanyň aýala goýýan hormatyna we berýän bahasyna göz aýlalyň.

“Ynanan erkekler bilen aýallar biri-birleriniň welisi, ýagny hossary, dost-ýarydyr. Olar ýagşylygy emr eder, erbetlikden sägindirer, namaz okar, zekat berer, Alla we onuň resulyna tagat kylarlar. Ynha, olara Alla rahmet eder, Alla, elbetde, ezizdir we hakimdir, ýagny, her bir zady hikmet bilen ýaradandyr” (Toba,71).

“Erkek ýa-da aýallardan her biri ýürekden ynanyp, ýagşy bir iş etse, oňa iň gözel bir durmuşy bagş ederis we oňy iň ajaýyp görnüşde sylaglarys” (Nahl, 97).

Hawa, bu barada ençeme aýat getirmek mümkin. Jemläp aýtsak, Gurhan erkek bilen aýaly biri-birinden tapawutlandyrmaýar. Aýaly hiç wagt şeýtanyň adamlary aldamak üçin bir serişdesi hökmünde görmeýär. Aýalyň wezipesi diňe çaga dogurmak däldir. Aýal hem erkekler ýaly salyh amal etmek bilen jogapkärdir. Gurhan aýallaryň hemmesiniň namysyny goramanlygy ýaly meseleden söz açmaýar. Gaýta, tersine, Paragunyň aýaly we Bibi Merýem ýaly ençeme aýalyň namysyny goraýandygyny buýsanmak bilen aňladýar.

Hawa, gyz-oglan çagasynyň tapawudy, aýalyň bilim-terbiýesi, şaýatlygy, kasam edişi, şertnama baglaşmagy, mülk edinme hukugy, nika-talak haky, enelik sypaty, miras hukugy, ýaly ençeme meselede yslamyň aýala berýän hak-hukuklary häzirki günlerimizde bütin dünýäde täzeden şöhlelenip başlandy. Ylymlar ösdügiçe, yslamyň aýala goýýan hormaty we berýän bahasy, gün geçdigiçe, has aýdyň görünýär.

# IV B Ö L Ü M
# TÜRKMEN JEMGYÝETINDE BAGTLY ÝAŞAÝŞY ÜPJÜN EDÝÄN DÄP-DESSURLAR

**Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY:**

***Häzirki döwürde hem türkmen bedeniniň sagdynlygyny we berkligini saklamak üçin iýmekde-içmekde çenini bilmelidir. Ol nahara açgözlük bilen topulmaly däldir, saglygyny, güýjüni, işjeňligini saklamak üçin Beýik Taňrynyň: «Iýiň, içiň, emma öte geçmäň» diýen sözlerinden ugur almalydyr.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

## Iýip-içmekde edep

Wagtynda we kadaly iýip-içmek saglygyň seresidir. Şeýle hem, edep kadalaryna laýyklykda iýmek-içmek bolsa medeniýetlilik hasap edilipdir. Şonuň üçinem iýmitlenmegiň kadasyny her bir türkmeniň bilmegi hökmandyr, çünki lukmanlaryň aýtmagyna görä, köp keseller bu kadany berjaý etmezlikden gelip çykýar.

Gurhany kerimiň möçberi iň uly sürelerinden biri Maide süresidir. Maide sözi – saçak, supra, desterhan manylaryny berýär. Bu sürede Allatagala iýip-içilýän tagamlaryň halal we arassa bolmagyny ündeýär.

«Eý, Habybym, senden nämeleriň halal edilendigini soraýarlar. Aýt: size arassa we peýdaly zatlar halal edilendir» (Maide, 4).

Diýmek, ynsanyň saglygyny saklamagynyň esasy halal we arassa azyk önümleriniň, iýmitleriň, içgileriň iýlip-içilmeginde durýandyr. Haram we saglyga zyýanly iýmit we içgilerden saklanmalydyr. Şeýle hem iýilýän we içilýän halal we arassa önümlerden belli kadalara laýyklykda peýdalanmalydyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem öz ýaşaýan döwründe halal we arassa azykdan nähili peýdalanmalydygynyň edebini musulmanlara görkezipdir. Türkmen halky hem bu edep kadalaryny öz durmuşuna ornaşdyrypdyr. Türkmeniň ýaşaýyş medeniýetine laýyklykda däbe öwren iýmek-içmek bilen baglanyşykly bu edep kadalaryny gysgaça şeýle sanap bileris:

**Nahardan öň we soň eliňi ýuwmak.**

Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem: «Naharyň bereketi iýmekden öň we soň eliňi ýuwmakdyr» (Ebu Dawud, Tirmizi) diýipdir.

Pygamberimiz el ýuwmakdan başga agyz arassalygyna hem üns beripdir. Ol: «Dyrnaklaryňyzy aýryň, olary gömüň, dişleriň arasyny nahar galyndylaryndan arassalaň, miswak ulanyň. Saralan dişleriňiz bilen agzyňyz ysly halda ýanyma gelmäň» (Tirmizi) diýipdir.

Miswak ýylgyna meňzeş, ady erek bolan gyzyl agaçdan ýasalan çotga ýaly, ýöne gylsyz esbap.

**Nahara «Bismillah» diýip başlamaly, bolanyňdan soň, «Elhamdülillah» diýip doga etmeli.**

Pygamberimiz bir hadysynda: «Sizden kim bir zat iýip-içse «bismillah» diýsin. Başda aýtmagy unudan bolsa, ýadyna düşende şeýle diýsin: بِسْمِ اللّٰهِ فِى اَوَّلِهِ وَآخِرِهِ «Bismillähi fi ewwellihi we ahyrihi» (Başynda-da, soňunda-da bismillah)» (Ebu Dawud) diýip buýrupdyr. Ol bir hadysynda şeýle aýdypdyr: «Kişi öýüne gelip, içeri girende we nahar iýende Allanyň adyny zikr etse, şeýtan özüniňkilere: «Size bu taýda gijäni geçirmegem, agşam naharam ýok» diýer. Ýöne kişi öýüne girende Allany zikr edip, agşam naharyny iýende zikr etmese, şeýtan bu gezek özüniňkilere: «Agşam naharyna ýetdiňiz, emma bu ýerde gijäni geçirmegiňiz mümkin däl» diýer. Adam öýe girende we naharyň başynda «Bismillah» diýip Allany zikr etmese, şeýtan bu gezek özüniňkilere begenç bilen buşlap: «Nahara-da ýetdiňiz, bu ýerde gijänem geçirersiňiz» diýer» (Müslim).

Nahar iýen ýa-da bir nygmata eýe bolan biriniň Süleýman (a.s.) ýaly: هٰذَا مِنْ فَضْلِ رَبِّي

«Bu Rabbimiň fazl we keremindendir» (Neml, 40) diýmegi gowy görlüpdir.

Pygamberimiz nahar iýenden soň, dürli dogalar edipdir. Biz olaryň käbirini ýatlatmagy makul gördük:

اَلْحَمْدُ لِلّٰهِ الَّذِى اَطْعَمَنَا وَسَقَانَا وَكَسَانَا وَجَعَلَنَا مِنَ الْمُسْلِمِينَ

«Bize iýdiren, içiren, geýdiren we musulman bolmagy nesip etdiren Alla hamd bolsun» (Ebu Dawud).

اَللّٰهُمَّ بَارِكْ لَنَا فِيهِ وَاَطْعِمْنَا خَيْرًا مِنْهُ

«Allam, bize, bu iýen naharymyza bereket ber, ondan haýyrlysyny iýdir» (Tirmizi).

**Nahary oturyp iýmelidir.**

Türkmençilikde, umuman, ýere saçak ýazylyp nahar iýilýändir. Pygamberimiz hem uly iliňki ýaly adaty saçakda nahar iýer eken.

Pygamberimiz nahar iýende, köplenç, çök düşüp oturar eken. Käwagt bolsa sag aýagyny dikeldip, çep aýagynyň üstünde oturýar eken. Ol bu barada şeýle aýdypdyr: «Men ýassanyp iýmerin. Çünki menem gulduryn» (Buhary). Eliňe direnip, ýaplanyp, ýatyp iýip-içmegi Pygamberimiz halamandyr (Ebu Dawud). Bu mekruhdyr. Şeýle hem Ymam Gazaly «Ihýa» atly kitabynda: «Beýiklikde, stolda nahar iýmek tekepbirlik bilen edilmese, hiç hili zeleli ýokdur. Çünki stol nahar iýmegi ýeňilleşdirýär» diýip düşündirýär.

Dik durup iýip-içmek halanmaýar. Ýöne «Oturmaga mümkinçilik bolmany üçin, dik duran ýeriňden iýip-içmegiň zeleli ýok diýip, Ymam Gazaly aýdypdyr. Bu meselede ýurduň däp-dessuryna, şahsyň ýagdaýyna esaslanylýar.

**Nahary hemişe sag eliň bilen iýmelidir.**

Çaga kiçi ýaşdaka sag eli bilen nahar iýmäni öwretmeli. Pygamberimiz terbiýeleýän sahaba çagalaryna sag el bilen iýmegi ündäpdir. Serwerimiz bir hadysynda: «Siz iýeniňizde, içeniňizde, bir zat uzadanyňyzda, bereniňizde sag eliňizi ulanyň. Çünki şeýtan çep eli bilen iýýär, berende-de, alanda-da çep elini ulanýar» (Ibni Maje) diýipdir.

Çep el bilen iýip-içmek mekruhdyr. Ýöne unudyp ýa-da bir näsaglyk sebäpli çep eli ulanmagyň, şeýle hem çöregi döweniňde çep eliňi kömekçi edinmegiň zeleli ýokdur. Çöregi iki eliň bilen döwmek has laýygydyr.

**Nahary gyzgyn iýmeli däl we iýip-içeniňde üflemeli däldir.**

Nahary gyzgyn iýmek, çaýy gyzgyn içmek agyz boşlugy we garyn üçin zyýanlydyr. Şonuň üçin nahary biraz sowadyp äbermelidir. Bu saglyk taýyndan hem has gowudyr. Pygamberimiz bu barada: «Gyzgyn naharda bereket ýokdur. Allatagala bize ot iýdirmändir. Şonuň üçin nahary sowadyp iýiň», (Gazaly, «Ihýa») diýip ündäpdir. Bu barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle aýdylýar: ***“Her iýilýän we içilýän zat hem saglyga täsir edýär. Eger-de ol gyzgyn bolsa, bedende gyzgynlyk, sowuk bolsa, sowuklyk duýlup başlaýar, olaryň täsiri endama ýaýraýar.”***

**Nahary ýaplanyp iýmeli däl.**

Ýaplanyp iýip-içmegi yslam gadagan edendir, sebäbi beýle etmeklik saçaga hormatsyzlyk bolşy ýaly medeniýetsizlikdir. Ebu Dawudyň gürrüň beren bir hadysyna görä, “Pygamberimiz ýaplanyp iýmändir.”

**Nahary gereginden artyk iýmeli däldir.**

Dinimizde köp iýmegiň halanmaýşy ýaly, aç gezmek hem maslahat berilmeýär. Çünki köp iýmeklik, uky, ýaltalyk, gowşaklyk döredýär, açlyk

bolsa ejizledýär. Aşa dokluk süňňi agraldýar, bedeni syrkaw halyna salýar, köp hereket etmeýän adamlarda dürli keseller döredýär. Gurhany kerimde:

«Eý adam ogullary, iýip-içiň, isrip emäň. Çünki Alla isrip edenleri söýmez» (A’raf, 31) diýilýär. Pygamberimiz bolsa bir hadysynda: «Adam oglunyň doldurýan gaplarynyň arasynda garyndan zelellisi ýokdur. Adamyň ýaşamagy üçin birnäçe lukma ýeterlikdir. Şonuň bilen ol özüni saklap biler. Eger ondan artyk iýmek zerur bolsa, onda garny üçe bölmeli, bir bölegini nahara, ýene birini suwa we üçünjisini bolsa dem almaga gerek bolan howa üçin bölüň. Allanyň iň ýigrenýän gaby – doly aşgazandyr» (Tirmizi) diýipdir. Pygamberimiziň başga bir hadysynda şeýle diýilýär: «Nebilerden soň ymmatyň arasynda dörejek ilkinji bela doklukdyr. Çünki millet dok bolanda bedenler semräp, ýürek ejizlär, harsydünýälige ýüz urlar (Ibrahim Janan «Hz. Pygamberiň sünnetinde terbiýe»).

Hawa, ynsanyň saglygyny goramagynyň şertleriniň biri-de ýaşyna laýyklykda iýip-içýän zadyna üns bermekdir. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***“Ýaşululyk edebiniň baş hem üýtgewsiz şerti, ýaşyňa görä ýaşamakdyr. Bu şerti berjaý etmek üçin, ilkinji nobatda, ýaşyňa görä iýip-içmelisiň. Türkmençilikde kyrk ýaşdan soň iýgi-içgide öte ajy we öte süýji tagamlar azaldylýandyr. Beden lezzeti ömür hezzetine görädir. Sen kyrk ýaş ömrüňde kämillige ýetdiň, kämillik diýmek, durmuşyň ajysyny-da, süýjisini-de ýeterlik görmekdir. Göwnüň ajy--süýjüden dokmäde bolansoň, bedeniňi-de olardan berhiz etgin! Çünki sazlaşykly ömür – ten bilen ruhuň aýakdaş gitmegidir. Şeýle-de ýaşululykda öte ýagly, öte güýçli nahardanam daşrakda bolmalysyň....***

***Ýaşululykda iýgi-içginiň diňe bir hilini däl, mukdaryny-da üýtget! Ýaşululykda agzyňa buýur, jahyllykda diliňe buýrup bilmän, az görgüler gördüňmi?!”***

**Mümkin bolsa, günde iki gezek naharlanmaly (ertirlik we agşamlyk).**

Saglyk taýyndan iň peýdalysy hem mümkin bolsa günüň dowamynda iki gezek naharlanmakdyr. Bu ertirlik we agşamlyk naharydyr. Eger-de ynsan günde iki gezek nahar iýjek bolsa, agşamlyk naharyny gijikdirmeli däldir. Sebäbi agşamlyk nahary gijikdirilip iýilse, ol düýbünden saglyga zyýanlydyr. Gowy dynç almak üçin aşgazanyň boş bolmagy gerekdir. Il arasynda “Ertirki naharyňy özüň iý, günortanlygyňy dostuň bilen bölüş, agşamlygyňy duşmanyňa ber” diýlen dana sözlerde hem hut şu zatlar göz öňünde tutulandyr. Garyn-içege keselliler az-azdan günde üç gezek iýmelidirler.

Pygamberimiz we Onuň sahabalarynyň, köplenç, günde iki gezek naharlanandygy aýdylýar. Pygamberimiz agşamlyk we ertirlik nahar edinmegi maslahat beripdir. Pygamberimiz bir hadysynda: «Bir gysym hurma bilen hem bolsa agşamlyk ediniň. Çünki agşam naharyny terk etmek tiz garradar» (Tirmizi) diýipdir. «Kim ajwe hurmasy bilen ertirlik edinse, şol gün oňa zäherem, jady (sihir) hem täsir etmez» hadysynda hem ertirlik edinmegi maslahat beripdir. Ebu Dawudyň gürrüň beren şu hadysy Pygamberimiziň bir günde iki wagtyna nahar iýendigini anyk görkezýär. Pygamberimizden:

– Siz näme iýip-içýärsiňiz, eý, Resulallah? – diýip soralanda:

– Agşam bir bulgur süýt, ertir bir bulgur süýt – diýip jogap berýär. Buharynyň gürrüň beren bu hadysy bolsa ýokarky aýdylany has güýçlendirýär: «Muhammediň içersiniň bir günde iýýän iki naharyndan biri hökman hurmady» (Ibrahim Janan «Hz. Pygamberiň sünnetinde terbiýe»).

**Tabakda nahar galdyrmaly däldir.**

«Pygamberimiz nahar iýende tabakda zat goýmazdy we şeýle diýerdi: «Naharyň soňy has bereketlidir» (Beýhaky). Başga bir hadysynda bolsa, “Kim bir tabakda nahar iýenden soň tabagy süpürse, şol tabak onuň Alladan ýalkanmagyny dilär” (Tirmizi).

**Köplük bolup naharlanmaly.**

Pygamberimiz hemişe agzybir bolmagy, jemagat bolup ýaşamagy ündeýşi ýaly, nahary hem köplük bolup iýmegi ündäpdir. Köplük bolup naharlanmak dost-doganlygy, agzybirligi berkider. Şeýle hem öý eýesine myhman sogaby gazandyryşy ýaly, saçagyň hem bereketidir. Bir gün sahabalardan biri: «Eý Resulallah, iýýäs, ýöne doýmaýarys» diýipdir. Pygamberimiz: «Onda siz ýeke, özbaşyňyza iýýänsiňiz» diýende, sahaba munuň şeýledigini tassyklapdyr. Pygamberimiz: «Üýşüp bile iýiň, besmele aýdyň, şonda naharyňyz bereketli bolar» («Riýazus-salyhyn») diýip, nesihat beripdir. Başga bir hadysynda: «Allanyň nazarynda naharlaryň iň gowusy – oňa uzaýan eller köp bolan nahardyr», («et-Tergib») diýipdir. Serwerimiziň ýene bir hadysy ýokarda aýdylanlaryň üstüni ýetirýär: «Bir kişilik nahar – iki kişä, iki kişilik nahar – dört kişä, dört kişilik nahar – sekiz kişä ýeter» (Müslim).

**Bilelikde nahar iýlende, her kim öz öňünden iýmelidir.**

Tabakdaşlar bolup nahar iýlende, her kimiň öz öňünden iýmesi edeplilikdir. Şeýle ýagdaýda şahsy gigiýenany berjaý etmeli. Nahar el bilen iýilýän bolsa, nahar iýýän elimiz bilen köpçüligiň iýjek zatlaryna degirmeli däl. Bu babatda sahabalardan Ikras b. Züýeýb bir wakany şeýle gürrüň

berýär: «Bir gün Selemäniň öýünde nahar iýýärdik. Men tabagyň ähli ýerine elimi aýladym. Pygamberimiz çep eli bilen elimden tutup: «Eý, Ihras, öňüňden iý. Çünki gapdaky naharyň hemmesi bir nahar» diýdi. Soň ýaňy bişen hurma bilen guradylan hurmany bir tabakda getirdiler. Bu gezek öňümden iýip başladym, emma Pygamberimiziň eli tabagyň hemme ýerinde aýlanýardy. Ol maňa: «Eý, Ihras, indi islän ýeriňden iý, çünki tabakdaky miwe hil-hil» diýdi» (Tirmizi).

**Nahar wagty terbiýeleýji, peýdaly gürrüňleri etmeli**.

Çünki Pygamberimiz hem saçak başynda söhbet eder eken (Müslim).

**Nahar iýlip bolnandan soň bile turmalydyr**.

Beýle etmek hem medeniýetlilikdir. Pygamberimiz bu barada şeýle aýdypdyr: «Nahar iýilýän wagty doýan kişem saçagyň başyndan turup gitmesin. Eger tursa, ýanyndaky ýoldaşyny utandyrar. Ýoldaşy doýmasa-da, iýmegini bes etmegi mümkin» (Ibni Maje).

**Türkmen halkynyň çörege goýýan hormaty.**

Türkmençilikde çörek, duz, suw mukaddes hasap edilendir. Ony harlamak, zaýalamak, aýak astyna taşlamak gadagandyr. Hatda ýolda-yzda aýak astyna taşlanan çörek görülse, türkmen ony alyp, aýak basmaz ýaly ýere goýar. Bu hakda şeýle bir rowaýat bar. Gum içinde düýeli barýan bir adam düýäniň üstünde çörek iýip barýarka, onuň bir ownugyny ýere gaçyranmyş. Ol düýesini aňyrrakda daňyp, ownugyň gaçan ýerini näçe gözlese-de, ony tapmanmyş. Soň ol çöküp oturan düýäniň üstündäki ýükden elegi alyp, owuntygyň gaçan ýerindäki çägäni tutuş elekden geçirip, owuntygy tapanmyş we diňe şondan soň ýoluny dowam edenmiş.

Hawa, bu ýerde asyl mesele beýle bir wakanyň bolup-bolmazlygy däl, türkmeniň çörege goýýan hormatydyr.

Türkmen çöregiň saçakda galan bölek-büçeklerini, gatan gyralaryny, hatda köýen ýerlerini hem hapa taşlanýan çelege oklamaýar. Ony ýygnap goýýar, mümkin boldugyça iýmit üçin peýdalanýar. Heňläp zaýa bolan çöregi toplap, mally, it-guşly adamlara berýär.Umuman-a, çöregi maşgalanyň zaýalaman iýip biljek mukdarynda bişirýär ýa-da alýar. Asla, çöregiň bir döwümini hem isrip etmeýär. Sebäbi türkmen şerigatda isribiň haramdygyny bilýär.

Çöregi zyňmak, ýeke eliň bilen döwmek, saçagyň üstünde ýüzin (düňderlip) goýmagy hem halamaýar. Çörek saklaýan gap-gajyň üstünde oturmaýar.

**Suw içmegiň edebi.**

Suwuň bar ýerinde ýaşaýyş bar. Türkmenistanda suw gyt bolupdyr. Munuň ahmyryny halkymyz tutuş taryhynda çekipdir. Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnama kitabynda bu hakykaty şeýle beýan edýär: ***“Näme üçin oguz Uzboýdan göterilipdir? Oguz derýasynyň suwy gurapdyr. Suwuň ýok ýerinde ýaşaýyş ýok. Suwsuzlyk sebäpli oguz ýurduny täzelemeli bolupdyr.***

***Şonuň üçin türkmen “Suw damjasy – altyn dänesi” sözi bilen suwa ýokary baha berýär, ony mukaddes hasap edýär.”*** Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Gurbansoltan aýynyň birinji dynçgününi ″Suw damjasy – altyn dänesi″ baýramçylygy diýip yglan etdi. Suw damjasyny altyn dänesine deňeýän türkmen suwdan peýdalanmagyň edebini hem döredipdir. Türkmeniň suw edebini şeýle düşündürmek bolar.

**Suw içeniňde ″Bismillah″ diýmeli, gananyňdan soň şükür etmeli.**

Türkmen her haýyr işe ″Bismillah″ diýip başlaýşy ýaly, suw içeninde-de ″Bismillah″ diýip aýdýar. Pygamberimiz: “Suw içeniňizde bismillah diýiň, suwdan gananyňyzdan soň Alla hamd ediň» (Tirmizi) diýýär. Hamd etmek «Elhamdulillah» diýmekdir.

**Suwy bir demde içmeli däl.**

Suwy bir demde içmegi Pygamberimiz halamandyr. Ol bu barada şeýle diýipdir: «Suwy düýe ýaly bir demde içmäň. Bolmanda iki ýa-da üç demde içiň..

**Suw içeniňde suwa dem bermeli däldir.**

Pygamberimiz bir hadysynda şeýle aýdýar: «Suw içeniňizde gabyň içine dem bermäň. Demiňiz ýetmedik wagtynda, gaby agzyňyzdan aýryp dem alyň, soň içiň» (Janan, «Kütübi Sitte»).

**Dik durup, suw içmeli däl.**

Pygamberimiz dik duran ýeriňden suw içmegi gadagan edipdir, ýöne Onuň dik durup suw içen wagty hem bolupdyr («Riýazus-salyhyn»). Şonuň üçin zerurlyk bolmadyk ýagdaýynda dik duran ýeriňden suw içmezlik gowudyr. Ýöne dik duran ýeriňden içmegem günä däldir.

**Köpçülikde suwy ilki özüň içmezden öň, ýanyňdaky ýaşula bermeli.**

Beýle etmek edeplilikdir. Halk arasynda: «Suw kiçiniňki, söz ulynyňky» diýilýär. Emma, hakykatda, kim juda suwsan bolsa, suwy ilki şoňa bermelidir. Şeýle hem uly mejlisde ýaşululara hormat etmelidir. Kiçi ýaşly çaganyň gepe düşünmeýänligi üçin, suwy ilki oňa içirmek has makuldyr.

**Zemzem suwuny içmegiň edebi.**

Zemzem suwuny kybla bakyp, besmele aýdyp, dik durup içmek sünnetdir. Çünki Pygamberimiz zemzem suwuny dik durup içer eken. Ibni Abbas şeýle gürrüň berýär: «Resulyllaha zemzem suwuny hödür etdim – Ol dik duran ýerinden içdi» (Dawud ogly, «Müslimiň şerhi»). Zemzem suwuny içeniňde şu doga okalsa has laýygydyr:

اَللّٰهُمَّ اَسْأَلُكَ عِلْماً نَافِعاً وَرِزْقاً وَاسِعاً وَشِفَاءً مِنْ كُلِّ دَآءٍ وَسَقَمٍ

«Allam, Senden peýdaly ylym, bol ryzk, her dürli dertden şypa dileýärin».

**Suw gaplaryny agzy açyk goýmaly däldir.**

Suw gaplarynyň agzynyň açyk bolmazlygy saglyk üçindir. Eger suw gabynyň gapagy ýok bolsa, üstüne bir zat uzadylyp goýulýar.

## Yslamda haram edilen iýmitler

Gurhany kerimde dört sany iýmitiň haramdygy aýdylýar.

«Ol (Alla) size diňe meýtäni (maslygy), damak gany, doňuz etini we Alladan özgäniň adyna kesilen haýwanyň etini haram kylandyr...» (Bakara, 173).

1. Meýte (maslyk). Gurhanyň iýilmegini haram kylan iýmitleriniň iň esasylaryndan biri maslykdyr. Ol iýmek üçin damagy çalynmadyk ýa-da awlanmadyk özi ölen haýwanyň we guşuň maslygydyr.

Näsaglyk ýa-da zäherlenme sebäpli ölen haýwanyň etini iýmek saglyk üçin howpludyr. Maslygyň haram kylynmagynyň iň esasy sebäbi şudur.

Damagy çalynman boglup ölen, urlup öldürilen, ýokardan gaçyp ölen, başga bir mal tarapyndan öldürilen haýwan maslyk saýylýar. Ýöne bu mallaryň jany çykmanka ýetişilip, damagy çalynsa, halal bolýar. Suwda özi ölen balyk hem maslyk saýylýar.

Maslygyň şahyny, süňküni, ýüňüni peýdalanmak mubahdyr. Derisi bolsa eýlenenden soň, arassa saýylýar.

2. Damakgan. Malyň damagy çalnanda ganynyň köpüsi daşyna akýar. Muny iýmek-içmek haramdyr. Ýöne inçe damarlarda akman galan gan ýa-da dalak we bagyr ýaly agzalarda galan ganyň iýilmeginde zelel ýokdur.

Ganyň haram edilmeginiň esasy hikmeti onuň hapalygy, içinde adama zyýanly dürli mörjewleriň (mikroblaryň), we bakteriýalaryň barlygy sebäplidir.

3. Doňuz. Bu jandaryň etiniň haram edilmegi Gurhany kerimde (Bakara, 173; Maide,3; En’am, 145; Nahl, 115) hem-de hadyslarda anyk,

kesgitli görnüşde aýdylypdyr. Pygamberimiz bir hadysynda: «Alla we Onuň Resuly hamryň, (spirtli içgiler), maslygyň, doňzuň we çokunmak üçin ýasalýan butlaryň alyp-satylmagyny haram edendir» (Buhary, Ebu Dawud, Tirmizi) diýýär.

Doňzuň içýagynyň azyk üçin we başga maksatlar üçin ulanylmagy hem haram edilipdir.

Yslam alymlary doňzuň etini-ýagyny iýmegiň gabanjaňlyk, namysjaňlyk ýaly duýgulary küteldip, ynsanyň ahlagyna erbet täsir edýändigini belleýärler. Şeýle hem häzirki döwrüň ylmy we medisinasy doňuz etiniň ynsan saglygyna zyýanlydygyny subut edýär. Ösen tehniki enjamlar bilen doňzuň eti we ýagy işlense-de, dürli azyk önümleri üçin goşmaça garyndy hökmünde ulanylsa-da, ol haramlygyna galýar.

4. Alladan özgäniň adyna kesilen mal.

Jahylyýet döwründe araplar çokunýan butlarynyň adyna gurban niýeti bilen mal soýar ekenler. Şonuň üçin Gurhan Alladan başganyň adyna damagy çalnan haýwanlary haram hasaplapdyr.

«Eger Allanyň aýatlaryna ynanýan bolsaňyz, diňe Onuň adyny aýdyp, kesilenlerden iýiň» (Engam, 118). diýilýär Başga bir aýatda «Allanyň ady aýdylman kesilen haýwanlaryň etini iýmäň» (Engam, 121) diýilýär. Şular ýaly aýatlara daýanyp, malyň damagy çalnanda, «Bismillah» diýmegi şert goşupdyr. Bu yslamyň towhyd akydasyna berlen ähmiýetiň anyk netijesidir.

Hanefi we Mäliki mezhebine görä, بِسْمِ اللّهِ

«Bismillah» diýmek hökmandyr. Bilgeşleýin diýilmese, şol haýwanyň eti iýilmeýär. Unudylyp diýilmese, hiç hili zeleli ýokdur (Buhary, Ebu Dawud).

بِسْمِ اللّهِ اَللّهُ اَكْبَرُ

«Bismillahi Allahu Ekber» diýmek, mustahap görülýär.

Şafygylar bolsa damak çalnanda بِسْمِ اللّهِ

«Bismillah» diýmegiň sünnetdigini, kesen wagty bismillanyň aýdylyp-aýdylmandygy bilinmese, bismilla aýdyp, şol malyň etini iýmek bolýandygyny aýdýarlar. Haýwanyň damagy çalnanda bismillany terk etmek mekruhdyr. Olaryň daýanýan delilleri şu hadysdyr: «Pygamberimiz Mekgede ýaşan döwründe töwerekdäki taýpalardan musulman bolan bir jemagat sowgat hökmünde et iberýär. Bismilla aýdylyp, damagy

çalnandygy näbelli bolan bu eti iýmek meselesi Pygamberimizden soralanda, Ol: «Bismilla aýdyp iýiň» diýipdir (Buhary).

Ymam Şafygy bu hadysa mutlak many berip, haýwan bismillasyz kesilen bolsa hem, iýen wagtyň bismilla aýtsaň, ýeterlik boljakdygyny aýdýar. Ymamy Agzam bolsa «Eti iberen taýpanyň musulmandygy üçin, bismilla aýdylmandygyna diňe şübhe edilipdir. Allanyň Resuly (s.a.w.) bolsa, musulman hemişe Allanyň adyny aýdyp, malyň damagyny çalandyr diýen düşünje bilen şol etiň halaldygyny» aýdýar. Ymamy Agzam: «Bu hadysa bismillasyz damagy çalnan malyň etiniň iýiljegine delil däldir» diýip düşündiriş berýär.

**Damak çalmak bilen baglanyşykly meseleler.**

1. Damak çalýan akyly ýerinde, kämillik ýaşyna ýeten we musulman bolmalydyr. Ýahudy we hristianyň hem damagyny çalan maly iýilýär. Ýöne olaryň damagyny çalan maly diňe yslam dininiň makullaýan şertlerine laýyklykda ýerine ýetirilen ýagdaýynda halaldyr. Butparazlaryň we müşrikleriň öldüren maly musulmana halal däldir.

2. Damak çalnanda haýwana ezýet bermän, ýiti pyçak ýa-da gural bilen çalmalydyr. Damak çalmaga derek elektroşok, sapança meňzeş ýörite gural bilen, kömürturşy gazyny ulanmak, tokmak bilen maňlaýyna urmak, ýeňsesinden çiş sokmak arkaly haýwany öldürmek dürs däldir. Ýöne mal ölmänkä damagy çalynsa, eti halaldyr. Haýwana ezýet bermezlik üçin elektroşok edilýändigi aýdylsa-da, elektrik togy haýwanyň nerw sistemasynyň işleýşini togtadýar. Netijede, damagy çalnanda haýwanyň gany doly akmaýar. Şonuň üçin güýçli tok ulanmak dogry däldir.

3. Häzirki ösen tehniki enjamlardan peýdalanyp, «Bismillah» diýip, bir gezekde birnäçe towugyň damagyny çalmak dürsdür. Ýöne arassalananda ýeleginiň aňsat ýolunmagy üçin, towugyň atylýan suwunyň gyzgynlygy 55 gradusdan ýokary bolmaly däldir. Çünki bu gyzgynlykdan ýokarda diffuziýa arkaly hapa ete siňýär. Netijede, et harama çykýar.

4. Dabaralarda, garşy almalarda damagy çalnan mal Allanyň ady aýdylyp öldürilse hiç hili zeleli ýokdur, onuň eti halaldyr. Ýöne damak çalynmagyna sebäp bolýan şahs ýa-da gurama mukaddeslik, Hudaý mertebesine göterilmeli däldir.

**Eti halal haýwanlar.**

1. Sygyr, goýun, geçi, düýe, towşan, towuk, gaz, ördek, hindiguşy ýaly öý haýwanlarynyň we guşlarynyň eti halaldyr.

Hapa iýýän (jellale) towuk, sygyr, goýun ýaly haýwanlaryň arassalanmak möhleti geçmezden, damagyny çalmak bolmaýar. Olaryň

halallanmagy üçin  towugy üç gün, goýny we geçini dört gün, sygry we düýäni on gün daşaryk goýbermän, arassa iýmit bilen bakmalydyr.

At eti dört mezhebe görä-de halaldyr. Ýöne Ymamy Agzam söweş we ulag hökmünde ulanylýandygy sebäpli, onuň etini mekruh hasaplapdyr.

Towşan eti hem dört mezhebe görä halaldyr. Ýöne käbir sahaba we tabi’in alymlaryna, şeýle hem müjtehid ymamlardan Ibni Ebu Leýla görä, towşan eti tahrimen mekruhdyr.

2. Keýik, jeren, ýabany sygyr, zebra ýaly haýwanlar.

3. Gögerçin, serçe, bedene, käkilik ýaly ýabany guşlar.

4. Balyklar halaldyr.

Leňňeç, gurbaga, balykgulak ýaly ýakymsyz sypatly  jandarlaryň eti Hanefi mezhebine görä halal däldir. Beýleki üç mezhebe görä, suwda ýaşaýan ähli jandarlary iýmek halaldyr. Ýöne Şafygylarda Hanefilerdäki ýaly, suwda ýaşaýan jandarlardan diňe gury ýerde ýaşaýan eti iýilýän haýwanlara meňzeýänleri halal, eti iýilmeýänlere meňzeýänleri bolsa, haram diýen garaýyş hem bardyr.

**Eti haram haýwanlar.**

1. Azy dişleri we penjesi bilen aw edýän gurt, aýy, arslan, gaplaň, şagal, belka, tilki, pil, maýmyn, it, pişik ýaly haýwanlar.

2. Dyrnaklary bilen aw awlaýan bürgüt, ýarganat, baýguş ýaly guşlar.

3. Ýakymsyz sypatly bolan ýylan, içýan, gurbaga, pyşbaga, syçan, hažžyk, alaka, ýagyş gurçugy, siňek ýaly haýwanlar we möp-möjekler.

4. Öý haýwanlaryndan eşegiň, gatyryň eti dört mezhebe görä hem haramdyr. Käbir alymlar gatyryň etini mekruh hasaplapdyr.

**Aw we aw etmek.**

Aw gadymdan däbe öwrülen pişedir. Yslam dinine görä, eti iýilýän haýwanlar eti we derisi üçin, eti iýilmeýän haýwanlaryň derisinden, dişinden peýdalanmak we zyýanyndan goranmak üçin awlamak jaýyz görülýär. Hiç bir peýdasy bolmadyk halatda, diňe keýp we haýwanlara ezýet bermek niýeti bilen aw etmek halanmaýar. Pygamberimiz bir hadysynda: «Kim bir serçäni keýpine öldürse, ol guşuňam kyýamat güni Alla şikaýat edip: «Eý, Rabbim, pylany meni hiç bir bähbit araman, keýpine öldürdi» diýjekdigini habar berýär (Şewkani, «Neýlül-ewtar»).

Aw – tüpeň, ok, naýza ýaly ýaralaýjy we öldüriji gurallar ýa-da tazy, elguş ýaly ýörite öwredilen haýwanlar arkaly edilýär.

**Aw bilen baglanyşykly meseleler.**

1. Awçy  musulman, kämillik ýaşyna ýeten  bolmalydyr. Otparazyň, “Butparazyň” awlan haýwanynyň eti haramdyr.

2. Awçy nyşana almanka, guşuny ýa-da tazysyny goýbermänkä, “Bismilla” diýmelidir. Eger unutsa, zeleli ýokdur.

3. Aw guralynyň awlanýan jandaryň bedenini ýarmagy we tenine girmegi şertdir. Güýçli urgy, daş, taýak bilen urlup awlanan haýwanlaryň etini iýmek bolmaýar. Urlup seňseledilen awuň derrew damagy çalynsa, zeleli ýokdur.

4. Tazy tutan awuny bogup öldürse ýa-da etinden iýse, ol aw haramdyr. Elguşuň awuň etinden iýmeginiň zeleli ýokdur. Awda ulanylýan jandar eýesi tarapyndan goýberilmän, özbaşyna aw awlap getirse, eger onuň getiren awy janly bolsa, damagyny çalyp iýmek bolýar. Ýogsa iýilmeýär.

5. Aw wagty ýaralanan haýwan suwda gark bolsa ýa-da ýokardan gaçyp ölse, bularyň hem etini iýmek bolmaýar.

## Içgiler we narkotik jisimler

Yslam – serhoş edýän, akyly we ruhy deňagramlylygy bozýan, nerw ulgamyna zyýan edýän maddalary ulanmagy haram edipdir. Bu Gurhany kerimde şeýle beýan edilýär: «Eý, iman edenler, hamr (spirtli içgiler), humar, ensab (butlara gurban kesilýän we olara çokunylýan ýer), pal oklary şeýtanyň myrtar, nejis işlerinden başga zat däldir. Bulardan daş dursaňyz halas bolarsyňyz. Şeýtan hamr we humar bilen siziň araňyza duşmançylyk we kine salmak, sizi Allany zikir etmekden we namazdan daşlaşdyrmak isleýär. Indi bu hapa işleri taşlarsyňyzmy?!» (Maide, 90-91). Bu aýat içginiň we humaryň haram edilmeginiň hikmetlerini aç-açan beýan edýär. Pygamberimiz «Her bir serhoş edýän zat hamrdyr. Her hamr haramdyr» diýipdir (Buhary, Müslim). Başga bir hadysynda: «Köp içeniňde serhoş edýän zadyň azy hem haramdyr» diýipdir (Tirmizi, Ebu Dawud).

Yslam alymlary bu aýata we hadyslara daýanyp, hamryň haramdygyny we muny inkär edeniň küfüre düşjekdigini belleýär. Şeýle hem ady näme bolsa bolsun, nämeden öndürilse öndürilsin, köp içeniňde serhoş edýän içginiň az mukdarda içilmeginiň hem haramdygy aýdylypdyr.

Pygamberimiz bir hadysynda içgini öndüreni, içeni, getireni, getirdeni, paýlany, satany, satyn alany, hödürläni, ondan girdeji gazanany, şol gazançdan iýeni näletläpdir (Ebu Dawud, Tirmizi, Ibni Maje). Spirtli içgileri gymmatly haryt hökmünde kabul etmän, nejis saýypdyrlar. Onuň söwdasyny, saglygy bejermekde ulanmagy gadagan edipdirler. Içgi içilýän ýerde oturmagy hem ýazgarypdyrlar. Bu çäreleriň ählisi ynsany spirtli içgi içmek endiginden halas etmek we jemgyýetde bu zäheri düýbünden ýatyrmak, geljek nesliň zaýalanmagynyň öňüni almak üçin görlen çäredir.

Pygamberimizden içginiň derman hökmünde ulanylmagy barada soralanda: «Ol derman däl – dertdir» diýip jogap beripdir (Müslim, Ebu Dawud). Yslam alymlary serhoş edýän içgileriň derman maksady bilen içilmegini jaýyz görmändirler. Ýöne derman ýasamakda alkogolly maddalaryň ulanylmagyny jaýyz görüpdirler. Eger halal maddadan ýasalan derman ýok wagtynda, dindar we ynamdar lukman alkogolly dermany ulanmagy maslahat berse, ony ulanmak dürsdür.

Aýatda hamr «rijs» hapa saýylandygy üçin, spirtli içgiler gan we siýdik ýaly galiz nejaset saýylýar. Şonuň üçin hem onuň az mukdary hem bedende, eşikde we namaz okaljak ýerde bolmagy namazyň dürslügine zyýan ýetirýär.

**Neşe maddalary.**

Meň, tirýek, geroin, kokain, morfin ýaly neşe maddalary bedene, ruhy saglyga alkogolly içgilerden has beter zyýanlydyr. Şeýle hem olaryň maşgala we jemgyýete ýetirýän zyýany uludyr. Şonuň üçin yslam alymlary bulary ulanmagy haram saýypdyrlar.

**Çilim we nas.**

Çilim XV asyrdan soň yslam ýurtlaryna ýaýrapdyr. Şonuň üçin ilkinji döwür müjtehidleriniň bu mesele bilen baglanyşykly anyk kesgitli fetwalary ýokdur. Häzirki döwrüň yslam alymlary çilim barada şu garaýyşlary öňe sürýär:

1. Käbirleri kyýas ýoly bilen anyk bir höküme daýanyp bilmänligi üçin haram diýip bilmän, çilimi tahrimen mekruh saýypdyr.

2. Käbir alymlar bolsa çilim çekmegi saglyk taýdan zyýanly, ykdysady taýdan isrip we eklenje zyýanlydygy sebäpli haram saýypdyr.

Suw çilimi, müşdükli çilim we nas – bularyň ählisi çilim bilen deňdir.

Hawa,″Türkmen halkynyň müňýyllyklaryň synagyndan geçen ýol-ýörelgelerini hormatlap, türkmen milletiniň sagdyn durmuşda ýaşamak babatda asyrlar boýy kemala gelen garaýyşlaryna gadyr goýup, Mukaddes Ruhnamanyň saglygy goramak ugrundaky esaslaryny nazara alyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň saglyk syýasatyny durmuşa geçirmegi maksat edinip, lebzi we süňňi halal, haramdan hem ýaramaz edim-gylymlardan daşda duran merdana pederlerimiziň dogry hem nusgalyk ýolunyň Altyn asyrda dowam etdirilmegini, baky Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň meň, tirýek, geroin, kokain, morfin, LSD ýaly narkotik maddalaryň, temmäkiniň we temmäki önümleriniň adamyň saglygyna zyýanly täsiri baradaky ündemelerine goşulmak islegini tassyklap,

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite kararlary esasynda bular Türkmenistanyň çäklerinde gadagan edilendir.″

## TÜRKMENDE GEÝINMEGIŇ EDEBI

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy:**

***Hakyky türkmen öz eginbaşyna üns bermelidir, özüni pähime laýyk bezemelidir, onuň daş keşbi hemişe görmegeý bolmalydyr, sebäbi, hakykatdan-da, Beýik Allatagala gözeldir we ol gözel zatlary söýýär, türkmen Beýik Allatagalanyň söýgüsine mynasyp adam bolmalydyr.***

**Mukaddes Ruhnamadan**

### Geýinmegiň ähmiýeti

Ynsan üçin iýmek-içmek nähili zerurlyk bolsa, geýinmek, jemgyýetde sada we göze gelşikli görünmegem, elbetde, zerurlykdyr. Bedeniň zynaty, yssy we sowukdan goranmak egin-eşik bilen mümkindir. Bu hakykat Gurhanyň Araf süresinde şeýle nygtalýar: “Eý Adamyň ogullary! Üns beriň, size edep ýerleriňizi örtüp, bezenip ýörjegiňiz egin-eşik nesip etdirdik. Ýöne siziň zynatyňyz, esasan, takwa lybasydyr, bu siziň üçin has gelşikli we haýyrlydyr.” (Araf, 26). Başga bir aýatda bolsa, “Sizi sowuk we yssydan gorap saklajak egin-eşikler ýaradandyr” (Nahl, 81) diýilýär.

Ynsanyň mynasyp geýinmegi beden we ruhy saglygyny, jemgyýetiň umumy ahlagyny we maşgalany goramagy, jynslar arasyndaky tapawudy we gatnaşygy ýola goýmak ýaly maksatlary göz öňünde tutýar. Yslam dini geýinmekde hökmany bir görnüşi ündemeýär. Geýinmekde aýalda we erkekde görülmesi haram bolan ýerleriň ýapylmagy esasdyr. Gurhany kerimde bu barada şeýle buýrulýar:

«Mü’min erkeklere: nazaryny haramdan sowmaklaryny, owrat ýerlerini ýapmagy, agzalaryny zynadan goramagy aýt» (Nur, 30). Başga bir aýatda bolsa, aýallaryň namysyny goramagy we harama bakmazlygy ündelýär:

«Mü’min aýallara-da nazaryny haramdan sowmaklaryny we owrat ýerlerini ýapmagyny, namyslaryny goramagyny aýt. Şeýle hem mejbury görünýän ýerinden başga zynatyny görkezmesin. Baş ýaglygyny ýakasynyň üstüne atsynlar...» (Nur, 31).

Bu aýatlardan geýinmek edebinde esasy şu üç maksat göz öňünde tutulandyr:

1. Geýlen egin-eşik adamy her hili kynçylykdan we azardan goramaly;
2. Owrat – edep ýerlerini örtmeli;
3. Sada we gelşikli bolmaly.

Mukaddes Ruhnama kitabynda Nuh pygamber ymmatyna arassa hem ykjam geýinmek barada: ***«Geýim adamy bezeýär, göze mährem görkezýär. Özüňize gelişýän eşikleri geýniň» diýip, tabşyrýandygy nesihat edilýär.***

Elbetde, ynsan beýleki janly-jandarlar ýaly däldir. Ol Allanyň özüne berýän akyly we erki esasynda bu maksatlara ýetmek üçin dürli çäreler görendir. Bularyň arasynda-da esasy mesele ynsanyň jemgyýetde ar-namys, at-abraý bilen ýaşamagydyr. Bu bolsa diňe haýa duýgusynyň netijesi bolan örtünmek, uýat ýerleriniň ýapylmagy bilen mümkindir. Şonuň üçin Allatagala Araf süresiniň 26-njy aýatynyň ahyrynda egin-eşikleriň arasynda iň haýyrlysynyň takwa lybasydygyny nygtaýar. Diýmek, ynsany, edep-haýadan, takwalykdan daşlaşdyrjak egin-eşikleriň, lybaslaryň edebe gelişmejekdigini, şeýle egin-eşikleri, lybaslary geýinmegiň biedeplikdigini arkaýyn aýtmak bolar. Şonuň üçin Pygamberimiz, sallallahu aleýhi wesellem, “Ençeme geýinýän adam bardyr welin, olaryň aglabasy geýinse-de ýalaňaçdyr” (Müslim) hadysy bilen bu hakykaty beýan edendir. Şeýle hem tekepbirlige, ulumsylyga eltýän görnüşdäki egin-eşikleri-de makullamandyr. Şonuň üçin kişiniň ýagdaýyna görä, gowy we arassa geýinmegi göwne jaýdyr. Emma aşa geçmegi we isrip etmegi haramdyr. Bu hakykaty Pygamberimiz: «Sada ýaşamak imandandyr» diýip beýan edipdir (Ibni Maje).

Mukaddes Ruhnama kitabynda türkmeniň geýim edebi barada şeýle aýdylýar:

***“Türkmende geýim-gejim, milli egin-eşik — biziň milletimiziň diňe daşky görnüşi däl, ol tebigat bilen hem baglydyr. Türkmeniň milli geýim-gejimi başga zatlary hem ýerine ýetirýär. Türkmenistan yssy ýurt. Türkmeniň dabara bilen gelýän reňdar, hoşboý ysly, örän owadan ýazynyň ömri gaty gysga. Bir-iki aý. Ýylyň galan pursaty maýsasy samana aýlanan sähra sary gussa, sary tukatlyk bolup ýatyr. Şol sebäplem türkmen gelin-gyzlary ýazyň ýiti, açyk-ýaşyl, gyzyl, al, melewşe, gök reňklerinden bolan geýim-gejimleri geýýär. Şeýdibem, türkmen gelin-gyzlary türkmeniň gysgajyk ýazyny ýyl boýy dowam etdirýär.***

***Türkmen ýigitleriniň geýýän toý geýimleri hem ýazyň reňkinde. Söweş güni türkmen ýigitleri mele çäkmenli, mele silkmeli. Türkmen kazylyk atlary hem mele bolýar. Ol reňkdäki geýim-gejimler bolsa, tebigatyň reňki bilen dessine garyşyp gidýär.”***

**Geýimde aýal-erkek tapawudy.**

Geýimler, elbetde, aýal-erkegiň ýaradylyş aýratynlygyna görä tapawutly bolmalydyr. Dinimizde aýallaryň geýmeli egin-eşikleriniň belli bir görnüşi ýokdur. Esasy mesele, aýallaryň endamyny görkezmejek görnüşde ünsüňi çekmeli däldir. Şonuň üçin aýallaryň geýýän egin-eşiklerinde iki zada üns berilmelidir. Olar:

Birinjiden, geýlen geýim aýalyň endamyny görkezjek derejede ýuka bolmaly däl.

Ikinjiden, geýlen geýim aýalyň göwsi, bili ýaly jynsy arzuwy oýaryjy agzalarynyň belli boljak derejede dar bolmaly däl. Pygamberimiz Müslimiň rowaýat eden bir hadysynda, "geýinse-de, ýalaňaç bolan", ýagny erkekleriň jynsy arzuwlaryny oýarjak görnüşde ýuka we dar eşik geýnip köçä çykan aýallaryň jennete girmegi beýlede dursun, jennetiň ysyny hem duýup bilmejekdiklerini belleýär. Şonuň üçin erkek-aýal tapawudy bolmazdan, geýlen egin-eşikler ynsanda edep-haýalylygy, takwalygy, gelşikliligi, sadalygy netije berip görkezmelidir. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***"Haýa – zenanyň aýratyn ruhy tebigatydyr. Halkyň ýok ýerinde, zenan-da ýokdur. Zenanyň egin-eşiginde bildirýän haýa eşigiň titilik, şelaýynlyk ýokundysyndan azat bolmagydyr, beden gözelliginiň bigänelere güjeňlenmez-ligindedir. Türkmen zenanynyň uzyn köýnegi, nagyşly ýakasy, başatgyjy muňa laýyk gelýär. Zenan gözelligi onuň beden gözelligi bilen asla-da bir zat däldir. Türkmeniň milli eşigi zenanyň köpçüligiň öňünde görünmeli gözelligini saklap, zenanyň diňe öz adamsysyna degişli gözelligini bolsa, del gözden ýaşyryp, örtüp goýýar. Munuň özi milli gözellik düşünjämiziň hem inçeliginden, ahlaklylygyndan we adyllygyndan habar berýär."***

Mukaddes Ruhnama kitabynda "Ýaşululyk edebi" düşündirilende, geýinmek edebi barada şeýle aýdylýar:

***«Ýaşululyk edebiniň ýene bir şerti – ýaşyňa görä geýinmekdir. Egin-eşik diňe bir endamyňy gizlemek däl, eýsem, ýüregiňi açyp görkezmekdir hem ýaşulynyň geýimi onuň ruhunyň agras kämilligini, göwnüniň manyly durnugyny açyp görkezmelidir. Adam ogly ýaşlykda tebigy gözelliginiň üstüni ýetirmekden ötri gözelden gözel, gözilginç egin-eşigi geýýär. Ýaşlyk göwün galkynmasynyň, emma akyl telperliginiň möwsümidir. Şonuň üçinem, jahyl ýoňa – moda kowalaşýar, özüne däl, mähellä – özgelere meňzemäge çalyşýar. Modada esasy zat gözellik däl-de, gelşiklilikdir. Gelşik, ýaraşyk bolsa, başgalaryň gözüne owadan görünmekdir. Elbetde, bu hem gerek zat. Emma kämilligiň ýollary düýp***

***manysy boýunça jahyllygyňkynyň tersinedir. Jahyl öz duýgusyny ile ýaýmak islegindedir, şoňa laýyk bezemen, kaşaň hem gözilginç eşikleri geýinýär. Ýaşululykda bu gaty gelşiksiz bolar. Bu döwürde, tersine, duýgulary gizleýän, oňa derek mazamsyz, agraslygy, sypaýylygy nygtaýan eşikleri geýmek gerek. Ýaşy has gartaşan türkmen ýaşululary ak kamys, mele reňkli eşikleri geýmegi adat edinipdirler. Bu gowudyr. Ýaşululyga gündiz ýaly aklyk, toprak ýaly melelik gelişýär. Ak kämilligiň, mele bolsa agras hasyllygyň reňkidir. Miweli bag agras bolýandyr. Gök, gyzyl, gara ýiti reňkler joşgunly duýgyny nygtaýar we ýaşlaryňkydyr.“***

Pygamberimiz, umuman, erkegiň we aýalyň ýaradylyşyna laýyklykda, käbir matany we şaý-sepi ulanmagy ündeýär. Ýüpek we altyn gymmat bahaly zat bolany üçin zynat görnüşindendir. Zynat hem, umuman, aýallara gelişýän zatdyr.

Mukaddes Ruhnama kitabynda Nuh pygamber gyz-gelin bezegi barada şeýle wesýet edýär: ***«Gyz-gelinleriňize zümerret daşlaryny gysganmaň. Nirede bar bolsa, tapyp getirip beriň. Gyz-gelniň göwnüni ýykan türk iman (türkmen) däldir. Ejiz, naçar göwni näzikdir. Olary näzik saklajak bolsaňyz, göwnüne ýetiň. Bezeg daşyny boýnuna, arkasyna, döşüne dakyň, ýöne ýüzüne degmäň, ýüzüň özi müň zümerretden zyýatdyr. Beýik Taňrynyň ýürekdäki mähir-nury ýüzde jemlenendir, dünýäni çyraglandyrýandyr. Şonda olar has owadan görner, näzik bolar, göwnüňizi açar, ruh berer».***

Türkmenler gelin-gyzlara şaý-sep dakmaklyga ýokary baha beripdirler. Şeýle hem zergärçilik sungaty türkmen taryhynda ösendir we türkmen şaý-seplerine ýokary isleg bildirilendir. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***«Biziň gadymy şaý-seplerimiz peri-peýker ýaly gözelleriň bezegi bolup geldi... Dünýä bazarlarynda bir säw bilen düşen gadymy şaý-seplerimize örän gymmat baha kesilýär. Dünýäniň meşhur kinoýyldyzlary, teatr ýyldyzlary, sungat, edebiýat bilen dahylly meşhur zenanlary hökmandan hökman türkmen şaý-seplerini dakynmagy dereje bilýärler.”***

Şeýle hem, Yslam ynsanyň asyl durkuny üýtgedýän, oňa täsir edýän zatlary etmegi, ýagny endamyňa ýazgy ýazdyrmak (weşm), dişleriňi owadanlamak (teflij), ýüzüň hamyny çekdirmek ýaly bejergi maksady bolmadyk her dürli estetiki we medisina operasiýalary etdirmegi gadagan edipdir (Buhary, Müslim). Ýöne betgelşik ýara, ýanyk yzlary, gyşaran dişler, çaşy göz, doga artyk agzalar adamyň görküni gaçyryp, köpçüligiň

ýaňsa almagyna, kemsitmegine sebäp bolýan, saglygyňa zyýan ýetirän bolsa, bulary bejertmegiň zeleli ýokdur (Tirmizi).

Ýeri gelende bir zady ýatlatmak isleýäris. Diş saglygy meselesinde öň tehnika ýokary derejede ösmänligi sebäpli, şeýle hem, diňe zynat üçin türkmen halkymyzyň arasynda gyzyl diş goýdurmak däbe öwrülipdir. Emma häzirki döwürde tehnika ýokary derejede ösendir, şol sebäpli erkek adamdyr gyz-gelinleriň gyzyl diş ýerine ak diş goýdurmaklary has göwnejaýdyr. Bu ynsanyň yaradylyşyna we saglygyna zyýan ýetirmän, Beýik Serdarymyzyň sargyt edip belleýşi ýaly, ynsanyň görküne görk goşýar.

**Haram iýmit, içgi we geýim ulanmakdaky zeruryýet.**

Açlygy, suwsuzlygy kanagatlandyrmak, hassalygy bejermek üçin halal zatlar bolmadyk ýagdaýynda, haramdan peýdalanmak mubahdyr.

Ynsan halal iýgi-içgi tapylmadyk ýagdaýynda, diňe ölmezlik üçin, zerur bolan mukdarda haram iýmit iýip-içip biler. Artyk iýip-içmek halal däldir.

Ynsan halal we tämiz zatlar bilen özüni bejertmelidir. Derman hem bir zerurlykdygy üçin çykgynsyz ýagdaýda haram zatdan öndürilen, ýasalan derman bilen özüňi bejertmek dürsdür. Meselem, erkeklere ýüpek geýmegiň haramdygyna garamazdan, Pygamberimiz Abdurahman b. Awf bilen Zubeýr b.  Awwam ýaly deri keseli bolan sahabalara ýüpek geýmäge rugsat edipdir.

**Haram dermany ulanmak üçin şu şertler bolmalydyr:**

1. Şol dermanyň ýerini tutup biljek halal dermanyň ýoklugy.
2. Şol derman ulanylmadyk ýagdaýynda jana howp abanmagy.
3. Ynamdar lukmanyň şol dermany ulanmagy maslahat bermegi.

## TÜRKMENDE  KÖPÇÜLIK  ÝERLERINDÄKI EDEPLER.

### Arassaçylyk

Yslam dini taharete, ýagny, tämizlige uly ähmiýet berýär. Yslam Allatagalanyň huzurynda sežde eden mahalyň bedeniň, eşigiň, namaz okaljak ýeriň we kalbyň arassa bolmagyny emr edipdir. Gurhany kerimiň hem görkezmesi şeýledir. Onda tämizligi saklaýanlar öwülýär. Olaryň Allanyň söýgüsine mynasypdygy aýdylýar. Allatagala şeýle diýýär:

«Şübhesiz, Alla köp toba edenleri we tämizlenenleri söýer»  (Bakara, 222).

Bedeniň daş tämizligindenem beter, kalbyň arassalygy, niýetiň düzüwligi möhümdir. Sebäbi, «daşy jäjek, iç möjegiň» iman gözelligine ýetmegi mümkin däldir. Allatagala ýalkananlaryň ilkinji sypatynyň tämizlikdigini şeýle düşündirýär:

«Gowy tämizlenen we Rebbiniň adyny zikr edip, namaz okan kişi şübhesiz myradyna ýeter» (A’la, 14-15). Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär: ***“Arassalyk, päkizelik ynsapdan çykman, halallyga gol ýapmakdyr, ten arassalygy, kalp arassalygy bilen utgaşanda, adam adam bolýandyr. Ten arassa bolup, kalp hapa bolsa, bu iň ýigrenji zatdyr.”***

Arassalyk, päkizelik, tämizlik diýen manylary aňladýan arap sözi bolan ″taharet″ sözi, hapa zatlary terk etme we olardan daş durmak manysyny aňladýar. ″Taharet″ sözi dürli görnüşleri bilen Gurhany kerimde otuz bir ýerde agzalýar. Umuman, bularyň ýarysy hapa zatlardan arassalanmagy ündeýär. Mysal üçin, “... we eşigiňi tämizle.” (Müddesir, 4) «Alla, toba edenleri we tämizlenenleri söýer» (Bakara, 222). «Eger jünüp, ýagny, iniňiz hapa bolan wagtyňyz tämizleniň (boý täreti ýagny gusul alyň!)!» (Maide, 6), «Aýbaşy halyndaka aýallaryňyzdan daş duruň, arassalanýança olara ýakynlaşmaň.» (Bakara, 222).

Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellemiň sözleriniň arasynda-da tämizlik hakynda ençeme beýanlary bardyr. Mysal üçin, “Tämizlik imanyň ýarysydyr” (Müslim) sözi olardan biridir.

Gurhan maddy tämizlikden başga kalp tämizligini, namys arassalygyny, mal-mülk tämizligini (halal baýlygy), ündeýär. Şeýle hem, ″taharet″ sözi tutuş beden-endamyň, egin-eşigiň, mekanyň we suwuň arassalygyny öz içine alýar.

## Ten arassalygy

Yslam dini tämizligi imanyň kemal tapmagynyň şertlerinden biri hasaplapdyr. Ybadatlaryň kabul bolmagynyň ilkinji şerti, maddy we ruhy tämizlik bolşy ýaly, imanda kämilligiň şerti-de tämizlikdir. Hezreti Muhammet sallallahu aleýhi wesellem hem tämizlige köp ähmiýet beripdir:

″Tämizlik imanyň ýarydyr″ (Müslim, Ahmet b. Hanbel, «Müsnet»).

″Alla tämizdir, tämizligi söýer″ (Tirmizi).

Musulmanyň kalbydyr beden tämizligi bütewi bolmalydyr. Bularyň ikisi hem tämiz saklanan ýagdaýynda, ol kämilleşip biler. Kämillik edeplilik diýmekdir. Bu hakykat Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle

düşündirilýär: «***Edep diňe bir adamyň daşky hereketleriniň sazlaşygyny däl, ol şahsyýetiň kalbynyň tämizligini-de gazanýandyr. Çünki edep gymmatlygy ýöne bir daşky görnüş bolman, eýsem, içki gözellikleriň jemidir. Türkmeniň gadymyýetden gelýän ruhy kämilligi içki hem daşky gözellikleriň bitewiligini aňlap we ykrar edip bilenliginde görünýär.***“

Beden tämizliginiň iki görnüşi bardyr: Nejasetden taharet (maddy tämizlik), hadesden taharet (ruhy-magnawy tämizlik).

Nejaset diýip ynsanyň bedenine, eşigine we namaz okajak ýere ýokuşan bulaşan maddy görnüşdäki kir we hapa, ynsan, haýwan hem-de guşlaryň bedeninden bölünip çykýan iýmit galyndylaryna aýdylýar. Nejaset ýokan ýere – bedene, eşige hem nejis diýilýär. Nejasetden tämizlenmek – beden hem egin-eşikdäki hapadan saplanmakdyr.

Hapa zatlaryň käbiriniň asly pisdir. Käbiriniň asly tämizdir-de, soňra hapa degenligi sebäpli näpäk saýylar. Mysal üçin, siýdigiň asly hapadyr. Egin-eşigiň bolsa asly tämizdir. Emma oňa siýdik degse, ol öňki päkligini ýitirýär.

Hades – käbir ybadatlary berjaý etmek üçin taharet kylynmagyny we gusul alynmagyny, suw tapylmadyk wagty teýemmümi zerur edýän hökmi hapalykdyr.

Hadesiň iki görnüşi bardyr:

a) kiçi hades (hadesi asgar) – diňe taharet kylmak bilen tämizlenýän hadesdir;

b) uly hades (hadesi ekber) – diňe gusul almak bilen tämizlenýän hadesdir. Muňa jünüplik, haýz we nifas haly girýär.

Parz edilen taharet kylmak we gusul almak ýaly şergi tämizlikden başga, musulmanyň hepdede azyndan bir gezek doly ýuwunmagy mustahapdyr. Hadysda «Her musulmanyň ýedi günden bir gezek ýuwunmagy Allanyň hakydyr» diýilýär.

Bu tämizligiň juma güni edilmegi ündelipdir. Ynsan bedenini kir we hapadan tämizlemekden başga-da, käbir agzalarynyň tämizligine üns bermelidir:

***a) saç.***

Tämizligine ilkinji üns bermeli zat saçdyr. Resulullah sallallahu aleýhi wesellem saçynyň arassalygyna uly üns berip daranardy. Käwagt bolsa olary ýaglardy. Bulaşyk, kirli saçlyny halamazdy. Bir gün huzuryna saç-sakgaly bulaşyk biri gelende: «Bu adamyň saçyny ýuwara suwy, ýaglara ýagy ýokmuka? Bu ne harsallyk?» diýipdir.

***b) sakgal.***

Erkek adam üçin sakgal ýaradylyşyň bezegidir. Resulullah sallalahu aleýhi wesellem ashabyna sakgal goýbermegi we murtuň dodagyň üstünden sallanan gyllaryny gysgaltmagy ündäpdir. Çünki uzyn murt ynsanyň iýip-içen zatlary bilen hemişe hapalanar. Bu bolsa agyz arassalygyna zyýan ýetirer. Şonuň üçin murty düýbi görünýän şekilde gysgaltmak we sakgaly uzaltmak ynsanyň ýaradylyşyna we sünnete iň laýygdyr.

***ç) goltugyňy we gasygyňy tämizlemek.***

Goltugyň aşagyndaky we gasygyňdaky gyllary azyndan 10-15 günden bir gezek, mümkin bolmadyk ýagdaýda-da 40 güni geçirmän, arassalamak mustahapdyr. Bu tämizlik ähli pygamberleriň şerigatynda bardyr. Bu tämizligi iniň hapa wagty etmek mekruhdyr. Sebäbi bedenden her zat tämizkä aýrylmalydyr.

***d) dyrnak tämizligi.***

Dyrnagy mümkin bolsa, hepdede bir gezek aýyrmalydyr. Dyrnagy hem iniň hapa wagty kesmeli däldir. Alnan dyrnagy çem gelen ýere atman, ýa gömmeli, ýa-da bir zada dolap hapa atylýan ýere zyňmaly.

Dyrnak aýyrmagyň düzgüni barada Ymam Gazaly şeýle aýdýar:

«El bilen aýagyň dyrnagy bir gezekde alynjak bolsa, ilki eliň dyrnagyndan başlamak gowudyr. Olaryň arasynda bolsa, towhyda yşarat edýändigi üçin, sag eliň süýem barmagyndan başlanmalydyr. Soňra dyrnak almak çep eliň baş barmagyna çenli yzygyderli dowam etmelidir. Iň soňunda sag eliň başam barmagynyň dyrnagy aýrylmalydyr. Aýagyň dyrnaklaryny aýranyňda bolsa, sag külbikeden başlap, yzygyderli dowam etdirilip, çep külbikede gutarmalydyr» («Yhýa-u-Ulumiddin», t-1)

**Suwlaryň arassalygy.**

«Diri bolup, durmuşda ýaşaýan her bir zady suwdan ýaratdyk.» (Enbiýä, 30) aýatynda bellenişi ýaly suw, ýaşaýşyň özeni bolanlygy sebäpli, suwuň hapalanmazdan goralmagy zerurdyr. Yslam dini suwuň arassa saklanmagyny emr edip, hapalanmazlygyna ýokary baha beripdir. Pygamberimiz bir hadysynda: «Näletlenmäge sebäp bolan üç zatdan ägä bolyň! Olar – suwa, ynsanlaryň dynç aljak saýalyklaryna we ynsanlaryň gelip-geçýän ýoluna uly täret etmek» (Ebu Dawut) diýýär.

Suwa uly täretini etmek, suwda parazit, mikrop, bakteriýa we suwuň porsamagyna sebäp bolar. Ynsan saglygyna zyýanly bu zatlar beýleki tarapdan suwda ýaşaýan balyk kimin janly-jandarlara-da erbet zyýan ýetirýär.

Netijede, uzak ýyllaryň dowamynda däbe öwrülen dinimiz Yslamyň tämizlik hakynda ündeýän düzgünlerini berjaý etmeklik, ynsan durmuşynyň saglykly görnüşde dowam etdirmeginiň esasydyr.

## Hajathana degişli düzgünler

**Istinja**

Istinja –hapadan tämizlenmek islemek diýmekdir we türkmen diline synja diýlip ornaşypdyr. Dini taýdan kiçi we uly hajaty edeniňden soň, owrat ýerleriňi tämizlemek diýmekdir. Bu tämizlik hökman berjaý edilmeli, gaýragoýulmasyz (müekked) sünnetdir. Lukmançylyk taýdan seredeniňde synja kylmak beden tämizliginde uly ähmiýete eýedir we saglyk taýyndan örän möhümdir.

Istinja suw bilen kylnyşy ýaly, suw bolmadyk ýagdaýda ownuk daş ýa-da kesek, ýörite edilen nem sorýan kagyzlar bilen edilip bilner. Ýöne süňk, aýna, ýazgyly kagyz, ýüpek ýaly gymmat bahaly mata bölekleri we Zemzem suwy bilen istinja kylmak mekruhdyr. Mundan başga-da, ýazmak üçin ulanylýan arassa kagyzyň hem gadyryny gaçyrmazlyk dogrudyr. Çünki isrip – haramdyr.

Istinja kylmakda iň laýygy ilki kesek, daş ýa-da hajathana kagyzy bilen süpürinip, suw bilen ýuwnanyňdan soň, mata ýa-da hajathana kagyzy bilen guranmakdyr.

Yslamyň tämizlik hakyndaky hökümlerini derňäniňde, elbetde, saglyk taýdan ençeme peýdalarynyň bardygyna göz ýetiriler. Mysal üçin, Yslam synja kylanda sag eliň ulanylmagyny gadagan edipdir. Häzirki günlerimizde geçirilen medisina barlaglary bu edebiň has ýerliklidigini görkezýär. Çünki uly we kiçi täret üsti bilen ynsana käbir mikroblar geçýär we keseller ýokýar. Tifo, dizenteriýa bulardan käbiridir.

Hawa, umuman alanyňda, ynsan sag eli bilen nahar iýilýär. Şeýlelik bilen sag eliň pisliklere bulaşmagynyň öňi alynýar we mikroblardan goranmak üpjün edilýär. Şonuň üçin Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem, sag eli iýip-içmek, bir zady alyp-bermekde ulanmagy, çep eli bolsa diňe synja kylmak ýaly işlerde ulanmagy ündeýär.

**Istibra.**

Buşugandan soň, erkek kişiniň peşew damjalarynyň doly kesilmegine garaşmagyna istibra diýilýär. Muny etmek wajypdyr. Istibra, esasan, hajathanadan çykylmanka edilmeli.

Istibra etmegiň – peşew damjalaryny doly kesmegiň dürli ýollary bardyr. Peşew damjalary käbir adamlarda çalt, käbirlerinde uzak wagtdan soň kesilýär. Her kes öz ýagdaýyna görä, taharet almazyndan öň, peşew damjalarynyň kesilmegine garaşmaly, üsgürmeli, hajathanadan çykanyňdan soň, derrew taharet kylman, biraz ýöremeli, hereket etmeli, soňra taharet kylmalydyr.

Istibra etmek taharetiň syhhatyna päsgel bermezlik üçindir. Eger-de buşuganyňdan soň, derrew taharet kylynsa, peşewiň damanyndan ýa-da dammanyndan habaryň bolmasa-da, taharet bozular. Okalan namaz hem sahyh bolmaz. Şonuň üçin istibra meselesine gaty jür bolmalydyr. Ýöne bu meselede öte was-waslyk hem dogry däldir.

Pygamberimiz bir hadysy şerifinde: «Peşewden seresap boluň, çünki gabyr azabynyň köpüsi şol sebäplidir» diýmek bilen, buşuganyňdan soňky istibranyň ähmiýetini nygtapdyr.

**Istinjanyň we istibranyň düzgüni.**

Hajathana girmänkäň, eliňde Allanyň ýa-da Pygamberimiziň ady ýazylan ýüzük, jübiňde aýat, Gurhandan bir bölek ýazylan sahypa bar bolsa, olary aýyrmaly ýa-da suw geçirmeýän bir zada salmaly. Muňa mümkinçilik bolmasa, ýüzügiň ýazgyly ýerini owujyň içine öwürmäge-de rugsat edilýär.

Şeýle hem «Bismillah» diýip, şu dogany:

اَللّٰهُمَّ إِنِّي أَعُوذُ بِكَ مِنَ الْخُبْثِ وَالْخَبَائِثِ

«Allahumme inniý e’uzü bike minel hubsi wel habais» (Buhary, Müslim) okamak mustahapdyr.

Manysy: Allam, hapysa şeýtanlardan Saňa sygynýaryn.

Hajathana sol aýagyň bilen girip, sag aýagyň bilen çykylýar.

Hajathanada kybla bakyp hem, arkaňy öwrüp oturmak hem bolmaýar. Bular mekruhdyr. Ýöne jaýlarda hajathana kybla bakdyrylyp salnan bolsa, nalaçlyk sebäpli munuň zeleli ýokdur.

Ymam Şafyga we Mälige görä, ýapyk jaýyň içindäki hajathanalarda kybla bakyp oturmagyň zyýany ýokdur.

Hajathanada zerurlyk bolmasa, gürlemeli däl, zikir edilmeýär, salam bermek hem, almak hem bolmaýar.

Hajathanada tüýkürmek, sümgürmek, hapa galdyrmak biedeplikdir.

Dik durup, buşugmak dogry däldir. Ýöne zerurlyk bolanda muňa rugsat edilýär. Oturyp buşugmak tämizlik we saglyk jähtinden iň laýygydyr. Bu ýagdaýda peşew haltasy doly boşaýar hem soňra damja gelmesi az bolýar.

Hajathanada nejasete hem owrat ýeriňe bakmaly däldir. Bu gözüň nuruny alar. Hajathanadan çykanyňda:

اَلْحَمْدُ لِلّٰهِ الَّذِى اَذْهَبَ عَنِّى الْاَذٰى وَعَافَانِى

«Elhamdulillähillezi ezhebe annil-eza we afaniý» diýmelidir.

**Istinjanyň mekruhlary.**

Şemala garşy, köl, derýa, çeşme we ş.m.-leriň suwuna, agajyň düýbüne, kölegelik ýerlere, mör-möjekleriň hinine, ýol üstüne meýdan etmek mekruhdyr. Adamlaryň geçýän, dynç alýan ýerlerini hapalap, olaryň gargyşyna sebäp bolmazlyk üçin, hadysy şeriflerde şeýle ýerlerde meýdan etmek gadagan edilendir. Köpçüligiň hajathanasynda hapa yzlaryny galdyrmak hem hadysda gadagan edilendir.

Istinjada we istibrada tämizlik hemişe çep el bilen edilmeli, sag eli ulanmak mekruhdyr. Istinja kylanyňda, suw syçratmaly däldir.

Istinja edip bilmezlik derejede ýarawsyz bolan kişi, ýanýoldaşy ýa-da mähremi bolmasa, ýagdaýyna görä bolar.

## Hammam edebi

Hammama giren adam üçin wajyp hem dykgat etmeli zatlary şulardyr:

**1. Owrat ýeriňi açmazlyk.** Musulmanyň dyz we göbek aralygy owratdyr, onuň başga kişä görkezilmegi haramdyr. Hammamda owrat ýeriňi açmak haramdyr (Nesaýy, «Hakim»). Munda aýal-erkek tapawudy ýokdur we bu meselede ýakynlyk derejesi hasaba alynmaýar. Ejesi-kakasy, gyzy-ogly, gyz ýa-da erkek dogany, goňşusy... tapawut etmeýär, bularyň biri-birleriniň göbek bilen dyz aralygyna seretmeleri halal däldir.

Göbek bilen dyz aralygyndan başga bedeniň tutuş hemme ýeri owrat saýylmaýar. Eger-de pitne endişesi ýok bolsa, bedenleriniň beýleki ýerlerine seretmeleriniň hiç hili zeleli ýokdur.

**2. Başganyň owrat ýerine seretmezlik.**

Pygamberimiz bu barada şeýle aýdypdyr: «Alla we ahyret gününe ynanýan kişi hammama izarsyz (uýat ýerlerini örtmän) girmesin...» (Tirmizi, Nesaýy).

Bu mesele bilen baglanyşykly Ymam Agzamyň başyndan geçen bir wakany şeýle gürrüň berýärler:

Bir gün Ebu Hanife hezretleri hammama gidýär. Juma namazy üçin gusul almak isleýär. Onuň ýanyndaky adam owrat ýerini açyp ýuwunýar eken. Ymam Agzam ony görmejek bolup gözlerini ýumýar şol aralykda suw akydynýan gabyny ýitirýär. Gözleri ýumuk sermenip duran Ymam Agzamy gören beýleki adam suw gabyny onuň eline berip: «Eý, Ymam! Siziň gözüňiz haçan kör boldy?» diýip soraýar. Ymam Agzam onuň bu sowalyna: «Seniň uýat ýerleriň açykdygyny görenimden bäri. Eger haýa edip, örtünseň, gözüm açylar diýip, umyt edýärin» diýýär.

3. Hammama girmezden, «Allahumme inniý e'uzü bike minel-hubsi wel-habais» (Buhary, Müslim) dogasyny okamaly we işiginden çep aýagyňy ädip girmeli.
4. Hammamda adam az bolýan wagty gitmek.
5. Suwy gereginden artyk döküp, isrip etmezlik.
6. Hammamda salamlaşmazlyk.
7. Köp gürleşmezlik.
8. Gurhan sesli okalmaz, emma içinden «bismilla» aýdylyp bilner.

## TÜRKMENDE SAPAR WE ÝOLAGÇYLYGYŇ EDEBI

Her bir zadyň bir düzgüni bolşy ýaly, ýolda ýöremegiň hem özüne mahsus düzgünleri bardyr. Düzgünlere laýyklykda özüni alyp barmak edeplilikdir we netijesi hemişe haýyrdyr, ýagşylykdyr. Şonuň üçin ýolda ýöräniňde hem özüni edepli alyp barmaly. Häzirki günlerimize çenli ýollaryň görnüşleri üýtgäp özgerse-de (garaýollary, demir ýollary, howa ýollary...) düzgünleriň asyl maksady üýtgäp özgeren däldir.

### Ýolda ýöremegiň edebi

Hawa, ýolda, bazarda ýöremek ynsanyň şahsyýeti hakynda belli maglumat berip biler. Ýolda ýörende hemişe ýüzi ýerde, pespäl ýagdaýda ýöremeli, ulumsylyk bilen ýöremeklik ynsana gelişmeýän ýagdaýdyr. Allahutagala Kurany Keriminde ýöremegiň edebi barada gullaryna şeýle nesihatlar edýär:

«Ýeriň ýüzünde ulumsylyk bilen ýöreme! Çünki sen ne-hä ýeri deşip bilersiň, ne-de boýuň daglaryň belentligine ýetip biler.» (Isra, 37).

«Ynsanlardan ulumsylyk bilen ýüz öwürme, ýeriň ýüzünde gopbamsy ýagdaýda ýöreme! Elbetde Allah özüne göwni ýeten tekepbirleri halamaz.» (Lukman, 63).

«Rahmanyň gullary şeýle adamlardyr welin, olar ýeriň ýüzünde ýörenlerinde pespäldirler.» (Furkan, 63).

Allahutagala ýöremek bilen baglanşykly Kuranda diňe pygamber aýallaryna däl-de, ähli aýal-gyzlar üçin aýratyn ünsi çäkýär we olara bu barada şeýle nesihat edýär:

«Öýlariňizde abraý bilen oturyň.Öňkü jahyliýet döwrü aýallarynyňky ýaly aýrtykmaç bezeg dakynyp ünsi çekmek üçin gözilginç hereketler bilen köçede ýöremeň.» (Ahzab, 33).

Lukman aleýhisselam öz ogluna edýän sargytlarynyň arasynda käbir edep kadalaryna-da orun berlipdir. Olary şeýle sanamak bolar:

a. Ynsanlara hormat goýmaly, ulumsy bolmaly däl, salyhatly, pespäl bolmaly.
b. Biri bilen gürleniňde ýüzüňi göni oňa tarap öwürip gürleşmeli. Gürleşeniňde hamala kerlere eşitdirjek ýaly sesiňi gataltmaly däl, pessaý gürlemeli. Gürleşen adama gulak salmaly.
c. Ýolda ýöreniňde ne-hä howlukmaly ne-de gaty ýuwaş ýöremeli, ikisiniň aralygy bir tizlikde ýöremeli. Ýöräniňde gopbamsy ýöremeli däl, töweregiňi synlamaly däl, göni öňüne seredip ýörejek bolmaly.

Tutuş adamzada nusga edilip iberilen Hezreti Muhammet sallallahu aleýhi wesellemiň ýöreýşi barada Ebu Hureýre şeýle gürrüň berýär:

«Allahyň Resuly ýöreniňde aýak dabanyny doly ýere basardy. Öwrülende tutuş bedeni bilen öwrülerdi. Ol şeýle gelşiklidi, ne-hä ondan öň ne-de ondan soň onyň ýalysyny görmedim. (‘el-Edebül-Müfred’).

**Topar bolup ýöremegiň edebi**

Topar bolup ýörelende ne-hä toparyň öňüne çykyp ne-de yzynda galyp ýöremeli däldir. Toparyň içinden çykman ýöremeli. Bu biedeplik hasap edilendir. Sebäbi hemişe öňden ýöremeklik ulumsylyk, yzdan ýöremeklik bolsa topary yzarlamak manylaryny aňladyp biler. Bu meselede hem Pygamberimiziň özüni alyp barşy biz musulmanlara nusga bolupdyr. Pygamberimiz aleýhisselam topar bolup ýören wagty sahabanyň arasynda bilelikde ýöräpdir. Bu barada sahabadan Abdullah bin Amr şeýle gürrüň berýär:

«Resulullah sallallahu aleýhi wesellem hiç wagt ne-hä ýaplanyp nahar iýýändir, ne-de iki kişi hem bolsa olaryň öňünden ýöremändir.» (Ibni Maje).

Bu mesele bilen baglanşykly Ebu Hureýreden bolsa şeýle bir waka habar berilýär:

«Ebu Hureýre bir gün iki adama duş gelýär we olardan ýaşça kiçi bolandan soraýar:

- Bu seniň nämeň bolýar? Adam,
- Kakam, diýip jogap berýär. Ebu Hureýre,
- Eger şeýle bolsa, ony ady bilen çagyrma, öňünden ýöreme, ol oturmazdan oturma!»

Hawa, bu däp türkmen halkynyň arasynda giňden ýaýrapdyr. Ýöne Sowet döwründe käbir maşgalalarda özünden ulylara ady bilen ýüzlenmek däbine seýrek-de bolsa duş gelinýär.

**Sapara çykmazyndan öň görülmeli çäreler we ýol howpsyzlygy**

Türkmençilikde ýola çykylmazdan öň barjak ýeriňe görä ýörite taýýarlyk görülýändir. Gadym wagtda sapara çykan biri ýol azygy hökmünde ýanynda hökman duz, çörek, ot çakmasy, suw ekider eken. Häzirki günlerimizde iş sapary bilen alys ýurtlara gidilende-de elbetde ýagdaýa görä taýýarlyk görmeli bolýar. Iň bolman gidiljek ýerde durmuş şertleri barada öňünden maglumat almak iň laýygy bolsa gerek.

Gadym döwürde topar bolup sapara çykyljak bolanda hökman aralaryndan biri ýolbaşçy diýlip saýlanylýar eken. Beýle edilmegiň elbetde ençeme peýdasy bardyr. Çünki beýle etmek bilen işler geňeş bilen wagtynda ýerine ýetirilşi ýaly, wagt hem tygşytlanýar, özara agzybirlik saklanýar. Bu barada Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem bir hadysynda şeýle aýdýar:

«Üç kişi sapara çykan wagtyňyz araňyzdan birini ýolbaşçy saýlaň.» (Ebu Dawut).

Saparda hemişe ýol howpsuzlygy iň möhüm zatdyr. Gadym döwürde ata-babalarymyz ýol ugurlary boýunça kerwensaraýlar gurup hem ýolagçylara hyzmat edipdirler hem-de ýol howpsuzlygyny üpjin etmäge çalşypdyrlar. Dimiz Yslam, ynsanlaryň ýöreýän ýolundan zyýan berýän zatlary aradan aýyrmagy jennete eltýän amallardan saýypdyr hem-de imanyň alamatlaryndan hasaplapdyr. Bu barada Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem şu hakykaty beýan edýär:

«Imanyň ýetmiş näçe mertebesi bardyr. Iň ýokary mertebesi, ‘Läilähe illallah’ sözini gaýtalamak, iň pes derejesi bolsa, adamlary birahat edýän, zyýan berýän zatlary aradan aýyrmakdyr. Haýa-da imandan bir bölekdir.” (‘Riýazüs-Salyhyn’).

Diýmek, hadysyň beýanyna görä ýol howpsuzlygyny üpjin etmek, adamlara zyýan berýän zatlary aradan aýyrmak adamkärçilik borjy bolşy ýaly, imanyň hem alamatlaryndan saýylypdyr. Şonuň üçin bu meselede öň milletimiz örän jogapkärçilik çekipdirler. Häzirki günlerimizde-de bu meseläni döwrüň şertlerine laýyklykda amal etmelidiris. Mysal üçin, köçelere tüýkürmek, ýa-da adamlaryň geçýän ýerlerine (şehärlerde uly jaýlaryň girelgelerine) uly-kiçi täret etmek, azyk önümleriniň kagyzlaryny çem gelen ýere taşlamak ýaly hal-hereketler elbebetde adamlara zyýan berýändir. Şol sebäpli Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň raýatlary bolup Türkmeniň Altyn asyrynda hakyky türkmene gelişmejek şeýle zatlardan daşlaşmalydyrys.

Uzak wagtlap saparda bolan adamlar işleri gutaranda eglenmän, ilkinji pursatda yzyna dolanmalydyr. Şeýle hem aragatnaşyk serişdeleriniň ösen häzirki günlerimizde saparda uzak wagtlap bolan adam maşgalasy we beýleki jogapkär adamlar bilen mümkin pursatlarda habarlaşyp durmaly. Öýüne haçan dolanyp geljegini hökman maşgalasyna habar bermeli. Bu ýönekeý çäreler elbetde maşgala agzalarynyň arasynda söýgi baglarynyň has-da berkemegini netije berer. Bu mesele bilen baglanşykly Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem şeýle nesihat edýär:

«Ýolagçylyk azabyň bir görnüşidir. Ynsan iýmek-içmek we uklap dynç almak ýaly zatlaryny wagtynda berjaý edip bilmez. Sizden her kim işiňiz gutaranda eglenmän yzyna öýüne gaýtsyn.» (‘Riýazüs-Salyhyn’). Başga bir hadysynda bolsa: «Uzak wagtlap maşgalasyndan aýra galan kimse, öýüne gije gelmesiň» (Müslim).

Hawa, bu hadyslar saparda bolan adamyň berjaý etmeli düzgünlerini nygtaýar. Elbetde häzirki günlerimizde ulag serişdeleriniň döreden ýeňillikleri sebäpli ýolagçylyk şertleri aňsatlaşsa-da, ynsan habar beriş serişdeleri nygmatyndan peýdalanyp hökman maşgalasy bilen habarlaşyp durmaly we yzyna gaýtjak wagtyny öňünden habar bermeli. Bu hem edeplilik hem-de maşgala agzalary arasynda agzybirlik we söýgüniň azalmazlygy üçin zerurlykdyr.

## Sapara çykanda we sapardan dolananda edilen dogalar

Bu doga-dilegler diňe bir sapara çykylanda däl-de gündelik durmuşymyzda hemişelik okalar.

***Öýden çykylanda:***

Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem öýden çykanyňda şeýle doga-dileg etmegi nesihat edýär:

«Bismillähi tewekkeltü alellâhi lä hawle welä kuwwete illä billäh»

Manysy: Allahyň adyny ýatlap öýümden çykýaryň. Men Allaha guwanyp bil bagladym. Allahdan başga hakyky güýç-kuwwat sahyby ýokdyr.

Pygamberimiz sözüniň üstüni şeýle ýetirýär: «Kimde kim öýünden çykanyňda şu dogany okasa şol kişä doga-dileg hökmünde ýeterlikdir. Ol adam gorag astyna alnar. Şeýtanam şol adamdan daşlaşyp bir gyra çekiler.» (Tirmizi).

***Ulaga müneniňde:***

Hezreti Omaryň ogly Abdullah (Allah ikisindenem razy bolsuň) şeýle gürrüň berýär:

«Allahyň Resuly sallallahu aleýhi wesellem sapara çykjak bolanda üç gezek «Elhamdulillah» üç gezek «Sübhanallah» üç gezek «Allahuekber» diýdi we yzyndan şu aýaty okap dileg etdi:

«Subhânellezi sahhara lenâ hâzâ wemâ künnâ lehû mukrınîn, we innâ ilâ rabbinâ lemungalibûn»

Manysy: «Muny biziň hyzmatymyza tabşyryp boýun egdiren Allah subhandyr, eger Ol eçilmesedi biziň oňa güýjimiz ýetmezdi. Elbetde biz iň soňunda Rabbimize dolanyp bararys.» (Zuhruf,14), (‘Hadyslar bilen Musulmanlyk’)

Ýolda ulagly ýa-da pyýada ýöräp barýan mahaly «Sübhanallah» «Elhamdulillah» we «Allahuekber» tesbih we tekbir sözlerini gaýtalamak ündelýär.

Bazara baranyňda ýa-da dukan açanyňda okalmaly doga:

Lä ilähe illallâhu wahdehû lä şerîke leh, lehül mülkü welehül hamdu ýuhýî we ýümît we hüwe haýýün lä ýemût biýedikel haýr, we hüwe alâ külli şeý-in kadîr.

Manysy: Allahdan başga hiçbir ilah ýokdyr, Ol ýeke-täkdir, şärigi hem ýokdyr, mülkün hakyky eýesi Oldyr, hamt-öwgi Oňa degişlidir, diräldip ýaşadýan we öldürýän Oldyr, Ol hemişe diridir, asla ölmez, ähli ahýyrlar, ýagşylyklar Onyň elindedir, Ol her bir zada kadyrdyr, gudraty güýçlidir. (Tirmizi).

***Öýä girelende ediljek doga:***

Sapardan dolananyňda, adaty günlerinde hem öýüne girjek kişi ilki şu aşakdaky dogany okap salam bermelidir. Öýde hiç kim bolmasa-da salam bermek türkmeniň gadymdan gelen däbi we Yslamyň edeplerindendir.

«Allahümme innî es-elüke haýral mewleji we haýral mahraji. Bismillähi welejnâ we bismillähi harajnâ we alallâhi rabbinâ tewekkelnâ»

Manysy: Allahym! Senden haýyrlysy bilen sag-aman girip çykmak dileýärin. Allahyň ady bilen girip, Allahyň ady bilen çykýarys we Rabbimiz Allaha tewekkül kylyp bil baglaýarys. (Ebu Dawut).

## Ýol hereketleri düzgünlerini berjaý etmekde edep

Hormatly türkmen raýatlary!

Kanunlar, düzgünler we durmuşda gaýtalanyp däbe, dessura, urp-adata öwrülen ähli hal-hereketlerde elbetde şahsyýetiň, maşgalanyň, jemgyýetiň, milletiň bähbidi bardyr. Bähbidi ýok zatlary wagt ýitirmän taşlamak, özümize erk edip bilmek şahsyýetiň kämilliginiň we arassa ahlaklylygyň alamatydyr. Şeýle hem şu zady berk bilmelidiris. Allahutagalanyň iki hili kitaby, ýagny amal edilmeli kanun we düzginleri bardyr. Bularyň biri, gudratyndan we hikmetinden dörän beýik älem kitaby, ýagny, tebigat kanunlary, sebäpler, beýlekisi bolsa, kelam we erada sypatyndan dörän Kurany Kerim, ýagny, din diýip atlandyrylan şerigat kanunlary. Bulardan birinjisini ahmal edip amal etmezligiň jezasy ýa-da sylagy şu dünýäde derrew berilýändir. Ýagny tebigat kanunlarynda geçirimlilik ýokdyr, şertler nähili bolsa hökman ony berjaý etmelidir. Diniň düzgünlerini amal edip-etmezligiň sylag ýa-da jezasy gijikdirilip ahyrete goýulandyr.

Her iki kitaba degişli düzgünleri berjaý etmek gulluk borjydyr. Olaryň käbiri parzdyr, hökman amal edilmelidir, käbirlerini amal etmezlik hökmanydyr we gadagandyr. Bu düzgünleriň käbiri diňe şahsyýetiň özüne degişli bolsa, käbirleri ikinji bir şahs bilen hem göni baglanşyklydyr. Mysal üçin, ynsanyň saglygyny goramak parzdyr, şonuň üçin kadaly iýip-içmek zerurlyk bolşy ýaly, yssy we sowukdan goranmak üçin ýagdaýa görä egin-eşik geýinmek hem parzdyr. Bular ahmal edilse elbetde ynsan näsaglamagy sebäpli diňe şu dünýede jezasyny çekmez, kyýamat-magşar güni hem ahmallygy sebäpli saglygyny goramaýşynyň jezasyny aýratyn görjekdir. Edil şonuň ýaly-da, ýol hereketleri düzgünlerini berjaý etmek parzdyr. Çünki ýol hereketleri düzgünleriniň asyl maksady şahsyýetiň jan we mal

howpsuzlygyny üpjin etmek bilen birlikde zamandan tygşytly peýdalanmagy kepillendirýär. Ynsana berilýän jan, mal we zaman hem aýratyn nygmatdyr. Elbetde bir musulman Allahyň beren ähli nygmatlaryndan ýerlikli peýdalanyp peýdalanmaýanlygy hakda hasap berjegine ynanýandyr, bu inkär edilmejek hakykatdyr we hökman boljakdyr.

Eger bir ynsan öz ahmallygy sebäpli ýol hereketleri düzgünlerini berjaý etmese hem özüniň hem-de ikinji bir şahsyn janyny we malyny heläkçilige elter. Şonuň üçin milletimiziň maddy we ruhy baýlygyny ýog eden, bigünä watandaşlarymyzyň ýaşaýyş hakyny elinden alan, yzynda ajysyny ömür boýu ýüreginde göterýän ýetim we maýyp ynsanlar goýýan ýol hereketleri heläkçilikleriniň bolmazlygy barada ilki ýüreklerimizi arassalap wyjdanlarymyza sakçy goýmalydyrys.

Hawa, ýol hereketleri düzgünlerini berjaý etmeklik parzdyr, çünkü ýol hereketleri düzgünleri şahsyýetiň we ikinji bir şahsyň jan we mal howpsuzlygyny üpjin etmekdir. Şonuň üçin hünärmenleriň maslahatlaryna gulak salman, ýolyň we ulagyň aýratynlyklaryny hasaba almazdan bilkastlaýyn ýolhereketleri düzgünlerini amal etmezlik uly jenaýatdyr we ahyretde jogapkärçiligi elbetde agyr bolar. Mysal üçin, hünermenler, «Şu ýolda 90 ýa-da 110 km tizlikden artyk gitmek gadagan diýseler we bu tizlikden geçenden soň ulaga erk etmek ygtyýarymyzyň bolmajakdygyny hem aýdýan bolsalar, muňa garamazdan bu düzgüne boýun bolman sürüji ýol heläkçiligine uçrasa özi ölse janyna kastetdigi bolar, eger başgasynyň ölümine sebäp bolsa katyl bolar.» Şeýle ýagdaýda bu mesele dini taýdan seljerilende, kişiniň öz janyna kasdetmegi we başgasynyň ölümine bilkastlaýyn sebäp bolmagy uly günädir. Zaýa bolýan ulaglar halkyň we döwlet emläginiň isrip edilip harama öwrilmegi, ölen adamlar bolsa milletiň ýitiren ruhy baýlygy diýmekdir. Sebäbi ne-hä maddy baýlyk ne-de ruhy baýlyk ýeňil gazanylýan däldir.

### Ýol heläkçiliginiň sebäpleri

Mälim bolşy ýaly, häzirki günlerimizde ýol heläkçiligi ýa-da tebigi bedbagtçylyk sebäpli ölenleriň sany has artykdyr. Munyň sebäbi barada kän bir oýlanmagam gerek däl. Çünki sürüji, piýada, ýolagçy, gözegçi, derňeýji hökmünde ýol hereketlerine goşulan her bir adam bu babatda jogapkärçiligi bilelikde deň paýlaşýarlar. Ýöne, umuman alanyňda ýol heläkçiliginiň aglaba bölegine sürüjiler sebäp bolýandyr. Başgaça aýdylanda 100 ýol

heläkçiliginden 70-i sürüjileriň ýalňyş hereketleri we düzgünleri pozmaklary netijesinde bolup geçýändir.

Ýol heläkçiligi umuman sürüjileriň düzgünleri bilmeýänligi ýa-da düzgünlere boýun bolmak endigini gazanyp bilmezlik netijesi bolýandyr. Ýol hereketlerindäki heläkçilikleriň öňüniň alynmagy üçin her watandaşyň aýratynam sürüjileriň maddy we ruhy jogapkärçilikleriniň artdyrylmagy hökmandyr. Geliň indi ýol heläkçiligine sebäp bolýan ýalňyşlary öwreneliň.

**Sürüjilere degişli kemçilikler we günäler:**

1. Aşa tizlik
2. Ünsini jemläp bilmezlik.
3. Ýadaw, ukusyz halda ulag ulanmak
4. Ilkinji geçmek hukugyna boýun bolmazlyk.
5. Ýalňyş ozmak we geçmek
6. Öňdäki awtoulagy ýakyn aralykdan yzarlamak.
7. Ýalňyş ýol çyzgysyndan ýöremek.
8. Gyzyl çyrada ýa-da saklan belgisinde durmazlyk.
9. Alkogolly içgi we neşe ýaly serişdeleri ulanmak.
10. Hataly aýlanmak.
11. Öwrenje bolmak we sürüji şahadatnamasynyň bolmazlygy.

**Ýola degişli kemçilikler:**

1. Egsik ýa-da ýalňyş oturdylan belgiler.
2. Yşaratlanyp görkezilmedik ýol kemçilikleri.
3. Barduryň pesligi.
4. Ýolyň sürçek we buzly bolmagy.

**Pyýada we ýolagçylara degişli günäler:**

1. Pyýadalaryň dykkatsyzlygy we seresap heret etmezlikleri.
2. Ýola ýalňyş we duýdansyz çykmaklary.
3. Ýoluň ortasynda güýmenmek.
4. Gyzyl çyrada geçmek.
5. Piýada geçelgesi we burçlardan başga ýerlerden geçmek.
6. Hereket halyndaky ulaga aslyşmak ýa-da sarkmak
7. Ulaglar doly saklanmanka düşmek ýa-da münmek.

Bulardan başga awto ulaglardaky kemçilikler, howa degişli kemçilikler, ulagdaky çagalar, ýolagçylar, ulagda sürijiniň çilim çekmek, iýip-içmek,

telefon bilen gürleşmek, asgyrmak ýaly sebäpler hem ýol heläkçiligine ýetirer. Bulary giňişleýin bu ýerde işlemek mowzuk bilen göni baglanşykly bolman soň diňe atlaryny agzamak bilen kanagatlandyk.

Jemläp aýtjak bolsak, parahat, saglykly, bagtly we bolelin bir durmuşda ýaşamagy arzuw edýän bolsak Allahutagalanyň ynsan üçin esasladyrylan ähli kanun we düzgünleri berjaý etmelidiris. Şeýle hem ýol heläkçiliginden aşa zyýan çekmezlik üçin her bir türkmen şu pähimleriň manysyna düşünip oýlanmalydyr:

- Ilki çäre görmeli, soň tewekkel bolmalydyr.
- Ynsan söýdiklerinden näçesini ýitirse şonça-da öler.
- Tizlik ýoly gysgaltmaz, seniň ömrüňi gysgaldar.
- Hassahanalaryň hem magazinler ýaly witrinasy bolan bolsady, ýol heläkçilikleri şonça bolmazdy.
- Sähel pursatlyk ünssüzlik, ömür boýy puşmanlyk.
- Howpsyzlygy synamak arkaly öwrenjek bolmaň belkäm-de sapak almaga wagt tapyp bilmersiňiz.
- Bir egniňde goraýjy perişde, beýleki egniňde-de ýol hereketi gullgçysy bar ýaly ulag ulan!
- Biz adamlar et we süňkden ýaradylypdyrys, owtoulaglar bolsa polatdan ýasalan. Olar bilen söweşe girişmäliň.
- Pyýada ýalňyşan bolsa ölüm bilen jezalandyrjakmy?
- Ulagyňy sürüp ýörkä iň köp öz çäreňe guwan.
- Ýigirmi ýylda görülmedik, ýigirmi sikuntda başa gelip biler.
- Howpsuzlyk kemeri, tekerlekli maýyp oturgyjyndan ýürek gysgyç däldir.
- Owto ulagyňy üns bilen ulan! Iş gününiň ahyrynda käbir zatlaryň gutarryşy hakykatdyr, ýöne sen olaryň arasynda bolmazlyga üns bergin!
- Ýol heläkçiligini owtoulaglar däl-de, sürüjiler eder.
- Hemişe gereginden artyk mylaýym boljak bol!
- Iň gowy sürüji oýlanyp seresaplylyk bilen ulagny ulanar, maşgala agzalaryny hemişe ýanynda ýaly hasap eder.
- Ynsan hassahana birnäçe minutda gider weliň, yzyna gaýtmak köplenç aýlarça dowam eder.
- Ýadawlyk zäherlenmek, dermany bolsa dinç almak.

## TÜRKMENDE DYNÇ ALMAKDA EDEP

### Ýatmagyň wagty, görnüşi

Ynsan ýaradylyş taýyndan ejiz we mätäç bir barlyk bolup, iýip-içmezden, uklamazdan, dynç almazdan ýaşaýşyny dowam etdirip bilmez. Üns beriljek bolsa, ynsan ömrüniň üçden bir bölegi ukuda geçýär. Allatagala gündizi ynsan üçin zähmet çekmek, işlemek üçin, gijäni bolsa dynç almak, ertiri meýilleşdirmek üçin ýaradandyr. Bu hakykat Gurhany kerimde şeýle aňladylýar:

"Ukyňyzy dynç almak, gijäni örtgi, gündizi eklenç üçin işlemek wagty kyldyk." (Nebe, 9,10,11,12). Bir ynsan ömrüni bereketli geçirmek üçin Allanyň peşgeş hökmünde berýän zatlaryny ýerlikli peýdalanmalydyr. Ynsan zamany tygşytly ulanmalydyr. Sebäbi wagt nagtdan has gymmatlydyr. Belli wagtlarda nagt gazanyp bolar, emma nagt berip wagty gazanmak mümkin däldir. Şonuň üçin her bir adam iş wagty işlemeli, iýip-içmek wagty iýip-içmeli, uky wagtynda bolsa dynç almalydyr. Gynansagam, häzirki döwrüň ynsanlary dürli sebäpler bilen ir ýatyp, ir turmaýar we şeýlelik bilen wagtyny tygşytly ulanyp bilmeýär, netijede kemrysgal bolup, ençeme bereketden mahrum galýar. Şonuň üçin Pygamberimiz sallallahu aleýhi wesellem, ýassy namazyndan öň uklamagy, ýassydan soňra bolsa ýatman, ýöne gürrüň edip oturmagy halamaýar eken. Şol sebäpli ata-babalarymyz ir ýatyp, ir turmagy adat edinipdir. Üstüne Gün dogan türkmeni kemrysgal hasap edipdirler. Wagt barada Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle setirler bar: ***"Wagtyň gadyryny bilmezlik – ömrüň gadyryny bilmezlikdir.***

***Bu dünýäde tas ähli zat diýen ýaly satlyga mündi, diňe wagty satyn alyp bolmaýar, emma şonda-da Allanyň Wagtdan bina edip beren ömrüni bisarpa peýdalanýarys...***

***Gadym ata-babalarymyz her gezek Gün ýaşanynda: "Ömrümiziň ýene bir güni geçdi" diýip, gam-gussa batar ekenler. Näme üçin biz ömrümiziň iň gymmatly harydyny saman kimin sowrup ýörüs?...***

***Manyly ömür sürýän adama mydama wagt ýetmeýär, bihuda ömür sürýän adam bolsa, wagtyny geçirip bilmeýär.***

***Adam wagtyň emrine boýun bolmaly däl-de, tersine, wagty öz hasabyna işletmeli."***

Hawa, her bir türkmen wagtyny, ýagny ýigrimi dört sagadyny meýilleşdirmeli. Her bir işini şoňa görä amal etmeli, wagtynda ýatyp-turup dynç almalydyr.

Hawa, ýatmagyň wagty möhüm bolşy ýaly, ýatmagyň görnüşi we ýatylýan ýer hem örän möhümdir. Bu meselelerde-de saglyk we edep kadalary göz öňünde tutulmalydyr. Türkmençilikde ýüzin ýa-da arkan ýatmak halanylmaýar. Pygamberimiz hem ýüzin ýatmagy ýazgarypdyr. Metjitde ýüzin ýatan bir sahabany oýaryp, beýle ýatmagy Alla halamaýar, diýip aýdýar.

Ýatylanda sag egniň üstüne, aýaklaryňy bolsa epläp ýatmak iň laýygydyr. Saglyk taýdan bolsa şeýle görnüşde ýatmaklyk we ýatan ýeriň ne-hä aşa ýumşak, ne-de gaty bolmazlygy maslahat berilýär. Şeýle ýagdaýda ýatylanda gan aýlanyşy deňagramly bolansoň, adam arkaýyn dynç alýar. Beýleki hili ýagdaýlarda beden agzalaryna agram salnansoň, doly dynç almak mümkin bolmaýar. Şeýle hem yssy wagty-da ýatyljak bolsa hökman üstüne bir zat ýapynmaly. Sebäbi uklan wagty edebe gelişmejek ýagdaýlaryň döremegi mümkin.

Meýdanda ýa-da oba ýerlerinde ýatmazdan öň ätiýaçlyk üçin ýorgandyr düşekçäni barlap ýatmaly. Sebäbi zyýanly jandarlar, mör-möjekler ýorgandyr düşekçäniň arasyna girip biler.

Çagalaryň ýataklaryny ýedi ýaşyna gelende aýyrmak ýagşy hereketdir, on ýaşyna ýetende, mümkin bolsa, ýatak jaýlaryny hem aýyrmak edeplilikdir. On ýaşyndan geçen çagalaryň ene-atasy, doganlary bolsa-da bir ýatakda ýatmaklary türkmen edebine gelişmeýär. Çaganyň diňe ýedi ýaşyndan öň ene-atasy bilen ýatmagynda hiç hili zelel ýokdur.

Ir turanyňda hemme zatdan öňürti elleri ýuwup arassalamalydyr. Sebäbi el arassalygy saglygyň seresidir, gije elimiziň nirä gidenini bilmeýäris. Şonuň üçin türkmençilikde namaz okasyn ýa-da okamasyn, ir turanyňda ilki eliňi-ýüzüňi ýuwmak adatdyr.

## Ýatmazdan öň we turanyňda okalýan dogalar

Musulmanlar her bir işleriniň haýyr, ýagşylyk, bereket bilen netijelenmegi üçin başlanlarynda-da, jemlänlerinde-de hemişe doga-dileg edip, Alla sygynýarlar. Ýatanda-turanda okaljak Pygamberimizden ençeme doga rowaýat edilendir.

Pygamberimiz Hezreti Muhammet aleýhissalam ýatanda sag egnine ýatyp: “Eý Rabbym! Meni gullaryny täzeden direltjek günüň azabyndan goragyn!” diýip, dileg eder eken.

Resulullah ýatjak wagty şu aşakdaky dogadan birini okar eken: “Allam, Seniň adyň bilen uklaryn, Seniň adyň bilen turaryn”.

“Alla şükür, Ol bizi iýdirdi, içirdi, ätiýaç etmekden dyndardy, öýli-işikli etdi. Niçeme bendeleriň iýere-içere zady ýok, agşamlaryna bolsa ýatara ýerleri ýok”.

Oýanýan wagty bolsa Ol şeýle doga ederdi: “Alla şükür, Ýaradan bizi ýatyryp-turuzdy, biz ýene Onuň özüne gaýdyp barmalydyrys.”

Sahabadan Bera bin Azib Pygamberimizden ýatanyňda nähili doga okamalydygy hakynda bolsa şeýle rowaýat edýär:

Ýataga ýatjak wagtyň ilki täret kylmaly, soňra sag tarapyna ýatyp, şeýle dileg etmeli: “Allahümme eslemtü wejhî we fewwaztu emrî ileýke, we elje’tü zahrî ileýke, ragbeten we rahbeten ileýke, lâ meljee welâ menjee minke illâ ileýke. Allahümme ämentü bikitâbillezî enzelte we nebiýýikellezî erselte”.

Manysy: Allam, ýüzümi saňa öwrüp, işimi saňa tabşyrdym, arkamy saňa diredim. Saňa höwes we hormat bilen ýöneldim. Senden başga sygynara, goranara zat ýokdur. Allam, inderen Kitabyňa we iberen Pygamberiňe ynandym.

Pygamberimiz soňra sözüniň üstüni şeýle ýetirýär:

“Eger şol gije öläýseň, Allanyň seni ýaratdygy ilkinji gün ýaly, ap-arassa, tämiz görnüşde ölersiň. Bu dileg uklamazdan öň sözleýän iň soňky sözüň bolsun” (Buhary).

Bu dogadan öň nämeler okamalydygy barada bolsa, Äşe enemiz (Alla ondan razy bolsun) şeýle gürrüň berýär:

״Resulullah (sallallahu aleýhi wesellem) her gije ýatagyna girende, iki elini birikdirip, Kul Huwallahu Ehad, Kul eűzü bi-Rabbil-felak we Kul eűzü bi-Rabbin-nâs sürelerini okardy. Soňra ellerine dem salyp, iki eli bilen ilki başyny, ýüzüni, bedeniniň öň tarapyny soňra arka tarapyny şeýlelik bilen ýeten ýerine çenli tutuş bedenini sypardy. Muny üç gezek gaýtalardy («Tejridi Saryh“).

El degirmeni ulanmakdan elleri gabarçaklap, ýara bolan Hezreti Patma enemiz (Alla ondan razy bolsun) kakasyna ýagdaýyny düşündirip, kömekçi hökmünde bir hyzmatkär talap edende, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi wesellem): «Size hyzmatkärden has haýyrly boljak bir zady öwredeýin. Ýatagyňyza gireniňizede 33 gezek Subhanallah, 33 gezek Elhamdulillah, 34 gezek Allahuekber aýtgyn» diýip, hyzmatkär talabyny ret etdi (Buhary).

# TÜRKMENDE DINI BAÝRAMLARY BELLEMEK BILEN BAGLY DÄPLER

## Dini baýramlar

Baýram – şatlyk diýmekdir. Arapçasy «ýýd» bolýar. Baýramçylyklaryň jemgyýeti biri-birine jebisleşdirmek taýyndan ähmiýeti örän uludyr. Gadymdan häzirki günümize çenli her bir halkyň özüne mahsus baýramçylygy bolupdyr.

Resuly Ekrem Serwerimiz Medineýi Münewwerä gelende, ýerli ilatyň ýylda iki gezek baýramçylyk geçirýändigini görende: «Allatagala size şol iki baýramçylygyňyza derek, has haýyrly iki sany baýram gününi yhsan edendir» diýip, Remezan we Gurban baýramlary hakynda habar berýär.

Remezan aýy gutarandan soň bir gün, Gurban aýynda Arafa gününden soň bolsa, dört gün agyz beklemek haram bolandygy üçin Oraza baýramy (ýdul-fytyr) bir gün, Gurban baýramy – (ýdul-azha) bolsa dört gündür.

**Baýram gününiň edebi.**

Baýram günlerinde ir turup ýuwunmak, dişleriňi miswak bilen arassalamak, ýakymly ysly atyrlar sepinmek, arassa we täze eşikleriňi geýmek, Allatagalanyň nygmatlaryna şükür niýeti bilen begençli bolmak, duşuşan musulman doganlaryň bilen güler ýüzli bolmak, mümkingadar köp sadaka paýlamak, baýram gijelerini ybadat bilen geçirmek baýramyň edebindendir.

Oraza baýramynda namazdan öň hurma ýaly süýji zatlar iýip, metjide gitmek, Gurban baýramynda bolsa, namazdan öň hiç zat iýmezlik mustahapdyr. Hatda gurban kesjek kişiniň damagyny çalan malynyň eti bilen agyz açmagy has gowy görülýändir. Şeýle-de bolsa, namazdan öň iýip-içmegiň hiç hili zeleli ýokdur.

Baýram günlerinde musulmanlaryň biri-birini mübäreklemegi, biri-birine haýyr we magfiret dogalary etmegi hem baýramyň edebidir. Şeýle hem, baýram gününiň hormatyna öýkeliler ýaraşmaly, biri-birini razy etmeli, dost we garyndaşlaryň ýanyna görüşmäge gitmeli. Maşgalanyň kiçileri ululary mübärekläp, haýyr dogalaryny almaly, göwünlerini hoş etmeli.

Baýram gününde musulmanlar biri-birini mübäreklänlerinde: غَفَرَ اللّٰهُ لَنَا وَلَكُمْ (Alla bizi we sizi bagyşlap, ýalkasyn) ýa-da تَقَبَّلَ اللّٰهُ مِنَّا وَمِنْكُمْ (Alla bizden we sizden kabul buýursyn) diýip, doga etmegi mendupdyr.

## Oraza baýramy

Oraza baýramy, Rejep aýy bilen başlaýan ruhy kämilligiň Remezan aýynda iň belent mertebä ýetmeginiň begenjini ýaşamakdyr. “Başy rehmet, ortasy magfyrat, ahyry jähennemden azat” bolan Remezan aýynda agyz bekläp, Allanyň rehmeti bilen gurşalyp, magfyraty bilen ýalkanyp, jenneti hala gelmegiň şatlygyna buýsanmakdyr. Bir aý diňe Alla üçin ähli agzalarymyzy erbetliklerden saklap, Allanyň razylygy istikamatynda ulanmak bagtyýarlygyny paýlaşmakdyr. Tutulan orazalar sebäpli ahyretde garaşylmadyk nygmatlar bilen sylaglanyp, jennetiň reýýan gapysyndan girmek bagtyna ýetmegiň joşgunyny ýaşamakdyr.

Oraza baýramyna “ýydul fytyr” (Fytyr baýramy) diýilýär.

«Fytyr» sözüniň manysy «orazany açmak» diýmekdir. Şol sebäpli Allanyň ynsana Remezan aýynyň bereketinden peýdalanmak mümkinçiligini berenligi üçin, muňa şükranalyk hökmünde berlen sadaka «fytyr sadakasy» türkmen dilinde bolsa «pitre» diýilýär. Ýagny, fytyr sadakasy Allanyň bizi älemde iň beýik barlyk – ynsan hökmünde ýaradandygy üçin şüküriň we minnetdarlygyň bir görnüşidir.

Oraza tutýan kişi beşer bolandygy üçin orazaly halyna ynsana mahsus säwlikleri edip biler. Bular oraza ybadatyna egsiklik getirmekdir. Bu egsikligiň düzedilmegi ybadatyň kämil bolmagy üçin hökmandyr. Bu nukdaýnazardan fitre orazany kämillige ýetirýän ybadatdyr. Şol sebäpli, käbir alymlar fiträni namazdaky sehiw seždesine meňzedipdir.

Pitre baýram günlerinde garyp kişiniň hem saçagynyň dürli nygmatdan doly bolmagyna hem-de has gowy egin-eşik almagyna mümkinçilik döredýär. Şeýlelik bilen jemgyýetde baý-garyp biri-birine has ýakynlaşýar. Aradaky husytlyk, bahyllyk duýgulary azalyp, ýürekler ýumşaýar, kömek etmek hem-de mähribanlyk duýgusy artýar. Belki-de, şol sebäpden piträniň berilmeli mukdary az goýlup, ýeňilleşdirilendir.

Piträniň haýsy zatlardan näçe mukdarda, kimlere, haçan berilmelidigi baradaky maglumatlar Türkmenistanyň müftiligi tarapyndan kesgitlenilip halka ýetirilýär. Emma käbir kişiler maddy ýagdaýlaryny hasaba alman, arpa, bugdaý ýaly iň arzan önümlerden pitre berýär. Bu garybyň zyýanynadyr, şeýle hem piträniň wajyp edilmeginiň hikmetine ters gelýän hereketdir. Adamlaryň köpüsi pitre meselesinde haýsy mukdary ölçeg edinmelidigini anyk kesgitläp bilmeýär. Aslynda, orta gatlakdaky kişileriň iýýän önümleri esas edinilip, bir garyp bir gün doýrulsa, pitre maksadyna

ýeter. Arpa we bugdaýyň pitre mukdary pul görnüşine öwrülende juda az bolýar. Bu pul bilen garybyň doýmajagy bellidir.

Şonuň üçin häzirki döwrümizde pitre bereniňde garybyň bähbidi göz öňünde tutulmaly, beriljek pitre mukdary öz gündelik nahar çykdajylarymyzyň derejesinden pes bolmaly däldir.

## Gurban baýramy

«Gurban» – ybadat maksady bilen belli bir wagtda, belli şertlerde, usulyna laýyklykda malyň damagyny çalmak diýmekdir.

Gurban kesmek – zekat we baýram namazlary ýaly, hijretiň ikinji ýylynda meşrug kylynýar. Gurban kesmegiň kitapdaky delili Kewser süresidir. Bu sürede Allatagala Resulalla ýüzlenip: «Rebbiň üçin namaz oka we gurban kes» (Kewser, 2) diýip buýurýar.

Gurban – hem şahsyýet hem-de jemgyýet taýyndan ençeme peýdasy bolan, mal bilen edilýän ybadatdyr. Gurban – Alla ýakynlaşmaga we onuň razylygyny gazanmaga  wesiledir. Gurhany kerimde şeýle buýrulýar:

«Biz her bir ymmat üçin gurban kesmegi emr etdik. Ryzgal hökmünde beren mallarymyň damagyny çalanlarynda Allanyň adyny aýtsynlar. Şuny hem unutmaň, hemmäňiziň Taňryňyz ýeke-täk ilahdyr. Onda diňe oňa boýun boluň. Eý Resulym, sen hem pespällilere, ak ýüreklilere we yhlaslylara buşla» (Haj, 34).

Bu aýat taryhyň dowamynda ähli dinlerde gurban ybadatynyň bolandygyny habar berýär. Gurhany kerimde hezreti Adam atanyň ogullarynyň Allaň ýoluna gurban kesýänlerinden söz açylmagy, gurbanlygyň hezreti Adam atadan bärik dowam edip gelen ybadatdygyny görkezýär. Şeýle hem, ynsanyň ähli mülk we mal baýlygynyň hakyky eýesiniň Alladygyny ýatladýar.

Gurbanlygyň hezreti Ybraýym we ogly Ysmaýyl bilen hem ýakyn baglanyşygy bardyr. Hezreti Ybraýymyň düýşünde ogly Ysmaýyly gurban etmek emrini almagy we oňa boýun bolmagy, Ysmaýylyň bolsa kakasyna garşylyk görkezmän, Allaň ýoluna gurban bolmaga razydygyny  aýtmagy, gurbanlygyň wepalylyk we sadakat nyşanydygyny görkezýär. Mü’minler her gurbanlykda hezreti Ybaraýym bilen ogly Ysmaýylyň Allatagalanyň uly synagyndan abraýly geçendigini ýatlap, özleriniň hem şeýle tagat-ybadata taýyndygyny görkezýärler.

Gurbanlykda mal kesmegiň asyl maksady yhlas we takwalyk bilen Alla ýakynlaşmakdyr. Bu maksat bolmasa, kesilen gurbanlygyň Allanyň dergähinde gadyr-gymmaty ýokdur. Çünki Gurhany kerimde Allatagala şeýle buýurýar:

«Şuny unutmaň, berlen gurbanlygyň eti-de, gany-da Alla ýetmez. Ýöne Oňa ýetjek ýeke-täk zat ýüregiňizde beslän takwalygyňyz, Alla bolan tagatyňyzdyr» (Haj, 37).

Gurbanlyk jemgyýetde dost-doganlygy, ýardamlaşmagy, arkalaşygy saklaýar. Adalatyň, deňligiň hakykata öwrülmegine goşant goşýar. Aýratyn hem gurbanlyk et satyn almaga güýji ýetmeýän, ýetde-gütde ýaşaýan garyplar üçin bähbitdir.

Mal kesmegiň ahyrýet peýdasy barada Pygamberimiz hadysy-şerifinde şeýle aýdýar: «Gurbanlykda malyňyzyň gowusyny kesiň, çünki olar syratda siziň ulagyňyz bolar». Hezreti Äşäniň gürrüň beren bir hadysynda: «Adam ogly gurban baýramy gününde damak çalmakdan başga haýsydyr bir gowy iş bilen Alla ýakynlaşyp bilmez. Damagy çalnan mal kyýamat güni şahy, toýnagy we gyly bilen geler. Gurbanyň gany ýere degmänkä, ol mal Allanyň dergähinde belent mertebä göteriler. Şonuň üçin gurbanlaryňyzy göwnühoşluk bilen kesiň» diýilýär (Mälik, «Muwatta», Ibni Maje).

## Gurbanlygyň paýlanylyşy.

Pygamberimiziň hadyslaryna salgylanýan yslam alymlarynyň aýtmagyna görä, gurbanlyk edilýän et deň üç bölege bölünýär. Bir bölegi gurbanlyk edýäniň maşgalasyna, bir bölegi (baý hem bolsa) dost-ýarlaryna, garyndaşlaryna, ýene bir bölegi bolsa gurban kesip bilmedik garyp-gasarlara paý edilmelidir. Gurban kesen kişiniň maşgalasy köplük bolup, gün-güzerany kyn bolsa, maly hiç kime paýlaman özleri iýse-de bolýar.

Gurbanlyk edilen malyň derisini, ýüňüni, garyn-içegelerini, kellebaşaýagyny gazanç üçin satmak dürs däldir. Satylaýanda-da puly mätäçlere sadaka hökmünde paýlanmalydyr.

Gurbanlyk üçin öldürilen malyň etiniň kesilen ýerinde paýlanmagy maslahat berilse-de, has mätäç ýerlere iberilip hem bilinýär. Bu musulmanyň musulmana doganlygynyň nyşanydyr.

Gurban kesilenden soň, ol ýer gowy arassalanyp, malyň galan-gaçan hapasy çuň çukura gömülmelidir. Bu tämizlik işiniň gurban edilen mala we gurban ybadatyna bolan hormaty görkezişi ýaly, şäherlerde saglygy, arassaçylygy saklamakda hem peýdasy köpdür. Gurban kesmegiň, etini paýlamagyň sogabyny daş töweregi hapalap, adamlaryň närazylygyny almak bilen azaltmaly däldir.

**Gurbanlyk bilen hiňňillik arasyndaky baglanşyk**

Biziň ülkämizde gadymdan gelýän däpleriň biri-de gurban baýramy günlerinde obadyr etraplarda, şäheriň belli meýdanlarynda hiňňillikler guryp, uly mähelle bolup toý tutylýar. Käbirleri şol günlerde «hiňňillikde uçsaň günäň dökülýärmiş» diýen manyda dinimiziň esaslaryna düýbünden ters gelýän sözler aýdylýar. Hemmämize mälim bolşy ýaly günäler diňe toba we istigfar arkaly ýuwulýandyr.

Jemgyýetçilik durmuşda elbetde adamlar özara begenjini we gynanjyny paýlaşmaly. Ynsan begenjini paýlaşdykça köpeler, gynanjyny paýlaşdykça azalar. Baýram günleri şatlyk günleri bolany üçin elbetde toý tutyp şatlanmaly. Emma şol günlerde maksat we niýetlerimizi hemişe arassa saklamagy başarmaly. Özümizi hemmetaraplaýyn edepli, tertip-düzgünli alyp barmaly. Milli ruhymyza gabat gelmeýän hal-heretlerden saklanmaly.

## Göz degmek

Göz degmek – gadym eýýamdan bäri bilinýän we häzirki döwürde-de ykrar edilýän ýagdaýdyr. Göz degmegi öldürip ýa-da maýyp edip hem bilýär. Şonuň üçin halk arasynda «Göz degmegi ynsany mazara, haýwany gazana elter» diýilýär. Hatda «Nazar aýaty» diýip meşhur bolan şu aýat göz degmeginiň hakykatdygyna yşarat edýär:

«Kapyrlar Gurhany eşidenlerinde göripliklerinden ýaňa, göýä gözleri bilen Seni ýykjak bolup serederler we «Ol däliräpdir» (Kalem 51-nji süre) diýerler.

Pygamberimiz bolsa göz degmegi barada şulary aýdypdyr:

«Göz degmegi hakdyr. Eger ýazgydy üýtgetjek bir zat bar bolsa, bu göz degmegi bolardy. Sizden ýuwunmagyňyz talap edilende, ýuwunyň» (Müslim, Tirmizi).

Muhammet b. Ebi Umame Ibn Sehl Ibn Hanif kakasyndan şulary eşidendigini gürrüň berýär: «Kakam Sehl Harrar diýlen ýerde ýuwunýar. Şol wagt Amr b. Rebiga oňa seredýär. Sehliň teni ak eken. Amr: «Şeýle ak tenli erkek kişini görmändim» diýip geň galýar. Sehle şobada garaguş keseli degen ýaly bolýar. «Ýa, Resulallah, Sehl agyr keselledi. Ol goşun bilen gitmäge ýarajak däl» diýip, ýagdaýy Pygamberimize habar berýärler. Pygamberimiz: «Oňa näme boldy? Kimden zeper ýetdi?» diýip soranda: «Amr b. Rebigadan» diýip, jogap berdiler. Resulalla ony çagyrdyp gaharly: «Sen näme üçin gardaşyňy ölüm halyna getirdiň?! ˝Berekella˝ diýseň bolmadymy?! Derrew taharet kyl!» diýdi. Amr gyssanmaç taharet kyldy.

Onuň taharet suwuny bir gaba alyp, Sehliň bedenine çaldylar. Ol şobada gowulanyp, duruberdi» (Ymam Mälik, «Muatta»).

Alymlar bu hadyslardan şu netijeleri çykarypdyrlar.

1. Göz degmek hakdyr, ýagny inkär edip bolmajak hadysadyr. Pygamberimiz göz degýänligini ynandyrmak üçin, ony ýazgyda deňäp, şeýle diýipdir: «Üýtgedip bolmaýan ýazgydy üýtgetjek bir güýç bar bolsa, bu göz degmegi bolardy».

Ibni Hajer: «Göz degmegi haýsy-da bolsa göwnüňden turan bir zada seredilmegi bilen bolup geçýär. Seredýän görip kişi bolsa-da, gowy görüşýän dost bolsa-da, salyh kişi bolsa-da gözi degip biler» diýipdir. Ýöne göz degmegi, umuman, göripligiň we bahyllygyň netijesidir.

Häzirki döwürde ylym göz degmegini doly düşündirip bilmese-de, bu hadysany ruh bilen baglanyşdyryp, bedenimizdäki käbir atomlaryň energiýa öwrülmegi bilen bolup biljekdigini öňe sürýär. Alymlar göz degmegini telepatiýa bilen deňeşdirýärler. Käbir alymlar bolsa, hadysda aýdylýan gözi degen kişiniň taharet suwunyň göz degene şypa bolmagyny: «Ynsan derisiniň üsti bilen hem dem alýar, derleýär, bedenindäki zyýanly maddalary (toksinler we antigenler) daşyna çykarýar. Taharet suwunda ýygnanan bu maddalar göz degen kişä em bolýar» diýip düşündirýärler.

2. Pygamberimiz göz degmeginden açylmak üçin, görülmeli käbir çäreleri salgy beripdir:

a) Göz degen kişä Fatiha süresi

بِسْمِ اللَّهِ الرَّحْمَٰنِ الرَّحِيمِ ١ الْحَمْدُ لِلَّهِ رَبِّ الْعَالَمِينَ ٢ الرَّحْمَٰنِ الرَّحِيمِ ٣
مَالِكِ يَوْمِ الدِّينِ ٤ إِيَّاكَ نَعْبُدُ وَإِيَّاكَ نَسْتَعِينُ ٥ اهْدِنَا الصِّرَاطَ الْمُسْتَقِيمَ
٦ صِرَاطَ الَّذِينَ أَنْعَمْتَ عَلَيْهِمْ غَيْرِ الْمَغْضُوبِ عَلَيْهِمْ وَلَا الضَّالِّينَ

Aýatul Kursi

اللَّهُ لَآ إِلَٰهَ إِلَّا هُوَ الْحَيُّ الْقَيُّومُ لَا تَأْخُذُهُ سِنَةٌ وَلَا نَوْمٌ لَهُ مَا فِي السَّمَاوَاتِ
وَمَافِي الْأَرْضِ مَنْ ذَا الَّذِي يَشْفَعُ عِنْدَهُ إِلَّا بِإِذْنِهِ يَعْلَمُ مَا بَيْنَ أَيْدِيهِمْ
وَمَا خَلْفَهُمْ وَلَايُحِيطُونَ بِشَيْءٍ مِنْ عِلْمِهِ إِلَّا بِمَا شَاءَ وَسِعَ كُرْسِيُّهُ السَّمَاوَاتِ
وَالْأَرْضَ وَلَا يَئُودُهُ حِفْظُهُمَاوَهُوَ الْعَلِيُّ الْعَظِيمُ

we Muawwizeteýn (Felak we Nas) sürelerini okamak.

قُلْ أَعُوذُ بِرَبِّ الْفَلَقِ ١) مِنْ شَرِّ مَا خَلَقَ ٢) وَمِنْ شَرِّ غَاسِقٍ إِذَا وَقَبَ ٣)
وَمِنْ شَرِّ النَّفَّاثَاتِ فِي الْعُقَدِ ٤) وَمِنْ شَرِّ حَاسِدٍ إِذَا حَسَدَ

قُلْ أَعُوذُ بِرَبِّ النَّاسِ ١) مَلِكِ النَّاسِ ٢) إِلَٰهِ النَّاسِ ٣) مِنْ شَرِّ الْوَسْوَاسِ
الْخَنَّاسِ ٤) الَّذِي يُوَسْوِسُ فِي صُدُورِ النَّاسِ ٥) مِنَ الْجِنَّةِ وَالنَّاسِ

b) Hadyslarda aýdylýan şu dogany okamak

اَعُوذُ بِكَلِمَاتِ اللّٰهِ تَامَّةٍ مِنْ كُلِّ وَهَامَّةٍ وَمِنْ عَيْنٍ لَامَّةٍ اَعُوذُ بِكَلِمَاتِ اللّٰهِ
التَّامَّةِ الَّتِى لَايُجَاوِزُهُنَّ بَرٌّ وَلَا فَاجِرٌ مِنْ شَرِّ مَا خَلَقَ وَذَرَاَ وَبَرَاَ وَمِنْ شَرِّ
مَا يَنْزِلُ مِنَ السَّمَاءِ وَمَا يَعْرُجُ فِيهَا وَمِنْ شَرِّ مَا ذَرَاَ فِى الْاَرْضِ وَمِنْ
شَرِّ مَايَخْرُجُ مِنْهَا وَمِنْ شَرِّ فِتَنِ الَّيْلِ وَمِنْ شَرِّ طَوَارِقِ الَّيْلِ وَالنَّهَارِ
اِلاَّ طَرِيقاً يَطْرُقُ بِخَيْرٍ يَارَحْمَانُ

«Allanyň doly sözleri bilen her bir şeýtandan we öldüriji zäher göterýänlerden Alla sygynýaryn. Ýagşyzadalaryň, bet niýetlileriň hem täsir edip bilmedik Allanyň doly sözleri bilen Allanyň ýaradan, bar eden zatlarynyň şerinden, gökden inenleriň we göge göterilenleriň şerinden, ýerde ýaradanlarynyň we ýerden çykanlaryň şerinden, gijäniň pitnesiniň şerinden, gije we gündiz gelenleriň şerinden, eý, Rahman bolan Rebbim saňa sygynýaryn».

ç) Kimiň gözi degen bolsa, onuň taharet suwuny alyp, göz degen kişä çalmalydyr.

3. Pygamberimiz göz degmezligi üçin, öňünden görülmeli çäreler hökmünde şulary ündäpdir:

Nesaýy we Ibni Majäniň gürrüň beren bir hadysynda: «Kimdir biri doganynda göwnünden turan bir zady görse, oňa bereket dogasyny etsin» diýýär. Ýagny:

بَارَكَ اللّٰهُ

«Bärekellah» (Alla ony saňa mübärek kylsyn),

تَبَارَكَ اللّٰهُ اَحْسَنُ الْخَالِقِينَ

«Tebärekellahu ahsenül halykyýn» (Ony seniň üçin bereketli we haýyrly etsin. Ol iň gözel ýaradyjydyr),

اَللّٰهُمَّ بَارِكْ فِيهِ

«Allahumme bärik fihi» (Allam ony mübärek et),

مَاشَاءَ اللّٰهُ لاَحَوْلَ وَلاَقُوَّةَ اِلاَّ بِاللّٰهِ

«Mäşäallah lä hawle welä kuwwete illäbillah» (Alla şeýle isläpdir. Kuwwat diňe Alladandyr) diýlip doga edilýär.

4. Gözlen goranmak üçin Pygamberimiziň bu maslahatlaryndan başga çäreler gözlemek dogry däldir. Halk arasynda giňden ýaýran gözmonjugy, dagdan agajy, alaja, doňzuň dişi, ýylanyň kellesi ýaly zatlary dakynmak yslama ters gelýän, batyl düşünjelerdir. Gözükmek we şuňa meňzeş kesellerden goranmak üçin dakynylýan bu zatlardan şypa garaşmakda ýaşyryn şirk bardyr. Muňa arap dilinde «temime» diýilýär. Pygamberimiz bir hadysynda: «Kim (şypa gözläp) bir zat dakynsa, şoňa tabşyrylar» (Tirmizi) aýdypdyr. Ýagny kişiniň şol zada tabşyrylmagy diýmek, şypany şol zatdan gözlemek diýmekdir. Hatda adaty keseller üçin ulanylýan dermanlardan we edilen bejergilerden hem göni şypa gözlemek ýalňyşdyr. Hakyky şypany berýän Alla Tagaladyr. Ondan başga hiç bir zat şypa berip bilmez. Käbir alymlar Allanyň atlaryny we Gurhanyň aýatlaryny ýazyp dakynmagyň şypa edýändigini aýdýar. Ýöne bu meselede esasy zat: Allanyň şol atlaryny we Gurhan kerimiň aýatlaryny dakynmakdan, okamak has laýykdyr. Şeýlelikde, şypany diňe ýeke-täk Alladan dilemelidir.

## Okamak arkaly kesel bejeriş

Keseliň maddy sebäbiniň bolşy ýaly, ruhy sebäbi hem bardyr. Gadymdan bäri gipnoz, saz we okamak arkaly käbir keseller bejerilipdir. Häzirki döwürde hem käbir keselliniň okamak arkaly şypa tapýandygy mälimdir. Sahyh hadys kitaplarynda Pygamberimiziň we sahabalaryň göz degende, ýylan, içýan çakanda, sihir (ters doga we jady) edilende käbir süreleri we aýatlary şypa niýeti bilen okandygy rowaýat edilýär.

Pygamberimiz hassalygy bejermekde dermanlaryň şu üç görnüşini ulanypdyr:

1. Ilahi dermanlar (rukýe we doga).
2. Tebigy dermanlar.
3. Ikisini hem özünde jemleýän dermanlar.

Ýöne «Pylan dermandan şypa tapdym, pylan süräni ýa-da aýaty okap, gowulandym» diýmek ýalňyşdyr. Asyl şypa berýäniň Alladygyny unutmaly däldiris.

Okamak we doga-dileg etmek arkaly hassany bejermek işine «rukýe» diýilýär. Bela-beter, musybat, hassalyk ýaly her dürli erbet ýagdaýlardan

goranmak üçin Alla sygynyp, doga-dileg etmegi maslahat berýän hadyslary rukýäniň meşrugdygyna delil etmek mümkindir. Şeýle hem Gurhany kerimde:

«Doga ediň, jogap bereýin» (Mü’min, 60), başga bir aýatda:

«Dogaňyz bolmasa, Allanyň ýanynda hiç hili gadyryňyz ýokdur» (Furkan, 77) diýilýär.

Yslam alymlary hadyslara daýanyp, iň şypaly dermanyň dogadygyny, Gurhany kerimiň şypadygyny belleýärler. Doga belanyň duşmanydyr, ol ony kowup çykarar, heniz gelmedik bolsa, öňüni alar, gelen bolsa ýeňleder. Doga mü’miniň goragydyr.

Alymlar kesel bejermekde ulanylýan tebigy dermanlaryň täsirli bolmagy üçin berhiz saklamak, sowukdan, yssydan goranmak ýaly şertleriň gerek bolşy ýaly, doganyň täsirli bolmagy üçin käbir şertleriň ýerine ýetirilmelidigini aýdýarlar.

a) Ygtykat arassa we päk bolmalydyr.

b) Haramdan we zulumdan daş durmalydyr.

ç) Doga edýän wagtyň kalbyň gaflatda bolman, bir Alla doly sygynmalydyr.

Pygamberimiz bu barada: «Şuny berk biliň, Allatagala kalby gafyl kişiniň dogasyny kabul etmez» diýipdir.

d) Dogadan öň sadaka berilmelidir.

e) Doga kabul bolýan belli wagtlarda edilmelidir. (Parz namazyndan soň, anna güni, gijäniň soňky üçden birinde edilen dilegler has kabul bolguçdyr).

ä) Doga edeniňde, Kybla tarap öwrülmeli, özüňem päkize bolmalydyr. Allatagala hamd we sena edip, onuň Resulyna salat we salam aýdyp, toba-istigfardan soň doga başlamalydyr. Dileg edilen wagty Allatagalanyň atlaryny zikir etmelidir. Gurhanda we hadyslarda bar bolan dogalar bilen doga etmelidir.

f) Dogany gaýta-gaýta, üznüksiz etmelidir.

## Aýdylan janly ýa-da sadaka bermek däbi (Nezir)

**Neziriň buýrugy.**

Halkymyzyň arasynda «Pylany sag-aman gelse ýa-da keselden gutulsa, pylan öwlüýäniň adyna gurban kesjek» diýip, janly aýtmak giňden ýaýrapdyr. Bu mesele dinimizde «nezir» diýip atlandyrylýar.

Nezir – bir kişiniň ybadat görnüşindäki bir zady (dini taýdan jogapkär bolmasa-da) özüne wajyp kylmagy diýmekdir. Başgaça aýtsak, kişiniň parz ýa-da wajyp ybadaty amal etjekdigine Allatagala söz berip, boýnuna borç almagydyr. Şeýlelik bilen ynsan arzuw eden zadyna ýetmek ýa-da duýdansyz gelen beladan goranmak üçin Allanyň ýardamyna garaşyp tama eder.

Ähli dinlerde we medeniýetlerde muňa duş gelinýär. Dürli dinleriň we milletleriň däp-dessurynda şol bir düşünje bilen agaçlara, mukaddes saýylan ýerlere esgi daňmak, ybadat ýerlerinde şem ýakmak, käbir ýagdaýda käbir haýwany gurban etmek, oraza ýa-da berhiz maksady bilen iýlip-içilýän zadyň käbirinden we jynsy gatnaşykdan daş durmak, arzuw eden zadyna ýetýänçä käbir keýpi-sapany terk etmek ýaly nezirlere duş gelinýär. Bu nezirlerde dini, psihiki sebäpler hem bolup biler, ýöne olaryň aslynda Alla şükür etmek we onuň ýardamyny islemek ýatandyr. Yslamyýetden öňki arap halklarynda hem ýokardakylara meňzeş görnüşdäki nezirler bolupdyr. Yslam dini ynsandaky dindarlyk duýgusyny we ruhuny kanagatlandyrmak niýeti bilen baglanyşygy bolan bu dessurlary düýbünden gadagan etmändir. Ýöne käbir çäklendirmeleri we tertip-düzgünleri girizip, özüne mahsus bir şekil beripdir.

Gurhanda berlen sözde durulmagy, äht we şertnama boýun egmegi (Maide,1; Isra 34), Alla berlen sözüň ýerine ýetirilmegi (Nahl, 91) emr edilýär. Edilen neziriň ýerine ýetirilmegi buýrulýar (Haj, 29). Kişiniň nezirini amal etmegi ýagşy häsiýet saýylýar (Ynsan, 7). Hadyslarda Pygamberimiz Alla tagat görnüşindäki neziriň ýerine ýetirilmegini emr edip, Alla isýan ýa-da magsyýet görnüşindäki neziri ýerine ýetirmezligi ündäpdir, (Buhary, Müslim, Ebu Dawud). Hanefi alymlary gahar edip ýa-da degşip aýdylan nezir hem berjaý edilmeli diýip belläpdir.

Käbir hadysda bolsa, Pygamberimiziň nezir etmegi känbir halamandygy görünýär. Meselem, bir hadysynda: «Nezir peýda bermez, diňe gysganjyň malyny kemelder» (Buhary, Müslim). Şonuň üçin Ymam Şafygy we Ahmet b. Hanbel nezir etmegiň mekruhdygyny aýdypdyr. Hanefi alymlary bolsa, Alla ybadat we tagat görnüşindäki neziriň mubahdygyny belläpdir. Bir ybadatyň amal edilmegine wesile bolandygy üçin muny müstehap saýanlar hem bardyr. Mälikiler ýöne nezir etmegi mendup, şertli neziri bolsa mubah saýýarlar.

Şu mowzuk bilen baglanyşykly hadyslar we yslam alymlarynyň garaýyşlaryna seredilende, hiç hili dünýewi bähbit tama etmezden, diňe

Allanyň razylygyny gazanmak we oňa şükür etmek niýeti bilen, nezir etmegiň hiç hili zeleli ýokdur.

Nezir Allanyň ýazan takdyryny üýtgetmez, musulmanyň muny bilip, geljekde boljak bir zadyň peýdaly bolmagyny arzuw edip, Allatagala ýalbarmagy, munuň hakykata öwrülmegine wesile bolmak üçin sadaka we ybadat görnüşinde nezir etmegi ygtykat taýyndan hatarly görlüpdir. Sebäbi parz ýa-da wajyp bir ybadat amal edilende diňe Allahyň razylygy niýet edilmelidir. Dünýewi bähbidi maksat edinen şertli nezir bolsa, Alla bilen söwdalaşmak ýaly ýakymsyz häsiýete eýedigi üçin, ybadat niýeti bolsa-da, seresap bolmak ündelipdir, hatda halanmadyk ýeri hem bolupdyr. Muňa garamazdan, Alla ysýan we magsyýetden başga islendik görnüşde nezir edilse, onuň ýerine ýetirilmegi dini taýdan wajyp saýylypdyr.

Bu meselede seresap bolmaly. Munda bilinmän Alla şirk goşulmagy mümkindir. Meselem, nezir eden kişi, nezirini şeýle ýerine ýetirmelidir: «Öwlüýä ýoluna» diýmän, «Alla ýoluna», «Hudaý ýoluna» diýip, sogabyny «pylan» öwlüýä bagyşlamagy niýet etmelidir. «Bismillähi, Allahu Ekber» diýip, damak çalmalydyr. Damak çalnanda «Ýa, pylan öwlüýä!» diýip öwlüýäniň ady tutulmaly däldir. Başda edilen niýet ýeterlikdir. Diňe öwlüýäniň ady tutulyp kesilse, şol mal haram bolýar, hem-de Alla şirk goşulýar. Nezir eden kişi bu nezirini öwlüýä gitmän, öýünde hem berjaý edip bilýär. Belki, bu neziri öýüňde etmek has gowudyr.

Nezir gurbanynyň etinden nezir eden kişiniň özi we maşgala agzasy iýse dürs däldir. Onuň hemmesi garyp-gasarlara paýlanmalydyr. Eger iýiljek bolsa, iýlen mukdarynyň bahasy sadaka hökmünde mätäçlere berilmelidir.

# MAZMUNY

Sözbaşy....................................................................................7

## I B Ö L Ü M
## TÜRKMENIŇ MILLI DÄP-DESSURLARYNYŇ WE EDEP KADALARYNYŇ ESASLARY

Ynsanyň ýaradylyşy we onuň ruhy baýlygynyň,
kämilliginiň esaslary ..........................................................10
Halal-haram ýa-da sogap-günä düşünjesi ..................................14
Däp-dessur we edep barada düşünje ..........................................16
Edep bilen ahlak arasyndaky baglanyşyk ..................................20
Ýaramaz gylyk-häsiýetleri endik edinmegiň sebäpleri..................24
Özbaşdak diýarymyzda milli edep kadalaryny we
däp-dessurlarymyzy düýpli öwrenmegiň zerurlygy .................25

## II B Ö L Ü M
## TÜRKMENIŇ ASLYNDAN GELEN EDEP KADALARY
## TÜRKMENDE SALAMLAŞMAK WE ONUŇ EDEBI

Salam – şahsy aragatnaşyklaryň «bismillasy» hökmünde .............27
Salamlaşmakda milli edep kadalary...............................................29
Salamda elleşmek (musafaha)........................................................30
Köpçülikde salamlaşmak edebi......................................................31
Zenanlar bilen salamlaşmagyň we elleşmegiň edebi ......................32
Salam berilmedik mekanlar we kişiler...........................................33

## TÜRKMENDE ÝAŞULULARA SARPA

Ýaşululary sylamagyň edebi ........................................................34
Alymlara hormat ..........................................................................37

## TÜRKMENDE GARYNDAŞLAR WE GOŇŞULAR ARASYNDA ARKALAŞMAK DÄBI

Garyndaşlyk (Sylaýy rahym) ........................................................39
Garyndaşlygyň görnüşleri ............................................................41
Garyndaşlyk gatnaşyklary ............................................................41
Goňşuçylyk....................................................................................43

Goňşa ýagşylyk etmegiň görnüşleri we goňşy hukuklary .............46

## TÜRKMENDE ÝETIM WE HOSSARSYZ KIŞILERE GATNAŞYKLARDA EDEP

Ýetim we onuň terbiýesi ..................................................................48
Ýetimiň malyny nähak ýere iýmeli däl ..........................................51
Ýetimi iýdirip-içirmek we geýindirmek .........................................51
Ýetime minnet çekdirmezlik we ony kemsitmezlik.........................52
Hossarsyz kişilere hemaýat etmegiň edebi .....................................52

## TÜRKMENDE MYHMANÇYLYK WE ONUŇ EDEBI

Myhmançylyk we onuň edebi .........................................................56
Öý eýesiniň myhmanyň öňündäki borçlary: .................................56
Myhmanyň ýerine ýetirmeli borçlary: ............................................59
Myhmançylyga gelnende, myhman garşylananda, hoşlaşylanda ulanylýan dilegler..............................................................................61

## TÜRKMENDE NÄSAGYŇ, HASSANYŇ HALYNY SORAMAK DÄBI

Hassanyň halyny soramaga barmak................................................62
Näsaga, syrkawa ýagşy dilegler etmek we onuň islegini ýerine ýetirmek 63
Hassany okamak arkaly bejermek....................................................65
Hassanyň özüni alyp barmagy ........................................................66
Näsag, syrkaw soralanda aýdylýan dilegler....................................67

## TÜRKMENDE ZYÝAPAT BERMEK, ÖZARA SOWGAT ALYŞMAK WE GUTLAG

Zyýapat we onuň edebi ..................................................................68
Özara sowgat alyşmak.....................................................................69
Toýda, baýramçylykda we belli senelerde gutlag...........................70

## III B Ö L Ü M
## TÜRKMEN MAŞGALASYNYŇ ABADANLYGY BILEN BAGLY DÄP-DESSURLAR

### TÜRKMENIŇ MAŞGALA GURMAK DÄBI

Öýlenmek ........................................................................ 72
Türkmeniň gudaçylyk dessury we sawçy
ibermek däbi ..................................................................... 74
Nika düşmeýänler ............................................................ 77
Nika ................................................................................... 78
Galyň – mehir ................................................................... 79
Nika gyýmagyň düzgüni .................................................. 80
Durmuş toýy ..................................................................... 83
Talak ýa-da aýrylyşmak ................................................... 87

### TÜRKMENIŇ MAŞGALA AGZALARYNYŇ ÖZARA GATNAŞYKLARYNDAKY EDEP

Äriň maşgaladaky wezipeleri ........................................ 100
Aýalyň maşgaladaky wezipeleri ..................................... 103
Ene-atanyň perzendiň öňündäki borçlary ...................... 104
Perzendiň ata-ene öňündäki bergi-borjy ...................... 119
Doganlar arasyndaky gatnaşyklarda edep ..................... 129
Gelin ýa-da giýew bilen gaýyn ene we gaýyn ata arasyndakY edep
kadalary ........................................................................... 133

### TÜRKMENDE ERKEK-ZENAN GATNAŞYKLARYNDA EDEP

Ýaradylyşda tapawutlylyk ............................................. 139
Wezipe tapawutlylygy ..................................................... 140
Aýala berlen aýratyn hukuklar ....................................... 142
Aýal-erkek gatnaşyklarynyň edebi ................................ 143
Owrat näme? ................................................................... 144
Erkegiň nätanyş bir aýal bilen owrat we gatnaşyk edebi ............. 145
How ene hakykaty ........................................................... 148

## IV B Ö L Ü M
## TÜRKMEN JEMGYÝETINDE BAGTLY ÝAŞAÝŞY ÜPJÜN EDÝÄN DÄP-DESSURLAR

Iýip-içmekde edep ........................................................................ 152
Yslamda haram edilen iýmitler ...................................................... 162
Içgiler we narkotik jisimler ............................................................ 167
Türkmende geýinmegiň edebi ....................................................... 169
Türkmende köpçülik ýerlerindäki edepler, arassaçylyk ............. 175
Ten arassalygy ................................................................................ 176
Hajathana degişli düzgünler .......................................................... 188
Hammam edebi .............................................................................. 191

## TÜRKMENDE DYNÇ ALMAKDA EDEP

Ýatmagyň wagty, görnüşi ............................................................ 192
Ýatmazdan öň we turanyňda okalýan dogalar .............................. 195

## V B Ö L Ü M
## TÜRKMENDE YBADATLAR, MUKADDES MEKANLAR WE RUHY GYMMATLYKLAR BILEN BAGLY DÄP-DESSURLAR

Türkmende azan we kamat edebi .................................................. 198
Türkmende metjit edebi ................................................................ 206
Aýal-gyzlaryň we çagalaryň metjide gelmegi .............................. 208
Türkmeniň Gurhany kerime goýýan hormaty .............................. 209
Gurhanyň mazmuny ...................................................................... 211
Gurhanyň öňündäki wezipelerimiz ............................................... 212

## TÜRKMENDE ÝAS ÝERINIŇ DÜZGÜNLERI, JYNAZA WE GONAMÇYLYK BILEN BAGLY DESSURLAR

Ölüm ............................................................................................. 217
Jesediň ýuwulmagy ....................................................................... 224
Jynaza namazy ............................................................................... 229
Jesedi gonamçylyga äkitmegiň düzgüni ........................................ 235
Jesedi jaýlamagyň düzgüni ........................................................... 237
Merhumyň belli günlerinde sadaka bermek .................................. 242
Gabyr we gonamçylyk bilen baglanyşykly meseleler. .................. 245
Gabyr zyýaraty .............................................................................. 246

## TÜRKMENDE DINI BAÝRAMLARY BELLEMEK BILEN BAGLY DÄPLER

Baýram we baýram namazlary........................................................256
Oraza baýramy ..............................................................................260
Gurban baýramy............................................................................267
Göz degmek...................................................................................271
Okamak arkaly kesel bejeriş ...........................................................275
Nezir ..............................................................................................276
Juma namazynyň edebi……………………………………………..282

**Türkmenistanyň Müftiýetiniň Müdiriýeti**

# TÜRKMENIŇ DÄP–DESSURLARY WE EDEP KADALARY

**Neşir geňeşi:**
R. Allaberdiýew
Ýa. Atamyradow
M. Garryýew

Redaktor Ş. Myratgulyýewa
Surat redaktory O. Babaýewa
Tehredaktory M. Hudaýgulyýew

Ýygnamaga berildi 1.07.2005. Çap etmäge rugsat edildi 29.07.2005.
Ölçegi 60x84 $^1/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garniturasy. Ofset çap edilişi usuly.
Fiz çap listi 18,5. Şertli reňkli ottski 30. Hasap-neşir listi 17. Çap listi 18.

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy.**
**744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.**
**Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.**
**744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.**